BESTSELLERLERIŇ AWTORY

JON BIWER

# Hudaýa ýakynlaşmak

Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda ýaşamak

Mähriban okyjym!

Mukaddes Kitap ajaýyp wadalardan dos-doly, olaryň ählisi hakyky bolmak bilen, biziň durmuşymyzy özgertmegi başarýandyr. Ýöne şol wadalaryň arasynda biri welin has täsindir, ol Hudaýyň bizi ýakyndan bilmegi k, üýseýändigini mälim edýär.

Biz Ýakubyň hatynda öňde-soňda alan çakylyklarymyzyň iň ajaýybyny görýäris: *"Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar" (4:8).* Bir salym säginiň-de, bu barada oýlanyň: Älemi, Ýeri we ondaky janly-jandarlaryň baryny Ýaradan siziň huzuryňyzy soraýar. Ol diňe bir huzuryňyzy däl, eýsem siziň bilen ýakynlygy hem isleýär, çünki Onuň siziň bilen ýakyn gatnaşyklary küýseýän Hudaýdygy barada ýazylandyr.

Älemi Ýaradanyň hut Özünden bolan bu ajaýyp çakylyk sizi diňe uzakda duran ýeriňizden Oňa sözleriňiz we däp-dessurlaryňyz arkaly sežde etmäge däl-de, Onuň bilen ýakyndan gatnaşmaga çagyrýar. Bu gatnaşyk şeýle bir manyly we ýakyn bolýanlygy üçin, siz Onuň ýüregini, Ol hem siziň ýüregiňizi biler.

Mähribanlarym, men sizi bu çakylygy kabul edip, ajaýyp we gyzykly syýahata ugramaga, Atamyza ýakynlaşyp, Hudaýyň ýüregine aralaşmaga çagyrýaryn.

Siziň Isa Mesihdäki doganyňyz,



MessengerX

Jon
JohnBevere@ymail.com

Messenger International

BESTSELLERLERIŇ AWTORY

JON BIWER

# Hudaýa ýakynlaşmak

Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda ýaşamak

**Drawing Near** by John Bevere, Turkmen
© 2023 Messenger International
MessengerInternational.org
Originally published in English as Drawing Near

Additional resources in Turkmen by John and Lisa Bevere are available for free download and video streaming at
**MessengerX.com** and on the **MessengerX** App
To contact the Author: JohnBevere@ymail.com

This book is a gift from Messenger International and is
NOT FOR SALE

**Hudaýa ýakynlaşmak,** awtory Jon Biwer, Türkmen dilinde
© 2023 Messenger International
MessengerInternational.org
Asyl nusgasy iňlis dilinde Drawing Near ady bilen neşir edildi.

Jon bilen Liza Biweriň türkmen dilindäki goşmaça resurslaryny mugt indermek we wideolaryny görmek üçin **MessengerX.com** saýtyna we **MessengerX** App-e giriň.
Habarlaşmak üçin: JohnBevere@ymail.com

Bu kitap Messenjer Interneşenlden sowgat we
SATUWA DEGIŞLI DÄL

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

App Store Apple Inc-iň söwda belgisi bolup, ABŞ-da we beýleki ýutrlarda hasaba alnandyr.
Google Play we Google Play logotipi Google LLC-iň söwda belgisidir.

# MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . V

*1-nji bap.* Iň wajyp çakylyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 1

*2-nji bap.* Hudaýyň güýçli küýsegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 13

*3-nji bap.* Öz teşneligiňi gora . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33

*4-nji bap.* Onuň huzuryny küýsemek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55

*5-nji bap.* Tutynyň aňyrsynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 73

*6-njy bap.* Hudaýyň dostlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93

*7-nji bap.* Hakyky ýakynlyga näme päsgel berýär? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 121

*8-nji bap.* Hakyky sežde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151

*9-njy bap.* Hudaý kim bilen mesgen tutýar? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 169

*10-njy bap.* Mukaddes Ruh bilen ýakynlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 187

*11-nji bap.* Atanyň wada Bereni . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 217

*12-nji bap.* Ýürekdeşlik dili . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 251

*13-nji bap.* Imandaky berk ynam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 283

*14-nji bap.* Hudaýa has ýakynlaşmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 311

Goşundy A . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 325

Goşundy B . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 331

# GIRIŞ

Günleriň birinde Hudaý meniň ýüregime aýdyň gürläp: "Ogul, Men seniň ýazmagyňy isleýärin" diýdi.

Bu waka 1991-nji bolupdy. Şondan soňky günleriň dowamynda birgeňsi garyşyk duýgular meni horlap başlady. Bu teklip meni bir tarapdan hopukdyrýardy, gutulgysyz şowsuzlyk baradaky pikirler aňymdan aýrylmaýardy. Başga bir tarapdan bolsa, men gülmäge-de taýyndym, sebäbi men ýazmagy ýigrenýärdim! Mekdep döwrümde düzme ýazmaly bolanda, men ençeme sagatlap boş sahypa seredip, ýeke setiri-de ýazyp bilmeýärdim. Edebiýat işleriň islendik görnüşini halamazlygym meni ahyrda kolejiň inženerlik fakultetine okuwa girmäge mejbur etdi.

Indi bolsa Hudaý maňa ýazmagy tabşyrýar. Ýöne bu asla boljak zat däl ahyryn! Men, belki, nädogry düşünen bolmaly diýip pikir etdim. Şoňa görä-de, men näme bolýandygyny görmek üçin, garaşyp geziberdim. On aýlap hiç zat etmänimden soň, Hudaý

dürli ştatlardan iki aýaly meniň ýanyma iberdi, olaryň ikisi-de iki hepdäniň dowamynda maňa şol bir habary ýetirdiler. Olaryň ikisem mylaýymlyk bilen berk äheňde şeýle duýduryş berdiler: “Jon, eger Rebbiň saňa ýazmagy tabşyran kitaplaryny ýazyp başlamasaň, Ol Öz tabşyrygyny başga birine berer, ýöne sen welin munuň üçin jogap bermeli bolarsyň”.

Aýallaryň ikinjisi hem muny gaýtalap aýdanda, Hudaýdan bolan gorky meni gaplap aldy; bu gorky meniň öz gorkularymdam we edebiýat işlerine bolan ýakymsyz duýgularymdan üstün geldi. Şunlukda, men ýazyp başladym. Tabyn bolmagy ýüregime düwenimden soň nämeleriň bolandygy şindi hem ýadymda. Men kompýuterde teksti ýazyp başlanymda, ozal aňyma gelmedik we heniz eşitmedik pikirlerim öz-özünden aňyma gelip, gutarnykly bir mana eýe bolup başladylar. Men bu habarlaryň meniňki däl-de, Ondan gelýändigine bada-bat düşündim. Şondan bäri köp ýyl geçdi we Onuň maňa kitap görnüşinde iberen habarlary dünýäniň ýüz otuzdan gowrak diline terjime edilip, bütin dünýä boýunça ýaýrady, neşir edilen ekzemplýarlarynyň sany bolsa onlarça milliondan geçýär.

Birinji kitaby ýazyp bolanymdan soň, täze kitabyň başyny öz-özümden başlamajakdygymy Hudaýa söz berdim. Men indi diňe Onuň tabşyran ýagdaýynda ýazjakdygymy aýtdym. Meniň wadam synag edildi: her ýyl, 1992-nji ýyldan tä 1999-njy ýyla çenli Ol maňa kitapda beýan edilmeli habarlary berýärdi. Ýöne “Gorag astynda” atly kitabymyň neşir edileninden soň üç ýylyň geçendigine garamazdan, Reb maňa täze kitap üçin ýeke söz-de bermedi. Neşirýatçylar hyzmatdaşlyk teklipleri bilen maňa ýygy-ýygydan ýüz tutýardylar we indiki kitaby haçan ýazjakdygym barada gyzyklanýardylar. Ýöne men hiç zat ýazmaýardym. Şol döwürde mende Hudaýdan gelen habar ýokdy.

Üç ýyl geçenden soň Hudaý maňa kitap üçin ahyry bir habar berdi; siz şindi ony öz eliňizde saklap dursuňyz. Bu habaryň gaýra goýulmagynyň sebäbi kitaby ýazmazymdan öň Mukaddes Ruhuň mende käbir zatlary amal etmeli bolandygy bilen düşündirse bolýar diýip pikir edýärin. Men ýigrimi bäş ýyl bäri iman edip gelýändigime garamazdan, Hudaý bilen ýakyn aragatnaşygy ýola goýmak islegi mende ozal şular ýaly güýçli derejede bolmandy. Soňky bir ýarym ýylyň dowamynda men hyzmatymyň ähli ýyllaryna garanyňda Hudaýa has ýakynlaşdym. Soňky bir ýarym ýylyň dowamynda men ömrümde dökmedik gözýaşymy dökdüm. Bu duýgular meni ähli ýerde: myhmanhana otaglarynda, uçarlarda, iş otagymda, ulagymda, öýde we ähli ünsümi dilegde jemläp dileg edenimde gurşap alýardylar. Onuň huzurynyň hakykylygy ozal hiç haçan şeýle aýan bolmaýardy we mese-mälim duýulmaýardy.

Men şu kitabyň Mukaddes Ruhuň köp ýyllaryň dowamynda maňa öwreden zatlarynyň netijesi bolup durýandygyna we Hudaýyň Öz perzentleriniň Onuň huzuryna gelmegi üçin kalbynyň jümmüşinden gaýdýan çakylygy özünde jemleýändigine ynanýaryn. Ýöne siz ony okap başlamazyňyzdan öň, siziň bilen dileg edesim gelýär. Şu sözleri ýürekden gaýtalaň we şu dilegi öz iş otagymda siziň üçin güýçli dileg edendigimi biliň. Isa Mesihiň wada berşi ýaly, “eger araňyzdan iki adam islendik zady dilemek üçin bir ylalaşyga gelse, gökdäki Atam dilegleri bitirer” (Mat. 18:19). Geliň, bile dileg edeliň:

*Eý, Atam! Şu kitaby okanymda, görüp bilerim ýaly gözlerimi, eşidip bilerim ýaly gulaklarymy açmagyňy, syzgyr we düşünýän ýürek bermegiňi Senden Isa Mesihiň ady bilen dileýärin. Men Seniň huzuryňda gezmegi we*

*elmydama Seniň ýanyňda bolmagy isleýärin. Men Seniň maksatlaryňy we islegleriňi bilmegi, huzuryňda bolmagy isleýärin. Goý, bu habar maňa diňe bir düşünje däl, eýsem Seniň eziz Ogluň we meniň Rebbim Isa Mesihiň keşbi arkaly durmuşymy özgertmäge gujur-gaýrat hem bersin. Çünki Ol ýer ýüzünde gezen wagty Seniň bilen ýakyn bolany üçin Seniň şan-şöhratyňy bütin dolulygynda aýan etdi. Men hem Mukaddes Ruhuň şahsyýeti arkaly Isa Mesihe ýakynlaşyp, Onuň şan-şöhratyny aýan edesim gelýär. Men bu islegimi Seniň eliňe tabşyrýaryn we şu kitabyň awtoryny ylhamlandyryp, oňa beren beren sözleriňi diňläp, olary kalbyma ornaşdyranymda mende etjek ajaýyp özgerdiji işleriň üçin minnetdarlyk bildirýärin. Meniň durmuşymyň mundan beýläk öňküsi ýaly bolmajakdygy üçin Saňa şükürler edýärin. Seniň guluň Jon Biwer bilen ylalaşyp edýän şu dilegimde bularyň barynyň amal bolmagyny dileýärin. Omyn!*

Indi bolsa ähli zadyň amal boljakdygyna iman ediň we çyn ýürekden eden dilegiňiziň kabul edilendigi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildiriň. Men Mukaddes Ruhuň sizi eýýäm iň ýakynlyk ýerine alyp barýandygyna diýseň begenýärin, çünki Ol siziň dilegiňizi Biribar Hudaýyň huzuryna ýetirdi. Siziň ähli islegleriňizi we ymtylyşlaryňyzy ýeke-täk Hudaý kanagatlandyryp bilýändir. Goý, Hudaý – Ata, Isa Mesih we Mukaddes Ruh siziň üçin öňde-soňdakydan has hakyky bolsun!

Söýgi bilen,
Jon Biwer

1-nji bap

# IŇ WAJYP ÇAKYLYK

“Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar”.

ÝAKUP 4:8

Hudaýyň kalbyndan ýaňlanýan we günsaýyn batlanýan çakylygy, ýok, güýçli gygyryşy eşitseňizläň! Ol şeýle diýýär: “Siz Meniň huzurymyň bolmadyk durmuşyna neneň edip kanagat edip bilýäňiz? Meniň huzurymdan lezzet alyp bilýärkäňiz, näme üçin Menden uzakda durýaňyz?”

Biziň her birimiziň dost-ýarlarymyz, şeýle-de göwnümize ýaraýan adamlarymyz bar, biz olar bilen ýakyn aragatnaşyk saklasymyz gelýär. Olar biziň ýüregimizde arzyly orny eýeleýär, olar bilen geçiren wagtymyz (aýratyn-da bu duşuşyk olaryň islegi boýunça geçýän bolsa) biziň üçin iň ýokary derejedäki lezzete öwrülýär. Olardan alan çakylygymyz bizi haýsydyr bir şatlykly we tolgundyryjy umytdan doldurýar. Biş şeýle şatlykly gün üçin ähli işlerimizi gaýra goýup, ýakymly çakylygy kabul edýäris.

Adamzat üçin öňde-soňda ýaňlanan çakylyklaryň iň ajaýybyny Ýakup resulyň hatynda görýäris: “Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar” (Ýak. 4:8). Bir salym säginiň-de, ine, şu barada oýlanyp görüň: Älemi, Ýer togalygyny we onda ýaşaýanlaryň ählisini Ýaradan siziň huzuryňyzy isleýär. Ýöne bir huzuryňyzy-da däl. Ol siziň bilen ýakyn aragatnaşykda bolasy gelýär, sebäbi bize şeýle diýilýär: “Başga hudaýa sežde etmäň, sebäbi Gabanjaň atly Reb gabanjaň Hudaýdyr” (Müs. 34:14).

Hudaýyň mizemez islegi hut şeýledir. Bu çakylygy iberen Oldur, sebäbi Ol perzentlerine Özüni ýakyndan tanatmak isleýär. Ynsan günä ýüz uraly bäri müňlerçe ýyl geçdi we şeýle ýakyn aragatnaşyga ýol açmak üçin çylşyrymly taýýnlyk we gymmat baha gerek boldy. Ýohanna, Isa Mesihiň ýakyn doslarynyň biri şeýle ýazýar:

> Hudaýy hiç kim asla gören däldir. Bize Ony Atasynyň gujagyndaky [ýagny huzuryndan], Özi-de Hudaý bolan ýeke-täk Ogly tanatdy [Isa Mesih bize Hudaýy tanatdy we Ol aýan bolarlyk derejede Ony bize görkezdi; Ol bize Ony düşündirdi we Onuň biziň üçin düşnükli bolary ýaly etdi] (Ýoh. 1:18).

Adam ata Hudaý bilen ýüzbe-ýüz görüşýärdi, ýöne eden günäsi, ýagny gulak asmazlygy zerarly Onuň şöhratly huzuryndan mahrum edildi we bu jeza bütin adamzada ýaýrady. Adamlar indi Hudaýy Adam atanyň Ony görşi, tanaýşy ýaly görüp-de, tanap-da bilmeýärler. Emma Atanyň ýüregi ezelenýärdi we bizi şeýle elhenç aýrylykdan halas etmek, gatnaşygy dikeltmek isleginden dos-doludy. Ol bu meseläni çözmek üçin Isa Mesihi iberdi, Ol Ata bilen ezelden bäri bolmak bilen, bedende bolan Hudaýdyr. Biz Isa Mesihi Reb hökmünde kabul eden ýagdaýymyzda, Ol bizi tümlükden boşadyp, Hudaýy bilen ýaraşdyrmak üçin, örän gymmat bahany töledi.

Emma Hudaý bilen adamyň gaýtadan ysnyşmagy ozal wagyz edilmeýärdi we adamlar muny doly güýjünde duýmaýardy. Biz günäden saplanmak, ölümden gutulmak barada aýdyp, Hudaý bilen ýakyn aragatnaşygynyň azatlygy alan her bir adama elýeter bolandygyna garamazdan, muny ykrar etmegi äsgermedik. Bu äsgermezçilik bize gaty gymmada düşer we hatda heläkläp bilýär, sebäbi biz Hudaýy ýakyndan tanamagyň ajaýyplygyny sypdyrýarys. Şeýle heläkçilik Köne Ähtde Ybraýymyň nesli baradaky wakalarda beýan edilýär.

## Iki dürli niýet

Men Musanyň we onuň ildeşleriniň – ysraýyl perzentleriniň Hudaýa bolan garaýyşlarynyň we hereketleriniň arasyndaky düýpli tapawuda hemişe geň galýardym. Müsürden çykyş kitaby Ybraýymyň nesliniň agyr gulçulykda ejir çekişi baradaky wakadan başlanýar. Olar Müsürde dört ýüz ýyldan gowrak bolupdylar. Olar ilkibaşda hökümdarlaryň nazarynda merhemet tapypdylar, ýöne soňky hökümdarlar olary gul edip, zabun ezýärdiler. Olar özleriniň azat edilmegi üçin, jebir-jepalarynyň içinden Hudaýy kömege çagyrdylar.

Hudaý olaryň ahy-nalasyny eşidip, Musa atly halasgäri iberýär. Musa ýewreý maşgalasynda dogulsa-da, gul däldi. Ol faraonyň köşgünde onuň agtygy hökmünde terbiýelenipdi. Müsüriň bu şazadasy öz kowumdaşlarynyň elhenç ykbalyna ýüregi gyýylýardy, ýöne öz janyny halas etmek üçin, çöle gaçyp gitmeli boldy. Köp ýyl geçenden soň ol Hudaýyň Sözüne görä we Onuň güýji arkaly ysraýyl halkyny halas etmek üçin dolanyp gelýär.

Ysraýylyň müsür gulçulygyndan halas bolşuny köplenç biziň günäniň gulçulygyndan halas bolşumyz bilen deňeşdirýärler. Müsür şu ýagdaýda dünýewi ulgamyň, Ysraýyl bolsa ýygnagyň

nyşany bolup durýar. Biz göklerden doglanymyzda, dünýewi ulgamyň zalymlygyndan we ezýet bermesinden azat bolýarys.

Müsür ilatynyň Ysraýylyň gul edilen ogullaryna nähili zabun daraşandygyny we Ysraýyyň nesliniň näçe ezýet çekmeli bolandygyny göz öňüne getirmek kyn däl. Olaryň arkasy faraon gözegçileriniň gamçylamasyndan ýaňa ýara yzlaryndan doludy, olar harabalyk ýerlerde ýaşaýardylar, zyňyndylar bilen iýmitlenýärdiler. Olaryň miras almak umydy ýokdy, sebäbi olar müsür hojaýynlarynyň abadançylygy üçin zähmet çekýärdiler. Faraonyň buýrugy boýunça doglan oglan bäbekleriň müňlerçesi öldürilende, olar möňňürip aglaýardylar.

Emma olar öz jebir-jepalaryny tiz unutdylar. Olar halas edilenden soň, her gezek kynçylyklara uçranda, Müsürden gaçyp gaýdandyklaryna ökünýärdiler, halas bolmak üçin eden dileglerini ýaňsylaýardylar we: “Müsürdäki ýagdaýymyz *gowudy ahyryn*” diýýärdiler. Olar hatda biri-birine: “Özümize ýolbaşçy saýlalyň-da, Müsüre dolanalyň” diýip teklip edýärdiler (Çöl. 14:4, nygtama awtoryňky).

Emma Musa beýle däl. Ol Müsürde ýaşaýyş şertleri dogrudan-da gowy bolan ýeke-täk adamdy. Dogrusy, ondan gowy ýaşan adam-da ýoldy. Ol dünýäde iň baý adamyň köşgünde önüp-ösdi, iň oňat tagamlary iýdi, iň oňat lybaslary geýdi we iň oňat bilimi aldy. Hyzmatkärler onuň islendik mätäçligini we ähli isleglerini kanagatlandyrýadylar, onuň mirasy bolsa baýlyk babatda-da, wada babatda-da ägirtdi. Ýöne ol bu zatlaryň baryndan meýletin ýüz dönderdi we ysraýyl ogullaryndan tapawutlylykda yzyna ýeke gezek-de garamady, yzda galdyran zatlaryna ökünmedi.

Tapawut nämededi? Tapawut – Musanyň Hudaýa duşanlygyndady. Ol ýanyp duran ody görüp, oňa golaý bardy. Ol Sinaý dagynda ýanyp duran çalynyň alawynda diri Hudaýa duşdy, ysraýylyň ogullary bolsa duşmady! Ýöne Reb Musany çagyranda,

ol golaý bardy, ysraýylyň ogullary bolsa şeýle çakylygy, dogrusy has ajaýyp çakylygy alanlarynda, ony kabul etmediler (ser. Müs. 20:18-20).

Men ýygnagyma gelýän adamlardan: “Ysraýylyň ogullary Müsürden çykanlaryndan soň, Musa olary nirä äkitdi?” diýip ýygy-ýygydan soraýaryn. Olar maňa adatça: “Wada berlen ýurda” diýip aýdýarlar. Ýöne bu beýle däl. Ol Ysraýylyň ogullaryny Horep, ýa-da Sinaý, dagyna äkitdi. Hudaýyň Musa arkaly faraona ýüzlenip: “Meniň halkymy goýber, goý, olar çölde Maňa ybadat etsinler” diýip aýdany ýadyňyzdamy? Ol: “Meniň halkymy goýber, goý, ýurdy miras alsynlar” diýmedi. Musa halky wadany Beren bilen tanyşdyrmazdan, olary wada berlen ýurda äkidip biljek däldi. Eger ol olary ilki wada berlen ýurda äkiden bolsa, olar wada Bereni, ýagny Hudaýyň hut Özüni däl-de, wada berlen zady has köp söýerdiler. Musa özüniň Hudaý bilen tanşan ýerine halkyň-da baryp ýetmegine sabyrsyzlyk bilen garaşypdy.

Biz hem öz ýygnaklarymyzda şeýle edýäris. Biz Isa Mesihiň aslynda Kimdigini wagyz edenden, Onuň biziň üçin etjek zatlaryny has köp wagyz edýäris! Şeýdip, biz Hudaýa Onuň Kimdigi üçin däl-de, Ondan alýan zatlary we görýän bähbitleri üçin Oňa hyzmat edýän nesli terbiýeledik. Şeýle ýagdaýy diňe baýlyk üçin durmuşa çykýan gyz bilen deňeşdirse bolýar. Şeýle nikada ol ýanýoldaşyny tanamaga ymtylmaga derek, ondan näme alyp bolýandygy bilen gyzyklanýar. Ol ýanýoldaşyny, elbetde, belli bir derejede halaýar, ýöne şonda-da onuň niýetini päk hasaplap bolmaz.

Hudaýdan alynýan ýalkanyşlary nygtap, Onuň bilen özara gatnaşygy ýola goýmagy ündemeýän adamlar Hudaýy tanamaga derek Ondan haýsydyr bir zatlary almak üçin Oňa gelýän şägirtleri ýetişdirýärler. Hudaý kimin hiç kim ýok, Onuň bilen hiç kimi deňeşdirip-de bolmaz, çünki Ol dogrudan-da ajaýyp. Eger adam, Musanyň ýagdaýynda bolşy ýaly, dogrudan-da Hudaý bilen

duşuşýan bolsa, wadalaryň ählisi şol nukdaýnazardan görünýär. Ol ähli zatdan, hatda Onuň ýalkynyşlaryndan-da ajaýypdyr.

Ysraýyl perzentlerini halas etmekde Hudaý esasy maksadyň ugrunda jan edýärdi: Ol olaryň Ony tanap, Ony söýmeklerini isleýärdi. Ol bu halkyň arasynda giňden tanalasy gelýärdi. Ol şeýle diýdi: "Bürgüdiň öz çagasyny ganatynda göterip gelşi ýaly, Men hem sizi ýanyma şeýdip alyp geldim" (Müs. 19:4). Ýöne ysraýyl halky öňden bellenilen bu niýeti sypdyrdy.

Hudaýyň Öz halky bilen ýakyn aragatnaşykda bolmak niýeti asla ýitmedi we üýtgemedi, sebäbi bu barada Onuň Sözünde dyngysyz aýdylýar. Ol Pawlusyň yhlas bilen eden dileginde hem ýaňlanýar:

> Men Hudaý — Rebbimiz Isa Mesihiň beýik Atasyna siziň üçin dileg edýärin. Goý, Ol size Ony has oňat [çuňňur we ýakyndan] tanap bilmegiňiz üçin, size Mukaddes Ruhuň akyldarlygyny [syrlara we gizlin zatlara düşünmek ukybyny] hem ylhamyny bersin (Efes. 1:17, nygtama awtoryňky).

Ol bize Özüniň şeýle güýçli yhlasyny görkezdi. Hudaý göklerden doglan her perzendiniň Ony çuňňur we ýakyndan tanamagyny isleýär! Siz bu sözleri okanyňyzda tolgunma duýmaýarsyňyzmy? Eger duýmaýan bolsaňyz, onda olar barada bir salym oýlanyň; bu ajaýyp täsinlige aň ýetireniňizden soň, goý, ol siziň aňyňyza aralaşyp, sizi bütinleý gurşap alsyn.

Biz diri Hudaýa, hakyky Ata hyzmat edýäris, Onuň Öz perzentleri üçin ýüregi agyrýar. Hudaý biziň bilen aragatnaşyk saklamagy tüýs ýürekden isleýär. Pawlus Korintosdaky ylahyýet taglymlara ýüz uran imanlylara bu barada şeýle diýipdi: "Ýadyňyzdamy, siz butparazkaňyz, *dilsiz-agyzsyz butlaryň* täsirine

düşüp, olara eýerýärdiňiz” (1 Kor. 12:2). Pawlusyň bu sözlerinden biz Hudaýymyzyň, Atamyzyň örän wajyp bir häsiýetini – Ony ýalan hudaýlaryň ählisinden tapawutlandyrýan bir häsiýetini görýäris – Ol biziň bilen gürleşýär!

## Gyra sowulmak

Ýaňy-ýakynda men iş bilen ulagymda gidip barýarkam, Mukaddes Ruh meniň ýüregime: “Saňa aýtmaly zadym bar. Bir gyra sowul-da, saklan” diýip gürledi.

Hudaý maňa haýsydyr bir zady – şol pursat birgeňsi ýa-da ähmiýetsiz bolup görnäýjek islendik tabşyrygyny ýerine ýetirmegi buýranda, men şobada boýun bolmalydygymy bilýärin. Hudaý Musanyň ünsüni Özüne çekende, ol çölde gaýynatasynyň sürüsini bakyp ýördi (Hudaý biziň ünsümizi dürli usullar arkaly çekip bilýär) Hudaý çaly otuna alawlamagy, ýöne ýanmazlygy buýrupdy.

Biz Musanyň: “Bu geň zady ýakynrak baryp göreýin-le, näme üçin çaly otda ýanmaýarka?” diýip, öz içini gürledişi barada okaýarys. Şu parçada “baryp” diýen sözi ýewreý cuwr sözünden terjime edilen. Mukaddes Ýazgylaryň asyl nusgalarynyň dili boýunça hünärmen Jeýms Strong bu sözüň “gapdala sowulmak” diýmegi aňladýandygyny belleýär. Musa ony çagyran Mukaddes Ruha jogap bermek üçin, bellenilen ýoldan ýörite sowuldy.

Ol Hudaýyň çakylygyna seslenen badyna, biz: “Reb Musanyň ýakynlaşyp gelýändigini görende, çalynyň içinden oňa: ‘Musa! Musa!’ diýip seslendi” diýen setirleri okaýarys.

Hudaý diňe Musanyň gidip barýan ugrundan ýörite sowlanyny görenden soň, onuň adyny tutup gürledi. Eger Musa Hudaýyň çakylygyna seslenmedik bolsa, Reb oňa tarap ýeke ädim-de ätmezdigine ynanýaryn. Hudaý Musany Ýitronyň sürüsi agylda durka çagyrmazdy, sebäbi bu amatly wagt däldi. Musa ýanyp

duran çalyny görüp-de: “Eger men işimden ünsümi sowsam, goýunlar dargar, onsoň olary yzyna toplamak üçin birnäçe sagat, belki-de uzakly gün gerek bolar. Men ýanyp duran çalyny işlerimi bitirenimden soň synlaryn” diýip pikir eden bolsa näme? Munuň netijeleri öňküsi ýaly bolarmydy?

Hudaý has täsirli ýagdaýlary döredip bilýändigini çaklap bolar, ýöne eýsem bu Onuň tebigatyna laýyk gelýärmi näme? Ýaş wagty baş ruhany Eliýä we onuň ogullaryna hyzmat eden Şamuweli ýadyňyza salyň (ser. 1 Şam. 3). Günleriň birinde ol düşegine geçip ýatmakçy bolanda: “Şamuwel! Şamuwel!” diýip özüni çagyrýan sesi eşitdi.

Şamuwel Eliýiň ýanyna ylgap baryp: “Ine, men geldim. Sen meni çagyrdyň” diýdi.

Ýöne Eliý oňa: “Men seni çagyramok; bar, ýatyber” diýdi.

Şamuwel öz adynyň tutulýandygyny ikinji gezek eşitdi we ýene-de baş ruhanynyň ýanyna ylgap bardy, ýöne ýene-de şol bir jogaby eşitdi. Bu üç gezek gaýtalandy we ruhany ahyrda nämeleriň bolýandygyna aň ýetirip, oglanjyga şeýle çakylyga nähili jogap bermelidigini öwretdi. Şamuwel öz adynyň dördünji gezek tutulyp çagyrylýandygyny eşidende: “Ýa Reb, aýdyber, guluň diňleýär” diýip jogap bermelidigini bilýärdi. Şondan soň Reb gürläp, Özüniň soňra amal etjek erkini we syryny oňa aýan etdi.

Hudaý başgaça hereket edip bilýärdi. Şamuweliň bolup geçýän zatlary aňlamaýndygyny görüp, Reb ony ikinji gezek çagyryp: “Şamuwel, Eliýiň ýanyna ylgap durma, bu Men Reb, seniň Hudaýyň, Men seni çagyrýaryn, çünki seniň bilen gürleşmek isleýärin” diýip-de bilýärdi. Ýöne Hudaý şeýle hereket edýärmi näme? Ol arzyly we tanalýan bolasy gelýär, şeýle-de Ol biziň Ony tanamagymyzy isleýär. Ol ruhy tutanýerli, Ony agtarjak we Oňa tarap mäkäm we arman-ýadaman ymtyljak adamlary agtarýar.

Hoş habarlarda biz şolar ýaly wakalary görýäris. Isa Mesih bäş çörek we iki balyk bilen bäş müňden gowrak adamy doýurýar. Soňra Ol Öz şägirtlerine gaýyga münüp, kölüň beýleki tarapyyna geçmegi buýurýar. Özi bolsa Atasy bilen wagty geçirmek üçin daga gidýär. Şol agşam Onuň şägirtleri öz gaýyklarynda ýele garşy uly kynlyk bilen ýüzüp barýardylar. Soňra biz şuny okaýarys:

> “Daňdana golaý Isa kölde suwuň ýüzünden ýöräp, olara tarap geldi we *ýanlaryndan geçip gitjek boldy”* (Mark 6:48, nygtama awtoryňky).

“Ýanlaryndan geçip gitjek boldy” diýen sözlere üns beriň. Emma şägirtleri Isa Mesihi görüp, Ony çagyrdylar we Ol: “Bu — Men, gorkmaň! Dogumly boluň!” diýdi. Ol gaýyga girdi we ýel köşedi. Eger olar gygyrmadyk bolsa, Ol geçip giderdi. Ol olaryň deňinden geçip barýardy, ýöne eger olar gygyrmadyk bolsalar, Ol Öz huzuryny olara zorluk bilen ýetirjek bolmazdy.

Hudaý diňe seslenen ýagdaýymyzda bize tarap ädim edýär diýip pikir edýärin, Ol ýene bir ädim edýär we bize has ýakynlaşýar. Eger biz seslenmesek, Ol biziň durmuşymyza zorluk bilen girmez we öz-özümiz bilen oýnaýan tansymyza goşulmaz. Musa şonda barýan ýolundan sowulmadyk bolsa, Hudaý oňa Şamuweliň ýagdaýyndakysy ýaly garaşardygyny ýa-da Isa Mesihiň şägirtleri bilen bolan ýagdaýyndakysy ýaly garaşmajygyny bilýän barmy näme? Hudaý köplenç biziň Ony hakykatdanda küýsäp, Oňa hakykatdan-da seslenjek wagtymyza garaşýar.

Indi bolsa ulagda barýarkam bolan wakama dolanalyň. Ol maňa sowlup durmagy soranda, gulak asmadyk bolsam, näme bolardy? Men Onuň bilen duşuşygy sypdyryp bilermidim? Men durmuşymda şeýle duşuşyklary sypdyran ýagdaýlarymyň bolandygyny bilýärin, ýöne şol gezek ýarym mil aralykda men

duralga üçin niýetlenen ýörite ýeri gördüm. Men ulagymy togtadan badyma Mukaddes Ruhuň maňa: “Eýsem men saňa dyngysyz dileg etmelidigiňi aýtmadymmy näme?” diýýändigini eşitdim (ser. 1 Sal. 5:17).

“Hawa, Reb şeýle buýurdy” – diýip jogap berdim.

Ol sözüni dowam edip: “Seniň pikiriňçe, dileg bu monologmy ýa-da dialog?” diýip sorady.

Men: “Bu dialog, Reb, bu ikitaraplaýyn gürrüň” diýip jogap berdim.

Onuň jogaby ýyldyrym çaltlygynda geldi: “Şonuň üçin-de, eger Men saňa dyngysyz dileg etmelidigiňi aýdýan bolsam, bu Meniň-de seniň bilen dyngysyz gürleşmek isleýändigimi aňladýar”.

Bu sözleriň meni nähili sarsdyrandygyny aýdyp-da oturmaýyn. Men nähili ajaýyp mümkinçiligi alandygyma düşündim. Mundan başga-da, bu mümkinçilik diňe maňa däl, eýsem hemmelere we Hudaýyň her bir perzendine degişli bolup durýar.

Siz menden: “Eýsem Hudaý dyngysyz gürleýär diýmekçi bolýaňmy?” diýip soramagyňyz ahmal. Hudaý meniň ýüregime bu barada aýtmandy. Ol meniň bilen hemişe aragatnaşykda bolmak isleýändigi barada aýtdy. Sözler – bu aragatnaşygyň köp dürli görnüşleriniň diňe biridir. Men aýalymyň gözlerinden onuň pikir edýän zatlaryna düşünip bilýärin, munuň üçin sözleri aýtmak-da gerek däl. Onuň bir garaýyşda aýdan zatlarynyň ählisini beýan etmek üçin üç sahypany dolduryp-da bolar. Siz hem onuň bilen bir otagda bolup bilerdiňiz, ýöne onuň gözleriniň garaýşy size hiç zat mälim aýtmazdy. Sebäbi siz ony meniň ony tanaýşym ýaly tanamaýarsyňyz. Dogrusy, toý tutanymyzdan soň ilkinji birnäçe ýyllaryň dowamynda men hem onuň maňa sözsüz iberýän habarlaryna düşünmeýärdim. Indi bolsa, ýigrimi bir ýyl bile ýaşanymyzdan soň, men onuň aragatnaşyk saklaýan tärlerine düşünmegi öwrendim.

## Oňa ýakynlaşmaga çakylyk

Bu kitabyň size muny nädip etmelidigini öwredýän gollanma däldigine düşünmek örän wajypdyr. Bu kitaby siziň esasy maksadyňyza – Hudaýyň ýüregine eltýän ýoly kesgitlemäge kömek etjek karta ýa-da ýol gönükdirijisi bilen deňeşdirse bolar öýdýän. Eger mende ýaşalmaýan adada gömlen hazynalaryň kartasy bolan bolsa, men hem bu ada gitmedik, gömlen hazynalary tapmak üçin adany öwrenmedik ýagdaýymda, bu karta meniň üçin peýdasyz bir zat bolup galardy. Ada baranymdan soň gömlen hazynalara ýetmek üçin, hyşşalyga basylan ýodalary tapmak, kert gaýalara dyrmyşmak, düz meýdanlary kesip geçmek üçin birgiden güýjümi sarp etmeli bolardym. Men güýjümi, kuwwatymy, pulumy we wagtymy sarp etmeli bolardym. Karta diňe hazynanyň gömlen ýerini görkezip bilýär. Ol agtaryş wagtyny tygşytlamaga we artykmaç zähmetden, belki-de, gizlin duzaklardan goramaga ýardam ederdi. Şu kitap şeýle karta ýalydyr. Siziň adyňyza iberilen bu çakylyk ajaýyp we täsin syýahata – Hudaýyň ýüregine bolan syýahata meniň bilen ugramaga çagyrýan çakylykdyr. Bu kitabyň sahypalarynda mysal getirilen Hudaýyň Sözi sizi bellenilen ýeriňize ýetmekden ünsüňizi sowýan çukurlardan, duzaklardan we howp-hatardan halas eder. Ol sizi biderek aladalardan we güýjüňizi biderek sowurmakdan gorar.

Şunlukda, eger siz taýyn bolsaňyz, ýola düşeliň!

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Haýsy ýagdaý ýa-da alada size şu kitaby okamaga itergi berdi?
2. Hudaýyň Oňa golaýlaşmak çakylygy babatda aşakda berlen mysallar barada oýlanyň:

- Musa ýanyp duran çalyny gördi we muny anyklamak üçin barýan ýolundan sowuldy. Şondan soň Hudaý oňa ýüzlendi.
- Ýigdekçe Şamuwel: “Ýa Reb, aýdyber, guluň diňleýär” diýip jogap bermezinden ozal sesi dört gezek eşitdi.
- Şägirtler Isa Mesihiň öz deňlerinden geçip gitmekçi bolýandygyny görenlerinde, gygyrdylar.

Şu mysallarda haýsy zat Hudaýyň çakylygy babatdaky düşünjäňize laýyk gelýär? Siz Hudaýyň çakylygyna eýýäm seslendiňizmi? Eger seslenen bolsaňyz, siz oňa nädip jogap berdiňiz?

3. Dileg ikitaraplaýyn gepleşik bolup durýandygy üçin, Hudaý size söz arkaly, şeýle-de sözsüz habarynda näme aýtdy?

2-nji bap

# HUDAÝYŇ GÜÝÇLI KÜÝSEGI

Reb: "Men seni Özümden-de eziz görýän" diýdi.

Mukaddes Kitapda adama onuň durmuşynda gerek bolan esasy hakykatlar beýan edilýär. Bu hakykatlar barada Gelip çykyş kitabyndan tä Ýohanna gelen aýanlyk kitabyna çenli aýdylýar. Şeýle hakykatlaryň biri – Hudaýyň adamy Özüne ýakynladyp, onuň bilen gatnaşmagy küýseýänliginden ybarat. Hudaý dogrudan-da bize ýakynlaşasy gelýär, Ol muny bizden-de köp küýseýär!

Hudaý bizi hakykatdan-da gabanjaňlyk derejesine çenli söýýär (ser. Ýak. 4:5). "Gabanjaňlyk" sözi ýürek gysmaklygy, küýsegi ýa-da ymtylyşy aňladýar. Bu duýgy Onda ezelden bäri iň güýçli duýgy bolup durýar. Adam ata günä edenden soň Hudaý oňa käýinç sözleri bilen däl-de: "Adam, sen nirede? Sen näme üçin Menden gizlenýärsiň?" diýen çagyryş sözleri bilen ýüzlenipdi. Bu çagyryşda

Hudaýyň ýüreginiň gygyryşy eşidilýär. Geliň, adamzadyň tutuş taryhynyň dowamynda Onuň bize bolan yhlasyna ser salalyň.

## Adam atanyň gowlugy

Adam atanyň gowlugynyň ady Hanokdy. Meniň pikirimçe Hanok günleriň birinde Adam atanyň ýanyna baryp, ondan jennetdäki ýaşaýyş barada sorandyr diýip pikir edýärin. Ol dogrudan-da diri Hudaý bilen ýaşamaklygyň nämedigini bilesi gelendir. Siz Hanogyň öz garry atasynyň garry atasy bilen gürleşendigine geň galýan bolmagyňyz ahmal. Munuň jogaby, ine, şeýle: eger siz dokuz ýüz otuz ýaşa çenli ýaşaýan bolsaňyz, siz dördünji nesliňiziň agtyk-çowluklary bilen gürleşip bilýärsiňiz. Hanok doglanda, Adam ata ýaňy bir alty ýüz ýigrimi iki ýaşyndady.

Mukaddes Kitap Hanok Adam atanyň ýanyna baranda, ol alty ýüz segsen ýaşyndady. Şol döwürde Hanok altmyş bäş ýaşapdy. Bu sanlar Gelip çykyş kitabyndan alnan, onda Hanogyň Hudaýyň huzurynda üç ýüz ýyllap gezişi barada gürrüň berilýär, ýogsa onuň özi bary-ýogy üç ýüz altmyş bäş ýyl ýaşapdy.

> Metuşela doglandan soň, Hanok ýene üç ýüz ýyl ýaşady we Hudaýyň huzurynda gezdi. Ondan ençeme ogul-gyz dünýä indi. Şeýdip, Hanogyň ýaşan günleri üç ýüz altmyş bäş ýyl boldy (GÇ 5:22,23).

Şoňa görä-de, belki, Hanok nebere ýaşulysy Adam atanyň özünden jebir-jepaly ýatlamalary eşidip, ondan ak pata alandan soň, onuň durmuşy hut altmyş bäş ýaşynda özgerendir.

Ýazylan tassyklamalaryň ýokdugyna garamazdan, Hanogyň öz meşhur nebere ýaşulysynyň ýanyna baryp, ondan Erem bagy barada soramak üçin ýüregine daşa baglamaly bolandyr diýip pikir edýärin, sebäbi Adam ata bu mowzuk barada gürläsi

gelmeýärdi. Adam atanyň bütin nesli onuň bu ýagdaýyny bilýärdi we Adam ata bilen bu gürrüňe galtaşmazlygy Hanoga ýaşlykdan duýdurylypdy.

Ýewreýleriň taryhy gözbaşlary Erem bagyndan kowlandan soň Adam atanyň sustunyň basyk bolandygyny habar berýärler. Bu ýagdaýyň agramy götererden agyrdy. Ýazuw çeşmeleriň käbirlerinde Adam atanyň How ene bilen garaňky gowakda ýaşap, utançdan ýaňa biri-biriniň ýüzüne seredip bilmändigi barada aýdylýar. Adam ata bütin belentligini we owadanlygyny ýitirdi. Hudaý bilen gezmek baradaky wadany eşitmek bir zat, Onuň şan-şöhratynyň hakykylygynda gezmek bolsa bütinleý başga zat. Adam ata çeken ýitgisiniň agyrysyndan ejir çekýärdi, ýöne Hanok tutanýerlidi, ol Adam atanyň ejirleri baradaky gadymy gürrüňlerini öz imany we umydy bilen garyşdyrdy. Täze doglan adamlaryň nesli Adam atanyň çeken şol ýitgisi barada öz ýanlaryndan hüňürdeşseler-de, Hanok: “Men Hudaý bilen gezerin” diýen wadany kabul etdi.

Olaryň duşuşygyny göz öňüme getirip bilýärin. Hanok gorkudan ýaňa sandyraýardy, ýöne onuň güýçli islegi ahyrda gorkusyndan üstün geldi. Ol ýeňlişiň titreşýän alamatlaryndan erjellik bilen öňe hereket edýärdi we has uly bir zadyň nuruna umyt baglaýardy. Adam atanyň wakasy onuň üçin diňe bir ýeňliş baradaky waka däldi. Ol Hudaýyň adam bilen gezmek babatdaky iň güýçli islegi baradaky aýanlykdy. Gyzykly zat – Adam ata Erem bagyndaky ýaşaýşyny ýatlap, şol gadymy ýalkanyşlary barada gürrüň berende, Hanokda tutuşýan oduň ýylpyldysyny gördümikä?

Adam ata oňa çekýän jebrini gürrüň berende, gözýaş döküp aglady: “Hanok, men Onuň bilen...Onuň şan-şöhratynda gezdim. Älemi Ýaradan, görýän zatryňyň baryny Döreden meniň ýanymda gezdi! Ol Öz niýetleriniň çuňňur danalygyny meniň

bilen paýlaşýardy, Ol Öz elleri bilen ýaradan älem ýyldyzlaryny oturdyşyny we ýerleşdirişini maňa gürrüň berýärdi. Hut şol elleri bilen Ol meni ýaratdy, soňra bolsa meni elimden tutdy. Ol ýyldyzlaryň her birini atlandyrdy we olary pasyllaryň çalyşmasynyň nyşany we ýol görkezijiler hökmünde ýerleşdirdi. Ol maňa dartyş güýji we elekromagnit tolkunlary arkaly ýer togalygyny deňagramlylyk ýagdaýyna getirişini görkezdi we kämil klimaty döretdi. Ol meniň bilen tohumyň syryny paýlaşdy we onuň öz görnüşine görä ýaşaşyş berşini, ýaz paslynda ýeriň jümmüşindäki gözbaşlardan suw alşyny gürrüň berdi; Ol bu suw gözbaşlaryny öňden ýerleşdiripdi. Hanok, Ol janly-jandarlaryň ählisini atlandyrmaklygy maňa ynandy, olaryň sany bäş milliardan-da köpdi! Biz bu atlar barada bile maslahatlaşýardyk, ýöne soňky çözgüdi Ol elmydama maňa goýýardy!”

Adam ata gürrüň berdigi saýy Hanogyň islegi güýjeýärdi we ahyrda bu isleg ony tutuşlygyna gaplap aldy. Ol Adam atanyň birwagtlar edişi ýaly, Hudaý bilen gezäýmeli! Ol muny jan-tenden isledi!

Hanok hatda Adam atada bolmadyk zady miras aldy. Adam ata aradan çykanda, özüniň alnan topragyna gaýdyp bardy. Gelip çykyş kitaby bize şuny mälim edýär: “Hanok Hudaýyň huzurynda gezdi; soňra ol birdenkä gaýyp boldy, sebäbi Hudaý ony Öz ýanyna alypdy” (GÇ 5:24). Ol ölüm garasyny görmezden ýer ýüzünden gaýyp boldy.

Hanok ýaşan döwründe beýik pygamber bolupdy. Ol öz döwri we biziň döwrümiz barada pygamberlik edipdi. Ol soňky günlerde Ýygnakda aldawçylaryň peýda boljagyny, merhemede görä halas bolanlar kimin hereket etjegini, ýöne olara höküm çykaryljagyny pygamberlik edipdi (ser. Ýah. 1-15). Ol Hudaýyň hökümini göz öňüne tutupdy we Halasgäriň Päk gyzdan dogulmagyndan müň ýyl öň Rebbiň ikinji gezek geljekdigini yglan edipdi.

Ýöne Reb näme üçin ony üç ýüz altmyş bäş ýaşyndaka aldy? Belki, beýik pygamberlik hyzmaty üçin? Ýok, ol göklere "iman arkaly alyndy" we Ýewreýlere ýazylan hatda aýdylyşy ýaly, ol "Hudaýyň göwnünden turupdy" (Ýew. 11:5).

Maňa dogry düşüniň, onuň Hudaý bilen gezmesi güýçli we gudratly hyzmata eltdi, ýöne ol Hudaýy ýakyndan tanamagy güýçli küýsäni sebäpli Onuň göwnünden turdy. Ol Hudaýyň güýçli islegine – adam bilen ýakyn gatnaşykda bolmak islegine galtaşdy, çünki Reb biziň bilen hut şeýle gatnaşykda bolasy gelýär.

## Hudaýyň ýüregi asyrlaryň jümmüşinden çagyrýar

Hudaýyň ýüregi asyrlaryň jümmüşinden hut şu barada çagyrýar. Ol Özüne halk edinesi gelýär, Ol bu halkyň Onuň bizi tanamaga bolan islegine seslenmegini isleýär! Hanokdan soň Hudaýyň göwnünden turmagy başaran ýene-de bir adam peýda boldy. Gelip çykyş kitabynda: "Ol Hudaýyň huzurynda gezdi" (GÇ 6:9) diýlip ýazylan. Nuh Hudaýyň onuň bilen gatnaşykda bolmak islegine seslendi, şonuň üçin-de Hudaýa ýakynlaşdy. Ol Hudaýa ýakynlaşdygy saýy Hudaý hem ýakynlaşýardy we oňa gelejekde boljak wakalary aýdyp başlady. Ýeriň üstünden duýdansyz inen höküm – Hudaýyň Nuh bilen paýlaşan ilkinji syrydy. Hudaý bilen Nuhuň arasyndaky ýakyn gatnaşyk onuň ynamy sebäpli boldy. Nuh Hudaýyň Ony agtarýanlara, Oňa iman edýänleri we golaýdan-golaý ýakynlaşmagy isleýänlere jogap berýändigine ynandy.

Biz muny Ybraýymyň ýagdaýynda hem görýäris. Şonda Hudaý "Sen Meniň nazarymda gez" (GÇ 17:1) diýip, ony Özi bilen ýakyn gatnaşykda bolmaga çagyrdy. Bu çakylyk Yshak bilen Ýakuba hem degişlidir. Ýakup dogulmazyndan ozal Hudaý: "Men Ýakuby saýladym" (Rim. 9:13) diýdi. Hudaý onuň bilen ýakyn gatnaşykda

bolmagy isleýşi ýaly, şindi hem biziň bilen ýakyn gatnaşygy açmagy isleýar. Ýakup heniz Hudaýy agtarmanka, Ol eýýäm ony agtardy. Ýakup doganyndan gaçyp barýarka, ol ony Özüne almakçy bolýan Hudaýyň bardygyny ýüze çykardy. Ýakup bir daşy ýassanyp uka gidende, Hudaý oňa düýşünde basgançagyň görnüşini berdi; perişdeleri bu basgançakdan aşaga inýärdiler we ýokary çykýardylar. Şeýdip, Hudaý bilen adamyň arasyndaky gökler aragatnaşygy aýan boldy.

Ýakubyň nesli bolan ysraýyl halky dört ýüz ýyllap gulçulykda bolandan soň, olar özlerini gulçulykdan azat etmekçi bolan Hudaýyň asyl niýetine düşünmediler. Olar Hudaýyň isleginiň diňe özlerine wada berlen ýurdy miras bermek bilen çäklenýändir öýtdüler, emma mesele diňe wada berlen ýurtda däldi. Hudaý Öz halky bilen ýakyn gatnaşykda bolmagy hemme zatdan köp isleýärdi we Ol muny bütin halka ýüzlenip, muny şahyrana dilde aýdyň mälim etdi:

> “Müsürlilere näme edendigimi siz gördüňiz, bürgüdiň öz çagasyny ganatynda göterip gelşi ýaly, Men hem *sizi ýanyma şeýdip alyp geldim*” (Müs. 19:4, nygtama awtoryňky).

Emma Onuň islegi Ysraýymyň ogullarynyň ýüreklerinde seslenme tapmady. Olaryň sözleri bütinleý başga niýeti mälim edýär: “Bizi süýt we bal akýan ýurda getirmedigiň-ä belli, ýa bolmasa bize meýdanlary, üzümçilikleri mülk edip bermediň” (Çöl. 16:14). Olar Hudaýa seretmäge derek, diňe miras alyp biljek zatlaryna seredýärdiler, aslynda welin olar Onuň mirasdarlary bolup biljekdiler ahyryn.

Musa Hudaýyň islegini Ybraýymyň nesline dyngysyz düşündirýärdi. Şeýle teswirlemesiniň biri ýazmaça görnüşde galdyrylypdy:

Gabanjaň atly Reb gabanjaň Hudaýdyr (Müs. 34:14).

Hudaý: “Men sizi söýdüm” diýip, muny bütin ysraýyl halkyna yglan etdi. Ýöne olar ýürek nadanlyklarynda we gatylygynda Oňa: “Sen bizi nähili söýýärsiň?” (Mal. 1:2) diýip jogap berdiler. Hudaýyň ýüreginiň olara ymtylýandygyny görmän, olar Onuň özlerine uzadýan elini höküm islegi hökmünde kabul etdiler.

Olar gaýtadan gulak asmanlaryndan soň hem Onuň islegi üýtgemedi. Ýermeýa pygamberiň günlerinde Ol adamlara şeýle ýüzlendi: “Men size öwran-öwran aýdanymda gulak asmadyňyz, sizi çagyranymda jogap bermediňiz” (Ýer. 7:13). Hudaý olaryň Müsürden çykyp gaýdanlaryndan tä şu pursada çenli olar bilen ýakynlaşmaga ymtylýandygyny olara düşündirmäge jan etdi (ser. Ýer. 7:25).

Onuň söýgüsi bu wakalaryň hiç birinde-de üýtgemedi. Bu häzir hem, ýagny Onuň bize bolan güýçli ymtylyşynyň beýik subutnamasyny Isa Mesihde tapýan döwrümizde hem şeýledir. Isa Mesihiň Özi muny şeýle düşündirýär: “Ynsan Ogly ýitenleri *agtarmaga* we halas etmäge gelendir” (Luk. 19:10, nygtama awtoryňky). Ol bizi diňe halas etmek üçin gelmedi, biz heniz Oňa duşmankak, Ol bizi eýýäm agtarmaga gelipdi!

## Onuň pikirleri BIZIŇ HER BIRIMIZ barada

Biz kimdir birini küýsänimizde, şol adam barada dyngysyz pikir edýäris. Biziň pikirlerimiz gündizine gaýta-gaýta şol adama dolanýar we hatda gije, ukymyzyň dowamynda biz şol adam barada pikir etmän bilmeýäris. Biz saklanyp bilmeýäris we öz duýgularymyz barada başga adamlara aýdyp başlaýarys, biz şol adam bilen bile bolasymyzyň gelýändigini, ony ýygy-ýygydan ýatlaýandygymyzy olara gürrüň berýäris. Hudaý hem bize şeýle garaýar. Hudaý biz baradaky pikirlerini Dawut pygambere

aýdypdy. Ol Hudaýyň her birimiz baradaky pikirlerini biziň bilen paýlaşyp, şeýle diýýär:

> Eý, Hudaý, pikirleriň maňa nähili eziz! Olaryň san-sajagy ýok! Eger sanaýyn diýsem, olaryň sany çägeden-de köp (Zeb. 138:17,18).

Hudaýyň biz baradaky pikirleriniň çägeden-de köpdügine düşünmek adama asla mümkin däl! Tutuş ýer ýüzünden: her bir kenardan, çölleriň ählisinden, köllerden, deňizlerden we ummanlardan toplanan her bir çägejigi bir salym göz öňüňize getirip görüň. Men golf oýnalýan meýdançadaky gumdan gurnalan duzaklary synlanymda, olaryň her birinde näçe çägejigiň bardygyny hatda göz öňüme-de getirip bilemok. Ýöne şonda-da Hudaý ýer ýüzündäki çägejikleriň her biri barada aýdýar. Olaryň sany sanardan köp. Soňky ýigrimiden gowrak ýylyň dowamynda men aýalym barada köp ajaýyp pikirleri aňymda aýladym, ýöne ol barada pikirlenip gezen günlerimiň iň netijelisinde-de şol pikirleriň hiç bolmanda kiçijek bir gaby dolduryp biläýjegine gaty şübhelenýärin, tutuş ýer ýüzi barada aýdyp-da oturmaýyn!

## Adam gadyryny bilýän zadyna ymtylýar

Şeýle pikirler biziň söýýan we ýakyn gatnaşykda bolmaga ymtylýan adamlarymyza gönükdirilýär! Hudaýyň bizi näderejede güýçli söýýändigine indi düşünip başladyňyz gerek? Siz haçan hem bolsa özümiziň Onuň üçin neneň ähmiýetlidigimiz barada oýlanyp görüpmidiňiz? Biz dükanlara baranymyzda, bahasy görkezilen harytlary synlap aýlanýarys. Käbir harytlar arzanladylan bahadan, käbirleri bolsa ozalky ýokary bahadan satylýar. Her bir harydyň öz bahasy – özüniň gymmatlygyna laýyk bahasy bar. Ýöne biz paýhasly alyjy bolsak, gymmatlygy onuň

bahasyna ýa-da ondan-da ötýänine laýyk gelýän harydy agtararys.

Durmuşda ähli zadyň bahasy bar. Önümiň gymmatlygyny hut alyjynyň oňa bolan garaýşy kesgitleýär. Birnäçe ýyl mundan ozal satuwlaryň birinde beýsbol topunyň satuwy yglan edildi. Ýöne bu köne bir adaty top däldi, ol üýtgeşikdi; bu top bilen Mark Makgir ozal bir wagt özüniň on ýedinji goluny salypdy. Şol döwürde ol öz ligasynda bir möwsümiň dowamynda gazanylan iň köp utuklaryň rekordyny goýupdy. Topuň bahasy iki million ýedi ýüz müň dollardy! Şonda hatda pulum bolaýanda-da, men ony şol top üçin bermezdim. Näme üçin? Sebäbi onuň meniň üçin hiç bir gymmatlygy ýokdy. Emma şol mümkinçilikden peýdalanyp, şol topy satyn alan adam barada habarlarda okandygym ýadyma düşýär. Şindi bolsa, şol rekorddan üstün gelen başga bir rekord goýlandan soň, beýsbol rekordlarynyň muşdagynyň şol top üçin tölän pulunyň ujypsyz bir bahasyna hem şol topy satyn aljak adamyň tapyljakdygya şübhelenýärin. Topuň gymmatlygy üzül-kesil peseldi.

Şunlukda, mesele jemgyýetiň bize nähili baha berýänliginde däl. Onuň biz baradaky pikirleri dürli-dürli bolup bilýär. Dürli jemgyýetlerde hatda adamyň janyna-da dürlüçe baha kesilýär, sebäbi millionlarça ene-ata özleriniň heniz dogulmadyk çagalaryny öldürýärler. Çaganyň ömri ol doglandan soň ene-atasyna döretjek oňaýsyzlyklaryna degmeýär. Aýallaryny we çagalaryny taşlap gidýän ärler bar, sebäbi olar bilen aragatnaşykda bolmaga güýji we wagty sarp etmegi biderek zat hasaplaýarlar. Şeýle ärler üçin öz amatlyklary we keýpi-sapasy aýalynyň ýa-da çagalarynyň durmuşyndan has wajyp bolup durýar. Öz bedenini satýan adamlar bar. Bu sanawy sanasaň sanabermeli. Netijede bolsa biz öz jemgyýetimizde özlerine ýetirilen çuň ýaralardan ezýet çekýän millionlarça adamy alýarys. Özlerini söýülmeýän we gadyry bilinmeýän ýaly duýýan adamlar

hem bar, sebäbi olar öz ähmiýetini kesgitlänlerinde, başga adamlaryň olar baradaky pikirlerine esaslanýarlar.

## Biziň Hudaý Atanyň nazaryndaky gymmatlygymyz

Ýöne Hudaýyň nazaryndaky gymmatlygymyz nähilikä? Hut şu babatda biz özümize dogry baha berip bileris. Bu älemiň baha standartlaryny we gymmatlyklaryny adam däl-de, Hudaý kesgitleýändir. "Adamlaryň arasynda ýokary saýylýan zat Hudaýyň ýanynda ýigrenjidir" (Luk. 16:15).

Isa Mesih şeýle diýipdi: "Ynsan tutuş dünýäni gazanybam, janyndan mahrum bolsa, oňa näme peýdasy bar? Ynsan öz janyna derek näme berip biler?" (Mat. 16:26). Şu dünýäniň baýlygyny bir pursat göz öňüne getirip görüň. Bahasy ençeme million bolan mülkleri we köşkleri, ähli gymmat baha daşlary we metallary, ajaýyp ulaglary, ýahtalary, uçarlary, ýokary tehnologiýaly elektron enjamlaryny göz öňüne getirip görüň; bularyň bary "owadan" durmuşyň diňe ujypsyz bir bölegi durýar. Dünýäde has köp baýlyklar we hazynalar bar, olaryň ählisini göz öňüne getirip-de bolmaýar. Ýaňy-ýakynda hünärmenler dünýäde öndürilýän zatlaryň toplumynyň jemi golaý wagtda otuz bäş bütin ondan sekiz trillion (10-ň 12 derejesi) amerikan dollaryna ýetjekdigini hasaplap çykardylar. Sanda görkezilse, bu şeýle bolar: $35 800000 000000. Bu diýseň ägirt baýlyk, özem muňa gozgalmaýan emlägiň bahasy girmeýär. Ýöne şonda-da Isa Mesih adamyň öz janyny şu ähli baýlyga çalşan ýagdaýynda, akmak we bähbitsiz alyş-çalyş edýändigini aýdýar!

Hudaýyň nazaryndaky hakyky mertebämiz, gymmatlygymyz dünýäniň genji-hazynasyndan has ýokary, hut şonuň üçin-de Ol bize şeýle ýokary baha berýär! Bize şeýle diýlen: "Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk Ogluny berdi. Ol muny

Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, baky ýaşaýşa gowuşmagy üçin etdi” (Ýoh. 3:16). Adam ata öz ygtyýaryny berenden soň, biz Lýusiferiň – tümlük patyşasynyň golastyna düşdük (ser. Luk. 4:6). Adam atanyň bitabynlygy biziň ählimize geçdi we biz günäniň guluna öwrüldik; şeýdip, biz Lýusiferiň hojaýyn we hökmürowan kimin höküm sürýän şalygyna geçdik. Ol bize öz ygtyýarlygyny ýöredip, bizi elden sypdyrasy gelmeýärdi. Bize baky tümlük garaşýardy, onda azat bolara hiç umyt-da ýokdy. Biz diňe kimdir biriniň biziň üçin azatlyk tölegini tölän ýagdaýynda boşap bilýärdik, ýöne azatlygymyzyň bahasy adam tölärden juda ýokarydy.

Şonda Hudaý bizi boşatmak üçin, tölegimiz hökmünde Isa Mesihi berdi. Bizi hiç kim hiç haçan töleg bilen boşadyp bilmezdi, çünki Hudaý: “Ynsan doganyny azatlyga çykaryp bilmez, onuň üçin Hudaýa töleg tölemez” (Zeb. 48:8). Emma Hudaý biziň janymyzy diýseň gymmat bahalaýar, şonuň üçin-de Ol bizi hut Isa Mesihiň jany arkaly bizi yzyna satyn aldy. Pawlus şeýle diýýär: “Siz baha, onda-da uly baha satyn alnansyňyz ” (1 Kor. 6:20). Soňra ol gaýtalap, şeýle diýýär: “Hudaý çuňňur baý merhemeti bilen Oglunyň döken gany arkaly günälerimizi bagyşlap, bizi azat etdi” (Efes. 1:7).

Biziň älemimizde Hudaý üçin Öz Ogly Isa Mesihden eziz zat ýok. Emma Ol bizi azat etmek üçin Öz Ogly Isa Mesihi töleg hökmünde bermek bilen, bizi Özüniň beýik genji-hazynasyna deň diýip yglan etdi. Täsin zat şundan ybarat: eger biz Hudaýyň nazarynda sähelçe bir az gymmatlyga eýe bolan bolsak, Ata Öz Ogluny asla bermezdi, sebäbi Hudaý bähbitsiz zady asla etmeýär! Bähbitsiz alyş-çalyş haýsydyr bir gymmatlygy has ýokary zady gymmatlygy pes zada çalşylanda bolup geçýär. Beý-bä! Siz indi özüňiziň Ata üçin neneň ezizdigiňize düşünýäňizmi? Isa Mesih bu pikiri şeýle sözleri arkaly tassyklaýar: “Maňa beren şöhratyňy

olara berdim. Biziň bir bolşumyz ýaly, olar-da bir bolsun. Men olardadyryn, Sen bolsa Mendesiň. Meni Seniň iberendigiňi, *Meni söýşüň kimin olary-da söýýändigiňi dünýä biler* ýaly, olar bütewi birlikde bolsunlar" (Ýoh. 17:22,23, nygtama awtoryňky). Isa Mesih Atanyň Ony söýşi ýaly, bizi-de şol derejede söýýändigini aç-açan yglan edýär! Siz meni eşidýäňizmi? Siz indi öz hakyky ähmiýetiňize aň ýetirýäňizmi? Hudaýyň siziň bilen ýakyndan gatnaşasy gelýändigini görýäňizmi?

## "Hawa, ýöne men ýalylar köp ahyryn"

Maňa garşy çykyp: "Hawa, ýöne Hudaý bu gurbanlygy bütin adamzat üçin berdi ahyryn. Şeýle san-sajaksyz adamlaryň arasynda men kimmişim?" diýmegiňiz ahmal. Ýöne siz ýer ýüzünde ýeke-täk adam bolaýan bolsaňyz-da, Hudaý barybir size ymtylyp, bu akyla sygmajak bahany tölärdi. Bu Isa Mesihiň hyzmatyndan aýdyň görünýär. Ol uzakly gün halka Hudaýyň Şalygynyň syrlaryny öwretdi. Ol ýadapdy, ýöne gaýragoýulmasyz bir mesele ýüze çykdy. Isa Mesih Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasy arkaly gaýyga münüp, Jelile kölüniň aňry tarapyna geçmegi tabşyrýar. Olar kölüň orta gürpüne ýetenlerinde, tupan turup, şägirtleriň janyna howp abanýar. Ýöne Isa Mesih ýadaw bolansoň, agyr uka batyp ýatyrdy. Şägirtleri gorkup, Ony oýarýarlar we özlerine abanýan howp barada Oňa aýdýarlar. Isa Mesih turan tupany we ýeli köşeşdirmek arkaly olara jogap berýär.

> Olar tolkun atýan kölüň beýleki tarapyna geçmek üçin gijäniň aglaba bölegini sarp edipdiler. Kölüň beýleki tarapynda geçenlerinden soň, olar biraz dynç almagy umyt edýärler. Ýöne olar kenara aýak basyp-basmankalar, olaryň öňünden arwah-jyn eýelän bir adam çykýar. Ol gonamçylykda ýaşaýardy, ony

> zynjyrlap-da saklap bolmaýan eken. Ol gije-gündiz gonamçylykda aýlanyp, daş-töweregi çirkin sesi bilen sarsdyrypdyr we özüni ýiti daşlar bilen ýaralapdyr (ser. Mark 5:3-5).

Eger şeýle adam biziň döwrümizde ýaşan bolsa, ony ruhy keseller hassahanasyna, özem bir-adamlyk otaga ýerleşdirerdiler. Oňa güýçli dermanlar berip, ony ýeke goýardylar. Köp adamlar ony ret edilen hasaplardylar, ol bolsa hatda şeýle ýagdaýlarda-da güýç bilen öldürmekligi gadagan edýän kanun sebäpli ýaşamagyny dowam ederdi. Ony jemgyýet üçin biderek ýük hasap ederdiler. Adamlaryň nazarynda onuň hiç bir gadyry bolmazdy. Onuň bilen iş salyşjak adamlaryň sany örän ujypsyz bolardy.

Emma bu akylyndan azaşan adam Ata, Isa Mesih we Mukaddes Ruh üçin örän gymmatlydy. Isa Mesih oňa gudtarly hyzmat etdi. Bu bendäniň tümlügiň penjesinden azat edilmesi şeýle bir täsirli boldy welin, ol hatda şol günüň ahyrynda egin-eşik geýip, akylyna aýlanyp, Isa Mesihiň ýanynda oturdy. Täsin zat – Isa Mesih oňa hyzmat edenden soň, ýene-de gaýyga münüp, “kölüň beýleki tarapyna geçdi” (Mark 5:21). Hudaýyň şu aýady görkezen güni asla ýadymdan çykmaz. Men jemgyýetiň biderek hasaplan, arwah-jynlaryň eýelän, pislenýän şol adama hyzmat etmek üçin, Isa Mesihiň agyr günden soň ýadaw halyna gaý-tupanyň içinde kölden geçişine gaty haýran galdym. Soňra Isa Mesih ýene gaýyga münüp, kölüň beýleki kenaryna dolandy. Ol bularyň baryny ýeke-täk bir adam üçin etdi!

Men muňa düşünenimden soň, Ýer ýüzünde ýeke-täk adam bolaýamda-da, Hudaý Özi bilen ýakyn gatnaşykda bolmagym üçin meniň janymy agtarardygyna we azat etmek üçin gymmat bahany tölärdigine aň ýetirdim. Ol dünýä inen gününde gökleriň

perişdeleriniň gökler gögünde Hudaýa şöhrat aýdyp, Hudaýdan merhemet tapan ýerdäki ynsanlara parahatlyk arzuwlap nagma aýtmaklary geň zat däl.

## Isa Mesih biziň her birimizi çagyrýar

Hudaýyň maňa beren aýanlyklarynyň arasynda gutulyşy alanymdan soň köp wagt geçmänkä beren aýanlygy iň beýik aýanlyklaryň biri bolup durýar. Men ulagymy sürüp barşyma Hudaý bilen gürleşýärdim we birdenkä meniň aňymy düýpgöter özgerden sözleri eşitdim. Men Onuň ýüregime ýuwaşjadan: "Jon, Men Seni Özümden ýokary tutýandygymy bilýärmiň?" diýdi.

Men bu sözleri eşidenimde olary aňyma iblis salýandyr diýip pikir edişim ýadyma düşýär. Men şeýle pikirleri bihaýa we ýerliksiz hasaplamaly diýip pikir etdim. Men tasdan hem: "Menden aýryl, iblis!" diýip gygyrjak boldum. Emma kalbymyň jümmüşinde men munuň Hudaýyň sesidigini syzýardym. Şonuň üçin-de men iň howpsuz karara geldim. Men şeýle diýdim: "Ýa Rebbim, şeýle sözlere ynanmak maňa gaty kyn. Seniň – ýeri-gögi Ýaradanyň, meni, ýagny sansyz bir adamy Özüňden ýokary tutýandygyňa ynanmak meniň üçin küpür geplemeklik bilen desdeň. Men Seniň aýdanyňy diňe Täze Ähtden üç tassyklamany beren ýagdaýyňda kabul edip bilerin" diýdim.

Şeýle diýenimdem soň, jogabymyň Hudaýyň göwnüne ýaraýandygyny duýdum we şobada ýüregimde: "Filipililere hatyň ikinji babynyň üçünji aýadynda näme diýilýär?" diýen sözleri eşitdim.

Men bu aýady ýatdan bilemsoň, ony gaty ses bilen gaýtaladym: "Öz şahsy islegiňizden ýa-da şöhratparazlykdan hereket etmäň. Tersine, başgalary özüňizden üstün saýyp, pespäl boluň".

Reb: “Sen birinji tassyklamany aldyň” diýdi.

Men ýaýdanyp: “Ýöne Pawlus bärde filipililere gürläp, olara başgalary özünden ýokary saýmagy buýurýar-a. Ol Seniň maňa bolan garaýşyň barada aýtmaýar-a” diýdim.

Men şobada: “Ogul, Men Özümiň etmedik zadymy Öz çagalaryma hiç haçan buýurmaýaryn” diýen jogaby eşitdim. Soňra Ol maňa köp maşgalalarda kynçylyklaryň hut şu sebäpden döreýändigini aýtdy. Ene-atalar özleriniň görelde görkezmedik hereketlerini çagalarynda göresi gelýär. Reb Özüniň görelde görkezmedik zadyny bizden hiç haçan talap etmeýär. Men bu subutnamany kabul etdim, ýöne ol heniz-de Rebbiň meni Özünden ýokary saýýandygyna ynandyryp bilmändi. Men: “Ýa Rebbim, bu Mukaddes Ýazgydan diňe bir aýat, maňa ýene ikisi gerek” diýdim. Şeýle diýmek bilen, men Rebbe äsgermezlik etmeýärdim, men ýöne seresaply we oýlanyşykly hereket edýärdim.

Şonda Reb maňa jogap berip, ýüregimi endireden soragy orta oklady: “Jon, Haça kim çüýlendi: senmi ýa Men?”

Ozal bilýän we şindi has hakyky görnen zada täzeden aň ýetirmekden ýaňa inim galpyldap: “Sen, Isa” diýip, ýuwaşjadan jogap berdim.

Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Haça sen çüýlenmelidiň, ýöne Men seniň günäleriňi, seniň jezaňy, seniň keselleriňi, ejizlikleriňi we gedaýlygyňy Öz üstüme aldym. Men muny seni Özümden ýokary tutýanlygym üçin etdim”.

Men Onuň bu sözlerini diňleýärkäm, galpylda gaplandym. Ol şu zatlary aýdanyndan soň şübheleriň bary zym-zyýat boldy. Men Onuň çeken jebirleriniň birine-de Onuň mynasyp bolmandygy barada sessiz pikir etdim. Ol dogruçyl we bigünädi. Petrusyň birinji hatynyň aýady (2:24) aňyma geldi: “Biziň günä garşy ölüp,

dogruçyllyk ugrunda ýaşamagymyz üçin, Ol haçda günälerimizi Öz üstüne ýükledi. Siz Onuň ýaralary arkaly şypa tapdyňyz".

Indi men Onuň dogrudan-da meni Özünden ähmiýetli saýýandygyny bilýärdim. Men gözlerim ýaşdan doldy we men Ony şöhratlandyryp başladym. Men indi Onuň maňa üçünji aýady berjekdigini berk bilýärdim we köp wagt geçmänkä, Ol dogrudan-da ýüregime gürläp, şeýle diýdi: "Rimliler hatynda näme diýilýär? (12:10)"

Bu hem bilýän aýatlarymyň biridi, men ony ýatdan gaýtaladym: "*Biri-biriňizi doganlyk söýgüsi bilen tüýs ýürekden söýüň*. Biri-biriňizi hormatlap, *başgalary özüňizden ýokary tutuň*".

Soňra men Onuň şeýle diýýänini eşitdim: "Eýsem Men köp *doganlaryň* arasynda nowbahar dälmi näme? (Rim. 8:29). Men öz doganlarymy, uýalarymy söýýärin we olary Özümden ýokary tutýaryn". Men Isa Mesihiň bizi söýýändigini köp gezek eşidipdim. Ýöne Ol bu sözleri ýüregime gönükdirende, men özümiziň Onuň üçin neneňsi ajaýyp ýaradylyşlar bolup duýýandygymyzy ilkinji gezek hakykatdan göz ýetirdim. Ol, dogrusy, Öz maşgalasynyň agzalaryny Öz genji-hazynasy diýip atlandyrýar. Ol biziň Onuň üçin örän ezizdigimizi aýdýar. Ol bizi Özüniň gözüniň göreji diýip nygtaýar. Bir zada düşünjek boluň: Ol bize şatlanýar! Hawa, bu ajaýyp sözlere gulak goýuň: "Hudaýyňyz Reb, ýeňiş berýän Söweşiji siziň araňyzda. Reb size guwanyp şatlanar, Ol söýgüsinde size täze durmuş berer, nagmalar bilen Onuň size ýüregi joşar" (Sep. 3:17).

## Ynsan näme?

Perişdeler bize bilesigelijilik bilen seredýärler, sebäbi olar gudratly we mukaddes Hudaýyň ýönekeý adamlara şeýle köp üns berýändigini görýärler. Biz şuny okaýarys: "Seniň gökleriňe — barmaklaryň işine, Seniň goýan Aýdyr ýyldyzlaryňa nazar aýlanymda, şeýle diýýärin: 'Adam näme Sen ony ýatlaryň ýaly?

Ynsan ogly näme aladasyny ederiň ýaly?’” (Zeb. 8:4,5). Bu sözleri Dawut pygamberiň ýazandygyna garamazdan, men Hudaýýň Özüniň tagtyny gurşaýan güýçli perişdeleriň edýän pikirlerini oňa eşitmäge ygtyýar edendigine ynanýaryn. Bu perişdeler Hudaýýň älemi ýaradyşyna syn edýärdiler. Olar galpyldadan, yzzat-hormatdan dolup, Hudaýýň daş-töweregini gurşaýarlar we diňe duran ýerlerinden biri-birine garap “mukaddes, mukaddes, mukaddes” diýip gygyryp bilýärler, sebäbi pursatlaryň her biri olara Onuň şöhratynyň täze bir tarapyny açýar; şoňa görä-de, olar Ony baky şöhratlandyryp we öwüp bilýärler. Olar şeýle bir gaty gygyrýarlar welin, tagtyň ýerleşýän otagynyň (onda azyndan on million adam bar) binýatlary sarsýar. Perişdeler Onuň biz babatdaky niýetleriniň söýgüden we ýagşylykdan doludygyny görýärler, olaryň sany ýer ýüzündäki çäge dänejiklerinde-de köp. Olar muňa haýran galyp, agyzlaryny açýarlar!

Biz Onuň taýsyz-deňsiz mülki, Onuň seçip-saýlanlary we gymmatbaha merjenleri – Özüne bina edýän çadyrynyň diri daşlary, Ol bu çadyrda baky ýaşamak isleýär. Ýöne Hudaý näme üçin bize şeýle garaýar? Onuň şeýle täsin söýgüsine mynasyp bolar ýaly biz näme etdik? Hut şu ýerde-de ähli hakykatlaryň iň beýigi gizlenendir. Biz Onuň söýgüsini we Onuň biziň bilen bolmak islegini gazanar ýaly hiç zat etmedik. Çünki biz heniz ruhy taýdan ejizkäk we tümlükde azaşan günäkärkäk, ýagny Onuň duşmanlarykak, Ol bizi eýýäm agtaryp başlady. Ol bizde diňe Onuň söýgüsiniň saýgaran zadyny görýärdi. Bozuklygyň, günäniň we azgynlygyň arasynda Ol diňe genji-hazynany görýärdi. Ol köp adamlaryň biderek ýa-da arzan hasaplanlaryny gymmatbaha bir zat ýaly satyn aldy. Ol biziň hakyky ýagdaýymyzdan üstaşary seredip, diňe Onuň merhemetiniň görüp bilýän zadyny gördi.

Indi biz Mukaddes Ýazgynyň: “Siz uly baha satyn alyndyňyz. Adamlaryň guly bolmaň!” (1 Kor. 7:23) diýen sözlerine has

doly düşünýäris. Ýöne näme üçin özüne şeýle söýgini we yzzaty duýan adam ozal özüniň gul edilen we kembaha we biderek hasaplanylan ýagdaýyna gaýdyp barasy gelýärkä?

Eger biz Isa Mesihiň bütin Älemde iň görnükli Şahsdygyna we Onuň bütin yhlasy bilen biziň bilen bolmaga ymtylýandygyna düşünen bolsak, näme üçin Oňa ýakynlaşmaga çagyrýan çakylygyna äsgermezlik edip bilýärkäk? Mundan beýläk Ony ret edip bolmaz, sebäbi şeýle äsgermezçilik diňe biziň nadanlygymyzdan we düşünmeýänligimizden döräp bilýär.

(*Wajyp bellik: Mukaddes Ýazgyda Hudaýyň bizi agtarýandygyna garamazdan, Onuň biz bilen gatnaşyk açmagy üçin Onuň çakylygyna özümiziň seslenmelidigimiz barada aýdylýar. Eger siz ozal hiç haçan Isa Mesihi öz şahsy Rebbiňiz we Halasgäriňiz diýip ykrar etmedik bolsaňyz, onda edil şu pursat, gaýra goýman, kitabyň soňunda ýerleşýän Goşundy A geçmegiňiz gerek.*)

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Ysraýylyň ogullary dört ýüz ýyllyk gulçulykdan boşanlarynda, Hudaýyň olary azat etmeginiň asyl manysyna düşünmediler. Reb “olary Özi üçin alyp gaýdandygyny” aýtdy, olar bolsa nägile bolup zeýrenýärdiler, mesele diňe wada berlen ýurtdadyr öýdýärdiler. Şu bapda görkezişimiz ýaly, olaryň ýüregi özleriniň mirasy bolup biljek Hudaýa däl-de, miras alyp biljek zatlaryna gönügendi. Hudaý sizi günäniň gulçulygyndan azat etdi, Ol sizi Özüne alyp gelesi gelýär. Nägile bolup, zeýrenýän ýagdaýlaryňyz köp bolýarmy? Şeýle ýagdaýlara Rebden miras hökmünde Kimi ýa-da nämäni miras alyp bolýandygyny bulaşdyrmaýaňyzmy?

2. Biz şu bapda: “Näme üçin özüne şeýle söýgini we yzzaty duýup gören adam ozal özüniň gul edilen, kembaha we biderek saýylan ýagdaýyna gaýdyp barasy gelýärkä?” diýen soragy orta atdyk. Siz bu soraga näme jogap berersiňiz?

3. Şu bapda awtoryň gutulyş alanyndan soň Hudaý bilen bolan söhbetdeşligi beýan edildi. Hudaý Öz ýüzlenmesinde Özüniň adamlary nähili eziz görýändigini aýtdy. Özüňize Hudaýda şeýle gadyrly we mertebeli garalýandygyna düşünmeklik durmuşyňyzy we oňa bolan garaýşyňyzy nähili özgerdip biler?

3-nji bap

# ÖZ TEŞNELIGIŇI GORA

Biz näme iýýän bolsak, şony hem küýseýäris.

Gutulyşy heniz almadyk adam Hudaýy agtaryp bazlamazdan ozal, Rebbiň hut Özi ony Özüne çekmeli. A.U.Tozer şeýle ýazýar: “Günäli adamyň kellesine Hudaý barada dogry pikir gelmezden ozal, onuň kalbynda aň-düşünje işi amala aşmaly” (*The Pursuit of God*, sah. 11). Isa Mesihiň hut Özi şeýle diýipdi: “Eger Meni iberen Atanyň Özi getirmese, hiç kim Maňa gelip bilmez” (Ýoh. 6:44). Hut şu sebäpdenem Isa Mesih arkaly Hudaý bilen gatnaşygy bolmadyk adamlar üçin dileg etmeli. Hudaý “hemme adamlaryň hakykaty bilip, halas bolmagyny isleýär” (1 Tim. 2:4) we bütin taryhyň dowamynda Ol bu maksadyna ýetmek üçin elinden geleni edýär. Ýöne şonda-da Ol perzentleriniň hem azaşan adamlara ýürekleri awap, olaryň halas bolmagy üçin Hudaýa ýalbarmaklaryny isleýär. Şoňa görä-de, Isa

Mesih şeýle diýýär: “Hasyl bol, ýöne işgär az. Şonuň üçin hem hasylyny ýygmaga işgär iberer ýaly, hasyl eýesi Rebbe ýalbaryň” (Mat. 9:37, 38).

Biz Isa Mesihiň aýanlygy arkaly gutulyşy alanymyz bäri dyngysyz hereket edýän çakylygymyz bardyr. Hudaý Öz perzentlerine: “Meniň ýanyma geliň” diýýär. Bakylykda hereket edýän bu çakylygy almagymyz üçin, Hudaý bize tarap ilkinji ädimi eýýäm etdi. Çaly ýanýar... Ol biziň adymyzy tutup çagyrýar... Ol gaýygyň daşynda dur! Ol biziň jogabymyza garaşýar!

Ýaňy-ýakynda bir imanly tanşym meniň bilen pikirini paýlaşyp: “Jon, men dünýäde ýaşadygym saýy, Hudaýa hyzmat etdigim saýy, Oňa golaýlaşmagyň Oňa bagly bolup durýandygyna köpden-köp aň ýetirýärin” diýdi.

Men onuň aýdýanlaryna garşy çykyp: “Ýok, sen muňa nädogry düşünýärsiň” diýdim.

Şonda ol Isa Mesihiň Atanyň Özi getirmedik ýagdaýynda Onuň ýanyna hiç kimiň ýakynlaşyp bilmeýändigi baradaky sözlerini mysal getirdi.

Men jogap berip, şeýle diýdim: “Hawa, ýöne bu hakykat diňe iman etmeýänlere degişli. Hudaý siziň indi Onuň perzendidigiňizi we şu esasda Özüne ýakynlamagyňyzy soraýar, şonda Ol hem size ýakynlaşar. Ol bu ädimi islendik wagty edip bilýändigimizi ap-aýdyň aýdýar”.

Hawa, Onuň biziň bilen duşuşasy gelýän we bu duşuşygy Özüniň başlaýan wagtlary bolýar.Ýöne bu Reb bilen duşuşygy özümiziň başlap bilmeýändigimizi ýa-da başlamaly däldigimizi aňlatmaýar. Biz Onuň bilen aragatnaşyk saklaýarys we edil ata bilen ogluň arasyndaky adaty aragatnaşykda bolşy ýaly, käwagt ogul atasynyň ýanyna birinji barýar, käwagt bolsa ata oglunyň ýanyna birinji barýar.

## Näme üçin Onuň çakylygyna hemmeler seslenmeýär?

> Aňa sygmaýan sorag: Näme üçin şeýle köp imanlylar Hudaý bilen ýüzleý, çuň bolmadyk gatnaşykdaka? Olar näme üçin Onuň bilen has ýakyn we ysnyşykly gatnaşmaýarka? Olara näme böwet bolýar? Şeýle adamlary näme höweslendirip biler? Onuň çagyryşyna seslenmäge näme mejbur edip biler? Munuň jogaby diýseň sada: ähli zat Ony tanamaga bolan küýsege we islege bagly. Dawut nalap, şeýle diýýär: Hudaýa, diri Hudaýa teşnedir janym, haçan görerkäm men Hudaýyň ýüzün? Diýenlerinde dyngysyz: "Hany Hudaýyň?", gözýaşlarym ýeke-täk azygym boldy. Men ýörärdim jemagat bilen, baýram edýän halky äkiderdim Hudaý öýüne; olar şatlanyp, nagma aýdardy... Şu zatlary ýatlan wagtymda, küýsemeden ýaňa para-para bolýar ýüregim (Zeb. 41:3–5).

Şu kitaby okamagy dowam etmezden ozal şu setirleri ýene-de bir gezek haýal okap, onuň her bir sözi barada oýlanyň. Dawudyň: "Şu zatlary *ýatlan* wagtymda, küýsemeden ýaňa para-para bolýar ýüregim" diýýänine üns beriň. "Ýatlamak" sözüni aňladýan ýewreý dilindäki söz – *zakar*. U.I. Waýn grek dilindäki sözüň hem edil ýewreý dilindäki sinonimi ýaly, ýöne ýatlamadan has köp manyny aňladýar. Ol "bu oýlanmalary ýatda saklamak" diýmegi aňladýar. Şu setirlerde hut şu manysy bar. Aslynda Dawut pygamber şeýle diýýär: "Men *öz hakydamda Hudaýa bolan islegimi ýatlanymda,* küýsemeden ýaňa para-para bolýar ýüregim". Hut şeýle garaýyş bizde Hudaýa bolan güýçli küýsegi oýarýar. Şeýle küýseg bizi Oňa ýakynlaşmaga höweslendirýär we şonda her dürli – ruhy, akyl ýa-da fiziki böwetler dörese döräbersin, olaryň bize bildirýän ýeri ýok. Şonuň üçin-de Oňa bolan küýsegi saklamak we ony artdyrmak diýseň wajyp zat!

## Ýa Reb, küýsegimi artdyr!

Köp adamlar: “Ýa Reb, Saňa bolan küýsegimi artdyr!” diýip dileg edýärler. Ýöne her nähili bolsa-da, bu nädogry dileg. Biziň küýsegimiziň derejesini Hudaý däl-de, diňe biziň özümiz kesgitleýändiris. Biz Amerikada maddy baýlyklaryň ägirt mukdaryna eýe, daş-töweregimizde şady-horramlygyň, lezzet almagyň we gazanç etmegiň köp mümkinçilikleri bar. Biz Hudaýa bolan küýsegimizi ýeke-täk usulda döredip we gorap bilýäris: munuň üçin biz öz kalbymyzy goramaly we ony dolduryan zatlarymyzy paýhasly saýlamaly. Süleýmanyň pähimlerinde şeýle diýilýär: “Dok adam baly ýigrenýändir, aç kişä ajy zatlar hem süýjüdir” (27:7). Sada sözler bilen aýdylanda, eger siziň kalbyňyz gaýgy-aladalardan, keýp çekmäge bolan höwesden, baýlygy söýmekden, bu dünýä mahsus bolan isleglerden doly bolsa, siz dokunyp, Hudaý bilen bolýan gatnaşygyň datly balyny ýigrenersiňiz.

Minnetdarlyk güni baýramyny ýada salyň. Bu baýramçylygy bellemek üçin, amerikanlaryň aglaba bölegi maşgalalary we dost-ýarlary bilen bir ýere ýygnanýarlar. Baýramçylyk saçagynyň taýyn boljak wagtyna çenli işdäleri doly açylar ýaly, köp adamlar ertirlik-de edinmeýärler. Ine, onsoň iýip-içişlik başlanýar. Myhmanlara içine dürli-dümen zatlar dykylan ullakan hindi towugyny, süýji ýer almasyny, gök önümleri, klýukwa sousyny, börek we ş.m. tagamlary getirýärler. Şu pursada çenli işdämiz açylansoň, tagamlary köp mukdarda iýýäris. Nahardan soň agzymyzyň gyzyp, juda köp iýenlegimizden zeýrenýäris. Biz dok! Soňra bolsa, birki sagat geçensoň, biz ýene bir maşgala agzamyzyň öýüne myhmançylyga barýarys. Ýene-de saçak ýazylyp, oňa tagamly we ýokumly naharlar goýulýar. Indi nahar biziň üçin agzynyň tagamyny bilýän adamlar üçin ýalydyr, ýöne lezzete we

işdämenlige derek bizde birhili ýigrenç duýgusy döräp, nahardan ýüz öwürýäris. Biz heniz-de ýakynda iýen tagamlarymyzdan dok we bezelen saçaga sereden badymyza indi hiç zat iýip bilmejekdigimize düşünýäris. Birinji öýdäkä garanda, naharlaryň indi has tagamly we ussatlyk bilen bişirilendigi biziň üçin parhy ýok, biz oňa äsgermezçilik edýäris. Süleýmanyň pähimlerinden mysal getirilen aýatda hem hut şu barada aýdylýar.

Şu hakykaty doly açmak üçin, biz meseläniň proporsiýalarda, ýagny paýdeňlikdedigini boýun almaly. Eger siziň kalbyňyz bu dünýäniň gaýgy-aladalaryndan doly bolsa, siz, belki, tagama äsgermezçilik-de etmersiňiz, ýöne oňa ýüzleý gararsyňyz. Eger siz birki sagat ozal biraz garbanyp, indi açlygy duýmaýan bolsaňyz, indi, toý saçagynyň başynda, tagamlardan ýüz öwürmersiňiz, ýöne kän iýmersiňiz ýa-da bütinleý ret edersiňiz. Haýsydyr bir şähere sapara baran wagtym restorana çagyrylanymda, men sypaýylyk bilen çakylygy ret edýärin, sebäbi şondan birnäçe sagat ozal naharlanypdym, diýmek, men aç däl. Tagamlar baradaky pikir hyýaly Minnetdarlyk gününiň saçagy ýaly mende ýigrenç döretmeýär, men ýöne nahar iýesim gelmeýär. Emma şeýle çakylyga iki ýa üç gün nahar iýmedik adam bütünleý başgaça seslener. Şeýle adam siziň biperwaýlyk bilen garaýan tagamlaryňyza uly işdämenlik bilen ýapyşar. Şunlukda, hakykat şundan ybarat: siz Onuň çakylygyna şu dünýäniň zatlaryndan doýgun bolşuňyza görä seslenersiňiz.

Adamlar ýygnakda Hudaýyň zatlaryna köplenç biperwaý garaýarlar. Olaryň aglabasy Onuň huzuryna, elbetde, biperwaý garamaýar, ýöne aç adama garanda, olar öz öňlerindäki naz-nygmatdan doly saçaga adaty we ýönekeý zat ýaly seredýärler. Sebäbi olar şondan birnäçe sagat öň dünýewi saçagyň “tagamlaryndan” doýup geldiler we indi özlerini diýseň hoşal duýýarlar. Men olaryň Hudaýa ýakynlaşmagy isleýändigi baradaky

sözlerini eşidýärin, ýöne olaryň hereketleri sözlerinden has gaty ýaňlanýar. Siz şu kitaby eliňize Ony has ýakyndan tanamak üçin aldyňyz (men munuň şeýledigine ynanýaryn), ýöne kalbyňyz Oňa teşnemi? Hudaýa bolan yhlasy edinmek üçin, siz hut şeýle açlygy we teşneligi duýmalysyňyz.

## Biperwaý ýygnak

Aýanlyk kitabynda Isa Mesihiň soňky ýygnaga ýüzlenip aýdan sözlerini ünsli öwreseňiz, täsin faktlary ýüze çykararsyňyz. Birinjiden, Isa Mesihiň Asiýanyň ýedi ýygnagyna hatlary ibermegi buýrandygy ýadyňyzdadyr, ýöne bu hatlar taryhda hakykatda-da bolan diňe şol ýygnaklara däl, eýsem bize-de degişlidir, ýogsam olar Mukaddes Kitapda bolmazdy. Olaryň Mukaddes Kitapda bolmagynyň özi olaryň pygamberlik habarynyň bardygyny ýa-da biziň döwrümize gürleýändigini aňladýar.

Pygamberlik habarlaryny köplenç dürli zatlar babatda, manyda ýa-da ýagdaýlarda ulanýarlar. Her bir ýygnaga iberilen hat diňe häzirki günde biziň üçin ähmiýetli bolman, eýsem Onuň gaýdyp gelmesiniň öňýanynda Ýygnaga gönüden-göni degişlidigi sebäpli Mukaddes Kitabyň ahyrynda peýda bolan bolmagy ahmal. Munda kesgitli bir many bar, sebäbi her hatyň ahyrynda Ýohanna şeýle diýýär: “Şondan soň gökde bir açyk gapyny gördüm. Ilkibaşda meniň bilen gepleşen, *surnaýyň* sesine meňzeýän ses maňa: ‘Ýokary çyk, Men saňa mundan soň bolmaly zatlary görkezeýin’ diýdi” (Aýan. 4:1, nygtama awtoryňky). “Surnaý” sözüne üns beriň. Biz ahyrky günlerde Rebbiň hut Özüniň Öz halkynyň yzyndan geljekdigini, göklerden “Rebbiň Özi hökmürowan gygyryş bilen, Öz *surnaýy* bilen” (1 Sal. 4:16, 17, nygtama awtoryňky) injekdigini bilýäris. Meniň pikirimçe, ýygnaga iberilen şu habarda biziň ýaşaýan döwrümiz aýratyn nygtalýar.

Isa Mesih habarynda bu ýygnagyň ne gyzgyn, ne-de sowuk ýagdaýdadygyny aýdýar. Häzirki döwrüň dilinde aýdanymyzda, olaryň küýsegi we yhlasy ýeterlik däldi, olar Isa Mesih üçin wajyp bolan zatlara biperwaý garaýardylar. Olar Onuň göwnünden turmak üçin, öz barýan ýollaryndan seýrek sowulýardylar. Ýöne olar näme üçin şeýle hereket etdilerkä? Bu ýygnagy ýalan ýygnak hasaplap bolmaz, sebäbi olary Isa Mesihiň hut Özi tanaýar. Soragyň jogaby bolsa olaryň durmuşa bolan garaýşynda jemlenýär. Isa Mesih şeýle diýýär: "Men baýdyryn, baýap, zada zar däldirin' diýýärsiň" (Aýan. 3:17). Bu sözler olarda küýsegiň ýoklugyny aňladýar, sebäbi olar köňül rahatlygyny, gynansak-da, Hudaýda däl-de, bü dünýäniň zatlarynda tapandygyny görkezýär.

## Ýüzleý diagnoz

Käbir adamlar şol ýygnakda mesele juda uly baýlyk ýa-da maddy zatlara bolan höwes zerarly dörändir diýip hasaplamagy mümkin. Şeýle garaýyş, iň gowy ýagdaýda, Isa Mesihiň aýdanlaryna ýüzleý düşünilýändigini aňladyp biler. Eger Dawut pygambere garasak, onuň ummasyz baýlygynyň we ençeme hyzmatkärleriniň bolandygyny göreris. Ol öz ogly Süleýmana "bir ýüz ýetmis müň batman altyn, bir million ýedi ýüz müň batman kümüş, ölçärden agdyk bürünçdir demir" (1 ÝÝ 22:14) galdyrdy. Ýöne ol Hudaýa ýüzlenip, özi barada aýdanda welin şeýle diýýärdi: "Ýa Reb, gulak goý, maňa jogap ber, çünki men garyp we mätäçdirin" (Zeb. 85:1, nygtama awtoryňky).

Ol özüni garyp we mätäç diýip atlandyrýar! Indi biz onuň hemme zady dogry aýdandygyny bilýäris, sebäbi göklerden ylham alýan bolsaň, aldanmagyň mümkin däl. Ol gaznasynda kümüş üýşmekleriniň ýatandygyna garamazdan, özüni dogrudan-da garyp we mätäç görýärdi! Ol Hudaýyň hut Özüne mätäçdi we

bu mätäçlik onuň Hudaýy küýseýänligi sebäpli döräpdi. Onuň nalyşyna gulak goýuň: “Hudaýa, diri Hudaýa teşnedir janym...” Ol Hudaýyň jogabyny eşitmäge jan-tenden ymtylýar! Ol Onuň ýakynlygyny şeýle küýseýär! Onuň yhlasy ine, şundan döreýär: “Diýenlerinde dyngysyz: ‘Hany Hudaýyň?’gözýaşlarym ýeke-täk azygym boldy” (Zeb. 41:3, 4).

Laodikiýadaky ýygnagyň agzalarynyň meselesi maddy dünýäniň zatlarynda däl-de, maddy dünýäniň zatlarynyň öz köňülleriniň küýsegini kanagatlandyrmaga ýol berenliginde jemlenýär. Dawut pygamber şeýle zada hiç haçan ýol bermeýärdi. Ol baýlygyň öz köňlüni doýurmagyna hiç haçan ýol bermeýärdi. Şol ýygnagyň agzalarynyň baýlygy Dawudyňkydan az bolan bolmaly, ýöne olar bar zatlaryna kanagatlanyp, şondan-da lezzet tapdylar. Bu olaryň Hudaýa we Onuň bilen gatnaşmaga bolan köňül küýseglerini söndürdi.

## Bütinleý tapawutlanýan

Soňky ýigrimi ýylyň dowamynda men köp gezek şeýle ýagdaýyň şaýady boldum. Günleriň birinde demirgazyk Kanadada ýaşaýan indeýesler taýpasyna gidişim ýadyma düşýär. Olar Demirgazyk Amerikada rezerwasiýada ýaşamaga galan indeý taýpalarynyň iň soňkusydy. Beýan edýän şol wakamdan ýigrimi ýyl ozal bu asylly adamlar ondan-oňa göçýän amerikan sugunlaryň yzyna düşüp, wigwamlarda ýaşaýardylar. Olar sada adamlardy, uly baýlyklary ýokdy. Olar sada öýlerinde telewizorlary diňe soňky on ýylyň dowamynda oturdyp başlapdylar.

Ýygnaga müňe golaý adam geldi. Men şol ýerde birnäçe gün boldum we geň bir zada üns berdim. Ýigrimi ýaşdan uly bolan adamlaryň hemmesi Hudaýa ajaýyp bir küýsegi bildirýärdiler. Olar

Demirgazyk Amerikadaky admalaryň köpüsina garanyňda, Hudaý babatda has yhlaslydylar. Olar Hudaýy tanamaga güýçli isleglerini äşgär edýärdiler. Emma ýigrimiden ýaş bolanlary biperwaýdylar we göräýmege, hiç bir ruhy açlygy duýmaýardylar.

Ýygnaklaryň birinde taglyma we wagza inen mesh örän güýçli boldy. Uly çadyrdaky adamlaryň hemmesi aýdylýan zatlary ýüreklerine ýakyn kabul edýärdiler. Birdenkä çadyryň aňyrsynda we ýanynda duran ýaşlara gözüm düşdi, olar şol ýerde gyzykmaýan we biperwaý halda durdular. Men wagzyň dogrudan-da ýürekgysganç bolýan ýagdaýlaryny bilýärin, ýöne şol welin ol asla beýle däldi. Onuň Sözüniň wagyz edilen wagty Mukaddes Ruhuň adatdan daşary güýçli täsirini hut özüm duýupdym. Birdenkä, näme bolýandygyna düşünmezden, men ötelgeden, Hudaýa teşne adamlara-da üns bermän, çadyryň gyrasynda duran ýaşlara tarap ylgadym. Men olardan çadyra girip, wagzy diňlemeklerini haýyş etdim. Olar maňa akylyndan azaşyp, hakyky durmuşdan başy çykmaýan adama kimin seretdiler.

Diňe şondan soň olaryň futbolkalaryna we beýsbolkalaryna gözüm düşdi. Olaryň ýüzünde ýazylan ýazgylar gözüme dürtülen ýaly bolup, meniň ünsümi özüne çekdiler. Olaryň ýüzünde dürli professional beýsbol we futbol toparlaryň atlary ýazylgydy. Mukaddes Ruh maňa olaryň telewizor arkaly günde alýan maglumatlaryndan dolup, zäherlenendiklerini görkezdi. Gynansak-da, olar öz teşneligini olara hiç bir peýda bermejek zatlar bilen gandyrypdylar! Şonda uly nesliň telewizorsyz önüp-ösendigi meniň ýadyma düşdi. Bu ýagdaý ýigrimi ýaşdan uly we kiçi adamlaryň arasyndaky şeýle düýpli tapawudyň sebäbini düşündirdi.

Gaýrat edip, meniň diýmekçi bolýan zadyma düşünjek boluň. Telewideniýe biziň ösüşimize hemişe zyýanly täsir etmeýär, mesele biziň oňa nähili garýanlygymyzda. Indi biziň-

de maşgalamyzda telewizor bar, ýogsa toýdan soň köp ýylyň dowamynda biz onsuz ýaşapdyk. Köp telegepleşikler bize uly şatlyk we öwüt getirýärler. Men dünýäde bolup geçýän zatlary hut telewizor arkaly synlap bilýärin. Emma telewizor meniň mätäçliklerimi, isleglerimi iýmitlendirmeýär we kanagatlandyryp bilmeýär. Ol meniň joşgunyma öwrülmedi. Men oňa tomaşa edip bilýärin we Mukaddes Ruh bilen gatnaşykda bolup, Hudaýa bolan küýsegi duýmagy başarýaryn. Şol ýaşlar öz ruhy garyplyklaryna garamazdan, öz işdälerinii peýda bermeýän zatlardan kanagatlandyrypdyr.

Şol sapardan köp wagt geçmänkä, men Birleşen Ştatlaryň demirgazyk-günorta bölegine ugradym. Menden anna güni öýlän wagyz etmegimi haýyş etdiler. Şonda tutuş ýygnagy çagyrypdylar we gelen ýedi ýüz adamyň bäş ýüze golaýynyň ýetginjeklerdigini görenimde, geň galdym. Ýygnakdan soň ýaşlaryň onlarçasy töweregimi gurşap, ruhy mowzukdan dürli soraglary berdiler. Wagt ýary gijä golaýlapdy. Biz ýygnakdan soňra hem Hudaý baradaky mowzukdan uzak wagtlap gürrüň etdik. Men ahyrda: "Bu maňa şeýle ýaraýar! Biziň hemmämiz Hudaýa güýçli küýseýäris!" diýdim.

Ýetginjekler ertesi güni meni gaýtmazymdan öň olar bilen günortanlyk edinmäge çagyrdylar. Men olaryň çakylygyndan boýun gaçyryp bilmedim, olar restorandaky uly zaly kärendä alan eken; biz şol ýerde söhbetdeşligimizi-de dowam etdik. Men geň galdym we begendim. Şu ýetginjekler bilen olaryň demirgazykdaky ýaşytdaşlarynyň arasynda ägirt tapawut bardy; özem demirgazyk-günortadaky maddy taýdan üpjün bolan ýaşlar indeý taýpasyndaky maddy taýdan o diýen üpjün bolmadyk ýaşytdaşlaryndan has teşnediler.

Demirgazyk-günortadaky ýygnakdaky ýetginjekleriň äşgär eden yhlaslaryny şol ýygnagyň uly nesli görkezip bilmedi. Olar

näme üçin meniň ýanyma soraglary bilen gelmedi? Näme üçin ýygnakda beýleki ýaş toparlaryň wekillerinden ýetginjekleriň sany has köpdi? Men uly ýaşly adamlaryň kalby durmuşyň aladalaryna we lezzetlerine batyp galan bolmaly diýip pikir edýärin. Olar öz durmuşynda Isa Mesihiň hökmürowanlygyny ykrar edýärdiler, ýöne Hudaýyň olaryň durmuşynyň bir bölegi bolup durýandygyna garamazdan, Ol olaryň köňül küýsegi däldi.

Ýygnagyň uly we ýaşlar toparynyň çopanlary bilen duşuşanymdan soň, ýaşulusynyň-da, ýaşynyň-da öz adamlaryny öz göreldesi bilen dolandyrýandygyna düşündim. Hoşeýa pygamberiň kitabyndaky aýat gözümiň öňünde janlanyp gitdi: “Ruhanylary nähili bolsa, halky hem şeýle bolar – ruhanylary günä edýän bolsa, halkam şeýle eder” (Hoş. 4:9, NLT). Şu aýat şeýle-de ýaňlanyp biler: “Ruhanylary nähili bolsa, halky hem şeýle bolar – eger çopanlary teşne bolmasa, halky hem şeýle bolar”. Hudaý ýaşlar toparynyň çopanynda işjeň hereket edýärdi, sebäbi ol görnüşe eýerýärdi we yhlasdan doludy. Ol şindi hem başga şäherde netijeli we güýçli hyzmat edip gelýär.

## Ýygnakdaky biperwaýlygyň dermany

Isa Mesih Asiýa ýygnaklaryna iberen hatynda ýygnaklarda köp duş gelýän hut şu biperwaýlyk barada ýazypdy. Onuň sözlerine gulak goýuň:

> “Ine, men işikde duryn, gapyny kakýaryn. Sesimi eşidip, gapyny açanyň öýüne girerin. Men onuň bilen, ol hem Meniň bilen bir saçak başynda tagam iýer” (Aýan. 3:20).

Men hyzmatçylaryň şu aýady köplenç iman etmediklere çagyryş hökmünde ulanyşlaryna haýran galýaryn, sebäbi Isa Mesih bu ýerde bütinleý başga zatlar barada aýdýar. Ol Ýygnaga

gürleýär, Ol yhlasy az bolan imanlylara ýüzlenýär. Onuň: "Sesimi eşidip..." diýen sözlerine üns beriň. Bize eşitmäge näme päsgel berip bilýär? Doýan köňül eşidip bilmeýär. Hudaý Musany Müsüriň şady-horramlygyndan we lezzetlerinden çetleşdirip, ony çöle iberdi, Ol muny onuň ünsüniň hiç zada bölünmezligi üçin etdi. Hudaý ilkinji duşuşykda Musada Özüne bolan islegi oýardy we şondan soň Musa nirede bolýandygyna garamazdan, hatda Müsüre dolanmaly bolanda-da, gaýdyp ünsüni sowmady!

Isa Mesih Onuň sesini eşidip, köňlüniň gapysyna açan adamyň ýanyna girip, onuň bilen bir saçak başynda tagam iýjekdigini aýtdy. Ol biziň köňlümize "ýaşaýyş çöregini" berer, çünki Onuň hut Özi ýaşaýyş Çöregidir. Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki terjimeleriň birinde biz şuny okaýarys: "Eger sen Meniň çagyryşymy eşidip, gapyňy açsaň, Men girerin we saçagyň başynda dost kimin tagam iýeris". Men şeýle teswirlemäni halaýaryn, sebäbi köne döwürlerde, häzirki döwürden has köp derejede, başga adam bilen saçak iýmeklik aragatnaşygyň iň ýokary derejesini aňladýardy.

Saparlara gidenimde men konferensiýanyň ýolbaşçysy ýa-da meni çagyran ýygnagyň çopany bilen hiç bolmanda bir gezek bile naharlanmagy halaýaryn, sebäbi şeýle şöhbetdeşlik wagty biri-birimiz bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik döreýär. Saçak başynda, başga hiç bir ýagdaýda bolmaýşy ýaly, birek-biregiň bilen ýakyndan tanyşýarsyň. Hut şu sebäpdenem Pawlus imansyrap, günä içinde ýaşaýan adamlar bilen bir saçagyň başynda naharlanmagy gadagan edýär (ser. 1 Kor. 5:11). Nahar başynda biz ýüregimizi açyp, adam bilen ýakynlaşýarys we eger bu adam Rebbe göz-görtele bitabyn bolsa, şeýle söhbetdeşlik ruhy taýdan sagdyn bolmaýar.

## Biz näme iýýän bolsak, şonam küýseýäris

Teşnelik – bu Hudaýa ymtylyp-ymtylmajagymyzy kesgitleýän wajyp şert. Hut şu sebäpdenem teşneligimizi Hudaý däl-de, biziň özümiz gözegçilikde saklamalydyrys. Sorag şundan ybarat: biz özümizde nähili teşneligi we nähili ymtylyşlary ösdürmek isleýäris? Asla üýtgemeýän bir ruhy prinsip bar.

## Biz näme iýýän bolsak, şonam küýseýäris

Men 1979-njy ýylda, kolejde okap ýören döwrümde göklerden doguldym. Günleriň birinde aşhana bir zat aljak bolup girenimde, Rebbiň maňa: “Seniň bedeniň – Meniň ybadathanam, ony goragyn!” diýýänini eşitdim.

Şol döwürde men esasan-da gurak hurşlary iýýärdim we muny örän halaýardym. Men saglyga peýda getirmeýän iýmiti iýýärdim, sebäbi bu göwnüme ýaraýardy. Men gazly içgileri köp içýärdim, süýji zatlary köp iýýärdim, garbanhanalara barýardym, pişme, ýagly naharlary, hamyrly önümleri we ş.m. zatlary iýýärdim. Men dürli zyýanly iýmite höwesekdim we ol meniň işdämi kanagatlandyrýardy. Big-mak, koka-kola we kartoşka-fri meniň üçin naýbaşy tagamlardy.

Hudaý maňa şeýle diýende, men öz bedenimiziň çylşyrymly ýaşaýyş ulgamy bolup durýandygyna we onda meniňki bilen deň hatarda Hudaýyň Ruhunyň hem ýaşaýandygyna düşündim. Meniň kelläme şeýle pikir geldi: eger meniň gymmat bahaly ulagym bolan bolsa, men oňa arzan ýangyç guýmazdym. Men ulagymyň oňatdan uzak işläri ýaly, iň oňat ýangyçdan peýdalanardym. Men özümde diňe bir bedenimiň bardygy we hatda iň gymmat maşyny başgasyna çalşyp bolýandygyny, ýöne bu bedenimi başgasyna çalyşmagyň mümkin däldigi barada oýlandym. Men iýmit endiklerimi bada-bat üýtgetdim. Men ýörite edebiýaty okap,

bedenimiziň dogry hereket etmegi, onuň potensialyny artyrmak we uzak ýaşamak üçin nämeleriň gerekdigini bilmek üçin soraglary berip başladym. Bularyň bary bir pursatda bolmady, ýöne birnäçe ýyl geçenden soň meniň iýmite we içgilere bolan garaýşym düýpgöter özgerdi.

Bu diýseň gowudy, ýöne munda asla oslamadyk ýene-de bir bähbitli tarapy bardy. Men sagdyn iýmiti iýip başlanymda, onuň tagamyna halamaýardym, ýöne şonda-da ony iýýärdim, sebäbi ol meniň üçin peýdalydy. Eger ozal maňa iki zatdan birini – gök önümlerden we balykdan taýýarlanylan işdäçary ýa-da Makdonaldsdan uly buterbrody saýlamagy teklip etden bolsalar, men ikirjiňlenmän buterbrody garbap alardym we balykly işdäçardan ýüz öwrerdim. Ýöne häzirki günde edil şeýle teklipden sagdyn iýmiti saýlap, jinnik ýaly-da gynanman, sagdyn bolmadyk gurak iýmiti ret ederdim.

Ýygy-ýygydan bolýan saparlarymda maňa diňe ýeňil garbanyşlary teklip etseler, bütinleý naharsyz galýan wagtlarym seýrek däl. Men ozal özümiň şeýle halan iýmitimi iýenimden, aç galanym gowy. Şolar ýaly iýmiti iýere asla işdäm-de, islegim-de ýok. Men ony indi asla halamaýaryn!

Biziň ruhumyz babatda hem edil şeýle prinsip hereket edýär. Biziň ruhumyz ony näme bilen iýmitlendirsek, şony hem küýseýär. Eger biz sport bilen hemişe meşgullanýan bolsak, sport gepleşiklerini göreris. Eger biz hemişe kinolary görýän bolsak we golliwudyň gybatlaryny halaýan bolsak, işdämizi kanagatlandyrjak kinolary göreris, žurnallary satyn alarys we şol mowzuklardan gürrüň ederis. Eger biz telekeçilik we gündeki işleriň çäklerinde hereket edýän bolsak, biz hut şoňa-da ymtylarys. Eger biz kanagatlanmany öz öýümizden, maşynlardan, egin-eşikden we ş.m. zatlardan alýan bolsak, satyn alnan zatlar, täze maşyn ýa-da abatlaýyş işleri barada gürrüň ederis, ruhy mowzukdaky

gürrüňler bolsa biziň üçin ýürekgysganç bolup görner. Bize Mukaddes Kitaby okamak kyn düşer we ýekelikdäki doga-dilegi göwünsizlik bilen ederis. Ýöne biz özümizi Hudaýyň Sözüniň berhizine öwrenişdirsek, Hudaý bilen gürleşmäge we ruhy mowzukdaky gürrüňlere wagty aňsat taparys, bularyň bary aňsat we göwünjeňlik bilen ediler. Biz Hudaýa ymtylarys we Onuň bilen ýakyndan gatnaşmagy isläris.

## Sagdyn däl endikleriň iň ýokary derejesi

Bu näsagdyn endikler iň ýokary derejä ýetip bilýär. Biz fiziki bedende ýaşaýarys. Bize wagtal-wagtal dynç we sagdyn şagalaňlar gerek. Men Mukaddes Kitaby öwredýän mekdepde okaýarkam, men hem okamaly, hem-de işlemeli bolýardym. Günleriň birinde otagda bile ýaşaýan goňşym meni öýlän dostlarymyz bilen futbol oýnamaga çagyrdy. Men ondan boýun gaçyrdym, sebäbi Mukaddes Ýazgyny öwrenmelidim. Goňşym giden badyna men Mukaddes Kitaby alyp, okamaga we dileg etmäge başladym, ýöne men edil ýapyk gapynyň öňünde duran ýalydym. Men Hudaýy eşitmeýärdim. Meniň okaýan sözlerimiň hiç bir manysy ýok ýalydy. Dostum gideli bäri eýýäm bir sagat geçipdi we men gygyryp, şeýle diýdim: "Ýa Rebbim, näme üçin Mukaddes Kitaby okamak ýa-da Seniň eşitmek maňa şeýle kyn düşýär? Näme boldy? Men Seniň göwnüňe ýaramaýan bir zat etdimmi? Ýa günä etdimmi?"

"Git-de, futbol oýna" diýen jogaby eşitdim.

Men geň galyp, şuny soradym: "Näme? Futbol oýnamak? Ýöne futbol maňa ruhy taýdan ösmäge ýardam bermez, meni Saňa ýakynlaşdyrmaz! Sen neneň edip maňa şeýle diýip bilýäň?"

Reb meni birdenkä gözlerimiň öňünde janlanyp giden aýada äkitdi: "Köp kitap ýazmagyň soňy ýokdur, *köp okamak beden üçin*

*argynlykdyr*" (Wag. 12:12, nygtama awtoryňky). Hudaý maňa şeýle diýdi: "Oglum, sen fiziki bedende ýaşaýarsyň (beýni – onuň bölegi) we ol dynç almagyň dürli görnüşlerine mätäç. Eger sen öz bedeniňe dynç almaga mümkinçilik bermeseň, sen Meni eşitmek we ösmek ukybyňy böwetlärsiň". Soňra Ol halka hyzmat edenden soň Öz şägirtlerini "bir çola ýere gidip, biraz dem-dynç almaga" (Mark 6:31) çagyryşyny maňa görkezdi.

Men futbol oýnamaga gitdim. Şol gün agşam, ýene sapaklarymyň başyna geçenimde, Mukaddes Ýazgy ýene-de maňa açyldy we Hudaýyň Sözi arkaly Mukaddes Ruh bilen gürleşenimde, Hudaýyň ýaşaýşynyň bütin durkuma guýluşyny duýdum.

## Juda meşgul

Biziň günlerimizde köp adamlar dürli işlere juda köp wagty sarp edip, öz bedenleriniň we ruhlarynyň mätäçliklerine geleňsiz garaýarlar we şeýtmek bilen örän ýalňyşýarlar. Biziň meşgul durmuş ýörelgämiz – iň uly ogry, ol biziň Hudaýa bolan küýsegimizi ogurlaýar. Hakyky imanlylaryň köpüsi şu duzaga düşüp, Hudaý bilen gatnaşygy saklamagy meşgul mesihilik durmuşyna çalyşdylar. Muňa doly wagtyna işleýän hyzmatçynyň zähmetini hem degişli edip bolar.

Ýagdaýy aýdyňlaşdyrmaga kömek etjek sadaja soragy bereli. Biz öz fiziki bedenimizi näme üçin iýmitlendirýäris? Bedeniňize güýç-kuwwat bermek üçin diýip jogap berjegiňe umyt baglaýaryn. Iýmitlenmän, nahardan ýüz öwrüp, öz agyr iş mukdaryny öz üstüňe alyp bolarmy? Eger biz tejribe geçirmek üçin birnäçe günüň dowamynda nahar iýmegimizi bes edip, köp sagadyň dowamynda goşmaça ukusyz we dynç almazdan işlesek, bize näme bolar? Şu barada biraz oýlanyp görüň. Günleriň birinde biz mejalsyz ýykylarys.

Emma biz hut şeýle zatlary ýeňilkellelik bilen öz ruhy bedenimize edýäris. Munuň näme üçin fiziki bedende mümkin bolup, ruhy bedende mümkin bolup bilmeýänliginiň bir sebäbi bar. Eger biz birki gezek nahar wagtymyzy sypdyrsak, aşgazanymyz zeýrenip başlar. Wagtyň geçmegi bilen zeýrenmeler artar, agyrylar bolsa güýjär. Biziň bütin bedenimiz nahary talap edip, çygyrar. Ruhumyz bolsa öz açlygy barada şeýdip gygyrmaz. Tersine, biziň içki adamymyzyň sesi gitdigi saýy peseler. Munuň sebäbi bolsa biziň ony eşitmeýänligimizde. Biziň ruhumyz gowşaýar, bedenimiz bolsa barha güýjäp, ruhumyzyň üstünden agdaklyk edip başlaýar.

Eger biz uzak wagtlap iýmesek, işdämiz ýiter. Eger bäş gije-gündiziň dowamynda iýilmese, açlyk duýgusy adama ezýet bermesini bes edýär. Nahar özüne çekijiligini ýitirýär we etiň bir bölegi eýýäm o diýen arzyly-da görünmeýär. Işdä ýitdi we eger siziň içki goruňyz tükenip, haýaldan ölmek prosesi başlan bolsa, işdäňiz dolanmaz.

Iş sebäpli Reb bilen söhbetdeş bolmakdan ünsümi sowduran ýagdaýymda, meniň bilen-de şeýle bolýandygyny ýüze çykardym. Ilki bilen Mukaddes Kitaba bolan gyzykmam peselýär, soňra bolsa dileg etmek islegim gowşaýar. Eger men käýarym dileg edip, Mukaddes Kitaby käwagt okasam, bütin durkuma aralaşýan durmuş akymlaryny duýmaýaryn. Mukaddes Kitap maňa ozalkysy ýaly, Hudaýyň Sözi bilen yzygiderli iýmitlenen döwrümdäkisi ýaly gürlemez.

Käwagt men tä işdäm ýitýänçä, fiziki iýmitsiz oňňut eden wagtlarym bolýardy. Şonda men özümi nämedir bir zatlary iýmäge mejbur edip, işdämi dikeldýärdim. Bu ruhy işdä babatda hem şeýle. Men Mukaddes Kitaby açyp, ýaltalygym üçin toba edýärin, soňra bolsa Hudaýyň sesini eşiderime sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn. Men tä Onuň jogabyny eşidýänçäm okaýaryn.

Muňa adatça köp wagt gerek bolmaýar. Eger men sabyr-takatly garaşsam, Ol wepaly bolýar. Ýitirilen gatnaşygy dikeltmegiň başga bir görnüşi – bir ýa iki günlük çola ýere gidip, tä doly doýandygymy duýýançam, bütin wagtymy okamaga we dileg etmäge bagyş edýärin.

## Siziň ruhy termometriňiz

Bu tertip-düzgüne hemmämiz eýermeli. Rebden daşlaşmak erkegiň keseki aýal bilen ýatyp-turmagyndan we alkogol ýa-da pornografiýa ýüz urmagyndan başlanmaýar. Ol aýalyňa äsgermezçilik edeniňde ýa-da öz çagalaryňa meşgul bolmakdan boýun gaçyranyňda başlanmaýar. Ýok, ol Mukaddes Kitaba we Hudaýyň zatlaryna biperwaý garap başlanyňda döreýär. Ol Hudaýyň zatlary däl-de, haýsydyr başga bir zatlar bizi tolgundyryp, şatlandyryp başlanda döreýär.

Hudaýa bolan küýsegiňiz – siziň ruhy termometriňiz. Adaty ýagdaýy göz öňüne getiriň. Adam kesellände, oňa ilki bilen näme bolýar? Ol işdäsini ýitirýär. Eger adamyň gyzgyny galsa, onuň zat iýesi gelmeýär. Ölüm keseline uçran adamlara syn edip görüň. Olar horlanýarlar we olara ýokumly erginleri damarlaryndan goýbermeli bolýar. Syrkaw adamlary işdäsi ýa erbet, ýa-da bütinleý ýok. “Onuň işdäsi sagdyn” diýen jümläni eşiden bolmagyňyz ahmal. Muny ruhy zatlar babatda hem aýtsa bolýar, sebäbi Hudaýyň Sözüne ymtylmaklyk ruhy sagdynlygyň alamaty bolup durýar. Hudaýyň zatlaryna işdäniň ýitmegi bolsa ruhy keseliň alamaty bolup durýär.

Men Hudaýa we Onuň işlerine degişli zatlary barada gürrüň edenlerinden, gurluşyk taslamalary, täze maşynlar, sport toparlary barada gürrüň edenlerini has gyzykly görýän hyzmatçylara duşup gördüm. Sen olara Reb we ýüregiňdäki Onuň

aýanlyklary barada aýdyp başlanyňda, olar muny hamala dükana barlanda bolýan zatlar baradaky gürrüň ýaly diňleýärler. Olar ýaňy-ýakynda gurup bolan öýleri barada gürrüň berenlerinde welin gözleri ýalpyldap başlaýar. Men şeýle adamlary sežde wagty synlap gördüm, olar ähli ünsüni özleri üçin iň eziz bolmaly Hudaýa gönükdirmäge derek töwerek-daşyna garanjaklaýarlar, başga adamlar bilen gürleşýärler, öz wagyzlarynyň garamasyna göz aýlaýarlar. Ýöne bu has çylşyrymly mowzugyň meselesidir.

Şeýle ýygnaklarda men Hudaýyň oňa gatnaşmaýandygyny gördüm. Men adamlary toba etmäge we Hudaýa ýakynlaşmaga çagyranymda, bize Mukaddes Ruh inýär, adamlar muňa haýran galýarlar. Olar Hudaýdan nirede uzaklaşyp başlandygyny ýatlap başlaýarlar ýa-da muny hut biziň hyzmatymyzyň üýtgeşik ruhy peşgeşi hasaplap, bu meseleden ýüzlerini sowýarlar. Käbir adamlar şeýle ýygnaklarda bolýan zatlara hatda garşy çykýarlar. Her nähili bolsa-da, eger olaryň biraz isleginiň bolan ýagdaýynda, Hudaýyň huzury olarda Özüne bolan teşneliklerini gaýtadan oýarýar.

Işaýa pygamber: “Tüteýän peltäni söndürmez” diýýär (Işa. 42:3). Bu jümle çyradaky ýagyň gutaryp, oduň öçügsilenip, tüsseläp tirpildäp başlaýan ýagdaýyny göz öňüne tutýar. Şu çeper dilde bize haýsydyr bir ejiz, kiçi, inçe, näzik we ähmiýetsiz zat barada aýdylaýr. Reb köreýän közleri söndürmez, Ol olary alawladyp, gaýtadan ýakar. Ýadyňyzda bolsun, biz hatda köreýän közlere öwrülen ýagdaýymyzda-da, Ol ýeň bermän, biziň yzymyza düşmegi dowam edýär. Oňa kömek edip, seslenip başlasak, neneňsi gowy bolardy, sebäbi Ol adamy Özüne zorluk bilen baglamaz.

Men köplenç şeýle ýagdaýy synladym. Men köp we köp adamlarda eýýäm öçdi diýseňem boljak ody Rebbiň tutaşdyryp ýakyşyny gördüm. Adamlar oduň gaýtadan tutaşyp, Hudaýy

agtarmak isleglериniň gaýdadan möwjän pursadyna çenli özleriniň näderejede güýçli ýykylandyklaryny düşünmändikleri barada maňa ýygnaklarda we konferensiýalarda köp gürrüň berýärler. Olar öz ýüregini aýamandygyny we sagdyn ýüregiň alamaty bolan işdälerini ýitirendigine düşünýärdiler.

## Bar güýjüň bilen ýüregiňi gora

Bize şeýle öwüt berlen: "Bar güýjüň bilen ýüregiňi gora" (Sül. 4:23). Şeýle goralmaly, aýawly saklanmaly we penalanmaly zatdan başga wajyp zat ýok! Men şu barada oýlananymda, adamlar iň gymmatly saýýan zatlaryny nädip goraýandygyny ýatlaýaryn. Biz döwüp bolmaýan aýnalaryň aňyrsynda goýlan gymmatbaha daşlary görüpdik. Witrinalar signalizasiýa arkaly goralýar, ol basyşyň we temperaturanyň sähelçe üýtgemesini syzýar we howpuň abanan ýagdaýynda infragyzyl şöhlejik howp signalyny herekete getirip bilýär; şonda gapylar bada-bat awtomatik usulda ýapylar. Witrinany lazer şöhlejikleri goraýar, olaryň kesilip geçilen ýagdaýynda göz-açyp ýumasy salymda ýaraglanan goragçylar gelýär. Goragçylar bu gymmatbaha zatlary dynç almazdan gije-gündiz goraýarlar. Şeýle gymmatlyklaryň goragyna onlarça müň dollar harç edilýär.

Hudaý bize ýer ýüzündäki iň gymmat baýlygyň biziň ýüregimizdigini aýdýar. Ýöne şonda-da imanlylar öz ýüregini diňe peýdasyz zatlardan däl, eýsem uly zyýan getirýän zatlardan hem doldurýarlar. Biz käwagt käbir zatlary tä aç-açan azgynlyk ýa-da paýyş sögmeklik başlaýança okaýarys ýa-da görýäris. Biz bu dünýäniň ruhuny saýgaryp bilmeýäris, ol bolsa Mukaddes Ruhuň duşmanydyr. Belläp geçmeli zat – bu dünýäniň adamlary has paýhasly hereket edýärler, sebäbi olar gymmat saýýan zatlaryny ymykly goraýarlar. Imanlylar bosa bu durmuşdan gaýgysyz-gamsyz gadam basyp, öz

ýüreklerini azgynlykdan we höweslerden goramagyň aladasyny-da etmeýärler. Bular Hudaýa bolan küýsegimizi ogurlaýarlar. Biziň ruhy mätäçliklerimizi bolsa hakykatdan-da gandyryp we kanagatlandyryp bilýän ýeke-täk Oldur.

Reb “teşne jany gandyrýar, ajygany naz-nygmatdan doýurýar” (Zeb. 106:9). Ol bizi doýurmak isleýär, ýöne biz eýýäm başga zatlardan dolan bolsak, Onuň ýagşylyklary biziň üçin özüne çekiji bolmaz. Geliň, öz ýüreklerimizi aç saklalyň we Onuň çagyryşyna ýüzleý garamazlyň. Çünki biz Oňa ýakynlaşyp başlanymyzda, Ol söz berşi ýaly, Ol hem bize ýakynlaşar!

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Süleýmanyň pähimlerinde: “Dok adam baly ýigrenýändir, aç kişä ajy zatlar hem süýjüdir” diýlip ýazylan. Bu aýat barada oýlanyň; haýsy aladalaryň we islegleriň has özüne çekiji bolup görünýändigini aýdyň. Olar Hudaýyň wadasynyň “balyna” küýsegi nädip peseldip bilýär?

2. Şu bapda awtor dürli ýygnaklarda ýigrimi ýaşdan uly we kiçi adamlara syn edende, olarda Hudaýa bolan yhlasy ýa biperwaýlygy görşüni gürrüň berýär. Öz ýygnagyňyzyň durmuşyma syn ediň we ruhy maşgalaňyzyň işdäsini nähili häsiýetlendirip bolýandygyny aýdyň. Bu adamlar kanagatlananmy? Hudaýy küýseýärlermi? Ýa-da Hudaýyň işlerine biperwaýmy?

3. Süleýmanyň pähimlerinde “Bar güýjüň bilen ýüregiňi gora” (4:23) diýen duýduryşdan ugur alyp, öz ýüregiňizi goramak üçin häzirki günde näme edip bilersiňiz? Siz çalşylmaly ýa-da bütinleý aradan aýrylmaly “sagdyn bolmadyk” ruhy iýmiti iýýän-ä dälsiňiz?

4-nji bap

# ONUŇ HUZURYNY KÜÝSEMEK

Biz Onuň aýdan sözüni diňe Onuň huzurynda eşideris.

Men soňky ýigrimi ýylyň dowamynda Hudaýyň Sözüniň taglymyny ýygnaklarda, konferensiýalarda wagyz etmek bilen, Antarktikadan başga kontinentleriň baryna aýlanyp çykdym. Halkara hyzmatyma başlamazdan ozal ýedi ýylyň dowamynda iki ýygnakda doly iş günündäki hyzmatçy bolup hyzmat etmeklik maňa miýesser etdi. Şol döwrüň dowamynda men ýygnakda iki esasy topary ýüze çykardym; Rebbiň gününiň ýakynlaşdygy saýy olaryň pikir edişleriniň arasyndaky gorp gitdigiçe çuňlaşýar. Toparlaryň birinjisi – Hudaýyň olar üçin edip bilýän zatlaryny almakçy bolup, Ony agtarýan adamlar. Ikinjisi bolsa Ony Onuň kimdigi sebäpli agtarýan adamlar.

## Ysraýylyň asyl niýeti

Şeýle tapawut Musa bilen Ysraýyl halkynyň mysalynda aýdyň görünýär. Şu örän wajyp meselä jikme-jik garap geçeliň. Ysraýyl halky gulçulykdan azat bolmagy jan-tenden isläp, Hudaýa ýalbarýady, Ony öz Halasgäri diýip ykrar edýärdi. Ybraýymyň bu neslini Hudaýy Ondan zat almak üçin agtarýan adamlaryň topary bilen deňeşdirse bolýar. Ýygnakda hem bu dünýäniň adamy zynjyrlap baglamasyny halamaýan adamlar bar. Emma olar muňa düşünmezden, şeýle gulçulykda galýarlar. Olar Isa Mesihi Reb hökmünde kabul edip, Oňa iman edýärler we Ondan azatlygy we üpjünçiligi küýseýärler. Ýöne edil Ysraýyl ogullarynyň wakasynda bolşy ýaly, olaryň ýürek ýagdaýyna islegleri, hereketlerine, sözlerine we alada-hysyrdylaryna görä baha berip bolar.

Birnäçe ýüz ýylyň dowamynda Ysraýyl aglap-eňräp, gulçulykdan boşatmagy üçin Hudaýa ýalbarýardy. Şonda Hudaý Musa görnüp, şeýle wagtyň gelip ýetendigini mälim etdi. Ol Musa Onuň sözüni berjaý etmegi buýurdy. Faraonyň öňünde peýda bolmazyndan öň, Musa ysraýyl halkynyň ýaşululary bilen duşuşyp, olara Hudaýy olary azat etjekdigi baradaky wadasyny ýatlatdy. Olar şatlykly habary eşidip, “oňa ynandylar. Ysraýyl halkyna Rebbiň nazar salandygyny we olaryň çekýän jebirlerini görendigini eşidenlerinde, olar başlaryny egip sežde etdiler” (Müs. 4:31).

Ýygnakda nähili tolgunmanyň bolandygyny göz öňüne getirip görüň-ä! Aksakgallary bütin ömürlerine Hudaýyň gelejekde azat etjekdigi baraky gürrüňleri eşidýärdiler. Süýt bilen balyň akýan azat ýurduna eýe bolmak umydy baradaky wada atalardan ogullaryna nesilme-nesil aýdylýardy. Olar halkyň baştutanlarynyň umydyň hasyl bolşuny görmän, dünýäden ötüşlerini görýärdiler. Bu nesliň baştutanlary hem şol bir meselä duşdular – olar

wadanyň amal bolşuny görerlermi ýa-da azatlyga çykman dünýäden öterler? Indi olar Müsüriň ozalky şazadasynyň öňünde durdylar; oňa oňat tälim berlendi, Hudaýyň eli onuň üstünde bolmak bilen, Onuň beren ygtyýaryny tassyklaýardy. Olara faraon hökmünde hökmürowanlyk etmeli adam indi olaryň halasgärleri boldy. Şeýle gudraty diňe Hudaý amal edip bilýär! Halkyň ýüregi galpyldadan we haýran galmakdan doludy! Muňa jogap hökmünde olar diňe Hudaýa şan-şöhrat aýdyp, Oňa minnetdar ýürekleri bilen sežde edip bilýärdi.

Musa faraon bilen duşuşmak üçin halkyň ýanyndan gidýär. Hudaýyň azatlyga goýbermek baradaky sözüniň özi faraona hiç täsir etmeýär. Ol Musany we Ybraýymyň neslini ýaňsylap, olaryň üstüne öňküden-de agyr, ýerine ýetirip bolmajak işi ýükläp, kynçylyklaryny artdyrýar. Hut şu ýerde-de hemme zat çalt üýtgäp başlaýar. Şol bir baştutanlar Musa topulyp, ony öz agyr muşakgatlarynda aýyplaýarlar. Olar öz seždelerini unutdylar, ýüreklerini Musa garşy gatadyp, oňa göz görkezilip, jeza berilmegini dileýärler (ser. Müs. 5:21).

Ýöne wagtyň geçmegi bilen Hudaý Öz merhemetinde gudratlar we alamatlar arkaly olary azat edýär. Faraon ahyrda olar babatda buýruk berende, olaryň öz ýolbaşçysyna ýene-de garaýyşlary üýtgeýär. Olar şatlanýarlar we Müsürden beýik şöhrat we ýalkanyşlar bilen çykýarlar. Azatlyk atmosferasyny we Müsürden çykyp gaýdanlaryndan soň Hudaýyň ýagşylygyndan we sadyklygyndan lezzet alyp, ýolboýy tans oýnap şatlanyşlaryny göz öňüne getiriň görüň. Olar indi diňe azat bolman, eýsem juda baýapdylar, sebäbi altyn-kümüş olara derýa kimin akdy, pesah guzusyny etini iýenlerinden soň olara saglyk we güýç berildi. Ozalky gullar diňe Hudaýa şükürler aýtman, eýsem Musany öňde-soňdakysyndan köp hormatlap-sylaýardylar.

Olar Müsürden çykanlaryndan soň, Musa Hudaýyň

ugrukdurmasy bilen halky Gyzyl deňziň kenarýakasyna äkidýär. Ýöne halk ýene-de yzyna garap, yzlaryndan faraonyň kowgy bilen gelýänini görýär. Halkyň ýagdaý bolan garaýşy ýene-de üýtgeýär. Olar ýene-de ajy zeýrenýärler we Musa topulyp, şeýle diýýärler: “Müsürde näme gabyr ýokmudy? Sen biziň çölde ölmegimiz üçin alyp gaýtdyňmy? Bizi Müsürden çykaryp, bu näme etdigiň boldy? Biz saňa Müsürde: ‘Bizi öz günümize goý, biz müsürlilere hyzmat edibereli’ diýip aýtmanmydyk? Biz çölde ölenimizden, müsürlileriň guly bolup ýören bolsak, *müň paý gowy bolardy*” (Müs. 14:11, 12, nygtama awtoryňky). Müsürde ýagdaý agyrlaşanda, halk Musadan özlerine azar bermezini sorapdylar, indi olar ýene-de öz ýolbaşçysyndan närazy we ýene-de zeýrenjini gaýtalaýar. Olar Musa bilen Haruna igenýändir öýtdüler, ýöne Musa olara: “Siziň igençleriňiz bize däl-de, Rebbe garşydyr” diýdi (Müs. 16:8). Olaryň öz isleglerini kanagatlandyrmak höwesleri Hudaýyň erkini berjaý etmek zerurlygyndan üstün geldi. Olaryň “*gul bolup ýören bolsak, müň paý gowy bolardy*” diýip aýdýan sözlerine üns beriň. Olar Hudaýyň ýüregini bilmegi küýsemeýärdiler, ýöne özleriniň gymmat saýýan zatlaryny welin güýçli söýýärdiler.

Ýöne Hudaý olara ýene-de merhemet etdi – Gyzyl deňzi ikä bölüp, olary gury ýerden geçirdi. Soňra Hudaý deňziň ägirt tolkunlary bilen ýer ýüzündäki iň güýçli goşuny we ysraýyl halkyny dört ýüz ýyldan-da gowrak gulçulykda ezen zabun hojaýynlaryny suwa gark etdi. Indi olaryň şatlygy dolup-daşýardy! Olar Rebbiň öňünde şatlanýardylar we tans oýnaýardylar. Biz şuny okaýarys: “Soňra Harunyň aýal dogany Merýem pygamber eline depregini aldy. Hemme aýallar hem depreklerini çalyp, tans edip, onuň yzyna düşdüler” (Müs. 15:20). Takmynan sekiz ýüz müň – million aýalyň depreklerini alyp tans edişlerini göz öňüne getirip bilýäňizmi? Beý-bä, bu gör-bak nähili seždedi! Ýöne bu

şatlyklary hem uzak dowam etmedi, ol bary-ýogy üç günden, agyz suwlary gutarandan soň tamamlandy. Olar ýene-de ajy zeýrenip başladylar we Hudaý olary ýene-de ähli gerek zatlary bilen üpjün etdi.

Birnäçe gün geçenden soň, azyk meselesi döredi. Adamlar eňreşip, iňirdemäge başladylar: "Biz Rebbiň elinden Müsürde ölen bolsak gowy bolardy. Biz ol ýerde etli gazanlar ataryp, doýýançak nahar iýerdik. Siz bolsa bu tutuş jemagaty açlykdan öldürmek üçin çöle getiripsiňiz" (Müs. 16:3).

Siz olaryň hereketiň nähili görnüşine eýerendigine düşündiňizmi? Hudaý olaryň göwün isleglerini bitirende, olar şatlanyp, minnetdarlyk aýdýardylar. Emma Hudaý olaryň isleglerini bitirmände welin, özlerini uçursyz betbagt duýýardylar. Olaryň agyr ýagdaýlardaky sözleri we hereketleri olaryň asyl höweslerini äşgär edýärdi we olar munda özlerini ap-aýdyň görkezýärdi. Olar öz şahsy isleglerini Onuň ýureginden we Onuň huzuryndan has ýokary tutýardylar.

## Musanyň asyl niýeti

Bu ýagdaý tä Hudaýyň ýüregine düşýänça, öwran-öwran gaýtalandy durdy. Ol Musa şeýle diýdi:

> Baryň, bu ýeri taşlap gidiň. Sen we Müsürden getiren halkyň Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň nesillerine Meniň wada beren ýerime gidiň. Men siziň öňüňizden perişde ibererin we kenganlary, amorlary, hetleri, perizleri, hiwileri we ýabuslary kowup çykararyn. Süýt we bal akýan baý toprakly ýurda gidiň. Emma Men siziň bilen gitjek däl, ýogsam siziň boýnuýogyn halkdygyňyz üçin, Men sizi ýolda ýok edip taşlaryn (Müs. 33:1–3).

Hudaý Musa halky olaryň şeýle köp wagtlap arzuwlan we wada berlen ýurduna ýetirjekdigini, hatda öňlerinden wada berlen ýurtdaky duşmanlaryny kowup çykarjak Perişdesini iberjekdigini aýdýar.Ýöne Onuň Özi (Onuň huzury) olar bilen bolmaz!

Hudaýyň muny Musa aýdany gowy boldy, ýogsam bu teklip ysraýyl ogullaryna teklip edilen bolsa, olar muny şatlyk bilen kabul ederdiler, heşelle kakardylar, goş-golamlaryny ýygnap, ýola düşerdiler! Men näme üçin şeýle hasaplaýaryn? Özüňiz pikir edip görüň: eger olar çölde gezip ýörkäler diňe amatly şertleriň bolmandygy sebäpli Perişdesiz ýa-da Hudaýsyz Müsüre dolanmaga taýyn bolan bolsalar, onda olar Perişde bilen, ýöne Hudaýsyz, wada berlen ýurda heşelle kakyp ugrardylar. Indi bolsa Hudaýyň teklibine Musanyň berýän jogabyna gulak goýalyň:

> Eger Sen biziň bilen gitmeseň, onda bizi bu ýerden gitmeli etme (Müs. 33:15).

Biz özümize “bu ýerden” jümläniň näme aňladýandygyny ýatlatmaly. Bu horluklardan we ejirlerden doly çöllükdi. Bu şatlyksyz we sustuňy basýan ýerdi. Ol ýerle bolelinlik ýokdy, ol ýerde diňe iň möhüm mätäçlikleriň öwezi dolunýardy, ýöne hatda bular hem köplenç gudrat arkaly amala aşyrylýardy. Ol ýerde bag-bakja, tebigy suw gözbaşlary ýokdy, ol ýeri howpsuz hem däldi. Ol ýerde jaýlar, derýalar, üzümçilikler, ekin meýdanlary ýa miwesini iýip bolýan baglar ýokdy. Harytlary satyn alyp bolmaýardy, dynç alyş we şowhunly ýerler ýokdy. Uç-gyraksyz we suwsuz ýerdi. Ol ýerde owadan zatlar asla ýokdy, ýöne şonda-da Musa: “Sensiz bolelin we owadan ýurda gidenimden, şu içgysganç we çykgynsyz ýerde Seniň huzuryň bilen galanym gowy!” diýdi.

Onuň ýüregi näme barada aglaýardy? Hudaýyň huzury

barada! Ol Rebbiň wada beren ýalkanyşlaryndan Onuň hut Özüni has köp küýseýärdi. Musa Hudaýa ýakynlaşmaga ymtylýardy, ol öz Ýaradynyny Onuň berjek ähli baýlygyndan has ýokary tutýardy. Musa ysraýyl ogullaryndan hut şeýle garaýşy bilen tapawutlanýardy. Olar Hudaýy Onuň berip bilýän zatlary üçin agtarýardylar. Musa bolsa Hudaýy Onuň Özüne ýakynlaşasy gelýänligi üçin agtarýardy! Hut şu häsiýet boýunça häzirki wagtda imanlylaryň ählisini iki topara bölüp bolýar. Bu bölüşlik konfessiaýnyň we denominasiýalaryň çäginden çykýar. Hudaýy şahsy gorag, üpjünçilik we wezipeleriniň ýokarlanmagyndan başga zat üçin gözlemelidir hem öýtmeýän adamlar bar. Olar Onuň aslynda Kimdigini tanap, Oňa ýakynlaşyp bilýändiklerini aňlamaýarlar. Şeýle garaýyş baýlyk üçin durmuşa çykmadan nämesi bilen tapawutlanýar? Baýlyk üçin durmuşa çykýan gyz öz ykbalyny adama onuň häsiýetleri üçin däl-de, onuň özüne berip bilýän zatlary üçin çykýar. Şeýle ýagdaýda olaryň ikisem utulýar, sebäbi niýetiň dogry bolmadyk ýagdaýynda ýakynlyk döräp bilmeýär.

## Sylag

Men dünýäniň iň owadan ýerlerini gördüm, ajaýyp jaýlary we mülkleri synaladym, ýöne olaryň meniň üçin hiç gyzygy ýok, sebäbi ol ýerlerde Hudaýyň huzury ýok. Şeýle-de men türmeler, garyp ýurtlardaky kepbeler, gedaýlaryň, maýyp-müjripleriň öýleri ýaly görmeksiz, ýöne Hudaýyň huzuryndan doly ýerleri hem gördüm. Dogrymy aýdaýyn, men hazynadan doly, ýöne Hudaýyň huzuryndan mahrum bolan baý mülklere derek ýaşaýyş şertleri agyr, ýöne Hudaýyň Ruhunyň bar bolan ýerini saýlaryn. Maňa Milli talyplar sport assosiasiýasynyň, ýaşlar oýunlarynyň programmalarynyň, Dewisiň baýragy ugrundaky ýetginjekleriň ýaryşynyň çäklerindäki oýunlara gatnaşyp, öz ştatymda birinji

orny eýelemek mertebesi miýesser etdi. Men alymlyk sylaglary alýardym, jemgyýetde derejäm bardy, işdeşlerim, ýolbaşçylarym we işdäki başlyklarym meni sylaýardylar. Men owadan we meşhur gyzlar bilen duşuşýardym. Bularyň bary köp adamlaryň diňe arzuwlaman, eýsem ymtylýan zatlaryna degişli. Aslynda welin bularyň baryny bilelikde alanyňdaky şöhraty we lezzeti Hudaýyň huzurynda geçirilen ýarym minudyň ýele ýanyndan-da geçenok. Olary hatda deňeşdirip-de bolmaz! Mukaddes Ýazgyda Musa barada aýdylýanlara gulak goýuň:

> Ulalyp, kemala gelende, Musa iman arkaly faraonyň gyzynyň ogly diýlip tanalmakdan boýun gaçyrdy. Ol günä gazanyp, wagtlaýyn lezzetli durmuşda ýaşandan, Hudaýyň halky bilen bile horluk çekmegi özüne rowa gördi. Musa Mesihiň ugrunda kemsidilmelerini Müsüriň hazynalaryndan has uly baýlyk saýdy, sebäbi ol özüniň aljak beýik sylagyna umyt baglaýardy. Ol patyşanyň gazabyndan gorkman, iman arkaly Müsüri terk etdi. Göze Görünmeýäni göreni üçin saýlan ýolunda berk durdy (Ýew. 11:24–27).

Onuň horlukdan ýaňa ezýet çekmegi saýlandygyna üns beriň. Onuň derejesi Ysraýyl ogullaryndan tapawutlydy; olaryň saýlawy ýokdy. Ýöne şonda-da, olar gulçulykdan azat bolanlaryndan soň dyngysyz zeýrenýärdiler. Musa bolsa dünýäde iň gowy saýylýan ýeri taşlandygyna hiç ökünmeýärdi. Ol dünýäde eýeçilik edip biljek iň gowy zatlary, ynsanyň ýetip biläýjek iň ýokary wezipesini meýletin taşlady. Näme üçin? Ol başga sylaga ymtylýardy. Ol wada edilen topragy däl-de, Onuň huzurynyň wadasyny alasy gelýärdi. Oduň içinde ýanman duran çalynyň ýanyndaky ýeke-täk duşuşykdan soň ol diňe bir zady – hemişe we hemme zatda Hudaýy tanamaklygy isleýärdi.

Men konferensiýalarda we ýygnaklarda millionlarça adamlara wagyz etdim. Men telegepleşikler we kitaplar arkaly millionlarça adama hymzat etdim. Hudaý bizi dürli ýollar arkaly ýalkady, olaryň sanyny hatda sanap-da bolmaz. Ýöne men ikiden birini saýlamaly bolsam, Onuň huzurynda galmak üçin üstünligiň islendik görnüşini ikirjeňlenmän ret ederdim. Onuň huzuryna taý geljek zat ýok. Onuň ýakynlygy, Onuň ýüregime heniz nämälim bolan zatlary pyşyrdap aýdýan sesi diýseň ajaýyp duýgulardyr. Bu duýgular uly mähelläniň öňündäki meşhur wagyzlardan ýa-da million tiražy bilen çap edilýän kitaplardan-da ajaýyp.

Men üstünlikden kanagat taparyna umyt baglap, oňa okdurylýan hyzmatçylary görenimde, ýüregim para-para bolýar. Olaryň maksady – başga adamlaryň nazarynda hormata eýe bolmak. Hyzmatda üstünlige ýetip, şol arkaly abraýdyr hormaty gazanmakçy bolan adamlaryň lapykeçlige uçraýşyny, käwagt bolsa tümlük güýçleriniň guran duzaklaryna düşüşlerini gördüm. Olar ägirt hyzmatlary ýola goýýardylar we bularyň ählisiniň näderejede boşdugyna aň ýetirip-de ýetişmeýärdiler; olaryň döreden zatlarynyň ählisi ahlaksyz hereketleri we aýgyrlygy bilen tamamlanýardy.

Men başgalar ýaly üstünlik gazanmasa-da, ahyrda şolar ýaly ýagdaýa düşen adamlary has-da köp gördüm. Olar öz ýygnaklarynda hiç haçan iki ýüzden ýa bäş ýüzden, müňden ýa-da bäş müňden, garaz özlerindäki bolan sandan artyk adamyň bolmanlygyna lapykeç bolýardylar. Olaryň kitaplary özlerine maksat goýan mukdarynda çap edilmeýärdi, olary özleriniň çykyş etmek isleýän “uly” konferensiýalaryna çagyrmaýardylar. Olar kanagatlanmany ony tapyp bolmaýan ýerinde agtarýardylar. Şeýle hyzmatçylaryň üstünlige kowalaşmagy söwda dünýäsinden – adamlaryň dereje gazanyp, üstünligiň gerşine çykmaga ymtylýan ýagdaýyndan hiç tapawutlanmaýar. Şeýle imanlylar özleriniň haýsy maksat üçin ýaradylanyny unudýarlar.

Tersine, uly hyzmatynda ägirt üstünlik gazanandygyna garamazdan, ýürekleri Hudaýa has-da köp ymtylan adamlary gördüm. Olar diňe Hudaýyň göwnünden turmak üçin, ähli zadyny göwünjeňlik bilen bererdigi, başga hyzmata giderdigi ýa-da islendik başga zady ederdigi barada aýdýardylar. Olar şindi eýeleýän derejelerine käwagt ymtylmaýardylar hem. Olar şol ýere olary Hudaýyň hut Özüniň goýandygyny we diňe bir zady – Onuň göwnünden turmagy isleýändiklerini aýdýarlar. Men olar bilen söhbetdeş bolanymda, öz edýýän işlerinde ýürekleriniň Hudaýa ymtylyşyny gördüm. Olary Dawut bilen deňeşdirse bolýar; ol iň beýik üstünlige ýetendigine garamazdan, özüni garyp we mätäç diýip atlandyrýardy.

Men o diýen uly bolmadyk hyzmatlarda özlerine öňden bellenilen maksady ýerine ýetirýändiklerini bilensoňlar, asuda we ýalkanan durmuşda ýaşaýan adamlary hem gördüm. Olaryň hyzmatlarynyň netijesi ýygnak agzalarynyň sany ýa-da göze dürtülip duran üstünligiň alamatlary bilen däl-de, Hudaýy ýakyndan tanamak we Onuň äşgär huzurynda gezmek arkaly kesgitlenilýär. Adamlaryň her biri şeýle ýaşamalydyr. Biziň ählimiz Hudaý üçin ýaradylan, şoňa görä-de, Ony tanamazdan, Onuň huzurynda ýaşamazdan biziň hiç birimiz hiç haçan hakyky kanagatlanmany tapyp bilmeris. Hakyky salamatlyk we kanagatlanma hut şunda jemlenýändir.

## Hudaýyň huzurynyň iki aspekti

Şu ýerde biz Mukaddes Ýazgyda Hudaýyň huzurynyň näme aňladýandygyna kesgitleme bermelidiris. Birinjiden, bu Onuň şol bir wagtyň özünde *hemme ýerde bolup bilýänligi*. Dawut hut şu barada aýdýar: “Seniň Ruhuňdan nirä gideýin?! Seniň huzuryňdan nirä gaçaýyn?!” (Zeb. 138:7). Hudaýyň ýetişikligi Onuň şol bir wagtyň özüne hemme ýerde bolup bilýänligini aňladýar. Dawut

sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Göklere galsam, ol ýerde Sen bar! Ölüler dünýäsine insem, ol ýerde Sen bar! Diýsem: ‘Goý, tümlük meni büresin, meni gurşan ýagtylyk gijä öwrülsin’, Seniň üçin tümlük garaňky däldir! Gije hem gündiz ýaly ýagtydyr, Seniň bilen tümlük-de ýagtylyk deýdir” (Zeb. 38:8, 11, 12). Şu ýerde Hudaýyň bizi asla terk etmejekdigi baradaky wadasy hakyda gelýär (ser. Ýew. 13:5). Biz Ony duýmasak-da, bu Onuň hemişe biziň ýanymyzdadygy baradaky delili puja çykaryp bilmeýär. Biz muny ýöne duýmaýarys.

Hudaýyň huzurynyň ikinji tarapy - Onuň huzurynyň äşgärligi. Äşgär sözi görünmeýän, eşidilmeýän we nämälim zadyň görünýän, eşidilýän we mälim zada öwrülmegini aňladýar. Musanyň küýsegi – Rebbiň huzuryny äşgär görmekdi. Bu Hudaýyň Özüniň huzuryny, ýakynlygyny diňe bir ruhumyza däl, eýsem aňymyza we duýgularymyza äşgär edýän wagtydyr. Hut şeýle wagtda biziň aňymyz Onuň bilimini alýar. Huzuryň şeýle tarapy barada Isa Mesih şeýle diýýär:

> Meni söýýäni Atam-da söýer. Men hem ony söýerin we Özümi oňa aýan ederin (Ýoh. 14:21).

Mezmurçy bu barada şeýle diýýär: “Şatlyk şowhunyny bilýän halk nähili bagtly! Ýa Reb, olar Seniň ýüzüňiň nurunda gezýär!” (Zeb. 88:16). Petrus Ellinji gün baýramynyň bellenilen gününde Hudaýy küýseýänlere ýüzlenip, şeýle diýdi: “Indi günäleriňiziň bagyşlanmagy üçin toba ediň we Hudaýa tarap öwrüliň. Şonda *Rebbiň huzury* size aram tapyş pursadyny berer” (Res. 3:19, 20, nygtama awtoryňky).

Hudaý Öz huzuryny dürli ýollar arkaly aýan edip bilýär. Mukaddes Ýazgyda käbirleri Ony gördüler, käbirleri Onuň Özüni görmän, sesini eşitdiler, käbirleri Onuň ýakynlygyny duýdular we

Onuň aýanlygy arkaly ozal bilmedik zatlary barada bilim aldylar. Bir zat ap-aýdyň: Ol gelende, siz muny anyk bilersiňiz, siz muny kalbyňyzyň jümmüşinde duýarsyňyz we Onuň şu ýerdedigini bilersiňiz.

## Rebbiň Özüni agtarmalymy ýa-da Onuň äşgärligini?

Men Hudaýyň huzuryny juda küýsäp, azaşan adamlary gördüm. Olar Rebbiň şahsyýetini däl-de, Onuň äşgärliklerini agtarýarlar. Hudaý Ylýas pygamberiň deňinden geçdi we Onuň huzury beýik alamatlar bilen aýan boldy. Ilkibaşda güýçli ýel turdy, ýöne Reb bu ýeliň içinde däldi. Soňra ýertitreme başlandy, ýöne Mukaddes Ýazgyda Rebbiň onuň içinde-de bolmandygy barada aýdyň aýdylýar. Ýertitremeden soň ýalyn-ot ýandy, ýöne Reb oduň içinde-de däldi. Soňra pessaýja şemal öwüsdi we diňe şondan soň Ylýas pygamber Hudaýyň huzuryna düşenligini bilip galdy.

Men Rebbi öz ýüreklerinde agtaryp, Onuň aýdyň huzuryny duýmaga derek, Onuň huzuryny tapmak maksady bilen Onuň äşgärliklerini agtaran adamlary gördüm. Hudaý tarapyndan ylhamlandyran we paş edýän wagyzlardan soň men köplenç adamlary Hudaý bilen duşuşmak üçin orta çykmaga çagyrýaryn. Şonda käbir adamlar başgalaryň ünsüni bölýän ýa sowýan tärde dileg edip, dileg edilmäniň umumy akymyny bozýarlar. Käbirleri bolsa gülýärler, titreýarlar ýa-da haýsydyr başga bir hereketleri edýärler. Munuň sebäbi olaryň ozal Hudaýy agtaryp, Onuň huzuryna girenlerinde, titräp, aglap ýa gülüp başlanlygynda jemlenýär. Şonuň üçin-de olar indi Hudaý hut şeýle äşgärlikde Özüni aýan eder diýen umytlaryna eýerip, şeýle hereket edýärler, ýöne Ol beýle däl. Adamlary köşeşdirip, hiç zat etmän, Isa Mesihiň şahsyýetini agtarmak üçin asuda halda Oňa ýürekden

ýüzlenmelidigini aýdan gezeklerim köp boldy. Eger äşgärlik bar bolsa, gowy zat! Ýöne biz Ony äşgärlikller arkaly gözlemeli däl. Biz Rebbiň hut Özüni agtarmaly!

Aziýada geçen ýygnaklaryň biri ýadyma düşýär. Şonda toba etmäge çagyrylanda köp admalar öňe çykypdy. Jaýyň öňki böleginde isleg bildirenleriň hemmesi sygar ýaly ýeterlik ýer ýokdy. Ýygnaga gelenleriň köpüsi çagyryşa seslenensoň, men olara duran ýerlerinden dileg edip, Ony şol ýerde agtarmaklaryny soradym. Dilegden soň men olary edil duran ýelerinden Rebbe ýüz tutmaga çagyrdym. Hudaýyň huzury bütin ýygnagy täsin tärde gaplap aldy. Rebbiň gelen adamlara Özüni aýan edip, ýygnagyň üstüne inişini şatlanyp synlaýardym. Men şeýle zatlary köp başdan geçirdim, ýöne şonda-da bu meniň üçin endik bolan adaty bir ýagdaýa öwrülmedi. Şeýle ýagdýalarda sen Ony ýanyňda duran adamlardan has köp duýýarsyň. Onuň huzury ýygnagy gaplap alandan soň, käbir adamlar gatydan gülüp başladylar we meni şobada tukatlyk duýgusy gaplady. Men bu ýagdaýyma badabat jogap aldym: Reb gelşinden-de tiz gitdi, adamlar bolsa gülüp, hamala Ol biziň aramazda galan ýaly, seslerini gataldyp başladylar.

Men olary duruzdym-da, käýäp başladym we olaryň birnäçe aý mundan ozal ýurtlaryna meşhur bir hoş habarçy gelende başdan geçiren duýgularyny ýöne gaýtalap goýberendiklerine aň ýetirdim. Hoş habarçynyň hyzmatynda köpleriň “mukaddes gülki” diýip atlandyrýan äşgärligi peýda bolupdy. Men Hudaýyň huzurynyň inen ýagdaýynda adamlarda şatlykly gülküniň döreýändigine dogrudan-da ynanýaryn. Men şeýle ýagdaýy öz tejribämde görüpdim, şeýle ýagdaýlary öz ýygnaklarymyzda-da görüpdim. Bir gezek Indoneziýada Mukaddes Ruh tutuş ýygnagy şatlyga gurşady; şonda terjimeçi ikimiz zalda şeýle bir güýçli gülküni gördük welin, adamlar hatda gülküden ýaňa ýere ýatyp togalanýardylar. Hemme zat bäş aýalyň aglamasyndan başlapdy,

ýöne soňra olaryň agysy başgalara hem täsir edýän gülkä öwrülip, tutuş zala ýaýrady. Şol pursada çenli olar şeýle zady görmändiler. Olar dogrudan-da Hudaýay agtarýardylar!

Ýöne bu gezek hemme zat başgaça geçýärdi. Adamlaryň ünsi Rebbiň hut Özüne däl-de, Onuň huzurynyň daşky äşgärliklerine gönügendi. Olar eger adamlar gülmeýän bolsa, diýmek, Hudaýyň huzurynyň äşgärligi-de ýok diýen netijä gelipdiler. Men Hudaýyň huzurynda köp gezek bolup gördüm we ony güýçli, aýdyň duýdum, ýöne şonda Onuň huzurynyň daşky äşgärlikleri bolmandy. Käwagt Onuň huzurynda men saklanyp bilmän, möňňürip aglaýardym, ýöne men munuň Hudaýy agtarmagymyň we Onuň huzuryna girmegimiň netijesidigine düşünýärdim.

Size aýdyň bolary ýaly, ýene bir mysal getireýin. Şeýle bir ýagdaýy göz öňüňize getiriň: siz hamala eşigiňizi geýeniňizden soň, elleriňizi jübüňizi sokup, onda ýüz dollar tapýarsyňyz diýeli. Men eşigimi geýenimde, jübüsinde pul taparyn öýtmändim, bu oslagsyz boldy. Men diňe eşigimi geýmekçidim, geýnenimden soň bolsa bu sýurprizi tapdym. Biz äşgärlikleri däl-de, Rebbiň şahsyýetini agtarýarys, Onuň huzury bilen gelýän zatlaryň bary bolsa sýurprizler we oslanylmadyk sowgatlar bolup durýar.

Men ýygnanan adamlara käýänimden soň, olaryň Hudaýyň huzuryna girmäge bolan isleglerine düşünýändigimi aýtdym, ýöne ozalky tejribeleri bilen Hudaýyň Özüni çalşyrmaly däldigini hem duýdurdym. Şeýle duýduryşdan soň Hudaýyň huzury zala gaýdyp geldi we bizde mukaddes galpyldyny döretdi. Bu gezek köp adamlar gülmeýärdiler, tersine, aglaýardylar we iň esasy zat – Rebbi agtaranlaryň hemmesi Onuň özlerine galtaşýandygyny duýdular, aglap-aglamandygyna garamazdan, Onuň ajaýyp huzuryna girdiler.

## Äşgärlikler kanagatlandyrmaýar

Ýadyňyza düşýän bolsa, Ysraýylyň ogullary mannadan hiç haçan doýmaýardylar. Hudaý olara mannany olaryň başga zada – Onuň huzuryna mätäçdiklerini görkezmek üçin berýärdi. Musa şeýle diýdi:

> Hudaýyňyz Rebbiň kyrk ýyllap şu çölden sizi alyp gelen uzak ýoluny unutmaň. Ol siziň ýüregiňizde näme bardygyny, Onuň buýruklaryny ýerine ýetirýändigiňizi ýa-da ýerine ýetirmeýändigiňizi bilmek üçin, sizi Özüne boýun egdirip synaga saldy. Ol sizi Özüne boýun egdirip aç goýdy.... Ol muny ynsanyň diňe çörek bilen ýaşaman, eýsem, Rebbiň agzyndan *çykýan* her bir sözi bilen hem ýaşap biljekdigine düşünsin diýip etdi" (Kan. 8:2, 3, nygtama awtoryňky).

Geliň, çykýan diýen sözi ünsli öwreneliň. Musa sözler Onuň agzyndan çykdy diýip aýtmady. Ol bu hereketiň dowamlydygyny we geçmişde heniz tamamlanmandygyny göz öňüne tutupdy. Aýdylan Sözi diňe Onuň huzuryna giren ýagdaýyň eşidip bolýar! Ylýas geçip barýarka, Hudaýyň huzuryna tötänlikde girmändi. Ol Hudaýa garaşýardy, Hudaý hem jogap bermezinden öň oňa aýan boldy. Aziýadaky adamlar ilkibaşda geçen gezekki başdan geçiren zatlaryny görer öýtdüler, netijede bolsa Hudaý ýygnagy taşlap gitdi. Ol haýsydyr bir täze zady döretmäge gitdi, bu adamlar bolsa Ony ozal birwagt bolan ýerinden tapmakçy bolup, Onsuz galdylar.

Mannanyň ysraýyl halkyny kanagatlandyryp bilmeýşi ýaly, daşky äşgärlikler-de biziň çuňňur küýseglerimizi kanagatlandyryp bilmeýär, sebäbi olar asyl maksat däl. Eger olara ymtylsak, özümizi kanagatlandyrmaýan zatlardan dänip, Onuň ýakynlygyny gaýtadan gözläp balamasak, uly lapykeçlige eltýän ýola düşdügimiz bolar.

## Aň derejesindäki gatnaşyklara oňňut etmek

Imanlylar Rebbiň Özüni beýgeltmäge derek Onuň huzurynyň daşky aýanlyklaryny beýgeldende hem Hudaýy agtarmaklyk gynandyryjy halda tamamlanýar. Şeýle garaýyş adamlaryň köpüsini Hudaýyň hakyky huzuryndan sowa düşürýär. Näsazlykdan we Hudaýy agtarýanlaryň geň-taň hereketlerinden ýaňa lapykeç bolan şeýle adamlar seresaplylygy elden gidermejek bolup, Reb bilen aň derejesindäki gatnaşyklara oňňut edýärler. Bu diýseň gynandyryjy ýagdaý, sebäbi biz has beýik zatlar üçin ýaradylypdyk. A.U. Tozer ahyrky günlerde iman bilen aklanma doktrinasy barada şeýle ýazýar:

> ...Köp adamlar muny Hudaýy tanamaklyga böwet bolar ýaly tärde teswirlediler. Dini özgerişiň tutuş prosesi resmi we ruhsuz herekete öwrüldi... Adam “halas bolýar”, ýöne Hudaýy küýsemeýär. Aslynda, ony kanagat etmäge höweslendirýärler we az zada kaýyl bolmagy öwredýärler (ser. The Pursuit of God, sah. 12, 13).

Hudaý bilen aň derejesindäki gatnaşyga resmi we ruhsuz diýip bolar. Biz Onuň bilen teoriýada däl-de, hakykatda bolmak üçin ýaradyldyk. Biz tä Onuň bilen şeýle gatnaşmagyň dolulygyny duýýançak, hiç haçan kanagatlanyp bilmeris. Isa Mesih bizi Hudaýdan uzakda saklaýan tutyny aýyrmak üçin Özüni gurban etdi. Hut şonuň üçin-de, mezmurçy şeýle diýýär:

> Eý, Hökmürowan Reb! Seniň mesgeniň neneňsi eziz! Rebbiň howlularyny küýsäp, meniň janym ysgyndan düşýär; ýüregim, tenim diri Hudaýa şatlanyp, nagmalar aýdýar. Seniň gurbanlyk sypaň ýanynda hatda serçe hem tapýar özüne bir öý, garlawaç hem — öz çagalary

> üçin höwürtge,eý, Hökmürowan Reb, Patyşam hem-de Hudaýym! Bagtlydyr Seniň öýüňde mesgen tutanlar, olar mydama Seni şöhratlandyrarlar. (Zeb. 83:1–4).

Mezmurçy serçe bilen garlawajyň Onda mesgen tapýandygyny, özüni bolsa öýsüz-öwzarsyz saýýandygyny aýdýar, sebäbi onuň jany Rebbiň howlusuny küýseýär. Ol özi üçin iň arzylay öýüň Hudaýyň huzury bolup durýandygyny aýdýar. Onuň "Bagtlydyr [şowly, üstünlikli, olara gözüň gidýär] Seniň öýüňde mesgen tutanlar". Hudaýy söýýänleriň maksady, ine, şeýledir! Olar Onuň äşgär huzuryny işleýärler. Biz Oňa golaýlaşdygymyz saýy bu küýseg güýjeýär we Onuň huzuryny täsire bize şonça-da köp täsir edýär.

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Şu babyň başynda şeýle ýazylan: "Şol döwrüň dowamynda men ýygnakda iki esasy topary ýüze çykardym; ...Toparlaryň birinjisi – Hudaýyň olar üçin edip bilýän zatlaryny almakçy bolup, Ony agtarýan adamlar. Ikinjisi bolsa Ony Onuň kimdigi sebäpli Ony agtarýan adamlar". Siz özüňizi haýsy topara degişli diýip hasaplaýaňyz?

2. Ysraýyllar Müsrüden azatlyga çykan güni Hudaýy şöhratlandyryp, Oňa ýalkanyşlary üçin şükürler aýtdylar, ertesi gün bolsa islän zatlaryny almansoň zeýrenip, hüňürdäp başladylar. "Çölden" geçişiňizi ýatlanyňyzda, öz hereketleriňizde ysraýyllaryňka meňzeş hereketleri görýäňizmi?

3. Siz şu kitaby şindi "çölden" geçýänligiňiz üçin okaýan bolmagyňyz ahmal. Eger şeýle bolsa, ýel, ýertitreme we ot ýaly hadysalara duş bolan Ylýas pygamberiň tejribesinden näme öwrendiňiz?

5-nji bap

# TUTYNYŇ AŇYRSYNDA

Hudaýyň huzury biziň ýer ýüzündäki ähli halklardan aýratyndygymyzy görkezýär.

Hudaýyň huzury hemişe Onuň Kimdigi baradaky aýanlyklary köpden-köp berýär we duşuşyklaryň her birinden soň biz bütinleý we hemişelik özgerýäris. Biz Mukaddes Kitaby okanymyzda, Hudaýyň ýollaryna aň ýetirip, Oňa ýakynlaşmagy islän adamlaryň Onuň huzurynda mesgen tutandygyny görýäris.

## Aýratyn tutma faktory

Biz geçen bapda Hudaýyň Musa arkaly ysraýyllara Onsuz, ýagny ýeke özlerine ýola düşmegi buýrandygyny gördük. Reb halka beren wadasyny ýerine ýetirmekçidi, ýöne olary Öz huzuryndan mahrum edýärdi. Muňa jogap hökmünde Musa şobada şeýle diýdi: “Eger Sen biziň bilen gitmeseň, onda bizi

bu ýerden gitmeli etme" (Müs. 33:15). Musa ilkinji bolup biziň hemmämize Hudaý bilen ýakynlygyň ähli wadalardan ýokarydygyny we Onuň huzuryndan mahrum bolan ýagdaýlarda bu wadalaryň öz gymmatlygyny ýitirýändigini düşündirdi. Perişde bilen ýola düşmekden boýun gaçyran Musanyň munuň sebäbini düşündirişine gulak goýuň:

> "Eger Sen biziň bilen gitmeseň, onda bizi bu ýerden gitmeli etme. Eger biziň bilen gitmeseň, onda meniň we halkyňyň Seniň öňüňde merhemet gazanandygy nädip bilinsin? Şonuň üçin hem meniň we halkyňyň Ýer ýüzündäki ähli *halklardan aýratyndygymyzy görkez*" (Müs. 33:15, 16, nygtama awtoryňky).

Bu jogap özünde güýçli hakykaty gizleýär. Hudaýyň huzury bizi ýer ýüzündäki ähli halklardan Onuň şan-şöhraty üçin bölüp aýyrýar. Mesele biziň mesihilige uýup, mesihilik taglymyny öwredýän ýygnaklara gatnaýanlygymyzda däl. Mesele haçan hem bolsa bir wagt dostumyz bilen toba dilegini edip, orta çykmaga seslenen oňat adamlar bolýandygymyzda hem däl. Biz Onuň huzury arkaly aýratyn görülýäris, bizi mukaddes (Onuň üçin seçilip-saýlanylan) edýän hem şoldur. Ýer ýüzünde ýaşaýanlaryň nazarynda bularyň baryny aýan we äşgär edýän hem Onuň huzurydyr.

Onda näme üçin şeýle köp adamlar Hudaý bilen diňe aň derejesindäki gatnaşyklara oňňut edýärkä? Biz näme üçin içinde Isa Mesihiň bolmadyk mesihilige kaýyl bolýarkak? Hudaýa ýakyn bolmazdan, neneň edip kanagat tapmany öwrendik? Biz näme üçin adamlarda Hudaýa bolan küýsegi, Oňa ýakynlaşmak we huzurynda bolmak islegini oýarmaýan mesihiligi öwredýärkäk? Muňa A.U. Tozer şeýle jogap berýär:

> Hudaý Onuň huzuryna erjellik bilen girmegimizi we ömürboýy Onda ýaşamagymyzy isleýär. Biz Onuň huzuryna öz mysalymyzda göz ýetirmeli. Bu ýöne bir eýerilmeli taglym däl, bu ýer ýüzündäki ýaşaýşymyzyň her bir pursadynda şatlanylmaly durmuşdyr. (*The Pursuit of God*, sah. 34).

Köp adamlar özleriniň Hudaýa degişlidigine kanagat edip, Onuň bilen özara gatnaşygyň hakykylygyna hatda bir salymlykda girjek bolanoklar. Özleriniň halas edilendigi baradaky düşünje adamlara örän çuň ornaşdy, şonuň üçin-de bu düşünjeden aňry gitmek isleýän adamlaryň sany diýseň az. Olar öz dileglerini okaýarlar, soňra bolsa günleriň birinde aradan çykyp, Onuň ýanyna ugrarlar. Ýöne Isa Mesih bilen ýakyn gatnaşykda bolmak mümkinçiligi eýýäm sypdyryldy we Hudaýyň biziň bilen gezmäge bolan islegi baradaky güýçli aýanlyk hem ýitirildi. Bu ýeke gezeklik we uzakdaky bir duýgy däl, bu Onuň biziň bilen hemişe we dyngysyz gatnaşykda bolmak babatdaky hakyky we tüýs ýürekden bolan islegidir. Muňa göz ýetirmek üçin, geliň, Mukaddes Kitaba ýüz tutalyň.

## Onuň huzuryny kim duýup gördi?

Biz Onuň aýdyň huzurynyň mysallaryny Mukaddes Kitabyň bütin dowamynda görýäris. Erem bagynda Adam ata bilen How ene Hudaý bilen gezerdiler. Bu tä olaryň gulak asmazlygynyň Adam atany we onuň aýalyny "Onuň huzuryndan gizlenmäge" (GÇ 3:8) mejbur edýänçä dowam etdi". Hut şol pursatda adam özüni Hudaýyň huzuryndan aýyrdy. Olaryň ogly Kabyl bolsa ýüregini gatadanlygy sebäpli Hudaýyň huzuryndan has-da daşlaşdy.

Emma Hudaý ýeň bermedi, Ol söýýan adamy bilen öňküsi

ýaly ýakyn gatnaşykda bolasy gelýärdi. Ahyrda Hanok we Nuh ýaly adamlar Hudaýyň ýürek islegine jogap berdiler we Oňa ýakynlaşmaga bolan güýçli küýsegleri Onuň göwnüni awlady. Netijede, Adam ata Erem bagyny taşlap gaýdandan soň, bu ikisi öňde-soňda ýaşanlaryň arasynda Hudaýa iň ýakyn duran adamlar boldy.

Ybraýym öz durmuşynda Hudaýyň äşgär huzuryny ýygy-ýygydan duýýardy. Şeýle duşuşyklaryň biri Hudaý onuň ýanyna Sodom bilen Gomoranyň gelejekki ykbalyny geňeşmäge gelende bolupdy. Şäherler höküm edilenden soň biz şuny okaýarys: “Ybraýym daň bilen turup, özüniň Rebbiň huzurynda duran ýerine gitdi” (GÇ 19:27). Bu Ybraýymyň Hudaýyň huzurynda Onuň bilen söhbetdeş bolmadan lezzet alan köp gezekleriň diňe biridir. Garran çagy Ybraýym öz hyzmatkärine şeýle sözler bilen ýüzlenýär: “Nazarynda gezýän Rebbim Öz perişdesini seniň öňüňden iberip, işiňi oň eder” (GÇ 24:40).

Şeýle-de biz Şamuwel barada şuny okaýarys: “Şamuwel ulalýardy. Onuň aýdanlarynyň ählisi hakykat ýüzünde berjaý bolýardy, çünki Reb onuň bilendi” (1 Şam. 3:19). Näme üçin onuň aýdanlarynyň ählisi berjaý bolýardy? Munuň jogabyny biz şu aýatda okaýarys: “Hannany Reb ýene-de ýalkady: Hannanyň üç ogly, iki gyzy boldy. Şamuwel bolsa Rebbiň huzurynda ösüp ulalýardy” (1 Şam. 2:21). Biz bu ýerde ýene-de Hudaýyň gönüden-göni gatnaşykda açylýandygyny görýäris. Eger biz Ony ýakyndan tanasak, biz-de Onuň aýdanlaryny aýdarys, şonda biziň hemme sözlerimiz berjaý bolar.

Hudaýy söýen we Onuň huzurynda Köne Ähtdäki adamlaryň hemmesinden (megerem, Musany hasaba almazdan) köp bolan Dawut gatydan gygyryp, şeýle diýýär: “Guluň Dawudyň nesli Seniň öňüňde kuwwatlansyn” (2 Şam. 7:26). Ol hem Musa ýaly, Hudaýyň huzurynyň bolmadyk ýagdaýynda hiç bir

üstünligi islemeýärdi. Biraz soňra ol agyr günä – zyna edip, adam öldürende, ökünçden doly sesi bilen toba edip, şeýle diýýär: “Sen Öz huzuryňdan meni taşlama, menden Mukaddes Ruhuňy alma” (Zeb. 50:13). Ol Hudaýyň huzurynyň bolmadyk ýerinde bütin ömrüniň boş we manysyz boljakdygyny bilýärdi! Ol şeýle sözleri ýazdy: “Ýaşaýyş ýoluny maňa görkezersiň. Huzuryňda şatlyk meni doldurar, Sagyňda hem begenç meni doldurar” (Zeb. 15:11).

Psihologlar bäş ýylyň dowamynda saklanylan özara gatnaşyklar adamyň şahsyýetini formirleýär diýip aýdýarlar. Munuň bilen doly ylalaşýaryn, sebäbi Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär: “Aldanmaň! Ýaramaz ýaranlar ýagşy häsiýetlini hem azdyrýandyr” (1 Kor. 15:33). Başga bir ýerinde hem şeýle diýilýär: “Akyldarlar bilen ýöreýän akylly bolar” (Sül. 13:21). Emma Dawut barada näme diýip bolar? Ol çöl-beýewanda ýalňyz galanda, “ezilýänler, bergi-borja batanlar hem närazylaryň ählisi onuň ýanyna ýygnanyşdylar. Şeýdip, Dawut ýanyna ýygnan dört ýüze golaý adama baştutan boldy” (1 Şam. 22:2). Ol şu adamlar bilen on ýyldan gowrak bile boldy. Ezilýänler, närazylar, kalby ynjanlar, munuň üstesine-de bergi-borja batanlar! Bu gaharly, içi otly we has dogrusy, gödek we birehim adamlardy. Emma olar Dawudyň şahsyýetini üýtgedip bildilermi? Ýok! Näme üçin? Sebäbi Dawut köp wagtyny Hudaýyň huzurynda geçirýärdi we şonuň üçin patyşa endiklerini we prinsiplerini ýitirmän saklady; netijede bolsa on ähli nesilleriň içinde iň beýik öňbaşçy hökmünde kämilleşdi!

Hudaýyň çakylygyna Dawudyň seslenişi baradaky aýat Mukaddes Kitapdaky iň söýgüli aýatlarymyň biridir. Dawut şeýle diýýär:

> “’Onuň ýüzüni agtar’ diýýär ýüregim.
> Ýa Reb, Seniň ýüzüňi agtarýaryn men” (Zeb. 26:8).

Onuň durmuşy şeýledi. Ol Reb bilen şeýle köp wagt geçireni üçin diňe närazy dört ýüz adama däl, eýsem tutuş millete täsir edip bildi. Ol adamlara täsir edip bilýärdi, sebäbi öz wagtyny paýhasyň, bilimiň we düşünjäniň Gözbaşy bilen geçirýärdi. Emma Dawut Hudaýyň huzuryny bu zatlaryň baryny almak üçin agtarmaýardy. Ol Hudaýa yhlaslydy, şonuň üçin-de Onuň ýüregini bilesi gelýärdi. Ol Ony dünýädäki ähli zatdan köp söýýärdi, munuň sebäbi bolsa Onuň bilen köp wagt geçirenliginde gizlenýärdi.

Wah, eger Dawudyň ogly Süleýman kakasynyň şeýle güýçli yhlasyny miras alsady-da! Ol Ysraýylyň Hudaýyny iki gezek gördi we öňde-soňda ýaşan adamlaryň iň paýhaslysydy. Ýöne ol Hudaýyň huzurynda gezmegiň ähmiýetine asla düşünmedi. Ol ömrüniň ahyrynda, ýyllaryny biderek sarp edenden soň, Wagyz atly gynançly kitaby ýazdy. Ol pähim-paýhasa, san-sajaksyz baýlyga we dünýädäki iň owadan aýallara eýe bolan hem bolsa, öz döwründe dünýäniň dört künjegine şan-şöhraty we täsiri ýeten hem bolsa, diňe: “Biderek! Biderek! Bary biderek!” diýip gygyryp bildi. Eger onda kakasy Dawudyň ýüregi bolan bolsa, ysraýylyň taryhy başgaça ýaýbaňlanardy.

Dogrusy, eger dürli adamlar Hudaýyň huzuryny agtarmagyň wajyplygyna düşünen bolsady, Mukaddes Kitapda beýan edilen wakalaryň köpüsi başgaça ýaýbaňlanardy. Gynansak-da, Onuň huzuryny belli bir derejede duýan adamlaryň sany diýseň az, ýöne hatda olaram özlerine nämeden datmagyň miýesser edendigini aňlamadylar. Olar Hudaýyň huzurynyň çuňňur we dyngysyz kanagatlanmanyň egsilmez gözbaşy bolup durýandygyndan bihabardylar; şeýle huzury diňe Hudaýy dyngysyz agtaran ýagdaýyňda alyp bolýar. Şeýle adamlaryň biri Dawut patyşanyň daşgynrak garyndaşy Uzyýady. Ol ýaşlyk döwründen Hudaýy agtardy, işleri örän rowaçlandy, emma

biraz soňra öz üstünliginiň gözbaşyny we asyl sebäbini unutdy. Ol tekepbirlenip, Rebbi agtarmagyny bes etdi we netijede deri keseline ýolugyp, tä ölýänçä, ýekelikde ýaşady (ser. 2 ÝÝ 26).

## Ägirt betbagtçylyk

Biz Köne Ähti okamagy dowam edip bileris, ýöne betbagtçylyklaryň iň ulusy has öň, Dawut patyşa dogulmazdan köp ýyl öň, onuň ata-babasy – Ybraýymyň nesli Müsürden çykanda bolup geçipdi. Hudaýyň ysraýyllary Özüne çekmek üçin, olary gulçulykdan boşatmak isländigini biz kitabyň öňki baplaryndan bilýäris. Hudaý olara Öz huzuryny aýan etmek üçin, olary Özüne golaýladasy gelýärdi. Ýöne olar Hudaýyň bu islegine şeýle seslendiler: “Musa Hudaýyň bolýan tüm garaňkylygyna ýakynlaşanda, adamlar *uzakda durdular*” (Müs. 20:21, nygtama awtoryňky). Nähili betbagtlyk! Hudaý Özüni olara aýan edýär, olar bolsa uzakda durlar. Hudaýa diňe Musa teşnedi; bu teşnelik ony erjellik bilen öňe gitmäge we Oňa ýakynlaşmaga iterýärdi. Halkyň şeýle seslenmesiniň netijesinde Hudaý ruhanylygy döretdi. Bu ruhanylyk halkyň hatyrasy üçin Hudaýyň öňünde durdy. Hudaý tutynyň aňyrsyndan halkyň arasynda ýaşap bilmegi üçin, mukaddes çadyr gurmagy buýurdy. Hudaýyň berk görkezmesine görä gurnalan mukaddes çadyr gurlup bolandan soň, biz şuny okaýarys:

> Soňra Rebbe ýüz tutulýan mukaddes çadyry bulut örtdi. Rebbiň şöhraty [Onuň *huzury*] mukaddes çadyry doldurdy. Musa Rebbe ýüz tutulýan çadyra girip bilmedi, sebäbi ony bulut örtüp, mukaddes çadyry Rebbiň şöhraty dolduripdy (Müs. 40:34,35, nygtama awtoryňky).

## Onuň huzurynyň dürli derejeleri

Şu ýerde men biraz säginip, Hudaýyň huzurynyň dürli derejeleri barada gürrüň edesim gelýär. Ýokardaky aýatda aýdylýan şöhra*t* sözüne üns beriň, ol Hudaýyň huzuryny aňladýar. Mukaddes çadyr gurlup bolandan soň, Hudaýyň huzury ony şeýle bir doldurdy welin, hatda Hudaý bilen dostlarça ýüzbe-ýüz güleşen Musa-da oňa girip bilmedi. Siz Onuň huzurynyň gözelligini, gudratyny we şol bir wagtyň özünde-de hopukdyryjy derejesini heý göz öňüne getirip bilýäňizmi?

Ençeme ýyl geçenden soň, Hudaýyň mukaddes çadyrdaky huzuryna äsgemezçilik etdiler diýseňem bolýar. By Harunyň neslinden bolan baş ruhany we serdar Eliýiň döwründe bolupdy. Mundan başga-da, çadyra ýöne girmek bilenem çäklenmän, Musanyň girmäge milt etmedik ýeriniň golaýynda elhenç günäler edilýärdi. Biz şuny okaýarys: “Ol günler Rebbiň sözi seýrek gelerdi, Rebden gelýän ylhamlar azdy” (1 Şam. 3:1). Şol günlerde Rebbiň sözi näme üçin seýrek bolduka? Her niçik hem bolsa, Hudaýyň görnüşlerini ýa-da aýanlyklaryny diňe Onuň huzurynda alyp bolýar. Onuň huzurynyň bolmadyk ýerinde aýanlyklar hem bolmaz, Onuň huzurynyň ujypsyz bolan ýerlerinde Onuň aýanlyklary hem seýrek bolar. Ýöne Onuň huzury gudratly we güýçli aýan bolan ýerinde Onuň aýanlyklary we gudratly we güýçli bolar! Birinji Şamuwel kitabynyň şu babynyň dowamynda awtor “Hudaýyň çyrasy [Onuň huzury] heniz sönmändi [Hudaýyň bütinleý bolmazlygy]” barada aýdýar. Ýöne bu betbagtlyk biraz soňra – Eliý ruhanynyň hyzmatynyň ahyrynda, Äht sandygy piliştlileriň eline düşende bolýar. Eliýiň ömrüniň soňky gününde *Ikabot* diýen at dakyldy, ol “Ysraýyldan şöhrat gitdi” diýmegi aňladýardy.

Eliýiň ýaşan döwründe ysraýyllaryň arasyndaky günäler zerarly

Hudaýyň huzury seýrek we çalaja görünýärdi. Ýöne käwagt Onuň huzury ýaňy gurlan mukaddes çadyrdakysy ýaly şan-şöhrat içinde äşgär görünmese-de, örän hakyky we aýanlyklara jomart bolan wagtlary hem bolýar. Şeýle wagtlarda Hudaý Öz şöhratyny aýan etmejek bolup, has inçe tärde golaýlaşýar. Biz muny Ýakubyň mysalynda görýäris. Ol Hudaý bilen göreşip, Onuň bilen ýüzbe-ýüz bolsa-da, bu Onuň şöhratynda bolmandy. Ýöne şonda-da Ýakup bu duşuşygyň netijesinde özgerip, Hudaýyň aýanlyklarynda ösdi (GÇ 32:24–30). Nunuň ogly Ýeşuwa Rebbi gördi we hatda öz Gürleşeneniň gökler goşunynyň Serkerdesidigini hem bilmedi. Ýöne başga bir tarapdan, Musa Rebbiň ýüzüni görmek üçin ýalbaranda: “Sen Meniň ýüzümi görmeli dälsiň, çünki Meni gören kişi diri galmaz” (Müs. 33:20) diýen jogaby aldy. Biz Musanyň Hudaýy Onuň bütin şöhratynda görmegi küýseýşini görýäris, ýöne ol görüp bilmedi; Nunuň ogly Ýeşuwa we başgalar Rebbiň ýüzüni gördüler, ýöne diri galdylar. Näme üçin? Sebäbi olar Rebbi Onuň bütin şan-şöhratynda görmediler.

## Onuň ýüzüniň parlak ýalkymy

Birinjiden, geliň Rebbiň şöhratynyň nämededigi barada biraz gürleşeliň. Käbir adamlar munuň haýsydyr bir duman, bulut ýa-da şuňa meňzeş bir hadysa diýip pikir edýärler. Netijede: “Beý-bä, geçen gezekki ýygnagymyza Rebbiň şöhraty indi” diýen ýaly jümleleri eşitmek bolýar. Emma Hudaýyň düşünjelerine bolan şeýle garaýyşlar “nadan sözler bilen nesihaty garalaýar” (Eýý. 38:2).

Birinjiden, Hudaýyň şöhraty – bulut däl. Siziň: “Onda näme üçin Mukaddes Ýazgyda her gezek Hudaýyň huzury agzalanda, bulut barada hem aýdylýar?”diýip soramagyňyz ahmal. Munuň sebäbi şeýle: Hudaý buluda gizlenýär. Ol göz bilen görerden juda parlak, şonuň üçin-de bulut Onuň ýüzüni gizleýär, ýogsa Onuň

töweregindäki janly-jandarlar şol pursadyň özünde heläklenip, ölerdiler. Ýadyňyzda bolsa, Hudaý Ony görüp-de diri galjak adamyň ýokdugyny Musa aýdypdy. Şuňa baglylykda şeýle sorag döreýär: onda Işaýa, Ezekiýel we Ýohanna resul dagy Rebbiň şöhratyny görenlerinden soň nädip diri galyp, soňra bu barada gürrüň berdiler? Munuň jogaby sada: olar ruhda bolsalar-da, bedende däldi. Ahyry ölüp gidýän beden mukaddes Rebbiň huzurynda Onuň bütin şan-şöhratynda bolup bilmeýär. Ol ýakyp-ýandyryjy otdur, Onda hiç tümlük ýokdur (ser. Ýew. 12:29; 1 Ýoh. 1:5). Pawlus Isa Mesih barada şeýle ýazýar:

> Hudaý beýik we ýeke-täk Hökümdardyr, Ol şalaryň Şasy, taňrylaryň Taňrysy, ölmezligiň ýeke-täk Eýesidir. Ol ynsanyň gözüni gamaşdyrýan nurda ýaşaýar, Ony hiç bir ynsan görmedi, görüp-de bilmez (1 Tim. 6:15, 16).

Isa Mesih gözüňi gamaşdyrýan parlak nurda mesgen tutýar, Ony adamlaryň hiç biri görmedi, görüp-de bilmez. Mezmurçy Rebbiň parlak nury don kimin geýýändigi barada aýdýar (ser. Zeb. 103:2). Pawlus hem bu barada ynam bilen ýazýar, sebäbi ol Damaska tarap barýarka, ýolda Hudaýyň şöhrat içindäki huzurynyň güýçli nurunyň belli bir derejesini başdan geçiripdi. Ol bu barada Agripa şeýle gürrüň berýär:

> Eý, şahym, günortanlar ýolda barýarkam, birdenkä asmanda günden hem ýagty nur gördüm. Nur meniň we ýoldaşlarymyň daş-töweregine ýalkym saçdy (Res. 26:13).

Pawlus Isa Mesihi ýüzüni görmedi, ol diňe Ondan saçylýan nury gördi. Bu nur Ýakyn Gündogaryň gözüňi gamaşdyrýan parlak gününiň ýiti ýagtysyndan hem güýçlüdi! Pawlus Hudaýyň huzurynyň içine düşüpdi. Bu irdenki ýa öýlänki gün däldi, ol

günortan çagynyň ýandyryjy günüdi. Men “güneşli” Floridada on iki ýyl ýaşadym we hiç haçan günden goraýan äýnegi *dakynmadym*. Emma birnäçe ýyl mundan ozal men Liza bilen Ýakyn Gündogara gitdim we şol ýerde men günden goraýan äýnegi *dakynmaga mejbur boldum*! Şeýle gurak we çöllük howa şertlerinde gün has parlakdy, ekwatora golaýlygy bolsa onuň ýiti ýagtysyny has-da artdyrýardy. Günüň nury ir säherde ýa-da öýlan çagy çydamazça däldi, ýöne sagat on birden günortan ikä çenli welin onuň ýiti ýagtysyna çydar ýaly däldi. Emma Pawlus şonda-da Isa Mesihiň nurunyň Ýakyn Gündogaryň günortan çagyndaky gününden has ýiti nur saçandygyny ykrar edýär! Bir pursat säginiň-de, güne gös-göni seretmäge soňky gezek haçan synanyşanyňyzy ýada salyň. Eger ol buluda gizlenen bolmasa, oňa seretmek örän kyn. Hudaýyň şöhratynyň nury bolsa günortan çagynyň gününin ýiti ýagtysyndan köp esse güýçli.

Indi Ýowel bilen Işaýa pygamberleriň aýdanlary düşnükli bolup galýar. Olar ahyrky günlerde – Rebbiň şöhraty aýan bolanda, gün garalar diýip aýdýarlar. “Ine, Rebbiň güni, ýowuz gün gelýär, ýer ýüzüni haraba öwürmek üçin, ondaky günäkärleri ýok etmek üçin, gazap bilen, gahar ody bilen gelýär. Gökdäki ýyldyzlar, olaryň toplumy ýşyk bermezler; Gün dogsa-da garalar, Aý nuruny saçmaz” (Işa. 13:9, 10).

Size ýene käbir zatlary aýdyňlaşdyrmagy rugsat ediň. Biz aýdyň gijelerde asmanda näme görýäris? Ýyldyzlary! Olar asmanyň ýüzüne ýaýran. Ýöne irden Gün doganda, näme bolýar? Ýyldyzlar nirä ýitirim bolýar? Olar gaçyp, Gün ýaşýança gözýetimiň aňyrsynda gizlenip, soňra bolsa öz ýerlerine dolanaýarmyka? Biz munuň beýle däldigini bilýäris. Onda näme bolýar? Ýyldyzlaryň şöhraty bir derejä degişli, Günüň şöhraty bolsa olaryňkydan köp esse artyk gelýär, şonuň üçin-de, Gün doganda, ýyldyzlaryň şöhraty onuňka garanda öçýär. Olar şol öňki ýerinde galýar, ýöne

olary indi görüp bolmaýar. Hut şeýle tärde Isa Mesih hem Öz şöhratynda gelende, ol Günüňkiden çensiz-çaksyz güýçli bolar we Ol ony öçürer. Ine, şeýle bolar! Siz indi Pawlusyň näme üçin Isa Mesihi Onuň şöhratynda hiç bir ynsanyň görmändigi, görüp-de bilmejekdigi barada aýdýandygyna düşünýäňizmi?

Rebbiň şöhraty islendik nurdan üstün gelýär. Ol kämil nur we ýakyp-ýandyrýan otdur. Hut şu sebäpdenem Ol ýer ýüzüne ikinji gezek gelende "Reb ýeri lerzana salmaga galkanda, ynsanlar *Onuň* howpundan, şan-şöhratyndan, gaýalardaky gowaklara, ýeriň deşiklerine girerler" (Işa. 2:19, nygtama awtoryňky). Ýohanna bu barada şeýle ýazýar:

> Dünýäniň şalary, şazadalary, müňbaşylary, baýlary, ygtyýarlylary, hemme gullar we azat adamlar gowaklarda, dagyň gaýalarynda gizlendiler. Olar daglara we gaýalara ýüzlenip, şeýle diýdiler: "Biziň üstümize ýykylyň! Bizi tagtda Oturanyň *ýüzünden,* Guzynyň gazabyndan gizläň!" (Aýan. 6:15, 16, nygtama awtoryňky).

## Hudaýyň şöhraty näme aňladýar?

Indi bolsa geliň şu soraga jogap bereliň: Hudaýyň şöhraty näme aňladýar? Munuň jogabyny bilmek üçin, Musanyň Hudaý bilen gatnaşygyna dolanalyň. Musa diňe Hudaýyň huzuryny dilemän, eýsem Onuň şöhratyny görmegi hem diledi.

Musa: "Ýalbarýan, maňa *şöhratyňy* görkezäý" diýdi (Müs. 33:18, nygtama awtoryňky).

Ýewreý dilinde şöhrat sözi – *kabowd.* Strong Mukaddes Kitabyň sözlüginde bu sözüň "haýsydyr bir zadyň agramyny, ýöne göçme we položitel manysynda aňladýar" diýip düşündirýär. Şeýle-de sözüň kesgitlemesinde "ajaýyplyk we belentlik, bolelinlik

we mertebe” diýen manylar bar. Musa Hudaýdan oňa Özüniň bütin şöhratyny görkezmegini sorady. Hudaýyň jogabyny ünsli okaň:

> Men siziň öňüňizden bütin *şanlylygym* [Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki terjimesinde — Men siziň öňüňizden bütin *ýagşylygym]* bilen geçerin we siziň öňüňizde Reb adymy jar ederin (Müs. 33:19, nygtama awtoryňky).

Musa Hudaýdan şöhratyny görkezmegi sorady, Ol bolsa ýagşylygyny görkezjekdigini söz berdi. Ýewreý dilinde *ýagşylyk* sözi — *tuwb.* Ol “iň giň manydaky ýagşylygy” aňladýar. Başga sözler bilen aýdylanda, hiç bir zat gizlin däl, ýagşy we oňat zatlaryň bary mese-mälim görünýär.

Soňra Hudaý: “Reb adymy jar ederin” diýdi. Ýer ýüzündäki patyşa zala girmezinden öň jarçy onuň adyny dabaraly yglan edýär. Jarçy patyşanyň adyny yglan edenden soň, ol tagt zalyna bütin şanlylygynda surnaýlaryň saz çalmagynda girýär. Şeýdip, patyşanyň şanlylygy aýdyň görkezilýär we adamlaryň hemmesine patyşanyň kimdigi äşgär bolýar. Onuň şanly huzury adamlaryň kalbyny galpyldydan doldurýar. Ýöne bu patyşa köşk emeldarlaryny ýanyna alman, adaty egin-eşiginde öz şäheriniň köçelerinden ýörese näme? Dogrusy, köşkde aýdyň we äşgär görnen zatlaryň bary köçede ýitirim bolar we geçip barýan pyýadalaryň biri-de patyşany tanamaz. Onuň huzuryndan ýaňa hiç kim galpyldamaz, onuň şöhraty bolsa adamlara tagt zalyndakysy ýaly täsir etmez. Aslynda, “Men siziň öňüňizde Reb adymy jar ederin we öňüňizden bütin şanlylygym bilen geçerin” – diýmek bilen, Hudaý Musanyň öňünde Öz adyny yglan etmegi hut Özi karar edýär.

Täze Ähtde Rebbiň şöhratynyň Isa Mesihde aýan edilendigi

barada aýdylýar (ser. 2 Kor. 4:6). Rebbiň huzurynda bolanlaryň köpüsi Onuň ýüzüni we Onuň Özüni görendiklerine şaýatlyk edýärdiler. Hawa, şeýle bolmagy gaty ahmal, ýöne Onuň bütin şöhratynda Ony hiç kimiň görmändigini hem aýdaýyn.

Käbir adamlaryň Isa Mesih direlenden soň şägirtleriniň Onuň ýüzüni görendikleri babatda sorag bermegi mümkin. Hawa, bu şeýle boldy, ýöne şol wagtda hem bu Onuň şöhratynyň dolulygynda däldi. Ozal belläp geçişim ýaly, Köne Ähtde käbir adamlaryň Rebbiň huzurynda bolsalar hem Onuň şöhratynyň gelşinde bolmandygy barada aýdylýar. Reb Ybraýyma Mamräniň dub tokaýjygynda göründi, ýöne Öz şöhratynda däl (ser. Gel. 18:1, 2). Ýakup Onuň bilen göreşdi, Nunuň ogly Ýeşuwa bolsa Ony hatda tanamady (ser. Ýeş. 5:13–15).

Nunuň ogly Ýeşuwa Ýeriho galasyna çozmazyndan öň Reb bilen duşuşanda, Reb oňa Söweşiji hökmünde göründi. Nunuň ogly Ýeşuwa Ony tanaman: “Sen biziňkilerdenmi ýa-da duşmanlarymyzyň birimi?” diýip sorady. Şonda Reb oňa Özüni Rebbiň goşunynyň serkerdesi hökmünde *aýan etdi* we Nunuň ogly Ýeşuwa aýakgabyny çykarmagy buýurdy, sebäbi onuň duran topragy mukaddesdi! Ýakyp Reb bilen uzakly gije göreşdi we daň atanda: “Maňa Öz adyňy aýt” diýip gygyrdy (GÇ 32:29). Indi bolsa şäherde adaty eşiginde aýlanyp, köp adamlaryň ony tanamaýan patyşanyň mysalyna dolanalyň. Ýakup bilen Nunuň ogly Ýeşuwa Rebbi hut şeýle keşpde gördüler, ýöne şonda-da olar Ondan beýik aýanlyklar aldylar.

Bu ölümden direlenden soňky wagta degişli. Isa Mesihiň gürleşenleriň ilkinjisi Magdalyly Merýemdi, ýöne ol Oňa bagbandyr öýtdi (ser. Ýoh. 20:15, 16). Şägirtleri Isa Mesih deňziň ýakasynda balyk iýdiler (ser. Ýoh. 21:9, 10) we ilkibaşda ne Ony, ne-de Onuň sesini tanadylar. Ol özlerine şeýle tanyş hereketi edenden soň, diňe şondan soň Ony tanadylar. Direlişden soň

Ol iki şägirdi bilen ýöräp gitdi, olar Onuň ölüminden ozal boljak zatlar barada eşidipdiler, ýöne şonda-da Ony tanamadylar, sebäbi “olaryň gözleri baglanypdy” (ser. Luk. 24:16). Olar hem Ony ne ýüzünden, ne daşky durkundan, ne-de sesinden tanadylar. Olaryň hemmesi Onuň ýüzüni görüpdiler we Onuň huzurynda bolupdylar, ýöne Onuň şöhraty bütin dolulygynda aýan edilmändi. Emma olaryň hemmesi soňra Onuň huzuryndan aýanlyklary alypdylar.

Munuň tersine, Ýohanna resul Patmos adasynda bolanda, Rebbi ruhunda görýär. Ýöne bu bütinleý başga duşuşykdy, ony deňziň ýakasyndaky ertirlik bilen deňeşdirer ýaly däldi, çünki bu gezek Isa Mesihi Onuň bütin şöhratynda gördi. Ol Isa Mesihi şeýle suratlandyrýar: “Sag elinde ýedi ýyldyz bardy, agzyndan iki ýüzli kesgir gylyç çykyp durdy. Onuň ýüzi süýrgünortanyň Güni kimin parlaýardy. Men Ony gören badyma öli kimin aýaklaryna ýykyldym” (Aýan. 1:16, 17).

Hudaýy Hudaý edýän hut Rebbiň şöhratydyr. Onuň ähli häsiýetleri: güýji, ygtyýarlygy, paýhasy çensiz-çaksyz agrama we belentlige eýedir. Ol hiç zady saklamaýar we hiç zady gizlemeýär! Şöhrat içindäki bu huzury diňe Hudaýyň bölekleýin görnen ýagdaýynda duýup bolýar. Musanyň ýagdaýynda – ol Hudaýy arkasyndan görüp galdy, Damaska barýan Şawulyň ýagdýaynda – ol göz gamaşdyryjy nur bilen sesden başga zady ne gördi, ne-de eşitdi.

## Onuň mesgen tutan ýeri

Indi bolsa Ybraýymyň nesline dolanalyň. Hudaý Sinaý dagynda Öz şöhratyny aýan edende, adamlar gorkudan ýaňa yza tesip gygyrdylar: “Ine, Hudaýymyz Reb bize *Öz şöhratyny* we beýikligini görkezdi. Biz Onuň ot içinden çykýan sesini eşitdik... Näme üçin biz bu gün ölmeli? Çünki bu beýik ot bizi ýandyrar.

Emma Hudaýymyz Rebbiň sesini mundan artyk eşitsek biz öleris" (Kan. 5:24, 25, nygtama awtoryňky). Olar Onuň şöhrat içindäki huzurynda çydamadylar, sebäbi wyždanlary özdiýenlilik we kesirlik bilen hapalanandy.

Soňra ysraýyllar mukaddes çadyry gurdular we Hudaý onuň iň mukaddes otag diýip atlandyrylýan içki böleginde mesgen tutdy. Bu içki otaga baş ruhany ýylda bir gezek girip bilýärdi. Ol bu otaga daşky howludan girýärdi. Ol Hudaý bilen ýaraşmak we özüni – baş ruhanyny hem-de bütin halky günälerinden arassalamak üçin, ilki bilen bürünçden ýasalan sypada gurbanlyk malyň damagy çalynýardy. Gurbanlyk malyň damagy çalnandan soň, baş ruhany gurbanlyk sypanyň ýandan duran bürünç legende ýuwunýardy we diňe şondan soň tutynyň aňyrsyndaky iň mukaddes otaga girýärdi. Ol ýerde tebigy ýagtylyk ýokdy. Iň mukaddes otag altyndan ýasalan çyradanyň ýagtysyndan ýagtylandyrylýardy, ol Isa Mesihiň – biziň Çyramyzyň nyşanydy (ser. Ýoh. 9:5). Ol ýerde Isa Mesihi ýaşaýyş çöregi hökmünde alamatlandyrýan çörekler hem bardy (ser. Ýoh. 6:48). Bu ýerdäki üçünji zat – ýakymly ysly tütetgi ýakmaga niýetlenilen sypady, ol ömrüňi dyngysyz dilegde we sežde etmekde geçirmegi aňladýardy.

Ýöne baş ruhany ol ýerde hem Hudaýyň huzuryna gönüden-göni girmeýärdi. Ol ýerde mukaddes otagy iň mukaddes otagdan bölüp aýyrýan tuty bardy. Şol ýerde rehim-şepagat tagtynyň üstünde Hudaýyň äşgär we hakyky huzury mesgen tutýardy. Isa Mesih Öz ruhuny Hudaýa tabşyranda, bu tuty ýyrtyldy: "Şol wagt ybadathananyň tutusy ýokardan aşaklygyna ýyrtylyp, ikä bölündi" (Mat. 27:51). Üns beriň, ol aşakdan ýokarlygyna däl-de, ýokarlygyndan aşaklygyna ýyrtyldy. Tutyny adam däl-de, Hudaýyň hut Özi ýyrtdy, sebäbi Ol ybadathanadan çykdy! Ol Özüne täze öý, täze mesgen taýynlaýardy. Ol ony hemişe arzuwlap gezipdi, bu mesgen – Özüniň gaýtadan doglan perzentleriniň

ýürekleridi.Ýöne bu haçan amal boldy? Elli gün geçenden soň, Ellinji gün baýramynda Hudaý Özüniň köp wagtlap arzuwlap gezen mesgenine ornaşdy. Biz şuny okaýarys:

> Birdenkä asmandan güýçli şemalyň sesine meňzeş şuwwuldy peýda bolup, olaryň oturan öýüniň içini doldurdy. Olar uçguna meňzeş bir zatlaryň pytrap, öz üstlerine inendigini gördüler. Olaryň hemmesi Mukaddes Ruhdan doldular we Mukaddes Ruhuň beren ukybyna görä, başga dillerde gepläp başladylar (Res. 2:2–4).

Musa tä mukaddes çadyry gurup bolýança, Hudaýyň huzury onda peýda bolmady. Hut şeýtle tärde Reb hem Özüniň täze mesgenine diňe Isa Mesih “’hemmesi berjaý boldy!’” diýip, başyny egip jan berenden” (Ýoh. 19:30) soň geçdi. Bu mesgen baky Guzunyň gany arkaly taýynlanypdy.

Şonuň üçin hem, eý, doganlar, Isanyň gany arkaly indi biz Iň mukaddes otaga batyrgaýlyk bilen girip bilýäris. Isa Öz ölümi arkaly bize çadyrdaky içki tutudan geçýän we Hudaýa barýan täze ýaşaýyş ýoluny açyp berdi...Şoňa görä, çyn ýürekden we berk ynam bilen Hudaýa *ýakynlaşalyň.* Mesih kalbymyzy Öz gany bilen päkläp, bizi wyždan ýazygyndan azat etdi we bedenimizi arassa suw bilen ýuwdy. Indi ykrar eden umydymyzy ikirjiňlenmän berk saklalyň, çünki wada beren Hudaý ynamdardyr (Ýew. 10:19–23, nygtama awtoryňky).

Biz indi “iň mukaddes otagda” mesgen Tutana batyrgaýlyk bilen ýakynlaşyp bilýäris. Bu iň mukaddes otag indi mukaddes çadyrda ýa ybadathanada däl-de, biziň bedenimizde ýerleşýär! Hawa, Hudaý ynsan ýüýreklerinde mesgen tutýar, bu ynsanlar Isa Mesihiň gurbanlygy arkaly Oňa bagyş edilipdi. Biz Oňa dileg edenimizde, köplenç uzakdaky, bizden millionlarça kilometr

uzakda bolan tagt zalyny göz öňüne getirýäris. Ýöne ýok, Ol biziň ýüreklerimizde ýaşaýar! Biz heniz-de öz içimize seretmegi öwrenemzok, biz öňkümiz ýaly daşymyza seredýäris! Täze Ähtiň ýazgysy bize "(Isa Mesihi tapmak we ýardam bermegini sorap, Ony aşaga indermek üçin) saňa göklere çykmak gerek däl" (Rim. 10:6, NLT) – aýdyň buýurýar.

Hawa, Hudaýyň tagt zaly, elbetde, bar, ol üçünji asmanda ýerleşýär. Ýöne Ol Öz halky bilen bolmagy şeýle güýçli küýsänsoň, Köne äht döwründe ýer ýüzünde mukaddes çaydyr dikdirdi; onuň üçinde Onuň huzury aýan edilipdi. Şindi bolsa Ol öz durmuşyny Isa Mesihe tabşyryp, Mukaddes Ruhdan doldurmagyny soran adamlaryň ýüreginde Özi üçin başga bir ýaşalga gurnady. Ol Öz söýgüsi we ysnyşygy bolan adamlaryna iň ýakyn bolan ýerinde Özi üçin ýer döretdi. Biz öz ýüreklerimizde mesgen Tutana ýakynlaşanymyzda, ýer ýüzünden millionlarça kilometr uzaklykda ýerleşýän tagt zalyna-da gadam basýarys. Bu heý boljak zatmy? Hudaýyň Ruhunda aralyk diýlen zat ýok. Onuň huzurynda bolmak Isa Mesih we Ata bilen Onuň tagt zalynda bolmaklygy aňladýar, sebäbi Ol Isa Mehiň we Hudaýyň Ruhudyr! (ser. Rim. 8:9).

Ýewreýlere hatyň awtorynyň: "Indi ykrar eden umydymyzy ikirjiňlenmän berk saklalyň, çünki wada beren Hudaý ynamdardyr" (Ýew. 10:23) – diýip aýdýanyna üns beriň. Ol şuny hem diýýär:

> Bu umyt janymyzy berk hem howpsuz saklaýandyr, ol göklerdäki çadyryň tutusynyň aňyrsyna [Onuň *huzurynyň* bolan ýerine] geçýändir (Ýew. 6:19, nygtama awtoryňky).

Ýokardan aşaklygyna ýyrtylan perde indi her bir imanla bu dünýäde Hudaýyň huzuryna täze usulda we diri girmäge ygtyýar berýär. Biziň bedenimiz indi perdä öwrüldi. Eger biz öz bedenimizi

haça çüýläp we ret edip, onuň daşky howlusyndan geçip bilsek, ýüregimiziň “iň mukaddes otagyna” gireris we ol ýerde Onuň bilen tükeniksiz söhbet edip bileris. Onuň huzury dyngysyz hakykata öwrülýär. Ol Oňa päk ýürekden tutuş kalbymyz bilen ýakynlaşanymyzda bize Özüniň huzuryny aýan etjekdigini berk söz berdi! Ol adamlaryň çäklendirilen ýa-da ujypsyz bir toparyny, ýa-da bu merhemetiniň amala aşmagy wagtyň çäkli bir döwrüni hiç haçan göz öňüne tutmandy. Ysraýyllar Oňa wepaly bolanlarynda, Onuň mukaddes çadyrdaky huzury hemişelikdi. Edil şeýle tärde, Onuň huzury ýüreklerimiziň mukaddes çadyrynda hem hemişelik bolar.

Ýakubyň sözlerine gulak goýyň: “Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar”. Nähili umyt, nähili berk ynam! Hudaý wada berip, Özünden ant içýär, çünki “Hudaý bize iki zat: hem wada berdi, hem kasam etdi. Munuň ikisi hem üýtgewsizdir, sebäbi Hudaý hiç wagt ýalan sözlemeýär. Şonuň üçin hem, biz Hudaýda pena tapyp, özümize berlen umyda berk ýapyşyp ruhlanýarys” (Ýew. 6:18). Bu nähili umyt? Eger biz Oňa ýakynlaşsak, Ol hem bize ýakynlaşar! Ol muny berk wada etdi! Onda näme üçin köp adamlar Onuň aýdyň huzuryndan lezzet almaýarka? A.U. Tozeriň aýdyşy ýaly:

> Isa Mesihiň bedeni tutyny ýokardan aşaklygyna ýyrtandan we Hudaý tarapyndan Onuň huzuryna girmegimize indi hiç böwet galmandan soň, näme üçin haýal-ýagallyga ýol berýäris? Biz näme üçin ähli günlerimizi daşky howluda geçirmäge oňňut edip, Hudaýy görmek üçin iň mukaddes ýere girmeýäris? Biz Öýlenýän Ýigidiň: “Jemalyňy göreýin, eşideýin seniň owazyň, şirin owazyň, jemalyň-da ajaýypdyr” (Nagm. 2:14) – diýen sözlerini eşidýäris. Biz bu çakylygyň bize aýdylýandygyny duýýarys, ýöne ýakynlaşmaýarys; ýyllar geçýär, ýaşymyz ulalýar we mukaddes çadyryň daşky howlusynda bolmakdan ýadaýarys. Ýöne bize näme päsgel berýär? (*The Pursuit of God*, sah. 41).

Sorag şol öňküligine galýar: bize näme päsgel berýär? Biz näme üçin hemme zady öz güýjümiz bilen etmäge dyrjaşýarys? Biz näme üçin öz körlügimizden ýaňa ýolumyzda goýlan wajyp belgileri sypdyrýarys? Hudaýyň kepil geçýän ajaýyp umudy, Onuň bozup bilmeýän ajaýyp umydy öňlerinde ýatyrka, näme üçin köp adamlar kanagatlanma tapman, ýürekleri gysýarka? Indiki bapda biz şu ajaýyp aragatnaşygy – Hudaýyň her bir imanla elýeter eden ajaýyp aragatnaşygy ýola goýmaga bize nämeleriň päsgel berýändigini göreris.

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Şu babyň başynda biz şeýle soraglary beripdik: "Näme üçin şeýle köp adamlar Hudaý bilen diňe aň derejesindäki gatnaşyklara oňňut edýärkä? Biz näme üçin içinde Isa Mesihiň bolmadyk mesihilige kaýyl bolýarkak? Hudaýa ýakyn bolmazdan, neneň edip kanagat tapmany öwrendik? Siz bu soraglara nähili jogap bererdiňiz?

2. Biz psihologlaryň aýtmagyna görä, adamlaryň arasynda bäş ýyl dowam eden aragatnaşygyň siziň şahsyýetiňizi üýtgedip bilýändigini aýdypdyk. Şeýle biz Mukaddes Ýazgynyň bu nukdaýnazary tassyklaýandygyny aýdypdyk: "Ýaramaz ýaranlar ýagşy häsiýetlini hem azdyrýandyr" (1 Kor. 15:33), şeýle-de "Akyldarlar bilen ýöreýän akylly bolar" (Sül. 13:21). Siziň durmuşyňyzda Mukaddes Ýazgynyň şu aýatlarynyň biriniň ýa-da ikisiniň-de dogrudygyny tassyklaýan döwri bolupmydy? Öz tejribäňizden öwrenenleriňizi gürrüň beriň.

6-njy bap

# HUDAÝÝŇ DOSTLARY

Ol olara ýakynlygy teklip etdi, ýöne olar öz saýlawlary zerarly ony alyp bilmediler.

Men şu setirleri ýazyp otyrkam, kalbymda Onuň huzuryna bolan güýçli teşnelik möwjeýär. Bu mowzukdaky gürrüň mendäki ody alawladýar we özümizi şeýle güýçli Söýýäni agtarmaga bolan islegimi artdyrýar. Ol ähli ýaşdakylara degişli bu söýgüde biziň yzymyza dyngysyz düşdi ýördi. Emma biziň ünsümize diýseň mynasyp Bolanyň Özi welin ele aňsat düşýän “aw” däl. Ol beýik we mukaddes Patyşa we Oňa hut şeýle nukdaýnazardan çuňňur yzzat-hormat bilen garamalydyr. Şonuň üçin-de, “mukaddes gorky” mowzugyna garap geçmezden, Oňa ýakynlaşmak barada gürrüň etmek-de mümkin däl.

## Ýollaryň bölünmegi

Şu çatrykda "dostlukly habary" agtarýanlaryň we hakykaty agtarýanlaryň ýoly bölünýär. "Dostluk agtarýanlary" islendik denominasiýada we islendik jemgyýetde tapyp bolýar. Olar adam bilen ýakynlaşmagy we ony ýalkamagy isleýän Hudaý barada gürrüň edýärler, emma bu o diýen bir hakyky habar däl, sebäbi şeýle adamlar Onuň mukaddesligi barada unudýarlar. Bu köplenç ýagşy niýetden edilýär, sebäbi adamlary käbiri dini kanunçylygy gördüler ýa-da ondan zyýan çekdiler, käbirleri bolsa adamlaryň söýülýändigini we olaryň aladasynyň edilýändigini göresi gelýär. Şonuň üçin-de, gynansak-da, olar bilmezden doly däl habary wagyz edýärler; bu bolsa netijede has çynlakaý meseleleriň döremegine eltýär.

Kanunçylygyň gysyjyndan boşanan adamlar diňe söýýän we düşünýän Hudaýy, ýagny günälerimizi we dünýewi zatlara ýykgyn edýänligimizi unudýan Hudaýy wagyz etmek bilen, diňleýjilerini bütinleý ters seslenmä iterýärler. Olar adamlaryň Onuň Sözüni eşidip bilmegi üçin, olary Onuň huzuryna girmäge çagyrmaýarlar. Eger olar şoňa çagyrsadylar, onda Oňa tarap mukaddes söýgüden we gorkudan başga ýoluň ýokdugyny görerdiler.

Şeýle wagyzlar olara "ýeňil Rebbi" – olaryň ymtylýan maksatlaryna ýetirýän Rebbi teklip edýärler. Hudaýdan gorkmaklygy bir gyra goýmak bilen, olar adamlary Onuň huzuryna girmek mümkinçiliginden mahrum edýärler.

## Çuňňur yzzat-hormat bilen

Onuň huzurynda bolmaklyga degişli ebedi we mizemez hakykat, ine, şudur:

> Hudaý mukaddesler maslahatynda örän haýbatly, töweregindäkileriniň hemmesinden wehimli (Zeb. 88:8).

Şu aýadyň ikinji bölegini ýene bir gezek okalyň: “Töweregindäkileriniň hemmesinden wehimli”. Bu baky hakykat. Hudaýa galpyldydan doly yzzat-hormatyň goýulmadyk ýerinde Onuň huzuryny asla görmersiňiz. Ol adamlaryň Oňa çuňňur yzzat-hormatyň goýmadyk we Oňa bolmalysy ýaly garamadyk ýerine barmaz ýa-da şol ýerde galmaz. Aýdylýan nagmalar ýa seždeler gowy bolsa bolubersin, öwredilýän wagyzlar we taglymlar gowy bolsa bolubersin, dilegler Onuň Sözüne görä edilse edilibersin – parhy ýok, eger Ondan wehim edilmese, Ol Özüni aýan etmek üçin ýakynlaşmaz. Bu baş ruhany Eliý bilen ogullarynyň ýagdaýyndan tapawutlanmaýar.

Hyzmatymyň dowamynda men ýyllar boýy ýüzlerçe ýa-da müňlerçe imanlylaryň ýygnanan zallaryna girýärin we şol ýerlerde Hudaýyň huzuryndan nam-nyşanyň bolmadyk ýagdaýlarynyň sanardan-da köpdügi diýseň gynandyrýar. Munuň sebäbi şeýle: adamlaryň, käwagt bolsa hatda çopanlaryň-da arasynda Rebden gorkmaklygyň ýeterlik derejede bolmaýanlygynda. Şunuň bilen birlikde ýygnakdaky öwgi we sežde toparlary ajaýyp, zehinli sazandalar we aýdymçylar oňat bolup bilýär, ýygnanan adamlaryň üstünden baýdaklar galgadylyp, tans hem oýnalýar. Hyzmat ýokary tehnologiýalary ulanyp, habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda döwrebäp tärde geçip bilýär. Hyzmat döredijilikli we şowhunly bolup bilýär, gyzykly mowzuklary ulanyp, gelen adamlary wäşilik bilen garşy alýarlar, ýöne şonda-da ýygnakda bir zat kemlik edýär.

Ýygnakda Hudaýyň huzury bolmaz. Ýygnanan adamlaryň aglaba böleginiň bu duşuşygyň nädereje boş bolandygyna düşünmeýänligi diýseň gynandyrýar. Şu ýerde bir zady belläp geçeýin: Hoş habary döredijilikli we döwrebäp tärde ýetirmeklik gowy zat, olar Hudaýyň huzurynyň aýan bolmagyna asla böwet bolup bilmeýär. Men iň döwrebap tärde gurnalan ýygnaklara

gatnaşyp görüpdim we ol ýerdäki Hudaýyň huzurynyň güýjünden we ägirtliginden lezzet alypdym. Hudaýyň huzury ýokary tehnogiýalary bolup-bolmazlygyna garşy däl. Ol ýüregiň garaýşyny mälim edýär.

Şeýle ýagdaýlarda men Hudaýyň ugrukdyrmasy arkaly adamlara tabynlyk we Rebden gorkmaklyk barada aýdyp başlaýaryn we her gezek toba çagyranymdan soň köp adamlaryň, şol sanda liderleriň-de muňa seslenýändigini görýärin. Şonda hemişe diýen ýaly, heniz dileg edilip başlanmanka, biz Hudaýyň huzurynyň äşgärligini görýäris we adamlar aglap başlaýarlar. Bu näme üçin şeýle bolýar? Sebäbi Hudaýy söýýän, hormatlaýan we Ondan gorkýan adamlar Ony Özüne çekýär. Hut şu sebäpdenem Ýakup şeýle diýýär:

> Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar. Eý, günäkärler, eliňizi günäden tämizläň. Eý, ikigöwünliler, kalbyňyzy päkläň (Ýak. 4:8).

Bu ýerde Ýakup, ilki göräýmäge, imansyzlara ýüzlenýän ýaly bolup görünýär, biz olary göklerden dogulmadyk günäkärler diýip atlandyrýarys. Ýöne muňa garamazdan, Ýakup bu hatynda öz diňleýjilerine on bäş gezek “doganlar” diýip ýüzlenýär. Ol göklerden doglan adamlara ýüzlenýär.

Geliň, *günäkär* diýen söze garap geçeliň. Grek dilinde bu *hamartolos* diýen söz. Waýn bu sözüň kesgitlemesini berende, onuň “nyşana düşüp bilmeýän” diýmegi aňladýandygyny nygtaýar. Iman etmeýän adamlary şeýle söz bilen atlandyrmak örän dogry pikir, ýöne ony mesihiler babatda hem ulansa bolýar. Şeýle kontekstde ol öz pikirlerinde nyşana düşüp bilmeýän imanlyny aňladýar, bu bolsa öz gezeginde olary gaýta-gaýta nädogry hereketlere ýa-da ýagdaýa eltýär. Ýakup sözüni dowam

edip, şeýle diýýär: “Eý, ikigöwünliler, kalbyňyzy päkläň”. Ol bu çagyryşy arkaly imanlylaryň nyşana düşüp bilmeýänliginiň düýp sebäbini görkezýär.

Şuňa düşünmek örän wajyp: Hudaýdan gorkmaklyk imanlynyň ýüreginde döreýär we onuň hereketlerinden we edýän işlerinden mälim bolýar. Bir gezek Hudaý Öz halky barada şeýle diýipdi:

Bu halk *Maňa ýakynlaşyp*, dili, dodaklary bilen Meni hormatlaýar, ýöne ýürekleri Menden uzakdadyr. Ynsan buýruklaryna görä Maňa ybadat edýärler olar (Işa. 29:13, nygtama awtoryňky).

Hudaýa ýakynlaşmak hemişe ýürekde döreýär; şeýle ýürek Hudaýy hemme zatdan we hemmelerden köp söýýär we gorkýar. Bu diňe daşky hereketler däl, bu ynsan ýüreginiň niýeti. Şonuň üçin-de, Hudaýdan gorkmaklygyň kesgitlemesini berenimizde, biz ilki bilen ýüregiň garaýşy barada aýtmalydyrys.

Şunlukda, Hudaýdan gorkmaklyk – bu Oňa çuňňur hormat goýmak we Onuň öňünde galpyldamak. Biz Onuň öňünde yzzat-hormat bilen baş egýäris. Bu Onuň huzurynda Onuň öňünde galpyldamagy, Onuň buýruklaryna we isleglerine hormat bilen garamagy aňladýar. Ýöne bu hem diňe başlangyjydyr.

## Hudaýa yzzat-hormatsyz ýakynlaşmak

Haýsydyr bir zadyň nämedigine düşünmek üçin, käwagt onuň näme däldigini ýüze çykarmak peýdalydyr. Hudaýa yzzat-hormatsyz ýakynlaşmagyň netijesini Harunyň iki oglunyň mysalynda görüp bolýar. Mukaddes çadyryň gurluşygy heniz tamamlanmanka, Reb Musa şeýle buýruk berýär: “Ysraýyllaryň arasyndan agaň Haruny we onuň ogullaryny öz ýanyňa al. Harun we onuň ogullary Nadap, Abyhu, Elgazar we Ytamar Maňa ruhany bolup hyzmat etsinler” (Müs. 28:1).

Bu erkekler Hudaý üçin saýlanylyp, olara Rebbe hyzmat etmeklik we Hudaý bilen halkyň arasynda durmaklyk öwredilipdi. Olara Hudaýyň huzuryna ýakynlaşmaga haky bardy. Hudaýyň Musa beren buýruklary arkaly olaryň borçlarynyň we hyzmatynyň çäkleri çürt-kesik aýdylandy. Olar tälim alandan soň Hudaýyň hyzmatyna bagyş edilipdi we Hudaýyň huzury mukaddes çadyry doldurandan soň, olaryň hyzmaty başlapdy.

Ýöne Hudaýyň huzury mukaddes çadyra inenden soň, Oňa hyzmata bellenilen bu erkekleriň arasynda ikisiniň ömri kesildi.

Bir gün Harunyň ogullary Nadap bilen Abyhu kül atarlaryny alyp, oňa köz saldylar we onuň üstüne ýakymly ysly tütetgini goýup, ony Rebbiň huzuryna eltdiler. Emma bu ot *mukaddes däldi*, çünki Reb ony olara hödürläň diýip tabşyryk bermändi (Lew. 10:1, nygtama awtoryňky).

Nadap bilen Abyhunyň Rebbiň huzuryna *mukaddes däl* ody eltendigine üns beriň. Websteriň sözlüginde “mukaddes däl” diýen söz şeýle düşündirilýär: “Mukaddes zatlara hormat goýmazlyk ýa-da olara ýigrenç bilen garamak; yzzat-hormatyň bolmazlygy”. Bu Hudaýyň mukaddes saýýan zatlaryna adaty bir zada kimin garamaklygy ýa-da äsgermezligi aňladýar. Bu iki erkek Hudaýa sežde etmek üçin goýlan kül atarlary alyp, olary öz göwün isleglerine görä közden dolduryp, üstüne-de ýakymly ysly tütetgini goýdular. Olar Hudaýyň buýruk beren hödürlerini almadylar. Olar mukaddes zada geleňsizlik etdiler we bu bitabynlyga eltdi.

Olar Hudaýyň huzuryna ýol berilmesiz we ygtyýar edilmedik tütetgi bilen ýakynlaşdylar, Hudaýyň mukaddes zatlaryna adaty, endik bolan bir zat hökmünde garadylar. Munuň netijesinde näme bolandygyny okaň:

> Rebbiň huzuryndan duýdansyz ot gelip, Harunyň ogullaryny ýakyp kül etdi we olar Rebbiň huzurynda şol bada jan berdiler (Lew. 10:2).

Bu iki erkek öz äsgermezçiligi üçin şobada Hudaýyň jezasyna duçar bolup, jan berdiler. Bu äsgermezçilik edil Hudaýyň huzurynda bolupdy; olaryň ruhany bolandygyna garamazdan, olar hem Hudaýa iň çuňňur yzzat-hormat goýmaga borçludylar. Olar Hudaý hamala mukaddes we wehimli däl ýaly Oňa ýakynlaşmak bilen, günä etdiler! Olar Onuň huzurynda özlerini juda erkin duýdular! Olara höküm çykarylan badyna Musanyň aýdanlaryna gulak goýuň we "*hyzmatymy edýän*" diýen jümlä üns beriň:

> Onsoň Musa Haruna: "Ine, bu Rebbiň: '*Hyzmatymy edýän* ruhanylar Meniň mukaddesligime hormat goýmalydyrlar. Bütin halk Meni şöhratlamalydyr' diýeni şudur" diýdi. Harun sesini çykarmady (Lew. 3, nygtama awtoryňky).

Bu baky we hemmelere degişli buýrukdyr. Hudaý Oňa çuňňur hormat goýmazdan ýa-da Ony adaty bir zat hökmünde görýänleriň biriniň-de Oňa ýakynlaşyp bilmeýändigini aýdýar. Ol mukaddes saýylmaly we Onuň huzuryndaky adamlaryň bary tarapyndan çuňňur hormatlanylmaly.

Hudaý Öz huzurynda äsgermezçilige ýol bermejekdigini aýdyň aýdypdy, emma Nadap bilen Abyhu bu duýduryşa üns bermediler. Häzirki günde bu babatda üýtgän zat ýok, Hudaý öňküsi ýaly mukaddes Hudaýdyr. Hudaý Oňa yzzat-hormat goýmazdan we Ondan gorkmazdan Öz huzuryna girmegi ygtyýar eder diýip çaklap-da bolmaz!

Munda kadadan çykmalar, şol sanda garyndaşlyk gatnaşyklary babatda hem kadadan çykmalar bolup bilmez. Şol iki ruhany Musanyň jigileri we Harunyň ogullarydy. Olaryň biri-de Hudaýyň

höküminiň dogrulygyna şübhe etmedi, sebäbi diňe Hudaý dogry we adalatlydyr. Mundan başga-da, özleriniň hem jeza duçar bolmazlygy üçin, Musa Harun bilen onuň beýleki iki ogluna ölenleriň ýasyny tutmaly däldigini duýdurýar. Ýogsa bu Rebbe äzgermezçilik bolardy, şonuň üçin-de Nadap bilen Abyhuň jesetlerini düşelgäniň daşyna çykaryp, şol ýerde jaýladylar. Bu ikisi Hudaýyň anyk buýrugyna ýeňles garadylar. Olar Onuň huzuryna yzzat-hormatsyz, Ondan wehim etmezden geldiler we ýürek garaýyşlary babatda bitabynlyga ýol berdiler. Görşümiz ýaly, günäniň köküni Rebden gorkmazlykda agtarmaly.

## Hudaýdan gorkmagyň we Ondan eýmenmegiň tapawudy

Hudaý Sinaý dagynda ysraýyllara aýan bolanda, olar Onuň huzurynda durup bimediler. Munuň sebäbi olara Hudaýdan gorkmaýardylar. Olar Onuň huzuryndan yza tesenlerinde, Musa olara şeýle sözler bilen ýüzlendi:

> Gorkmaň, çünki Hudaý sizi synamak üçin we Ondan gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi (Müs. 20:20).

Musa halka gorkmazlygy buýurdy, sebäbi Hudaý “Ondan gorkmaklygyň halkyň göz alnynda bolary” ýaly, halky synamak üçin gelipdi. Ilki göräýmäge, aýdylanlaryň bary biri-birine çapraz gelýän ýaly görünýär, ýöne bu beýle däl. Musa Rebden gorkmaklyk bilen Ondan eýmenmegiň arasynda çäk geçirýärdi. Olaryň arasyndaky tapawut ägirtdir. Hudaýyň öňünde eýmenýän ýa-da yza tesýän adam haýsydyr bir zady gizlemekçi bolýar. Ol Hudaýa ýakynlaşmagy islemeýär, sebäbi Onuň huzurynyň parlak nury onuň gizlemekçi bolýan zadyny paş eder. Pawlus şeýle diýýär: “Emma nur parlanda, ähli zat paş edilip, aýdyň görner” (Efes. 5:13).

Hudaý biziň Ondan eýmenmegimizi islemeýär, Ol Ondan çekinmegimizi talap edýär. Pawlus şeýle ýazýar: "Sebäbi Hudaý bizi gorkak etmeýär. Ol bizi güýç, söýgi we özerklilik bilen doldurýar" (2 Tim. 1:7). Ýohanna hem onuň aýdýanlaryna goşulyp, şeýle diýýär: "Söýgüde gorky ýokdur. Tersine, kämil söýgi gorkyny kowup çykarýandyr. Kim kyýamat gününden gorkup ýaşaýan bolsa, onuň söýgüsi kämil däldir" (1 Ýoh. 4:18). Hudaýdan eýmenýän adamda Hudaýdan gorkmaklyk däl-de, gorky ruhy bardyr, sebäbi Täze Ähtiň hatyny ýazanlar bize: "Hudaýyň huzurynda gorka we galpylda gaplanyp, halas bolmak üçin ýagşy işleri amal ediň" (Fil. 2:12) diýýärler. Şeýle-de Pawlus bize: "Hudaýy hoşnut etmek üçin Oňa tabynlyk hem gorky bilen sežde edeliň, sebäbi Hudaýymyz ýakyp-ýandyryjy otdur (Ýew. 12:28, 29) diýýär. Petrus bolsa ondan hem kesgitli gürläp, şeýle diýýär: "Sebäbi: 'Mukaddes boluň, çünki Men mukaddesdirin' diýlip ýazylandyr. Bütinleý ýüz görmezden, her kime eden işine görä hüküm çykarýan Hudaýy Ata diýip çagyrýan bolsaňyz, bu dünýädäki wagtlaýyn döwrüňizi Hudaýdan gorkup geçiriň" (1 Pet. 1:16, 17). Şu setirleri okamak bilen, Hudaýdan gorkmaklygyň Täze Äht döwrüniň mesihiliginiň aýrylmaz bölegi bolup durýandygyna düşünmezlik mümkin däl.

Hudaýyň huzury barada Musanyň adamlara aýdýanlaryna üns beriň: "Ondan gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi". Sebäbi bizi günä etmekden Hudaýyň söýgüsi däl-de, Ondan gorkmaklyk saklap bilýär. Pawlus bize "Hudaýyň huzurynda gorka we galpylda gaplanyp, halas bolmak üçin ýagşy işleri amal ediň" diýýär. Ol bärde "söýgä we rehim-şepagata gaplanyp" diýmeýär. Başga bir hatda bolsa ol Hudaýyň biziň aramyzda elmydama boljakdygy baradaky wadasyny ýatlatmak bilen: "geliň, bedenimizi we ruhumyzy murdar edýän ähli zatdan tämizläliň. Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes bolmaga ymtylalyň" (2 Kor. 7:1) diýip çagyrýar. Üns beriň, ol muny Hudaýy söýüp etmeli diýip aýtmaýar.

Kezzaplygy üçin türmä düşen bir hyzmatçynyň halyndan habar tutmaga barşym hiç haçan ýadymdan çykmaz. Men ondan: “Sen neneň edip Isa Mesihiň söýgüsinden aýrylyp bildiň?” diýip soradym.

Ol meniň ýüzüme seretdi-de, ynam bilen: “Men ondan alrylamok” diýdi.

Men muňa aňk-taňk bolup: “Onda kezzaplyk we zyna etmegiň näme?” diýip oňa garşy çykdym.

Ol bolsa şeýle diýdi: “Jon, men şol wagtyň bütin dowamynda Hudaýy söýýärdim. Mesele – meniň Ondan gorkmanlygymda”. Soňra ol maňa ömrümde ýadymdan çykmajak zady diýdi: “Jon, millionlarça amerikan mesihileri edil men ýaly. Olar Isa Mesihi öz Halasgäri hasaplap, Ony söýýärler, ýöne Ondan iň beýik Rebbi we Hökümdary hökmünde gorkmaýarlar”.

Şol pursatda içimde çyra ýanan ýaly boldy. Men Isa Mesihiň keşbini, hakyky Isa Mesihe dahyly bolmadyk, öz aňymyzda we düşünjämizde döreden keşbini söýüp bilýändigimize düşünip galdym. Sebäbi Mukaddes Ýazgyda Rebden gorkmaklygyň Hudaýy ýakyndan tanamak üçin gerek bolan paýhasyň başlangyjydygy barada aýdylýar (ser. Sül. 1:7; 2:5). Men bu adamyň Isa Mesihiň ýoýulan keşbini söýendigine düşünip galdym.

## Olaryň Menden gorkmagy üçin

Musa şuny aýdyň düşündiripdi: Hudaýdan gorkmaklyk bizi günä etmekden saklaýar, günä bolsa bizi Hudaý bilen gatnaşmagymyza böwet bolýar. Reb Özi bilen äht edişen adamlara şeýle diýipdi: “Ýazyklaryňyz Hudaýyňyz bilen araňyza aýralyk saldy, sesiňizi eşitmez ýaly, günäleriňiz Onuň ýüzüni sizden gizledi” (Işa. 59:2). Üns beriň, Ol biziň günälerimiziň Ony bizden däl-de, bizi Ondan aýra salandygyny aýdýar. Hudaý muny

butparazlar barada däl-de, Öz halky barada aýdýar. Biz öz-özümizi Hudaý bilen ýakyn bolmakdan mahrum edýäris, sebäbi bizde Hudaýdan gorkmaklyk ýok.

Hudaýdan *eýmenýän* adamdan tapawutlylykda, Ondan *gorkýan* adamyň gizläre zady ýok. Ol öz durmuşynyň edil Rebbiň öňüdäki açyk kitap ýalydygyny bilýär. Ol Hudaýyň isleglerini ähli zatdan ileri tutýar. Hudaýyň islegi onuň dostlaryndan, maşgalasyndan we hatda öz janynyň isleglerinden-de saldamly gelýär. Şeýle adam Hudaýa tabyn bolmakdan has oňat, öz ymtylyşlaryny has doly kanagatlandyrjak başga ýeke zadyň-da ýokdugyna düşünýär. Ol özüni ret edýär, haçyny alýar we Isa Mesihiň yzyna eýerýär. Ol Hudaý üçin ýaşaýar.

Musanyň durmuş ýörelgesi edil şolar ýalydy. Ol Hudaýdan gorkýardy. Ysraýyllar bolsa gorkmaýardy. Ysraýyllar öz şahsy isleglerini, zerurlyklaryny we amatlyklaryny ezizläp, olary Hudaýyň isleginden ileri tutýardylar. Olar elmydama Oňa bil baglaýandygyny aýtsalar-da, Oňa bil baglamaýardylar. Olar elmydama Oňa şübhe bilen garaýardylar, dilleri bilen bolsa bütinleý başga zady ykrar edýärdiler. Olar Onuň Sözüniň, Onuň isleginiň we buýrugynyň gadyryny bilmeýärdiler we olary hemme zatdan ileri tutmaýardylar, sebäbi olar Hudaýdan gorkmaýardylar. Olar Hudaýy hiç haçan hakykatdan söýmändiler. Näme üçin? Sebäbi olar Onuň hakyky aýanlygyny hiç haçan başdan geçirmändiler. Hut şu sebäpdenem olar Onuň huzuryndan yza tesdiler. Olara Onuň huzurynyň ýagtysyndan gizläre zady bardy. Olar bu ýagtylygyň iru-giç ähli meseleleri aýdyňlaşdyrmaga we ahyrda kime hyzmat etmelidigini çözmäge mejbur etjekdigini bilýärdiler.

Ysraýyllar Sinaý dagyndan – Hudaýyň huzurynyň äşgär bolan ýerinden yza tesenlerinde, Musa gaýtam şol ýere has golaý bardy. Ol Rebbiň Öz kuwwatly goly we gudraty bilen gulçulykdan

boşadyp, Özüne getiren adamlarynyň Oňa golaýlaşmagy islemeýändigini Oňa aýtmaga mejbur boldy. Musa şol pursatdan çekinýärdi, ýöne Hudaý ähli zady bilýärdi we Öz jogaby bilen Musany haýran galdyrdy:

> Men bu halkyň saňa aýdanlaryny eşitdim. Olaryň hemmesi dogry (Kan. 5:28).

Musa bu sözleri eşidenden soň doňan ýaly bolup durşuny göz öňüme getirýärin. Ol adamlaryň aýdanlaryny Hudaýyň bilýändigine haýran galman (Onuň ähli zady bilýändigini köplenç ýatdan çykarýanlygymyz täsin zat), eýsem, Hudaýyň pikiriçe, ysraýyllaryň öz aýdanlarynda mamla hasaplaýşyna gaty haýran galdy. Şonda Musa Hudaýdan olaryň Oňa näme üçin ýakyn baryp bilmeýändigini sorady.

Hudaý Musa halkyň näme üçin Oňa ýakynlaşyp bilmeýändigini düşündirende, Onuň jogabynda gynanç eşidilýärdi:

> Käşgä olar diňe şu pikirde bolup, Menden gorkup, ähli buýruklarymy hemişe saklasadylar, onda olar we olaryň çagalary hemişe eşretde ýaşardylar! (Kan. 5:29).

Hudaý şu jogaby arkaly iki zady aýdyňlaşdyrdy. Birinjiden, mukaddes gorkynyň bolmadyk ýagdaýynda Hudaýa ýakynlaşmak asla mümkin däl. Ikinjiden, tabyn bolmaklyk we Onuň buýruklaryny berjaý etmeklik şeýle gorkynyň barlygynyň alamaty bolup durýar. Hemme zat hemişe ýürekden başlaýar we adamlaryň hereketlerinden belli bolýar!

Soňra Hudaý Köne Ähtde aýdylan habarlaryň iň gynançlysyny aýdýar. Ol bu habary Öz halkyna Musa arkaly aýdýar:

> Bar, git-de olara: ‘Çadyrlaryňyza dolanyň!’ diý (Kan. 5:30).

Hudaýýň ýüregi para-para bolan bolmaly, Musa hem halkyň ýanyna dolanyp baranda, gursagynda agyrlyk duýýardy. Men hem bu agyrlygy gursagymda duýýaryn. Hudaý olary Müsürden bir maksat bilen – olary Özüne ýakynlaşdyrmak üçin çykarypdy, olar bolsa hiç zada düşünmediler (ser. Müs. 19:4). Bu beýik gutulyş Onuň maksadydy. Ýöne halk üçin Onuň aýanlygyny almaga mümkinçilik dörände, olar yza tesdiler. Olar Onuň huzuryna girmek islemediler, sebäbi Ondan gorkmaýardylar. Olar öz çadyrlaryna dolandylar we Onuň sesini eşitmän, Onuň huzuryndan daşda galdylar. Hudaý olara ýakynlygy hödür etdi, ýöne olar öz saýlawlaryna görä ony almak islemediler.

## Hudaý bilen dostluk

Başga bir tarapdan bolsa, adamlary çadyrlaryna iberenden soň Hudaýýň Musa aýdýan sözlerine gulak goýuň:

> Emma sen bu ýerde Meniň ýanymda gal. Ähli tabşyrygy, parzlarymdyr hökümleri ...saňa aýdaryn (Kan. 5:31).

Ine, şeýle! “Meniň ýanymda gal, ...saňa aýdaryn”. Nähili şatlyk! Hiç zat bilen deňäp bolmajak hukuk! Musany galyp, Hudaýýň ýüregini diňlemäge çagyrdylar! Bütin älemde mundan gowy zat bolup bilmez! Söýgüde, paýhasda, bilimde we güýçde tükeniksiz Bolanyň huzurynda galmaga çakylyk almak. Ähli gökleriň Halaýanynyň we bütin ýaradylaşyň Ymtylýanynyň ýanynda durmak. Musa şeýle çakylygy alypdy!

Musada Hudaýdan gorkmaklyk bardy, şonuň üçin-de ol Onuň bilen ýakyndan gatnaşmaga şatdy. Biz munuň subudyny mezmurçynyň sözlerinde tapýarys: “Ol Musa görkezdi Öz ýollaryny, ysraýyl halkyna — Öz işlerini” (Zeb. 102:7). Hudaýýň etmekçi bolýanlaryny Musanyň olary öňünden bilen ýagdaýlary

seýrek däldi, sebäbi Hudaý Öz ýürek pikirlerini Musa bilen paýlaşýardy, çünki ol Ysraýylyň ýakynlaşyp bilmedik ýeriniň golaýynda bolýardy.

Ysraýyl Hudaýy Onuň özleriniň dilegine jogap berşinden bilýärdi. Olar Hudaýyň niýetlerini, isleglerini, meýlini we Onuň ýüreginiň beýleki çuňluklaryny bilmeýärdiler. Olar Onuň edýänlerini görýärdiler, ýöne Onuň näme üçin şeýle edýändigine asla düşünip bilmeýärdiler. Musa bolsa Ony pynhan ýerde eşiden sözlerinden bilýärdi. Mukaddes Kitapdan iň söýgüli aýatlarymyň biri, ine, şudur:

> Reb Öz niýetini Ondan gorkýanlara aýan eýleýär,
> Ol olara Öz ähtini bildirýär (Zeb. 24:14).

Aýadyň mazmunyny üýtgetmezden, şeýle diýip bolar: "Hudaýyň ýürek syrlary Ondan gorkýanlar üçindir, Ol olara Öz ähtiniň ýollaryny açýar". Biziň hemmämiziň öz syrlarymyz bar (olaryň hemmesi erbet däl), emma biz olary tanyşlarymyzyň bary bilen paýlaşmaýarys, biz olary diňe ýakyndan gatnaşýan we ynanýan dostlarymyz bilen paýlaşýarys. Munuň degerli sebäbi bar: biz olaryň ýürek gymmatlyklarymyzy bizi ynjatmak üçin ulanmajakdygyny ýa-da bilen zatlaryndan aýratyn bir hukuklary kimin peýdalanmajakdygyny bilýäris. Biz olaryň biziň syrlarymyzy gizlin saklajakdygyny bilýäris. Biz olaryň özlerine bildirilen ynama dogry düşünjekdigini we olara aýdan syrlarymyzy öz bähbidi üçin ulanmajakdygyny bilýäris. Olar biziň ýüregimizi bilýär we bize diňe ýagşy zatlary isleýärler.

Hudaý hem şeýle. Hudaý öz keýpi-sapasyna we abadanlygyna juda gyzygan adamlar bilen Öz syrlaryny paýlaşmaýar. Ol Öz syrlaryny ýüregi edil Onuňky ýaly bolan we öz janyny Onuň ugrunda orta goýan adamlar bilen paýlaşýar, Ol şeýle adamlary

Öz dostlary diýip atlandyrýar. Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki terjimeleriň birinde bu aýat şeýle ýaňlanýar: “Rebbiň dostlugy Ondan gorkýanlar üçindir, Ol olara Öz ähtininiň syrlaryny açýar” (Zeb. 24:14).

## Ybraýym – Hudaýyň dosty

Köne Ähtde Hudaýyň dosty diýip atlandyrylan bir adam bardy. Onuň ady Ybraýymdy. Ol nädip Hudaýyň dosty bolduka? Munuň jogabyny oňa salnan agyr synagdan bilse bolýar. Ol Hudaýyň beren wadasynyň amal bolaryna ýigrimi bäş ýyl garaşdy. Şondan soň onuň önelgesiz aýaly Saradan ogly dogulýar. Ogluna Yshak diýip at dakdylar, bu *gülki* diýmegi aňladýar. Bu çaga olaryň öýüni şatlykdan – göz öňüne getirip-de bilmedik şatlygyndan doldurýar.

Hudaý bu maşgala ünsli seredýärdi, Ybraýym bilen onuň oglunyň arasynda mäkäm we mähirli söýgi günsaýyn artýardy. Synag döwri ýetip geldi we Hudaý Ybraýyma: “Ogluňy, ýalňyz ogluňy, *söýgüli* ogluň Yshagy al-da, Moryýa ýurduna bar we Meniň saňa görkezjek dagymyň üstünde Yshagy Hudaýa ýakma gurbanlygy hökmünde hödür et” (GÇ 22:2, nygtama awtoryňky).

Bu buýrugy eşiden Ybraýymyň halyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Bu wada görä doglan oguldy, onuň dogulmagyna ýigrimi bäş ýyllap sabyrly garaşypdylar. Ysmaýyly eýýäm öýden kowdular, diýmek, Ybraýymyň mirasdüşeri bolmaz. Ýöne muny näme üçin edil şu wagt – söýgüleriniň şeýle pugtan wagty etmelikä? Hudaý näme üçin şeýle köp garaşdyka? Ol näme üçin Yshak heniz bäbekkä ony ýakma gurbanlygy hökmünde hödür etmegi soramadyka? Mukaddes Kitaby öwrenijileriň aglabasy Yshak şol döwürde otuz üç ýaşyndady diýip hasaplaýarlar.

Siz şol gijäni göz öňüne getirip bilýäňizmi? Ybraýymyň kalbynda agyryly göreş dörän bolarly. Hudaý neneň edip şeýle

zady ondan sorap bilýärkä? Hemme zat meýilleşdirilişi ýaly barýardy. Günleriň birinde Yshak öýlener we onuň neslinden tutuş milletler we patyşalar dünýä iner, muny Hudaý wada edipdi. Hudaý neneň edip Ybraýymyň oglunyň janyny, özem şeýle ir sorap bilýär? Şol gije Ybraýymyň kalbynda ikiýana urnan soraglary eşidýärsiňizmi? *Eger şeýle bolsa, Ol maňa ogly näme üçin berdikä? Eýsem Ol maňa ogly soňra ony yzyna almak üçin berdimi? Ol Yshagy meniň ony söýşüm ýaly söýýärmikä? Ol näme üçin oglumyň jany bilen birlikde meniň-de janymy almak islemedikä?*

Emma Ybraýymda nämedir bir zat şu soraglaryň we ajy pikirleriniň ählisinden üstün geldi, ol hem Rebden gorkmaklykdy. Hudaý diýdi, ol hem tabyn boldy. Biz şuny okaýarys: “Ybraýym *daň bilen* turup, eşegini gaňňalady. Öz hyzmatkärlerinden ikisini hem-de Yshagy ýanyna aldy; ýakma gurbanlygy üçin odun döwüşdirdi we Hudaýyň özüne aýdan ýerine gitdi” (GÇ 22:3, nygtama awtoryňky). *Daň bilen* diýen söze üns beriň. Siz haçan hem bolsa bir wagt käbir adamlaryň: “Hudaý soňky birnäçe aýyň dowamynda meniň bilen işleýär, ýöne men heniz taýyn däl” diýýänini, megerem, eşiden bolsaňyz gerek. Şeýle adamlar Hudaýdan gorkularynyň kemlik edýändigini görkezýärler.

Hudaýdan gorkmaklyk – bu Onuň Sözüni eşideniňde galpyldamak. Bu hatda munuň sebäbini ýa-da manysyny we peýdasyny görmän ýagdaýymyzda-da Oňa tabyn bolmaklygy aňladaýar. Bu biziň hatda hiç zada düşünmänimizde-de Oňa gulak asýanlygymyzy aňladýar. Bu tabynlyk hatda biziň üçin agyryly bolanda-da, Oňa tabyn galýarys. Biz Hoş habaryň wagyzçylary hökmünde Mesihiň Bedenine ýaramaz hyzmat etdik. Biz köplenç tabyn bolmaklyk barada diňe ondan peýdanyň we mese-mälim bähbidiň bolaýjak ýagdaýlarynda aýdýarys. Biz, mysal üçin, şeýle diýýäris: “Eger siz Hudaýa berseňiz, onda Hudaý....eder”, ýa-

da “Eger siz dileg etseňiz, onda Hudaý....eder”, ýa-da “Eger siz tabyn bolsaňyz, onda Hudaý...eder”. Adamlara berilýän şeýle habar Isa Mesihiň ýanyna haýsydyr bir zady öwezine almak üçin baryp bolýandygy baradaky habardyr. Men Hudaýyň adamlary ýalkaýandygyna ynanýarynmy? Elbetde ynanýaryn! Ýöne biz Hudaýa diňe ýalkanyşlary almak üçin hyzmat etmeli däl! Biz Hudaýa Ondan haýsydyr bir zady öwezine almak üçin däl-de, Oňa Onuň Hudaýdygy üçin hyzmat etmelidiris.

Ybraýym şol pursadyň özünde tabyn boldy we Hudaýyň oňa görkezen dagyna üç gün ýol ýöredi. Hudaý näme üçin ýakyn ýerdäki bir dagy saýlamady? Üç günläp ýol ýöremek nämä gerekdi? Meniň pikirimçe Hudaý Ybraýyma Öz buýrugy barada oýlanmaga we hatda, belki, yzyna dolanmaga wagt berdi. Hudaýyň sesini eşiden badyňa herekete başlamak bir zat, başlan işiňi soňuna çenli bitirmek – başga zat. Üç gün geçenden soň, Hudaýyň sesini gaýdyp eşitmeýän Ybraýym daga baryp, özüniň iň eziz zadyny gurbanlyk bermeli bolanda näme pikir edendigini göz öňüne getirmek kyn.

Ýöne şonda-ad Ybraýym dagyň depesine çykyp, sypa ýasady we Yshagyň el-aýagyny daňyp, oňa hanjary urmak üçin, elini ýokary galdyrdy. Birdenkä Rebbiň Perişdesi Ybraýyma ýüzlenip, şeýle diýdi:

> Oglana el gatma, oňa hiç zat etme. *Indi* Men seniň Hudaýdan gorkýandygyňy bilýärin. Sen öz ýalňyz ogluňy Menden gaýgyrmadyň (GÇ 22:12, nygtama awtoryňky).

Hudaý Ybraýymyň Özünden gorkýandygyny nädip bildi? Ol onuň hatda Hudaýyň hereketlerine düşünmedik ýagdaýynda-da Oňa tabyn bolmaga taýýardygyna düşündi. Ybraýym hatda agyryly we göräýmäge hiç manysy bolmadyk buýrugyň berlen

ýagdaýynda-da tabyn galdy. Hudaý Ybraýymyň Rebbiň islegini hemme zatdan ileri tutuşyna syn edýärdi. Şonda Hudaý onuň “Özümi açyp bilýän we Öz ýüregimi paýlaşyp bilýän adamydygyna” düşündi.

## Hudaýyň ýüze çykan häsiýetleri

Şondan soň Ybraýym başyny galdyryp, gyrymsy agajyň şahalaryna şahy çolaşan bir goçy gördi. Şonda onuň ýüreginden: “Ýahwe ýire” (“Rebbiň dagynda üpjün edilýär” diýmegi aňladýar) diýen sözler atylyp çykdy. Ybraýym Hudaýy Ýahwe ýire hökmünde tanan ilkinji adamdyr. Ybraýymyň hormatyna we tabynlygyna jogap hökmünde Hudaý oňa Özüniň häsiýetiniň täze bir tarapyny – hiç bir adamyň heniz bilmedik bir tarapyny açyp görkezdi.

Siz meni kitaplaryň awtory Jon Biwer hökmünde tanaýaňyz. Käbirleriňiz bolsa meni wagyzçy Jon Biwer hökmünde tanaýaňyz. Ýöne bir aýal bar, onuň aýaly Liza; ol meni ýanýoldaş hökmünde bilýär. Ol meniň iň ýakyn dostum we aýalym, men onuň bilen başgalara hiç aýtmaýan syrlarymy paýlaşýaryn. Biziň üç oglumyz bar we olar meni kakalary hökmünde bilýär. Biziň aragatnaşygymyz diňe kaka bilen ogullarynyň arasynda bolup biläýjek gatnaşyklardyr. Siziň-de durmuşyňyzda kakaňyz, ýanýoldaşyňyz, ogullaryňyz, dostlaryňyz we başgalar bar. Hudaýyň-da köp taraplary, ýagny häsiýetleriniň taraplary bar.

Hudaý Ybraýyma çenli hiç kimiň bilmedik zadyny onuň bilen paýlaşýardy. Reb Ybraýym bilen hatda Öz etjek bolýan zatlaryny-da paýlaşýardy we oňa pikirini aýtmaga ygtyýar berýärdi. Olar käbir meseleleri bile maslahat edýärdiler. Şeýle maslahatlaryň biri Sodom bilen Gomora barada bolupdy. Hudaý: “Etjek bolýan işimi Ybraýymdan gizläýinmi?!” (GÇ 18:17) diýdi. Reb şu meseläni maslahatlaşmak üçin Ybraýymyň ýanyna geldi we Öz dostunyň

pikirine üns berdi, oňa gulak goýdy. Eger Sodomda hiç bolmanda on dogruçyl adam tapylan bolsady, ol heläkçilige uçramazdy. Ýöne bu şäherde hatda şol mukdar-da tapylmady!

## Hudaýýň meýline biperwaý

Ybraýymyň jigisi Lutuň (Mukaddes Kitap ony dogruçyl diýip atlandyrýar; ser. 2 Pet. 2:7) öz agasyndan örän tapawutlanmagy diýseň geň zat. Lut ynsan höweslerine görä ýaşaýan adamdy; ol Hudaýdan gorkmaýardy. Onuň wakasy Ybraýymyň wakasyndan tapawutlanýar. Ol öz ýoluny Ybraýym bilen başlapdy, ýöne ynsan höweslerine ýykgyn edýän ten ruh bilen bile ýaşap başlanda, olaryň arasynda hökman gapma-garşylyk döreýär. Ybraýymy Hudaýýň işleri dünýewi zatlardan has köp gyzyklandyrýardy, şonuň üçin-de otluk ýaýlany saýlamaly bolanda, ol ilkinjilik nobaty Luta berýär. Ybraýym Lutdan artyp galan topraga kaýyl bolmaga taýyndy we onuň saýlan ýeri wagtyň geçmegi bilen mes topraga – süýt bilen balyň akýan topragyna öwrüldi.

Biz şuny okaýarys: “Lut daş-töweregine göz aýlap, Iordan deresiniň bol suwdan ganandygyny gördi” (GÇ 13:10). Şol döwürde Iordan topragy iň arzuwlanylýan we mes toprakly ýurtdy. Lut başyny galdyryp seredende, ýene näme gördi? Ol Sodom bilen Gomora şäherleriniň pislikden doludygyny bilýärdi. Ol, belki, bu topraga seredende, bu şäherleriň çüýrük täsirine düşmezden olaryň baýlygyndan nädip peýdalanyp boljakdygyny kesgitlemäge dyrjaşandyr. Ol şäheriň özünde ýaşaman, öz çadyrlaryny Sodomyň düzlüginde dikmegi ýüregine düwýär. Şeýdip, ol pisligiň ojagyndan hem-ä uzakda bolardy, hem-de bu ülkäniň baýlygyndan, bolelinliginden peýdalanyp bilerdi. Biz şuny okaýarys: “Ybram Kenganda, Lut bolsa Iordan deresindäki galalarda düşlediler. Lut çadyryny Sodomyň çetinde dikdi” (GÇ 13:12). Ýöne pislikden her

näçe gaça dursaň-da, Hudaýdan gorkmadyk ýagdaýyňda, wagtyň geçmegi bilen günä seni özüne dartar. Lut babatda hem hut şeýle boldy: ol çadyryny Sodomyň düzlüginde dikmekden başlapdy, ýöne alty bap soňra biz onuň Sodomda eýýäm öýüniň bardygy barada okaýarys (ser. GÇ 19:2).

Sodom baý we pajarlap ösýän şäherdi. Onuň ilaty öz şäherleriniň ýer ýüzünden ýok ediljek pursadyna çenli sanlyja sagadyň galanyndan bütinleý bihabardylar. Bu sizi geňirgendirmeli zat däl. Sizi howsala salmaly zat – Lutuň hem mundan bihabar bolmagy. Hudaý ony habardar etmek üçin, perişdeleri - rehimdarlyk habarçylaryny iberýär. Hudaýdan gorkýan we Onuň pynhan pikirlerini, meýillerini olar heniz amal edilmänkä eýýäm bilýän Yraýymdan tapawutlylykda, Lut Sodomda öz ýanynda ýaşan günäkärler ýaly biperwaýdy. Ybraýym Hudaýyň dostudy, sebäbi ol Ondan gorkýardy!

## Hakyky Isa Mesih

Ybraýymyň we Lutuň durmuşlaryny Rebden gorkmak babatda öwrenip, bu düşünjäniň kesgitlemesine garap geçeliň. Rebden gorkmaklyk – bu Hudaýyň söýýän zadyny söýmek we Onuň ýigrenýän zadyny ýigrenmek. Onuň üçin wajyp bolan zatlar biziň üçin hem wajyp zatlara öwrülýär, Onuň üçin wajyp bolmadyk zatlar biziň üçin hem wajyp bolmagyny bes edýär. Onuň ileri tutýan zatlary we islegleri biziňkä öwrülýär. Rebden gorkmaklyk Hudaýyň yradasyna we Onuň ähli isleglerine kesgitli tabyn bolmaklykdan belli bolýar.

Mukaddes Ýazga laýyklykda, eger biz Hudaýdan gorksak, Ol bize ýakynlaşyp başlaýar. Biz Oňa ýakynlaşdygymyz saýy, biziň Oňa bolan söýgimiziň güýji artýar. Biz Hudaý baradaky bilimi däl-de, Ony, ýagny Özüni bize açýan diri Hudaýy söýýäris. Eger

biz Rebden örän we hemişe gorkmasak, diňe söýgä uýdugymyz bolar; bu söýgi Hudaýy hakykatdan-da bilýänligi bilen magtanyp bilmez. Biz Ol barada bilýäris, ýöne Ony welin bilmeýäris. Şeýle ýagdaýda biziň duýgularymyz Isa Mesihiň keşbine – biziň aňymyzda dörän keşbine gönügýär, sebäbi biz hakyky Isa Mesihi – Atanyň sag tarapynda Oturany bilmeýäris.

Bu ýagdaýy muşdaklaryň golliwudyň ýyldyzlaryna ýa-da meşhur sportsmenlere bolan söýgüsi bilen deňeşdirse bolar. Olar köpçülikleýin habar beriş serişdelerindäki interwyular ýa-da gazet makalalary arkaly döredilen keşpleri soýýärler. Amerikanlaryň öýlerinde bu meşhur adamlaryň atlary ýygy-ýygydan agzalýar. Men muşdaklaryň öz halaýan adamlary barada edil öz ýakyn dostlary kimin gürrüň berişlerini eşidýärin. Men meşhur adamlaryň şahsy durmuşyndaky wakalary edil öz maşgala agzasynyňky ýaly kabul edýän adamlary gördüm. Ýöne olar durmuşda ýüzbe-ýüz duşan bolsalar, bu meşhur adamlaryň emeli usulda döredilen keşplerinden düýpli tapawutlanýandyklaryny görerdiler. Meşhur adamlar bilen muşdaklaryň özara gatnaşyklary bir taraplaýyn köçedäki hereket ýalydyr. Eger olar durmuşda duşsalar, umumy gyzyklanmalarynyň tapyljagyna şübhelenýärin; olaryň gürleşere-de zady bolmazdy, sebäbi bu adamlar biri-birini bilmeýärler.

Şeýle ýagdaýy men ýygnaklarda hem gördüm. Käbir adamlar Reb barada gürlänlerinde, hamala Ony ýakyndan bilýän ýaly gürleýärler, ýöne olaryň aýdýanlaryny ünslüje diňleseň, olaryň öz Bilmeýänleri barada gürleýändigine düşünýärsiň, sebäbi olar Ony däl-de, Ol barada bilýärler. Olar Ol barada bilýärler, ýöne Onuň sesini eşidip görmändirler. Olar Onuň hereketlerini görýärler, ýöne Onuň ýollaryny bilmeýärler, olar Onuň aýdanlaryny bilýärler, ýöne Onuň näme diýýändigini bilmeýärler.

Men geçen ýyl şeýle adatdan daşary ýagdaýlaryň biriniň

şaýady bolupdym. Biz maşgalamyz bilen Gawaýa adalarynda dynç alýardyk. Men wagt tapawudy sebäpli ir oýanýardym. Günleriň birinde irden dileg edýärkäm, bir adam ýanyma gelip, meniň bilen gürleşip başlady. Ol adany halaýan eken we muny maňa gyzygyp gürrüň bermäge başlady. Ol bu adada “gowuja gyzlaryň bardygyny, olaryň mähirlije we alçajykdygyny” maňa ýüzugra habar berdi. Soňra ol golaýda gatnaşan meýlisi barada gürrüň berdi we başga-da beden mowzuklaryna galtaşyp geçdi. Onuň gürrüňleriniň bary diýseň ahlaksyzdy we ýüzleýdi.

Soňra ol menden näme bilen meşgullanýandygymy sorady. Ol meniň ruhanydygymy eşidende, tolgunyp, Reb barada gürläp başlady. Ol Hoş habary baýkerlere wagyz etmek üçin öz ýygnagynyň gurnan taslamasyna gatnaşandygy aýtdy, soňra bolsa öz çopany barada gürrüň bermäge durdy. Ol Isa Mesihe gelşini gürrüň berdi we hatda ýanyndaky kitapçasyny hem berdi. Soňra ol maňa aýaly bilen çagalarynyň myhmanhanada uklap ýatandyklaryny aýtdy; ol şu zatlary gürrüň berip durka, onuň adadaky alçajyk gyzlar barada tolgunyp gürrüň berşi ýadyma düşdi. Meniň ýüregim para-para boldy, sebäbi bu adam Rebbi bilýändigi babatda ynamlydy, emma onuň bütin durmuşy munuň tersine şaýatlyk edýärdi. Şonuň üçin-de Isa Mesih biziň imanlylary olaryň sözlerinden ýa-da hyzmatyndan däl-de, olaryň berýän miwesinden, ýagny durmuş ýörelgesinden saýgarýandygymyz barada aýdýar (ser. Mat. 7:20–23).

Bu köp mysallaryň diňe biri. Men siziň-de şeýle göz-görtele ýagdaýlara duşandygyňyza ynanýaryn. Şeýle ýagdaýlaryň ählisinde Isa Mesihe iman edýän adamlar kinoýyldyzlaryň muşdaklaryna meňzeýärler. Meniň şeýle adamlara ýüregim awaýar. Olar gutulyşy isleýärler, ýöne dünýewi zatlary söýýärler; olar lezzetlere bolan höwesini, öz maksatlaryny we meýillerini Hudaýyňkydan ileri tutýarlar.

Ýöne başga adamlar hem bar: olar dogrudan-da halas bolanlar, ýöne Lut ýaly, ynsan höweslerine görä ýaşaýarlar. Olar dünýewi işlerine imrigen. Olar Hudaýa hyzmat etmek isleýärler, ýöne işdäleri olary bu dünýäniň gullaryna öwrüpdir. Olar egoistik islegini haça çüýlemeýärler we Isa Mesihiň olaryň durmuşyny arassalamagyna garşylyk görkezýärler. Olar Isa Mesihiň yradasyny bilmäge ymtylmaýarlar we Hudaýyň Şalygyny giňeltmeýärler. Olar halas edilen, ýöne Hudaý bilen ýakyndan gatnaşmaýarlar. Olar heniz-de öz tenlerinden ýasalan perde bilen çäklendirilen daşky howluda ýaşaýarlar, sebäbi bu perde olara täze we diri ýörelgä golaýlaşmaga päsgel berýär. Olar Onuň huzurynyň ýanynda durýarlar we şol bir wagtyň özünde-de Ondan uzakdyrlar.

Daşky howluda ýaşaýan adamlar Hudaýyň olary bu dünýäniň zulumyndan näme üçin boşadandygyna düşünmediler. Olar Hudaýy tanamak üçin ynsana berlen iň ýokary çagyryşy sypdyrdylar. Olar Hudaýyň söýgüsi, ýalkanyşlar, gorag, üpjünçilik we bolelinlik baradaky wagyzlary halaýarlar. Bularyň bary hakyky zatlar, ýöne bu adamlar öz ýürekleriniň ýagdaýyna degişli soraglary eşitmek islemeýärler. Olar teşneligini gandyryp bilmejek zatlary saýladylar we ýüreklerindäki diri çeşmäniň gözbäşynyň deňinden geçip gidýärler.

Biz Hudaýyň biziň bilen ýakyn gatnaşyklary isleýändigine, Onuň mukaddesdigine we Özüni ýaňsylatmaga hiç kime ýol bermejekdigine aň ýetirmeli. Ol bizi Özüne çekmek üçin juda ýokary bahany töledi. Onsoň biz neneň edip bu dünýä bilen dostlaşyp bilýärkäk? Hudaýa ýakynlaşmaga çagyrmazdan öň, Ýakup bize şuny duýdurypdy: “Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi?” (Ýak. 4:4). Ol dünýä bilen dostlugy agtaran ýagdaýymyzda Hudaýa duşman bolýandygymyzy aýdýar. Onuň imanlylara ýüzlenýändigini unutmaň. Pawlus hem örän anyk we aýdyň jümleleri ulanýar: “Çünki Hudaýyň hemmeleri halas

edýän merhemeti äşgär boldy. Bu merhemet bize hudaýsyzlygy we dünýewi höwesleri ret etmegi öwredýär, bu döwürde özümize erk etmegi, dogry ýaşamagy, Hudaýyň ýörelgesine eýermegi ündeýär. Biz bu ýörelgä eýerip, ajaýyp umydymyz bolan beýik Hudaýymyz we Halasgärimiz Isa Mesihiň şan-şöhrat içinde göklerden inmegine garaşýarys" (Tit. 2:11–13). Hut şu sebäpdenem Pawlus bizi "gorka we galpylda gaplanyp, halas bolmaga" çagyrýar.

## Isa Mesihiň dostlary

Biz Onuň dostlugyny kabul eden ýagdaýymyzda Onuň dostlary bolýandygymyz baradaky wagyzlary ýygy-ýygydan eşidýäris. Siz indi Hudaýyň islendik adamy oýlanman, ýüzugra Öz dosty diýip yglan edip bilmeýändigine düşünýän bolsaňyz gerek. Günleriň birinde dileg edýärkäm, Ol maňa şeýle sözler bilen ýüzlendi: "Meniň halkymdan: 'Meniň olara edil özleriniň Maňa wepaly boluşlary ýaly wepaly bolmagymy isleýärmikä?' diýip sora". Isa Mesih ýer ýüzüne her bir adamyň "Göklerden doglanlaryň klubyna" girip bilmegi üçin gelmändi. Ol edil Özüniň olary söýşi ýaly Ony söýýän adamlaryň dostlugyny agtaýar, biz Onuň dostlugyny diňe şeýdip gazanyp bileris. Bu hakykaty Onuň hut Özi tassyklapdy:

> Eger buýruklarymy berjaý etseňiz, Meniň dostlarym bolarsyňyz. (Ýoh. 15:14).

Dostluk babatda Isa Mesihiň kesgitli talaplary bar. Ol: "Eger siz Meniň Isa Mesihdigime ynanýan bolsaňyz, Meniň dostlarym bolarsyňyz" diýmeýär. Biziň görşümiz ýaly, Ol: "Eger buýruklarymy berjaý etseňiz, Meniň dostlarym bolarsyňyz" diýýär.

Biz şu bapda Onuň buýruklaryny berjaý etmekdäki güýjüň we başarnygyň Ondan gorkmaklykda jemlenýändigini eýýäm

agzap geçipdik. Isa Mesih bu barada Ýudas Oňa hyýanat etmäge gidenden soň aýdypdy. Eger indiki aýady okasak, Isa Mesihiň Öz şägirtlerine şeýle ýüzlenýändigni göreris: “Mundan beýläk Men size gul diýmerin” (Ýoh. 15:15). Ol: “Mundan beýläk Men size gul diýmerin” diýdi, diýmek, Onuň olara gul hökmünde garan wagtynyň bolandygyny aňladýar, indi bolsa olar aragatnaşygyň täze derejesine geçdiler. Şu sözlerinden soň Ol şeýle diýýär:

> Sebäbi gul hojaýynynyň näme edýänini bilýän däldir. Men size dost diýýärin, sebäbi Atamdan eşiden ähli zatlarymy size aýtdym (Ýoh. 15:15).

Üns beriň: Rebbiň dostlary Onuň edýänlerini bilýärler. Olar Onuň ýollaryny bilýärler! Näme üçin olara gatnaşygyň ilkibaşyndan däl-de, indi dostlar diýildikä? Sebäbi olar öz wepalylygyny we tabynlygyny işleri arkaly subut etdiler, Oňa eýerip, agyr synaglardan we kynçylyklardan geçdiler, edilen gudratlaryň, alamatlaryň we ýagşylyklaryň şatlygyny bile paýlaşdyrlar. Olaryň wepalylygy tabynlyklary arkaly subut edildi.

Isa Mesihiň aýdýanlary Onuň adyny çagyrýanlaryň hemmesine degişli: “Eger buýruklarymy berjaý etseňiz, Meniň dostlarym bolarsyňyz”. Üns beriň, Ol Onuň dostlugyna diňe Oňa tabyn bolanlaryň mynasyp boljakdygyny aýdýar. Hudaý Özünden gorkýanlar üçin köp merhemeti we ýalkanyşlary taýýarlap goýandygy barada aýdýan aýatlar Zeburda köp.

Hudaý näme üçin çem gelen adamy Öz dosty diýip atlandyrmaýar? Meniň pikirimçe, bizi edepsizlikden, ýuwnuksyzlykdan goramak üçin. Harunyň ogullary we olar ölenden soň Hudaýyň Haruna beren duýduryşy ýatdan çykarmaň. Ol şeýle duýduryş beripdi: “*Hyzmatymy edýän ruhanylar* Meniň mukaddesligime hormat goýmalydyrlar. Bütin halk Meni şöhratlamalydyr”.

Täze Ähtde hem şeýle ýagdaýlaryň biri beýan edilýär. Onda bir adam öz aýaly bilen mukaddes Hudaýyň huzuryna edepsizlik bilen giripdiler. Olar hut şol ýerde, Onuň huzurynda jan berdiler (ser. Res. 5:1–11). Imanlylar Hudaýa hormat goýmazlygyň näderejede çynlakaý zatdygyna düşünende, “tutuş ýygnagy uly gorky gurşap aldy”. Ýene gaýtalaýyn: “Hyzmatymy edýän ruhanylar Meniň mukaddesligime hormat goýmalydyrlar. Bütin halk Meni şöhratlamalydyr”.

Geçen ýyl men täsin bir syry açdym. Dileg wagty men sözleri aýtmakdan saklanyp, ýöne Atamyň belentligi we şanly şöhraty barada oýlanmaga başladym. Men Isa Mesihiň meni Özüne almak üçin gazanan beýik we ajaýyp ýeňşi barada oýlandym. Men Onuň ajaýyp Ruhy barada, Özi bilen gatnaşmak we bolmak üçin meni saýlap alşy barada oýlandym. Bu zatlar aňa sygardan juda uly, bu diýseň ajaýyp!

Şeýle oýlanmalaryň wagty Rebbiň huzuryna doly gaplanmagym üçin maňa sözleri aýtmagyň gerek däldigine ýüze çykardym. Onuň huzuryna şeýle aňsat girip bolýandygyna haýran galyp, bu barada Mukaddes Ruhdan soradym. Ol meniň ýüregime gürläp: “Oglum, Isa Mesih Öz şägirtlerine dileg etmegi öwredende, näme tabşyrdy?” diýip sorady. Men Rebbiň dogasyny gaýtaladym: “Eý, gökdäki Atamyz! Adyň mukaddes bolsun!” Men muňa haýranlar galyp, begenjimden ýaňa: “Ine, hut şeýle!” diýip gygyrdym. Biz hemme zatdan öňürti we ilkibaşdan Ony mukaddes saýmaly: “Adyň mukaddes bolsun!” Biz Onuň huzuryna Oňa mukaddes yzzat-hormat bildirmek arkaly girmeli! Isa Mesihiň bu dogada bize aslynda näme diýýänine aň ýetirmän, ony gör näçe ýyl gaýtalap gezipdirin!

## Ýaşaýyş hazynasynyň açary

Rebden gorkmaklyk – bu Hudaý bilen ýakyn bolmagyň we tutuş durmuşyň açarydyr. Işaýa pygamber bize şeýle diýýär:

Beýikdir ýokarda oturan Reb, adalatdan, dogrulykdan doldurýar Ol Siony. Ol seniň döwürleriň berk binýadydyr, bol danalyk hem bilim bolar; Ol yzygiderli halas eder. Rebden gorkmak halkynyň hazynasydyr (Işa. 33:5, 6).

Rebden gorkmaklyk gutulyş, paýhas we bilim hazynasyny açýar. Näme üçin? Sebäbi bu Hudaýa ýakyn bolmagyň binýadydyr we şeýle ýakynlykda Onuň hazynalary aýan bolýar. Hudaýyň söýgüsi bilen bilelikde ol durmuşyň binýady bolup durýar. Eger bizde Rebden gorkmaklyk bolmasa, biz Hudaýy hakykatdan söýüp bilmeris we Onuň bilen ýakynlygymyza şatlanyp bilmeris.

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Rebden gorkmaklyk we Rebden eýmenmek düşünjelerini öz sözleriňiz bilen nähili düşündirerdiňiz?

2. Şu bapda Hudaýyň dosty Ybraýym bilen onuň doganynyň ogly Lut deňeşdirilýär (ony dogruçyl diýip atlandyrýarlar). Lut pislikden doly Sodom bilen Gomoranyň töweregindäki halan ýerlerini synlanda, olaryň çüýrük täsirine düşmez umydy bilen bu şäherleriň baýlygyndan peýdalanmagyň pikirini edipdi. Sizde haçan hem bolsa şeýle pikirler döräpmidi?

   Rebden gorkmaklyk şeýle heläkçilikli oýlanmalaryň öňüni nädip alyp bilýär?

3. Awtoryň Gawaýdaky duşuşygyndaky ýagdaý siziň durmuşyňyzda bolupmydy? Eger bolan bolsa, siz şonda nähili hereket etdiňiz?

Şeýle duşuşyklar şu kitapda beýan edilen ýagdaýyndaky ýaly seýrek bolupmydy ýa-da ýok? Ýa-da siziň özüňiz şol plýaždaky adam ýaly öz gürrüňleriňiz we hereketleriňiz arkaly ýüregiňiziň şol pursatdaky ýagdaýyny äşgär edipmidiňiz? Siz şeýle ýagdaýlardan nähili netije çykardyňyz ýa-da diňe indi çykaryp başlaýaňyzmy?

4. 24-nji mezmuryň 14-nj aýady (“Reb Öz niýetini Ondan gorkýanlara aýan eýleýär, Ol olara Öz ähtini bildirýär”) arkaly awtor Hudaýyň adam bilen dost bolmak meselesine seresaply çemeleşýändigi we Onuň muny bizi ýuwnuksyzlykdan goramak üçin edýändigi barada aýdýar. Şeýle “ýuwnuksyzlygyň” nähili howpy bar?

7-nji bap

# HAKYKY ÝAKYNLYGA NÄME PÄSGEL BERÝÄR?

Aldanan adamlar Hudaý baradaky bilim bilen özlerine teselli berýärler, aslynda welin Ony tanamaýarlar.

Rebden gorkmaklyk – bu biziň Hudaý bilen ýakynlygymyzyň binýadydyr. Bu hakykat Süleýmanyň pähimleri kitabynyň ilkibaşyndan düşnükli bolýar. Biz şuny okaýarys: "Bilimiň başlangyjy [bilimiň binýady] — Rebden gorkmaklyk" (Sül. 1:7). Nähili bilimiň? Kitabyň awtory muny şeýle düşündirýär:

> Oglum, meniň sözümi kabul edip, buýrugymy kalbyňda saklasaň, danalyga gulak asyp, düşünjä ýüregiňi berseň, hawa, paýhasy çagyrsaň, düşünjä ýalbarsatň, ony kümüş ýaly gözleseň, hazyna dek agtarsaň, şonda Rebden gorkmaklyga akyl ýetirip, *Hudaýy tanamagy* başararsyň (Sül. 2:1–5, nygtama awtoryňky).

Mukaddes Kitabyň adalgalaryna degişli Sözlükde *tanamak* sözi “gatnaşmakçy bolýan adamyň baradaky maglumat” diýip düşündirilýär. Waýnyň sözlüginde *tanamak* sözi “Onuň (Hudaý) bilen amaly we ýakyn gatnaşyň bolmagyny” çaklaýar. Soňra Sözlükde *tanamaklygyň* “Hudaýy tanamagyň we Ondan gorkmagyň arasynda gürrüňsiz paralleliň bardygyny” göz öňüne tutýandygyny aýdýar.

Ýokardaky parçadan siz Rebden gorkmaklygyň Onuň buýruklaryny çuňňur hormatlamakdan mälim bolýandygyna düşünensiňiz. Onuň buýruklaryny hormatlamak – bu Onuň Sözüne gulak goýmagy we ýagdaýlaryň nähilidigine garamazdan, Oňa gulak asmaga taýyn bolmagy aňladýar. Hudaýdan gorkusy bolmadyk adamlar Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolmagy umyt-da etmeli däl, sebäbi Ýakup şeýle adamlaryň “öz-özüni aldaýandygyny” (Ýak. 1:22) aýdýar. Bu adamlar Onuň erkini bilýärler, ýöne ony amal etmeýärler. Aldaw – bu elhenç zat, sebäbi özüni aldanýan adamlar hemme zat ýerbe-ýerdir öýdýär, aslynda welin bu beýle däl. Aldanýan adamlar Hudaý baradaky bilimleri bilen özlerine teselli berýärler, aslynda welin Ony tanamaýarlar.

## Rebbiň ýoýulan keşbi

Rebden gorkmaklygyň bolmadyk ýagdaýynda biz Hudaýy tanap bilmeýäris. Şeýle ýagdaýlarda biziň kalbymyzda ýa-da aňymyzda Onuň ýoýulan keşbi döreýär. Biz Onuň bilen gatnaşsak-da, Ony hormatlap, Oňa dilimiz bilen sežde etsek-de, durmuşymyz Onuň isleglerine laýyk gelmeýär. Muny Ysraýylyň mysalynda görüp bolýar.

Geçen baplarda aýdyp geçişimiz ýaly, Musa öz halkyny Hudaýa getirmek üçin, ony Sinaý dagyna getirýär, ýöne bütin halk “Musa Hudaýyň bolýan tüm garaňkylygyna ýakynlaşanda, uzakda durdy”

(Müs. 20:21). Gynansak-da, olar Hudaý bilen bilen bolmaly bu gudratly we ajaýyp duşuşyga ýürek edip bilmediler. Munuň netijesinde nämeleriň bolardygyny kim bilýär? Olaryň hut Onuň Özüniň aýtjak sözlerini eşitmäge mümkinçilikleri bardy! Ýöne ozal aýdyşymyz ýaly, olar Hudaýyň huzuryna girmek islemediler, olaryň ýüreginde Hudaýdan gorkmaklyk ýokdy, şonuň üçin-de olar Onuň buýruklaryny berjaý etmediler (ser. Kan. 5:29).

Hudaýyň eden tamasy çykmansoň, Ol Özi bilen halkynyň arasynda araçyny belleýär. Ol Musa ýüzlenip, şeýle diýýär: “Aşak düş-de, *Haruny özüň bilen* alyp gel” (Müs. 19:24, nygtama awtoryňky). Hudaý Musa bilen Haruny araçylar hökmünde Öz ýanyna çagyrýar. Olar Hudaýyň sözlerini diňläp, olary adamlara ýetirmelidiler, adamlaryň jogabyny bolsa Hudaýa ýetirmelidiler. Bularyň bary Hudaýyň adam bilen ýakyn gatanaşykda bolmak babatdaky ilkibaşdaky meýlinden düýpli tapawutlanýardy. Biz Müsürden çykyş kitabyny okamagy dowam edip, Musanyň ýene-de daga çykanyny, Harunyň bolsa düşelgä dolananyny görýäris. Ol daga çykyp başlandan soň, näme üçindir düşelgä dolanýar. Näme üçin? Sebäbi ol özüni Hudaýyň huzuryna garanda, adamlaryň arasynda has oňaýly duýýardy. Oňa Rebden gorkmaklyk ýetmezçilik edýärdi. Harun Hudaýdan däl-de, adamlardan has köp gorkýardy, şonuň üçin-de adamlara hyzmat etmegi saýlap aldy. Ol adamlaryň islän zadyny berdi, özem muny örän çalt berdi.

Musanyň daga çykanyna kyrk gün bolup barýardy we biz şuny okaýarys:

> Halk Musanyň dagdan yzyna dolanman, ol ýerde köp eglenenini görüp, Harunyň daşyna üýşdüler we oňa: “Öňbaşçylyk eder ýaly, hany, bize bir hudaý ýasa, çünki bizi Müsürden çykaryp getiren Musa diýen adama näme bolanyny biz bilemzok” diýdiler (Müs. 32:1).

Harunyň öňbaşçylyk peşgeşi bardy, bu peşgeşe kesgitli häsiýetler, mysal üçin, adamlary magnit ýaly özüne çekmek häsiýeti mahsusdyr. Bu peşgeşiň kömegi bilen adam Hudaý bilen bolup-bolmazlygyna garamazdan, beýleki adamlary özüne çeker. Şeýle delil ýygnagyňyzyň müňlerçe agzasynyň bardygyna garamazdan, şol ýerdäki hyzmatlaryňyzda Hudaýyň huzurynyň bolmazlygyny düşündirýär, şeýle ýygnaklarda Hudaýyň islegleri ýoýulan görnüşde beýan edilýär. Hudaýdan gorkusy bolmadyk lider köplenç Hudaý tarapyndan berlen zehinlerini Hudaýyň isleglerini däl-de, adamlaryň isleglerini berjaý etmek üçin ulanýar.

Adamlar Haruna: “Öňbaşçylyk eder ýaly, hany, bize bir hudaý ýasa, çünki ...Musa diýen adama näme bolanyny biz bilemzok” diýip haýyş edip başladylar. Üns beriň, olar “çünki ...Hudaýa näme bolanyny bilemzok” diýmediler. Olar Hudaýy inkär etmediler, olar ýöne Musany derde ýaramsyz hasapladylar.

## Hudaý ýa-da hudaýlar?

Mukaddes Kitabyň asyl nusgasyny öwrenenimde, men hemişe terjimäniň asyl nusga näderejede ýakyndygyny ýüze çykarmaga dyrjaşýaryn. Iňlis diline terjime eden terjimeçiler köplenç hudaýlar diýen sözi ulanýar. Emmä ýewreý dilinde “hudaýlar” *elohiym* bolýar. Köne Ähtde bu söz 2 606 gezek duş gelýär, olardan 2350 gezegi (90%-den ýokary) bu söz biziň hyzmat edýän Gudratygüýçli Hudaýymyzy aňladýar. Gelip çykyş kitabynyň diňe birinji babynyň özünde bu söz otuz iki gezek duşýar we olaryň hemmesinde ol Reb diýmegi aňladýar. Mysal üçin, Mukaddes Kitabyň birinji aýady şeýle ýaňlanýar: “Başda Hudaý [*elohiym*] gögi we ýeri ýaratdy” (GÇ 1:1). Bu ýerde *elohiym* “Hudaý” diýip terjime edilen. Köne Ähtde bu söz takmynan iki ýüz elli gezek ýalan hudaýlary aňlatmak üçin ulanylan. Şoňa görä-de, ýazylan

zada dogry düşünmek üçin, hemişe kontekste garamalydyr.

Harun halka: “Aýallaryňyzyň, ogullaryňyzyň we gyzlaryňyzyň gulaklaryndaky altyn halkalary aýryp, maňa getirip beriň” diýdi (Müs. 32:2). Olar şeýle hem etdiler. “Harun galyp etdi, olaryň altynlaryny eredip, ondan göläniň heýkelini ýasady. Halk muňa: ‘Eý, Ysraýyl, ine, sizi Müsürden çykaran hudaýyňyz şudur!’ diýişdiler” (Müs. 32:4).

Şu ýerde ulanylan ýewreý sözi hudaý bu ýerde hem *elohiym*. Adamlar: “Eý, Ysraýyl, ine, sizi Müsürden çykaran hudaýyňyz şudur!” diýýärdiler. Näme bolandygyny görýäňizmi? Adamlaryň näme diýýändigine has aýdyň düşünmek üçin, geliň indiki aýady okalyň.

Harun muny görende, onuň öňünde gurbanlyk sypasyny ýasady we jar edip: “Ertir *Rebbiň* şanyna baýramçylyk ederis” diýdi (Müs. 32:5, nygtama awtoryňky).

Bu aýatdaky Reb sözi *Jehovah* ýa-da *Yahweh*. Ýahwe – bu Köne Ähtdäki iň mukaddes sözdür. Bu ýeke-täk we hakyky Hudaýyň adydyr. Ol ýalan hudaýy aňlatmak üçin Köne Ähtde hiç haçan ulanylmaýardy. Bu söz şeýle bir mukaddes hasaplanýardy welin, ýewreý kätipleri hatda ony doly ýazmaýardylar. Olar sözdäki hemme çekimlileri aýryp, diňe çekimsiz harplary bilen YHWY diýip ýazýardylar. Ýewreý kätipleri ony mukaddes tetragrammaton – aýdylmaýan dört harpyň utgaşmasy diýip hasaplaýardylar. Bu mukaddes ady sesli aýtmak bolmaýardy we ol Ysraýylda dil ýetirmelerden goralýardy.

Şonuň üçin-de, Harun we Ysraýylyň ogullary aslynda altyn göläniň şekilini görkezip: “Eý, Ysraýyl, ine, sizi Müsürden çykaran Ýahwe şudur!” diýip gygyryşdylar. Olar: “Eý, Ysraýyl, ine, sizi Müsürden çykaran Bagalyňyz şudur!” diýmediler. Olar başga bir ýalan hudaýy hem müsür gulçulygyndan boşadan diýip hasap etmeýärdiler. Olar ýöne göläni Rebleriniň ady bilen atlandyrdylar.

## Seždeden soňky eden-etdilik

Olar Hudaýy ret etmediler, ýöne Onuň şan-şöhratyny ýasan gölereriniň derejesine çenli peseltdiler. Olar hakyky Hudaý baradaky bilimlerinde ýalňyşdylar. Olar heniz-de Ýahwäni Müsürden halas eden we boşadan hökmünde hasaplaýardylar. Olar Onuň şypa beriji güýjüni inkär etmeýärdiler, ýöne Onuň hakyky keşbini özleriniň toslap tapan keşbine çalşypdylar. Soňra näme bolanyny göreliň:

> Ertesi gün halk irden turup, ýakma gurbanlygyny we salamatlyk sadakasyny berdi. Adamlar iýip-içmäge oturdylar, soňra turup oýnaşmaga başladylar (Müs. 32:6).

Üns beriň: olar bu gölä ýakma gurbanlygyny we salamatlyk sadakasyny berdiler. Ýöne gurbanlyk bermek nämä gerek? Bu Ýahwe yzzat-hormat bildirmek üçin edilýär, sebäbi olar Oňa hyzmat etmegi söz beripdiler-ä. Gurbanlyk berlip, sežde edilenden soň, olar oýnaşmaga we ten işdälerini kanagatlandyrmaga başladylar. Mukaddes Kitabyň terjimeleriniň birinde olaryň “içhä-içişlige başlandygy” barada aýdylýar.

Şeýle ýagdaý biziň günlerimizde hem bolup bilermi? Dünýäniň kynçylyklaryndan Onuň halas ediş merhemeti arkaly dynyp, aňlarynda Onuň ýoýulan keşbini saklamak bilen Isa Mesihiň adyny çagyryp, Onuň öňünde hiç bir gorkusy bolmadyk adamlar heniz-de barmyka? Olar Hudaýyň göklerden doglan perzentlerinde döreýän duýgulara şatlanýarlar, Ony öz Rebbi diýip yglan edýärler, ýygnaga gatnaýarlar, gutulyş we azatlyk barada aýdymlar aýdýarlar, wagyzlary diňleýärler, ondan bir sadakany berýärler. Emma ýygnakdan çykanlaryndan soň telekeçilik şertleşiklerinde aldaýarlar we şol bir wagtyň özünde-de telekeçilik işlerini Hudaýyň ýalkandygyna şaýatlyk edýärler.

Olar, belki, öz çopanlarynyň we başga adamlaryň gybatyny edip, muny “bu hakykat, muny hemmeler bilýär” diýen düşünjeleri bilen aklaýarlar. Olar zyna edýärler we başga ahlaksyz hereketleri edýärler, soňra bolsa bularyň baryny halas edilendiklerine garamazdan heniz-de bedende ýaşaýandyklary we anyk mätäçliklerini kanagatlandyrmaly bolýandyklary bilen aklaýarlar. Bu sanawy tükeniksiz dowam edibermeli.

Olar Isa Mesihi tanaýarmy? Olardan sorap görüň, olar hem size joşgunlyk bilen: “Hawa!” diýerler. Olar öz-özlerini aldaýarmy? Olar şindi göklerdäki Belentligiň sag tarapynda Oturana iman edýärlermi? Ýa-da öz aňynda döreden we islän zatlaryny berýäne sežde edýärmi? Ýöne has wajyp zat: şu sözlemlerden öz keşbimizi görýän-ä däldiris?

Biz şuny ýüze çykarýarys: adamlar Hudaýdan gorkmanlarynda, Ony çagyrýarlar, ýöne şol bir wagtyň özünde-de öz ten höweslerine eýerýärler, ten bolsa, bilşimiz ýaly, Hudaý bilen duşmandyr, sebäbi ol Hudaýyň erkine tabyn bolmýar (ser. Rim. 8:5-7). Şeýle adamlar Onuň adyny çagyrsalar-da, Onuň isleglerine tabyn bolmaýarlar, olar Ony tanaýandyklaryny ykrar edýärler we hatda Onuň olaryň hereketlerini oňlaýandygyna tüýs ýürekden ynanýarlar. Olaryň bitabynlygy Rebden gorkularynyň ýoklugyndan başlanýar, bu ähli bitabynlyklaryň köküdir. Bar bela hem olaryň “Isa Mesihi tanaýarys” öýdüp, öz-ölerini aldamagynda jemlenýär.

## Hiç bir zat gizlin däl

Bu pajygaly wakany Mukaddes Kitabyň köp ýerlerinde görmek bolýar. Ol Adam atanyň ogly Kabyldan – Adam atanyň günä etmesiniň yz ýanynda başlapdy. Kabylyň ata-enesi Erem bagynda günä edenlerinde, öz nadanlygy sebäpli öz uýatlaryny injir agajynyň ýapraklary – ýeriň hasyly bilen basyrypdylar. Hudaý

Öz islegine laýyklykda Oňa mallary gurbanlyk bermelidigini olara görkezipdi. Hudaý olara haýwanyň derisinden eşik tikip berdi we meniň pikirimçe, bu haýwanlar goýunlar bolan bolmaly.

Şonuň üçin-de, Kabyla bilimsiz diýip bolmaz, ol Hudaýyň topragyň miwelerini däl-de, mal gurbanlygyny isleýändigini öz ata-enesinden bilýärdi. Ýöne şonda-da biz Mukaddes Kitapda şuny okaýarys: “Birnäçe wagtdan soň Kabyl topragyň miwesinden *Rebbe* sadaka getirdi” (GÇ 4:3, nygtama awtoryňky). Görşümiz ýaly, onuň Hudaýa hyzmat etmekçi bolandygy mese-mälim zat, sebäbi Mukaddes Kitapda onuň öz sadakasyny ýalan hudaýa getirendigi barada aýdylmaýar. Ol Hudaýa öz sadakasyny getirmek üçin yhlasly zähmet çekdi, ýöne şonda-da bu aç-açan bitabynlykdy.

Ýöne bitabynlygyň köki nämede? Ol şol bir zatda – Rebbiň öňünde gorkmazlyk. Bu Hudaýyň Kabyla beren soragyndan düşnükli bolýar, sebäbi Hudaý Kabyldan onuň öldürilen doganynyň nirededigini sorady. Kabyl: “Habarym ýok, men näme doganymyň sakçysymy?” (GÇ 4:9) diýip, gödek jogap berdi. Görşüňiz ýaly, ýsraýyllaryň we olaryň ýasan gölesiniň ýagdaýyndakysy ýaly, Rebden gorkusynyň bolmazlygy Kabyly Hudaýyň keşbiniň kemsidilmesine we Oňa hyzmat etmegiň ýollarynyň ýoýulmasyna eltdi. Kabyl öz-özüni aldamak bilen, Hudaý hamala adam ýaly, Ondan haýsydyr bir zady gizläp bolýandyr öýdýär. Hudaýyň keşbi Kabylyň nazarynda ynsan derejesine çenli peseldilen. Pawlus ahyrky günlerde ählimiziň şeýle ýagdaýy ýygy-ýygydan görjekdigimizi berk duýduryp, şeýle diýýär: “Olar Hudaý hakda bilseler-de, Ony Hudaý hökmünde şöhratlandyrmadylar,..baky Hudaýa sežde etmän, pany adamyň.. keşbindäki butlara sežde etdiler” (Rim. 1:21–23). Kabylyň ýagdaýynda bolşy ýaly, Rebden gorkmaklygyň bolmazlygy

adamlary öz-özlerini aldamaklyga eltýär we olar özleriniň ahlaksyz ýollaryny Hudaýyň görmeýänligine ynanyp başlaýarlar.

Kabylyň beren jogabyna garasak, ol Hudaýdan hiç bir zady gizläp bolmaýandygyny unudana meňzeýär. Hudaý adam däl, Ol hemme zady görýär we bilýär. Biz Hudaýdan gorkmagymyzy bes edenimizde, biziň ruhy parasatlylygymyz hem ýitirim bolýar, sebäbi hatda iň barypýatan günäkär-de öz pitnesini we garşylygyny Hudaýyň görýändigini bilýär. Hudaý baradaky bilime eýe bolup-de, Ondan gorkmaýan adamlar: “Reb görmeýär” (Ezek. 9:9) ýa-da göräýende-de, belki, hemme zada düşüner we bagyşlar diýip, ýalan umytlar bilen özlerine teselli berýärler. Hatda ýygnak ýolbaşçylarynyň käbirini bu topardan aýryp bolmaz. Hudaý şeýle diýýär: “Eý, ynsan ogly! Ysraýyl ýaşulularynyň... näme edýänini gördüňmi? Olar Reb bizi görmeýär, Reb ýurdy terk etdi diýýärler” (Ezek. 8:12).

Eýsem biz Isa Mesihiň Hudaýdan gorkmalydygy baradaky berk tabşyrygyny unudaýdykmy? Sebäbi Ol şeýle diýipdi: “Ýapyk bolup, üsti açylmajak, gizlin bolup, bilinmejek zat ýokdur” (Luk. 12:2). Ýöne biz Hudaýdan gorkmagy bes edenimizde, Ony öz derejämize çenli peseldip, haýsydyr bir zady Ondan gizläp bolar öýdýäris. Eger şeýle adamlardan Gudratygüýçliniň şol bir wagtyň özünde ähli ýerde bolýanlygy we ähli zady bilýänligi barada sorasak, olar Hudaýyň bu häsiýetleri bilen berk we doly ylalaşarlar. Ýöne içlerinden welin Onuň ajaýyplygyny unudýarlar, sebäbi eger muňa düşünýän bolsadylar, Ondan hiç bir zady gizlemezdiler ýa-da ýaşyrmazdylar. Olar dogruçyl adamlardan köp zatlary ýaşyrýarlar we bu babatda köplenç niýetleri başa barýar, ýöne “Rebbiň gözleriniň hemme ýerdedigini, ýamana-ýagşa bakýandygyny” (Sül. 15:3) unudýarlar.

## Aslynda bolmadyk tabynlygyňa ynanmak

Her nähili bolsa-da, biziň wakamyz munuň bilen tamamlanmaýar. Öz-özüni aldamaklyk soňabaka adamy tabyn ýaşaýandygyna ynandyrýar, aslynda welin bu beýle däldir. Mysal hökmünde Dawudyň neslinden bolan Uzyýa patyşanyň durmuşyny alyp bolar. Ol on alty ýaşyndaka, kakasy Amazýa aradan çykýar we Uzyýa onuň ýerine Yahudanyň patyşasy bolýar. Ýaş ýigit on alty ýaşynda patyşa bolanda, eger paýhasy bar bolsa, Hudaýy agtaryp başlaýar. Uzyýa hut şeýle hem edýär. Netijede ol pajarlap başlaýar. Ol köp ýyllaryň dowamynda öz şalygynyň bolelinligine we abadanlygyna guwanyp gezýär. Soňra bolsa biz şuny okaýarys: “Onuň şan-şöhraty uzaklara ýaýrady. Oňa uly ýardam edilip, ol juda güýçlendi” (2 ÝÝ 26:15).

Uzyýa kuwwatlanyp güýçlenende, onuň ýüregi tekepbirlenip, ulumsylykdan dolýar. Tekepbirlik bilen Hudaýdan gorkmaklyk biri-birine gapma-garşy zatlar. Adamyň ýüreginde mukaddes gorkynyň bolmadyk ýagdaýynda onda tekepbirlik döreýär. Soňra näme bolandygyny ünsli okaň:

> Uzyýa kuwwatlananda, gopbamlyk edip, heläkçilige uçrady. Ol Hudaýy Rebbe haýynlyk etdi, ol ýakymly ysly tütetgi sypasynda tütetgi ýakmak üçin Rebbiň ybadathanasyna girdi. Ruhany Azarýa Rebbiň segsen batyr ruhanysy bilen Uzyýanyň yzyndan girdi. Olar Uzyýa patyşa garşy çykyp, oňa şeýle diýdiler: “Eý, Uzyýa, Rebbe ýakymly ysly tütetgi ýakmak seniň işiň däl, ol Harunyň neslinden bolan, mukaddes edilen ruhanylaryň işidir. Sen mukaddes öýden çyk, çünki sen hyýanat etdiň. Bu iş saňa Hudaýymyz Rebden hormat getirmez”. Uzyýa gazaplandy; ol ýakymly ysly tütetgi ýakylýan sypanyň ýanynda, Rebbiň öýündäki ruhanylaryň öňünde tütetgi ýakmak üçin durdy.

> Ol ruhanylara gazaplananda, onuň maňlaýynda deri keseli peýda boldy (2 ÝÝ 26:16–19).

Şu babatda şeýle soragy orta atmaly: Uzyýanyň ýüregi tekepbirlikden dolanda, onuň takwalygy artdymy ýa peseldi? Şu soragy auditoriýa berenimde, olaryň köpüsi onuň takwalygynyň peselendigini aýdýarlar. Emma bu o diýen dogry däl, sebäbi Uzyýa Hudaýa *sežde etmek* üçin, ybadathana ugraýar. Aslynda, ol öz hereketlerinde has takwa (ýa has dinçi) boldy. Siz şeýle ýagdalarda köplenç yhlasly takwalagyň we tekepbirligiň el-ele berip barşyny, özem birek-bireginiň aýbyny basyryşyny ýüze çykararsyňyz. Tekepbirlik adamlara özleriniň dinçidigini boýun almaga ýol bermeýär, dinçilik bolsa tekepbirligi ýalan takwalyk perdesi bilen basyrýar. Bularyň ikisem Hudaýdan gorkulmaýanlygynyň we Oňa hakyky tabynlygyň ýoklugynyň alamatydyr.

Üns beriň, Uzyýany paş edenlerinde, ol hakykaty eşidip, gahar-gazaba mündi. Kabylyň hem aýbyny paş edenlerinde, ol şeýle hereket edipdi. Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär: “Kabylyň muňa gaty gahary gelip (Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki terjimesinde: “Kabyl gahar-gazaba mündi” — *bellik awtoryňky*), ýüzüni sallady” (GÇ 4:5). Kabyl Hudaýa gazaplandy! Eger siz Rebden gorkusy bolmadyk adamlara olaryň bitabyndygyny paş etseňiz, olar hökman gaharlanarlar. Näme üçin? Sebäbi olar özlerini dogry hereket edýän diýip hasaplaýarlar. Ýöne olar öz-özlerini aldaýarlar, aldanmak bolsa ýalňyşýan wagtyňda-da özüňkini dogry hasaplamagy aňladýar.

Eger Uzyýa özüni nähak hasaplan bolsa, ruhanalara näme üçin gazaplandy? Ol ybadathana sežde etmäge geldi, ýöne Harunyň ogullary ýaly, Hudaýyň buýruklaryna äsgermezçilik etdi we Onuň keşbini öz nazarynda peseltdi. Ol öz bitabynlygy zerarly

hereketlerini Hudaýyň kanunyna görä sazlamady. Göräýmäge, ol Hudaýa ýakynlaşmak isleýän ýalydy, aslynda welin sežde etmekçi Bolýanyndan uzaklaşýardy.

Hudaý bilen yakynlygy ykrar etseler-de, durmuş ýörelgeleri Onuň yradasyna gabat gelmeýän adamlaryň ýygnaklarymyzda näme üçin şeýle köpdügi indi düşnükli bolup galýar. Edil şu wagt orta alyp maslahatlaşýan prinsiplerimize düşünmesek, şeýle adamlaryň alýan aýanlyklary – Hudaýyň Sözüniň hakykatyna çapraz gelýän aýanlyklary baradaky şaýatlyklaryna diňlemeden ýaňa aňymyz aňka-taňka bolar. Olar doga-dilegden soň Hudaýyň sylamaly diýip buýran ruhany hyzmatçylaryny neneň edip tankyplap bilýärkä? Eger siz ýüregiňizi daşa baglap, olara Mukaddes Ýazgynyň bu babatda näme diýýändigini ýatlatmaga milt etseňiz, olar gaharlanarlar. Olar siz ýalňyşýarsyňyz, ruhulygyňyz ýeterlik däl diýip hasaplaýarlar, aslynda welin Onuň ýolundan hut özleri azaşandyrlar.

Hudaýdan aýanlyk alandyrlar öýdüp, olary meniň bilen paýlaşan adamlar bilen ruhany hökmünde köp gezek söhbetdeş boldum. Şeýle aýanlyklardan ýaňa ruhum gaýgylanýardy. Bu adamlar öz aýanlyklarynyň Hudaýdan alandygyna berk ynanýandygyna garamazdan, meniň Mukaddes Ýazgydan mysal getirmekçi bolan subutlarymy diňlemekden kes-kelläm boýun gaçyrýardylar. Olar diňe maňa däl, eýsem olara kömek etmekçi bolýanlaryň hemmesine-de şeýle garaýardylar.

Olar özleriniňkini dogry etmekçi bolup, Mukaddes Kitapdaky aýatlary – kontekstden sogrulap alnan aýatlary mysal getirýärdiler we öz alan aýanlyklary barada maslahatlaşmak islemeýärdiler. Şondan soň olar menden gaça durýardylar we özlerine kömek etmekçi bolýanlar bilen gatnaşygy kesýärdiler, sebäbi biz olaryň nazarynda ruhy adamlar bolmagymyzy bes edýärdik. Wagtyň geçmegi bilen olaryň özleri-de saýlan ýollarynyň Hudaýyň

erkine gabat gelmeýändigine, eden tamalarynyň çykmandygyna göz ýetirýärdiler. Olar Isa Mesihi däl-de, öz hyýallarynyň sesini eşidendigine düşünip başlaýardylar. Eýsem olar Hudaýa ýakynlaşmak isleginde öz-özlerini aldaýdymyka? Şeýle aldaw diňe lapykeçlige eltýändir.

## Hudaýa butparazyň ýüregi bilen ýakynlaşmak

Şeýle aldawa düşmezligiň täri bar, ol Hudaýdan gorkmaklykda jemlenýär. Biz Hudaýdan gorkanymyzda, Onuň huzuryna boşan ýüregimiz bilen barýarys, Onuň ündew-öwüt sözlerine gulak goýmaga taýyn bolýarys. Biz öz düşünjämize ýa-da egoistik isleglerimize daýanmaýarys, tersine, diňe Onuň erkini amal etmegi küýseýäris.

Rebbiň yradasyna laýyk gelmeýän, aýratyn-da Onuň Öz yradasyny bize eýýäm aýan eden ýagdaýynda Onuň huzuryna öz güýçli isleglerimiz bilen barmaklyk akmaklyk we iň howply işdir. Şeýle hereket adamy öz-özüni aldamagyň indiki derejesine, özem iň aýňaldyjy derejesine elter. Öz-özüni aldamagyň bu derejesi Hudaýyň dilän zatlamyzyň baryny dogrudan-da berýänliginden ýa-da şony almaga ygtyýar edýänliginden ybarat:

> Onsoň maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: "Eý, ynsan ogly! Bu adamlaryň ýüregi butlara baglandy. Günä edip, büdreme daşyny öz öňlerinde goýdular. Heý şundan soň hem Men bulara Özüme maslahat saldyrarynmy?" (Ezek. 14:2, 3).

Reb gynandy, sebäbi Onuň halky ýöremeli ýoluny bilmek we Ondan maslahat, paýhas almak üçin Onuň ýanyna gelipdi, ýöne ýüreklerinde welin butlar gizlenilgidi. Rebbiň öňünde öz ýürekleriniň murdardygyna adamlaryň düşünip-düşümänligi ýa-da hakykatyň olardan gizlenip-gizlenilmändigi aýdyň däl. Butlara

sygynmaklyk olary büdredýärdi we pis işlere ulaşdyrýardy. Ýewreý dilinde "*pislik*" sözi — *awon*, ol Hudaýyň yradasyny bilgeşleýin ýa-da bilmezden bozmaklygy aňladýar.

Üns beriň: Hudaý olaryň öz butlaryny howlularynda, otaglarynda we öýlerinde goýandygy barada aýtmaýar. Butparazlyk olaryň ýüregine ornaşypdyr. Ýadyňyzda bolsa, butparazlyk diňe bir ýalan hudaýyň adyny çagyrmak bilen çäklenmeýär. Ozal belläp geçişimiz ýaly, ýürekde Hudaýyň ýoýulan keşbiniň döredilmegi we hakyky Hudaýy toslama butuň – islän zatlarymyzyň baryny beräýmeli butuň derejesine çenli peseltmeklik hem butparazlykdyr. Açgözlük butparazlygyň köküdir. Täze Äht şuny ykrar edýär:

> Şonuň üçin hem dünýewi tebigatyňyza mahsus bolan azgynlygy, ahlaksyzlygy, haram keýpi, *pis höwesleri we butparazlyk bilen deň hasaplanýan açgözlügi* öldüriň (Kol. 3:5, nygtama awtoryňky).

Efeslilere ýazan hatynda (5:5) Pawlus ýene-de açgözlük barada aýdýar, ol butparazlykdyr. Butparazlygyň açgözlügi aňladýandygy aýdyň zat, şonuň üçin-de, geliň, *açgözlük* sözüň kesgitlemesini tapalyň. Webster bu sözüň "kesgitli bir zady edinmegi ýa-da oňa eýe bolmagy güýçli islemek" diýip düşündirýär. Men Rebbe dileg edip, bu sözüň kesgitlemesini bermegini soradym. Ol maňa: "*açgözlük* – bu haýsydyr bir zady gazanmaga ymtylmak" diýip jogap berdi.

Bu kesgitleme diňe pul edinmek islegi bilen çäklenmeýär. Muňa emläk, jemgyýetdäki orun, amatly şertler, jynsy azgynlyk we ş.m. zatlar degişlidir. *Açgözlük* – bu özümizdäki zatlara kanagat etmeýänligimiz zerarly düşýän ýagdaýymyzdyr. Biz köpden-köp isleýäris, sebäbi biz Hudaýyň berýän zatlaryndan

rahatlyk bilen asudalygy tapamzok. Bilip ýa-da bilmezden, biz Onuň öz durmuşymyz babatdaky meýline we niýetine garşylyk görkezýäris. Hut şu sebäpden bize şeýle diýilýär: “Puluň yşgyna düşmäň. Eliňizdäki baryna kanagat ediň. Sebäbi Hudaý: ‘Men sizi hiç wagt ýeke taşlamaryn, terk etmerin’ diýdi” (Ýew. 13:5). Biz “Huzuryňda şatlyk meni doldurar. Sagyňda hem begenç meni doldurar” (Zeb. 15:11) diýlene tüýs ýürekden iman edenimizde, kanagatlanmany Onuň huzuryndan ýa-da Onuň durmuşymyz üçin niýetlän meýlinden başga ýerde agtarmarys.

Açgözlük nägilelik bilen aladaçyllygyň arasynda mesgen tutup, ýeňles isleglerden iýmitlenýändir. Ysraýylyň ogullary Müsürden çykan wagtynda olar babatda hut şony-da aýdyp bolar. Hudaýyň olara Öz erkini aýan edendigine garamazdan, olar hemişe özleriniň iň gowy hasaplan zatlaryny isleýärdiler. Olary wada berlen ýurtdaky ýaşaýşa taýynlamak üçin, Hudaý olara ýol görkezdi, emma olar ony halamadylar. Olar ýaşaýyş şertlerinden, suwuň, iýmitiň we ş.m. zatlaryň bolmazlygyndan zeýrenýärdiler. Olara mukaddes gorky ýetmezçilik edýärdi, şonuň üçin-de ýürekleri açgözlügi ýetişdirýän topraga öwrüldi. Hudaý olara Özüni aýan edende, olar Onuň huzuryndan gizlenmäge howlukdylar, sebäbi olar lezzete bolan pynhan höweslerini Ondan gizlemek islediler, olar bu höweslerini Hudaýyň isleglerinden ileri tutýardylar.

Reb Musa bilen ikiçäk galanda, halk özi üçin olaryň açgöz isleglerini kanagatlandyryp biljek hudaýy döretdiler. Belläp geçmeli gyzykly fakt: olar üçin hemme zat altynyň daşynda pyrlanýardy. Olaryň pula bolan söýgüsi äşgärdi, olar Onuň isleginden dogruçyl kanagatlanmany tapmaýardylar. Olar öz-özlerini aldamagyň goýy dumanynda hereket edýärdiler.

Ýene belläp geçmeli zat: açgözlük butparazlygyň başga görnüşleriniň hem köki bolup durýandyr. Adamlaryň hemmesi

Hudaýa sežde etmek dogabitdi islegi bilen ýaradylandyr. Emma olaryň köpüsi hakyky Ýarada tabyn bolasy gelmeýär. Şonuň üçin-de olar ýalan hudaýlara gidýärler. Ýalan hudaýlar nireden gelýär? Olary adamyň özi döredýär. Adam öz islän zadyny oňa berýän ýalan hudaýa sežde edýär. Açgözlük – bu ýerde hem meseläniň kökidir.

Her nähili hem bolsa-da, her nähili keşbe girseler-de, butlar adam üçin kanagatlanmanyň gözbaşyna öwrülýär. Bu butlar diňe Hudaýyň eýelemäge hakly bolan orunlaryny eýeleýärler. But bagtyýarlygyň, oňat şertleriň, parahatlygyň, üpjünçiligiň we ş.m. zatlaryň gözbaşyna öwrülýär. Hudaý: "Özüňize butlar ýasamaň" diýýär (Lew. 26:1). Biz butlary özümiz döredýäris. Durmuşymyzda Hudaýdan ileri tutýan her bir zadymyz buta öwrülýär. Bu Rebden ileri söýýän, ynanýan, diňleýän, isleýän zadymyzdyr. But – bu güýç alýan zadymyz ýa-da, tersine, ähli güýjümizi sarp edýän zadymyz. Imanlynyň ýüregi nägilelikden dolanda we kanagatlanmany Hudaýyň öz durmuşy babatdaky erkinden daşarda bolan zatlardan agtaryp başlanda, butparazlyga uçraýar. Munuň netijesinde bolsa ýene-de şol bir açgözlük döreýär.

## Açgözlüge görä berilýän jogap

Hudaýyň Ezekiýel pygamber arkaly aýdan sözlerine dolanalyň. Hudaý Öz halkynyň kömek soramak üçin Onuň ýanyna butlara gaplanan ýürekleri bilen gelýändigine gynanýar. Halk özüniň egoistik isleglerini Hudaýyň kanagatlandyrmagyny isleýär, ýöne Onuň yradasyny bilmäge welin ymtylmaýar. Bu ýagdaý ýetginjekleriň düşýän ýagaýyndan o diýen bir tapawutlanmaýar: olar ata-enesiniň paýhasly maslahatyna gulak asmakdan boýun towlap, diňe öz etjek bolýan zatlaryna olaryň päsgel bermezligini isleýärler. Ýetginjekler öz ata-enesiniň paýhaslydygyna, baý

tejribeleriniň bardygyna we öz çagalary üçin iň oňat zatlary isleýändigine düşünmeýärler. Hudaý Ezekiýele aýňaldyjy we howsalaly jogaby berdi. Ol pygambere: "Ýüregini butlara baglan, ... soň hem pygamberiň ýanyna baran her bir ysraýylla, Men-Reb butlarynyň köplügine laýyklykda Özüm jogap bererin" (Ezek. 14:4) – diýip, kesgitli aýtdy. Mukaddes Kitabyň Täze amerikan standart terjimesinde bu aýat şeýle berilýär: "Men-Reb oňa onuň ýüregindäki butlaryň köplügine görä jogap bererin". Başga sözler bilen aýdylanda, Hudaýyň jogabynyň şeýle manysy bar: "Men-Reb oňa onuň açgöz isleglerine görä jogap bererin".

## Hudaýyň azaşan bendesi

Bu aýratyn-da Bilgamyň wakasynda mese-mälim görünär. Ol ýalan hudaýyň däl-de, Rebbiň, biziň hyzmat edýän hakyky Hudaýymyzyň beýik pygamberidi. Onuň pygamberlik hyzmaty şeýle bir güýçli bolansoň, ol barada patyşalaryň ählisi eşidýär. Şeýle patyşalaryň biri-de Mowabyň we Midýanyň patyşasy Ballakdy.

Mowap bilen Midiýanyň ilaty örän gorkýardy, sebäbi Ysraýyl ýaňy dünýäniň iň güýçli şalygyny – Müsüri uruşda ýeňipdi. Ysraýyllar indi gelip, Mowabyň düzlüginde düşlediler. Mowabyň ilaty eger ysraýyllar Müsüri şeýle çalt ýeňen bolsalar, Mowabyň hiç bir umudynyň ýokdugy barada gürrüň edýärdiler. Gorky bütin ýurda ýaýrap, ahyrda patyşanyň köşgüne-de ýetýär.

Şonda patyşanyň kellesine bir pikir gelýär. Ol beýik pygamber Bilgamyň ýalkan her bir zadynyň ýalkanjakdygyna we näletlän zadynyň-da näletlenjekdigine düşünýärdi. Ol at-abraýly adamlary baý sowgatlar bilen Bilgamyň ýanyna iberýär we Mowap beýikliginde patyşanyň ýanynda durup, ysraýyllary näletmegi üçin, onuň bu adamlar bilen öz ýanyna gelmegini haýyş edýär.

Patyşanyň teklibi Bilgamy gyzykdyrýar. Ol gelen adamlara şeýle diýýär: “Gijäni şu ýerde geçiriň, Reb maňa näme diýse, men ony size ýetirerin” (Çöl. 22:8). Onuň jogabyny häziki günde köp imanlylaryň berýän jogaby bilen deňeşdirse bolýar: “Bu mesele barada dileg edip, Rebbiň maňa aýtjak zadyny eşitmäge rugsat beriň”.

Hudaý Bilgama görnüp: “Seniň ýanyňdaky adamlar kim?” diýip sorady. Başga sözler bilen aýdylanda: “Saňa bu zatlar barada dileg etmek nämäňe gerek? Bu adamlar Meniň bilen äht baglaşmadylar, olar Meniň ýalkan halkymy näletlemek isleýär-ä! Sen bu zatlary aslynda Menden näme üçin soraýaň?”

Biz şu hakykaty häzirki günde hem hakydamyzda saklamaly. Biziň hatda dileg-de etmeli däl zatlarymyz bar! Biz Hudaýa şolar ýaly soragy bermänkäk, eýýäm Onuň bize näme jogap berjekdigini bilmeli. Ýetginjek ogullarym ozal bir gezekde we hemişelik olara gadagan eden zatlarymy sorap, gaýtadan ýanyma gelenlerinde, bu göwnüme ýaramaýar. Men: “Olar muny näme üçin soraýar-aý?” diýip, içimden hüňürdeýärin we olaryň eşitmekçi bolýan jogaplaryny ýene bir gezek kesgitli gaýtalaýaryn. Olar muny meniň sözümiň durmuşyň bu çäginde özleri üçin kanun ýa-da çäklendirme bolup durýandygy üçin soraýarlar.

Bilgama dolanalyň; men oňa teklip edilen sylagyň we Mowap bilen Midiýa halkynyň arasynda eýeläýjek ornunyň hakykatdan-da gyzykdyryjy bolandygyny çaklaýaryn. Eýsem pula we at-abraýa bolan höwesi Bilgamyň gözüni gapaýarmyka? Oňa dürs pikir etmäge päsgel beräýermikä?

Rehim-şepagatdan doly Hudaý belki, şeýle pikir edendir: “Bolýa, Bilgam, sen hiç zat düşünmänligiň ýa-da düşünmek islemeýänligiň üçin, Men saňa Öz yradamy ap-aýdyň görkezjek”. Soňra Ol şeýle diýýär: “Sen bular bilen gitme! Bu halky näletleme,

çünki ol halk ýalkanandyr!” (aýat 12). Saňa indi düşnükli gerek? Hudaý gürlände, Onuň sözleriniň hemişe aýdyň, düşnükli we iki manyly däldigine men birwagt düşündim. Biziň özümiz adatça hemme zady gümürtikläp çylşyrymlaşdyrmaga ýykgyn edýäris.

Bilgam tabyn bolýar we ertesi gün myhmanlary ýola salyp, olara şeýle diýýär: “Öz ýurduňyza dolanyň, sebäbi Reb maňa siziň bilen gitmäge *rugsat bermedi*”(aýat 13, nygtma awtoryňky). Onuň tabyn bolandygyna garamazdan, onuň sesinde, aýratyn-da “Reb rugsat bermedi” diýen sözlerinde gynanç äheňi eşidilýär. Şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip görüň: ýaş, görmegeý, üstünlikli, ýöne abraýdan düşen bir ýigit ýetginjek gyzy diskoteka çagyrýar. Ol bu ýigidiň oňa üns berendigine begenip, onuň bilen gitmäge rugsat bermegi üçin kakasyna ýalbarýar. Kakasy ony söýýänligi we borjunyň bardygy sebäpli onuň haýyşyny sypaýydan berk ret edýär. Gyz gynanyp, ýaş ýigide: “Men gidip bilmeýärin, ata-enem rugsat bermedi” diýýär. Aslynda welin ol şeýle diýýär: “Meniň ata-enem ‘ýok’ diýýär, ýöne eger men çözýän bolsadym, men ‘hawa’ diýerdim”. Ol diňe ata-enesi razy bolmanlygy üçin gitmeýär. Onuň gidesi gelýär, ýöne ata-enesiniň gadagan etmegi oňa özüniň açgöz islegini kanagatlandyrmaga ýol bermeýär. Gynansak-da, eger ol ata-enesiniň ýüreginiň ýagdaýyna düşünmese, iru-giç bu ýigit bilen gitmäge mümkinçilik tapar we bu erbet tamamlanar diýse-de bolar.

Bilgamyň pula garaýşy sagdyn däldi. Ol açgözlügiň girdabyna gaplanandy. Ol wezipesiniň ýokary, emläginiň bolsa köp bolmagyny isleýärdi. Ol gulak asdy, ýöne muny göwünli-göwünsiz etdi. Hudaýyň sözi onuň üçin şatlyk däl-de, çäklendirmedi, sebäbi ol aslynda isleýän zadyny alyp bilmedi.

## Öz pis höwesleriňe çolaşmak

Mowap bilen Midiýanyň ýaşulalary patyşanyň ýanyna dolanyp baransoňlar, oňa: “Bilgam biziň bilen gaýdasy gelmedi” diýip habar berdiler. Ýöne bu habar patyşany togtatmady. Ol has uly sylaglar we has baý sowgatlar bilen ýurduň derejeli emeldarlaryny we asylzadalaryny iberdi.

Ballak näme üçin şeýle etdi? Meniň pikirimçe oňa şeýtan güýçleri itergi beren bolmaly. Men näme üçin şeýle diýýärin? Sebäbi Mukaddes Kitap şeýle düşündirýär: “Her kim öz *pis höweslerine çolaşýandyr* we aldanyp synaga düşýändir” (Ýak. 1:14, nygtama awtoryňky). Iki zada üns beriň. Birinjiden, öz pis höwesleri. Bizi gurşap alýan we Hudaýyň erkine garşy çykýan islendik güýçli isleg – pis höwes, diýmek, butparazlykdyr. Ikinjiden, çolaşmak sözi. Bu duşmanyň edýän zady: ol çolaşdyrýar. Ýöne, üns beriň, islemeýän zadyňa çolaşmak mümkin däl. Eger siz ýygnagyň agzalaryna lezzet çekdirmek üçin güýçli neşäni teklip etseňiz, olaryň bary hiç ikirjeňlenmän, teklibiňizden ýüz öwrerler. Näme üçin? Olaryň neşäni almaga jinnik ýaly-da islegi bolmaz. Islemeýän zadyňa çolaşmak mümkin däl. Ýöne welin heniz-de Haçyň astyna salmadyk islegleriňize çolaşyp bolýandyr. Biz küýseýän ýa-da başga sözler bilen aýdylanda, *güýçli* isleýän zadymyza çolaşyp bilýäris.

Duşman pygamberiň puly, derejäni halaýandygyny bilýärdi we şonuň üçin-de näletkerde patyşany başga adamlary baý sowgatlar bilen ibermäge höweslendirýär. Soňky gelen wekillere Bilgamyň islendik islegini kanagatlandyrmaga rugsat berlendi. Olar Bilgama patyşanyň: “Göwnüňiň islän zadyny bitirerin” diýen sözlerini ýetirýärler. Beý-bä, gör nähili teklip! Goňşyňda bar bolan ýa ýok zady almak bir zat, patyşadan göwnüňiň islän zadyny almak, aýratynam, gowşak damaryň patyşanyň güýjüniň çäginde ýerleşýän bolsa, bütinleý başga zat. Ýöne Bilgamyň beren jogabyna gulak goýuň:

> Ballak hatda öz öýündäki altyn-kümşüň baryny berse-de, men Hudaýym Rebbiň emrini bozup, hiç hili uly ýa-da kiçi iş *edip bilmerin* (Çöl. 22:18, nygtama awtoryňky).

Adamlaryň köpüsi Bilgamyň tabynlygyny halap-da bilerdi. Emma biz ýene-de seresaply saýlanylyp aýdylýan sözleri eşidýäris, sebäbi ol “edip bilmerin” diýýär. Onuň küýseýän zatlarynyň amal bolmagyna ýene-de Rebbiň erki böwet bolýar. Bilgam häzirki günde ýygnaga gatnaşýan köp adamlaryň bilýän zadyny bilýärdi. *Hudaýyň erkini bilgeşleýin bozup-da, ýalkanmagy dowam etmek mümkin däl*. Şeýle-de ol şu döwürdäki imanlylaryň takmynan ýarysynyň bilýänini bilýärdi: Hudaýyň erkini bilgeşleýin bozýan adamlar jezadan gutulmazlar. Emma käwagt şeýle maglumatyň özi-de adamy ýaramaz zatlara eltmäge ýeterlik bolýar. Sebäbi isleýän zadyňyzy Hudaýyň erki zerarly alyp bilmeýän bolsaňyz, siz hut şol zady “Hudaýyň erkine görä” almak üçin, öwrümli ýollary agtaryp başlaýarsyňyz. Munuň mysaly hökmünde Bilgamyň ýagdaýyna seredeliň:

> Gowusy siz hem bu gije şu ýerde galyň. Men Rebbiň maňa ýene näme diýjegini bileýin (Çöl. 22:19).

Siz şuny eşidýäňizmi? “Rebbiň maňa ýene näme diýjegini bileýin”. Ol has baý sowgatlar Hudaýyň kararyny üýtgeder öýtdümikä? Ýa-da Bilgam Rebbiň birinji gezekdäki jogaby onuň üçin has baý sowagtlara garaşany bilen bagly diýip pikir etdimikä?

Bilgama bu adamlar barada ýene dileg etmek nämesine gerekdi? Görşüňiz ýaly, ol heniz-de özüniň şeýle küýseýän zadyny almagyň ýoluny agtarýar. Onuň güýçli islegi onuň dürs pikir etmek ukybyndan öňe geçýär. Şu wagt ol üstünlikli ýaş ýigit bilen gitmek üçin ata-enesine ýalbarýan şol ýetginjek gyzdan hiç tapawudy ýok. Bilgam tekepbir we bitabyn, ol Hudaýyň erkini göwünjeňlik

bilen edesi gelmeýär, sebäbi Rebbiň erki onuň açgöz ýüreginiň isleglerine çapraz gelýär. Ýa-da, belki, butparaz ýüreginiň? Mukaddes Ýazgy meniň düzedişimi tassyklaýar: “Tekepbirlik şere we butparazçylyga barabardyr” (1 Şam. 15:23). Hudaýyň Bilgama berýän jogabyna gulak goýuň:

> Şol gije Hudaý Bilgama görnüp, oňa: “Eger bu adamlar seni çagyrmak üçin gelen bolsalar, sen olar bilen git, ýöne diňe Meniň aýdanlarymy edersiň” diýdi (Çöl. 22:20).

Gelen adamlar Bilgamy äkitmäge gelipdiler, sebäbi olar onuň özleri bilen giderine umyt baglaýardylar. Diýmek, Hudaý aslynda şeýle diýýär: “Bu adamlar seni çagyranda git, ýöne diňe Meniň aýtjak zatlarymy edersiň”. Biz bolup geçýän zatlara ýalňyş baha berýän-ä däldiris? Üns beriň: bu ýerde “Gije iblis Bilgamyň ýanyna gelip: ‘Tur, olar bilen git’ diýdi” diýilmeýär. Şeýle-de şol parçada: “Gije ýalançy ruh Bilgamyň ýanyna gelip, şeýle diýdi” diýilmeýär. Men bu zatlary, elbetde, degşip aýdýaryn, ýöne indi Hudaýyň Bilgama gitmäge rugsat berýändigini nazara almak bilen, Onuň pygamber üçin has köp puly taýynlap goýandygyny çaklap bolar.

## Küýseýän zadyňy almak

Şunlukda, Bilgam gitmäge Hudaýdan rugsat aldy. Ertesi gün ol Rebbiň özüne agşam buýran zatlaryny ýerine ýetirmek üçin irden turýar. Soňra näme bolandygyny okalyň:

> Onsoň Bilgam ertesi irden turup, eşegini gaňňalady-da, mowaply emeldarlar bilen ýola düşdi. Bilgam *emeldarlar bilen gidende, Hudaýyň gahary geldi* (Çöl. 22:21, 22, nygtama awtoryňky).

Bu nähili bolýar-aý? Indi Hudaý Bilgama agşam beren buýrugyny ýerine ýetirýändigi üçin oňa gaharlanýar! Biz Hudaýyň Öz akylyndan çaşmandygyny bilýäris. Onda muny nädip düşündirip bileris? Bu soragyň jogabyny Hudaýyň Ezekiýele ýüzlenip aýdýan sözlerinden tapyp bolýar. Ýadyňyzda bolsa, Hudaý Öz halkynyň butlarynyň köplügi zerarly oňa hakyky jogaby berip bilmeýändigini aýdypdy.

Ýygnakdaky adamlaryň köpüsi muňa düşünmeýärler ýa-da bilmeýärler. Eger biz dogrudan-da haýsydyr bir zady isläp, Hudaýyň bu zatlara bolan garaýşyny bilibem, ony almagyň kül-külüne düşsek, Rebbiň muny ahyrda bermegi örän mümkin zat. Ýöne biz bir zady bilip goýmaly: munuň üçin ahyrda Onuň jezasy başymyzdan iner!

Bu hakykata haýran galmagyňyz ahmal. Ýöne Ysraýyly, halkyň patyşaly bolmak isleýşini ýada salyň. Şamuwel bu haýyş bilen Hudaýyň ýanyna barýar we Ol olara patyşa bellemek islemeýändigini oňa mälim edýär. Ol patyşanyň halkyň iň oňat oguldyr gyzlaryny, saýlama ýerleri we üzümçilikleri özüne aljakdygyny, halka salgyt saljakdygyny Şamuwele düşündirýär.

Şamuwel Hudaýyňň erkini halka ýetirýär we halkyň muňa seslenişini görüň-ä: “Barybir halk Şamuweliň sözüne gulak asmady”. Üns beriň, bu ýerde olar Rebbiň sözüne gulak asmandygy barada aýdylmaýar. Musanyň ýagdaýynda bolşy ýaly, olar öz aňlaryndaky Rebbiň keşbine daýanyp, Şamuwele hormat goýmakdan boýun gaçyrdylar, sebäbi isleýän zadyny almagyň kül-külüne düşdüler. Biraz soňra Reb Şamuwele teselli berip, şeýle diýýär: “Çünki olar seni däl-de, Meniň ret etdiler” (ser. 1 Pat. 8).

Hudaý ahyrsoňy olara patyşalary belleýär. Ol hatda birinji patyşany, Şawuly Özi saýlaýar. Hudaýyň aýdyşy ýaly, patyşalar halkyň saýlama ýerlerini, ogullaryny, gyzlaryny özlerine aldylar, halky bolsa salgyt tölemäge mejbur etdiler. Soňra, wagtyň

geçmegi bilen, patyşalar halky babyl sürgünligine duçar etdiler. Hudaý olara şeýle küýsän zadyny berdi!

Ysraýylyň çölde başdan geçirenlerini ýada salyň. Olar adamyň öňde-soňda iýen iýmitiniň iň gowusyny – asman mannasyny iýýärdiler. Ylýas pygamber bu mannadan iki sany köke iýdi, bu oňa kyrk gije-gündiziň dowamynda ýeterlik boldy! Bu mannanyň nähili peýdaly bolandygyny göz öňüne getirip bilýäňizmi?! Ýöne Ysraýyl bu iýmitden ýadady we etiň ýoklugyndan zeýrenip başlady. Olar Rebden et dilediler we soňra biz şuny okaýarys: “Ol olaryň dileglerini bitirdi” (Zeb. 105:15).

Olar ýene-de kül-külüne düşen zadyny aldylar. Ol gudrat bilen olaryň ähli mätäçlikleriniň öwezini dolýardy:

> Göklerde gündogar ýelini Ol öwüsdirdi, kuwwaty bilen günorta ýelini Ol gönükdirdi. Et ýagdyrdy üstlerine bir tozan kimin, ganatly guşlary — deňiz çägesi kimin. Bulary gaçyrdy çadyrlarynyň aralaryna, mesgenleriniň daş-töweregine (Zeb. 77:26–28).

Olar öz isleýän zadyny Rebbiň gudrat arkaly bermegini dilediler. Ol ýel öwüsdirip, deňizden bedeneleri şeýle bir kän getirdi welin, bu hatda üç million adamy doýurdy! Täsin zat, sebäbi bedeneler çölde ýaşamaýar! Ýene bir täsin zat: ysraýyllaryň bedeneleri awlara ne tüpeňi, ne-de itleri bardy. Haýran ediji gudrat! Ýöne soňra nämeleriň bolanyny okaň:

> Olar gerk-gäbe iýip doýdular, sebäbi Ol *olaryň küýsän zadyny berdi*. Emma heniz isleglerinden el götermänkä, iýmitleri heniz agyzlaryndaka, Hudaýyň gazaby olaryň üstünden indi. Ol olaryň iň daýawlaryny öldürdi, Ysraýylyň nowjuwanlaryny ýere gaplady (Zeb. 77:29–31, nygtama awtoryňky).

Hudaý olaryň küýsegini gudrat arkaly berdi, ýöne bedeneleri heniz iýip bolmankalar, olaryň üstünden Öz gazabyny dökdi. Ol olara öz ýürekleriniň açgöz isleglerine görä jogap berdi.

Şu barada oýlanyp görüň: ýaş ýigit ýaş gyzyň yzyna düşýär diýeli. Ýigidiň ata-enesi howsala düşýär: “Oglum, biz siziň gatnaşygyňyzy halamzok. Onuň bilen duşuşmagyňy bes et”. Ýaşlar çopany ata-enäniň howsalasyny tassyklap, şeýle diýýär: “Men ata-eneňiň diýýäni bilen ylalaşýaryn. Men bu barada ruhda dileg edenimde, öz ruhumda güýçli howsalany duýdum. Sen dogrudan-da bu gyz bilen duşuşmagyňy bes etmeli”. Ýöne ýaş ýigit muňa garşy çykap, şeýle diýýär: “Men köp wagtlap dileg etdim we Hudaý maňa oňa öýlenip bilýändigimi aýtdy”. Soňra olar oýlendiler we ol öz maşgalasynda kynçylyklaryň gutarmaýandygyna geň galmasyny bes etmeýärdi.

Şu barada hem oýlanyp görüň: erkek öz işinde täze wezipe almak üçin dileg edýändigini aýalyna aýdýar diýeli. Aýaly oňa öz pikirini mälim edýär: “Bu wezipe meniň göwnüme ýaranok. Eger sen bu wezipäni alsaň, wagtyň köp bölegini saparlarda geçirmeli bolarsyň. Sen ýygnaga yzygiderli gatnaşyp bilmersiň, Hudaýyň biziň çopanymyzyň ýüregine salýan aýanlyklarynyň baryny sypdyrarsyň, Hudaýa sežde etmek barada aýdyp-da durmaýyn...”. Çopan hem oňa şol zatlary aýdýar, ýöne ol tä ýokary wezipe alýança, erjellik bilen dileg etmesini dowam edýär. Bir ýyl geçenden soňra bolsa iş saparynyň dowamynda myhmanhana otagynda keseki aýal bilen bir düşege düşüşine geň galýar.

Bu sanawy dowam etseň edibermeli. Biz haýsydyr bir zady Hudaýyň erkine garşy küýsämizde, Hudaý ony bize berip bilýär. Ol siziň ýüregiňizde oturan buta görä jogap berer. Ol muny biziň aýňalmagymyz we ýüregumizdäki tagty ýene-de Özüniň eýelemegi üçin edýär.

Men-Reb butlarynyň köplügine laýyklykda Özüm jogap

bererin. Şeýdip, butlary zerarly Maňa keseki bolan bütin ysraýyl halkynyň ýüregini täzeden Özüme tarap öwrerin“ (Ezek. 14:4-5).

Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki terjimeleriň birinde bu ýeri şeýle ýaňlanýar: “Men muny ysraýyl halkynyň ýüregini gaýtadan Özüme maýyl etmek üçin amal ederin”. Hudaý bizi yhlas bilen Öz ýüregine çekesi gelýär. Ýadyňyzdamy, Ol bizi agtarýar, Ol bizi Özüne ýakynlaşdyrasy gelýär. Ol hiç bir ynsanyň heläk bolmagyny islemeýär, ýöne muňa garamazdan, Ol Özüne yzzat-hormatsyz garalmagyna ýol bermez. Özüni Hudaýa bütinleý bagyş eden adamlara Onuň ýüregi açykdyr. Ýürekleri açgözlügiň duzagyna düşen adamlary hem Ol hut şu sebäpden Özüne gaýtaryp alasy gelýär, sebäbi açgözlük butparazlykdyr.

Azaşan ogul kakasyndan miras paýyny soranda, ol onuň bilen keseki ýa ýat hökmünde däl-de, ogul, maşgala agzasy hökmünde gürleşdi. Bu ogluň egoistik hereket edendigi mälim zat. Kakasy oglunyň puly nädogry harç etjekdigini bilse-de, onuň raýyny ýykmady. Ol oňa puly köp mukdarda berdi we kakasynyň öňden görşi ýaly, netijede ogly güýçli horluk çekdi. Ogly akylyna aýlananda, kakasynyň ýanyna dolanmaga karar etmesiniň özi-de bir gowy zat. Ol kakasy bilen ýaraşanda, kakasynyň ýüregine öňde-soňdakysyndan has oňat düşündi.

Hudaý Rebden mukaddes gorkusynyň bolmazlygy zerarly azaşan her bir perzendiniň Özüne dolanaryna umyt edýär. Gynansak-da, Bilgamyň ýagdaýyndakysy ýaly, käbir adamlar ýaraşmaga we Rebbiň ýüregini bilmäge gelmän galýarlar. Eger siz Bilgamyň wakasyny soňuna çenli okasaňyz, küýseýän zadyny almagyň kül-külüne düşenligi sebäpli jezasyny alandygyny görersiňiz.

Bu deňeşdirme bizi Täze Ähte getirýär; onda mukaddes gorkusy bolmadyk adamlar Ysraýylyň ogullary, Kabyl, Bilgam (biz olar barada şu bapda gürrüň edipdik) bilen deňeşdirilýär. Şu duýduryşy okaň:

> Bu zatlaryň ählisini ozal bilýän hem bolsaňyz, muny size ýatlatmakçy bolýaryn: Reb ysraýyl halkyny Müsür gulçulygyndan azat etdi, emma soňra iman etmedik adamlary ýok edip taşlady (Ýah. 5).

Soňra Ýahuda Täze Äht döwrüniň imanlylarynyň arasynda Hudaýyň merhemetine iman edip-de, açgözlükden, pislikden we bitabynlykdan doly durmuşa dolanýan adamlaryň badygyny aýdýar:

> Olaryň halyna waý! Olar Kabylyň göreldesine eýerýärler. Bilgam ýaly, pul üçin adamlaryň gözüni gapýarlar. Kora ýaly baş galdyrandyklary üçin heläk bolýarlar. Bu adamlar siziň üçin gorkunçdyr, olar öz garynlaryny doýurmak üçin siziň bilen bir saçakda iýip-içýärler (Ýah. 11-12).

Üns beriň, bu bir saçak başynda oturylmak häzirki döwürde ýygnak hyzmatlarymyza degişli etse-de bolýar. Biz Isa Mesihiň Öz Gelinligini, özüni bu dünýäniň açgözlüginden päk saklan söwer ýaryny almaga geljekdigini asla unutmaly däldiris. Ýöne Ýahuda bu imansyraýan adamlaryň diňe “öz garynlaryny doýurmak üçin siziň bilen bir saçakda iýip-içýändigini” aýdýar. Bu adamlar ýalkanyşlary we hatda Rebbiň ýakynlygyny isleýärler, ýöne olara Hudaýdan gorkmaklyk ýetenok. Olar aldanan we eger olar mukaddes gorky, söýgi bilen Hudaýyň ýüregine dolanmasalar, bu aldaw gitdigiçe güýçlener.

## Duýdurmak we öwretmek

Muny başga sözler bilen aýtmaga rugsat beriň. Ýewreýlere hatyň awtory şeýle diýýär: “Biz imandan dänip, heläk bolýan adamlardan däl” (Ýew. 10:39). Men siziň şu wagt şu kitaby okap,

öz ýüregiňizi synamaga taýyndygyňyza ynanýaryn. Sebäbi siz Rebbiň huzurynda gezmek bilen çäklenesiňiz gelenok; siz diňe pikirleriňizde we sözleriňizde däl-de, eýsem hereketleriňizde we hakykatda Onuň göwnünden turmagy tüýs ýürekden isleýärsiňiz. Şonuň görä-de, bize şeýle diýilýär:

> Eý, ezizlerim, men ýanyňyzdakam, siz Hudaýyň sözüne gulak asýardyňyz. Emma meniň ýoklugymda gulak asmagyňyz has-da möhümdir. Hudaýyň huzurynda *gorka we galpylda gaplanyp*, halas bolmak üçin ýagşy işleri amal ediň. Çünki Hudaý Öz göwnünden turýan işleri etmek üçin size gujur-gaýrat berip, sizdäki işini amal edýär (Fil. 2:12, 13, nygtama awtoryňky).

Mukaddes gorka gaplanyp gezýän adamlar Hudaýyň huzuryny duýup-duýmaýandyklaryna garamazdan, Oňa hemişe tabyn gezerler. Olar hatda Hudaý özlerini terk eden ýaly bolup görnäýen ýagdaýynda-da ýan berýän däldir, ýöne Hudaý hiç haçan terk etmez! Reb Hudaýyň gorkusynda gezýän adamlara ýakynlaşýar we olara diňe Onuň erkini islemäge däl, eýsem ony amal etmäge-de güýç berýär. Ol bize öz gutulyşymyzy diňe bir söýgi we şatlyk bilen däl, eýsem gorka we galpylda gaplanyp amal etmegimizi buýurýar. Ýene bir gezek gaýtalaýyn: Rebden gorkmaklyk – örän wajyp zat, ol biziň ýüregimizde gep-gürrüňsiz tabynlygy döredýär we bizi degişli hereketlere höweslendirýär.

Şu bapda ýazylanlaryň bary aýňaldýar we paýhasly bolmaga çagyrýar. Emma Pawlus her bir adamy Mesihiň bedeniniň kämil agzasy hökmünde hödürlemek üçin, biz oňa öwüt-ündew edip, uly akyldarlyk bilen taglym bermelidigimizi aýdýar (ser. Kol. 1:28). Öwüt-ündew, ilki göräýmäge, ýakymsyz we gerekmejek iş hökmünde görnüp biler, ýöne ahyrda welin ol jany halas edip, peýdaly hasyl berer. Men optimistik we şatlykly sözleri eşitmegi

halaýaryn. Ýöne Hököm gününde köp adamlaryň hyzmatçylara seredip: “Sen maňa muny näme üçin duýdurmadyň?” diýip gygyrjakdyklary hem göz öňüme gelýär. Eger wagyzçylar adamlara teselli berýän we köşeşdiriji sözleri aýtmagy ileri tutan bolsalar, adamlaryň ganyna bulanan ellerine seredip, gorkudan ýaňa titrärler. Men hyzmatlaryň birinde muny aýdanymda, bir çopan hyzmatdan soň gazaplanyp meniň ýanyma geldi. Ol: “Sen kimdir biriniň ganynyň meniň elimde boljagyny aýtmaga neneň milt edýäň? Bu Köne Ähtden galan zat, biz indi merhemet içinde ýaşaýarys” diýdi. Men oňa öz Mukaddes Kitabymy açdym-da, Pawlusyň sözlerini görkezdim:

> Şonuň üçin bu gün size şuny yglan edýärin: men hiç kimiň ganyna jogapkär däldirin. Sebäbi men Hudaýyň ähli islegini size wagyz etmekden boýun towlamadym. Özüňize we Mukaddes Ruhuň siziň gözegçiligiňize beren ähli sürüsine göz-gulak boluň. Hudaýyň ýygnagyna çopançylyk ediň. Ol bu ýygnagy Öz Oglunyň gany bilen satyn aldy (Res. 20:26–28).

Şol çopanyň Pawlusyň duýduryşyny okandan soň sarsyp gidişi hiç haçan ýadymdan çykmaz. Ol köp ýyl bäri hyzmat edip gelýärdi we bu sözleri ençeme gezek okapdy, ýöne şol gün ol bu sözleri başga göz bilen gördi. Ol salykatlylyk bilen ötünç sorady; soňra biz ýene birnäçe minutlap gürrüň edip, wagyzlarymyzyň birtaraplaýyn – ýa diňe oňat, ýa-da diňe ýazgaryjy zatlar barada bolmagynyň duzagyna düzmezligiň wajyplygy barada gürleşdik. Biz deňagramlylygy saklamaly: hem “duýdurmaly”, hem-de “öwüt bermeli”.

Biz häzirki wagtda Isa Mesihiň duýduryşy ýaly, köpleriň, hatda saýlanylanlaryň-da aldawa düşjek döwründe ýaşaýarys. Isa Mesih aldaw bilen hiläniň hemme ýere ýaýrajakdygyny aýdypdy. Biz

ýykylmaz ýaly, haýsy binýatda durandygymyza berk üns bermeli. Biz Hudaýyň gorkusyndan doly päk ýüregimiz Oňa ýakynlaşmaly, äsgermezçilige ýol bermeli däl, şonda aldawa düşmek kyn bolar. Biziň söýgüli Atamyz biziň ugrumyzda dur, Ol durmuş we abraý üçin gerek zatlaryň baryny bize berdi. Biz Onuň erkine gulak asyp ýaşarymyz ýaly, Ol Rebbimiz Isa Mesih arkaly bize merhemet berdi. Biz diňe Hudaýa bolan mukaddes gorky arkaly Onuň bilen ýakyndan gatnaşyp bileris.

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Siz: “Rebden gorkmaklygyň bolmadyk ýagdaýynda... biziň kalbymyzda ýa-da aňymyzda Onuň ýoýulan keşbi döreýär” diýen jümläni okadyňyz. Mesihilikde geçen ýoluňyza ser salyp, şu soraga jogap beriň: Siziň kalbyňyzda Hudaýyň ýoýulan keşbiniň dörän ýagdaýlary bolupmydy? Eger bolan bolsa, bu keşpde näme ýoýulandy?
2. Şu bapda biz haýsydyr bir zady Hudaýyň erkine garşy islän ýagdaýymyzda Onuň islegimizi berjaý edip bilýändigi barada gürrüň etdik. Öz dileg durmuşyňa çyndan seredip, şu soraga jogap beriň: Hudaýyň ýanyna hemişe egoistik ýa-da hatda açgöz islegleriňiz bilen gelýän ýagdaýlaryňyz bolýarmy? Siz küýseýän zadyňyzy alyp-da, soňra oňa ökünen ýagdaýlaryňyz bolupmydy?
3. Birinji babyň ahyryndaky birinji soragda sizden şu kitaby näme üçin okamak isleýändigiňiz barada soralypdy. Indi şu kitapdan öwrenen zatlaryňyzy nazara alyp, alan sapaklaryňyzyň örän peýdalay bolandygyny aýdyp bilermisiňiz? Hudaýyň aňyňyzdaky keşbinde nähili üýtgeşmeleri görýärsiňiz? Hereketleriňizde we hakykatda Onuň göwnünden turmaklyk siziň üçin näme aňladýar?

8-nji bap

# HAKYKY SEŽDE

“Kanunçylyk ruhy Meniň Sözümi öz erkini amal etmek üçin ulanýar”.

Rebden gorkusy bolmadyk adamlar öz-özüni aldamaklyga uçraýarlar. Ýöne Oňa galpyldy bilen golaýlaşýanlar welin Onuň bilen ýakyn gatnaşyga eýe bolarlar. Şeýle gatnaşyk Hudaýyň ähli isleglerine bada-bat tabyn bolmakdan äşgär bolýar. Biz diňe bir tabyn bolmak bilen çäklenmeýäris, biziň ýüreklerimiz Onuň erkini amal etmek isleginden dolup-daşýar. Biz muny Onuň huzurynda gezenleriň durmuşyndan hemişe görýäris.

Hanok Hudaýyň göwnünden turmagy başardy. Biz Klimentiň ýazan hatlarynyň käbir parçalaryna garap geçeris. Ol ir döwürdäki Ýygnagyň atalarynyň biri bolmak bilen, zatlaryň asyl manysyna ýetmekde seýrek duş gelýän ukyby bardy. Birinji asyrda ýaşap geçen Rimli Kliment Pawlus bilen Petrus resullaryň dogan okaşan doganlarydy. Ol şeýle ýazýar: “Geliň, mysal üçin, Hanogy alyp

göreliň, ol *„Hudaýyň göwnünden turupdy“*, şonuň üçin-de ol ölüm garasyny görmezden göge alyndy”. Şunlukda, Hanok babatda Hudaýyň nazarynda iň esasy zat – onuň tabynlygydy; ol öz tabynlygy bilen Hudaýyň göwnünden turmagy başardy. Mukaddes Kitapda Hudaýyň huzurynda gezen indiki adam – Nuh pygamber. Gelip çykyş kitabynda onuň durmuşy şeýle beýan edilýär:

> Nuhuň maşgalasynyň kyssasy şeýledir. Nuh öz döwürdeşleriniň arasynda dogruçyl hem takwa adamdy. Ol *Hudaýyň huzurynda gezdi* [*elmydama Hudaýyň erkini amal edýärdi*] (GÇ 6:9, nygtama awtoryňky).

Hanogyň durmuşynda bolşy ýaly, Nuhuň durmuşynyň esasy häsiýeti hem Hudaýyň erkini dyngysyz amal etmekden ybaratdy. Başga sözler bilen aýdylanda, ol Hudaýyň isleglerine tabyn bolýardy. Bu adamlaryň ikisi-de Bilgama bütinleý meňzemeýär, sebäbi ol diňe nebisjeňlik isleginden tabyn bolýardy. Bilgam tabynlygyň bolmadyk ýerinde ýalkanyşlary alyp bolmaýandygyny bilýärdi we ahyrda göz-görtele bitabynlygy üçin jezasyny çekmeli boldy.

Bilgam Hudaýyň sözüni ýoýdy, sebäbi Hudaýa tabyn bolmaklykdan öz bähbidini araýardy. Ol diňe Hudaýyň erkini amal etmek höwesinden tabyn bolasy gelmeýärdi. Hudaýyň erki – bu ýöne Onuň islegi däl, ol berk we mizemez kanun.

Dawut bolsa bütinleý başga adam. Mukaddes Ýazgyda onuň durmuşy barada şeýle diýilýär:

> Hudaý Şawuly tagtdan düşürenden soň bolsa, olara Dawudy patyşa etdi we ol hakda şaýatlyk edip: „Göwnümden turýan bir adamy, Ýyşaýyň ogly Dawudy tapdym. Ol Meniň ähli islegimi berjaý eder“ diýdi (Res. 13:22).

Hudaýdan gorkmaklyk – bu diňe Hudaýyň öňünde gorkmaklyk däl-de, eýsem Onuň erkini amal etmekdir. Biz Onuň ähli isleglerini edil öz isleglerimiz ýaly ýerine ýetirmäge dyrjaşýarys. Biz Onuň ýürek isleglerini edil özümiziňki ýaly kabul edýäris. Hakyky tabynlyk, ine, hut şeýle bolýandyr.

## Kanunçylyk ruhy

Günleriň birinde Rebbe sežde edip durkam, Onuň mylaýymlyk bilen: "Jon, sen kanunçylyk ruhuň nämedigini biýärmiň?" diýip ýüregime gürläni asyl ýadymdan çykmaz.

Men indi Hudaý bize sorag berende, bizden maglumat almak islemeýändigini bilýärin; Ol ýa biziň haýsydyr bir zady bilmeýändigimiz baradaky delili kesgitleýär, ýa-da özümizde eýýäm bar aýanlyklaryň üstüni ýetirýär. Men dinçi adamyň hereketleriniň nähilidigi barada ozal aýdyp ýazypdym, ýöne Onuň soragyna welin şeýle jogap berdim: "Ýa Reb, men muny anyk bilmeýärin. Ýogsa-da, kanunçylyk ruhy näme zat?"

Şonda Ol meniň ýüregime gürläp: "Kanunçylyk ruhy Meniň Sözümi öz erkini amal etmek üçin ulanýar". Onuň sözleri ýüregimde çuňňur we uzak wagtlap oýulyp galan ýaly boldy. Şondan soň mende köp soraglar döredi, men olaryň jogabyny tapmalydym.

Bilgamy düşünjäni hut şeýle ýoýmada aýyplap bolýardy. Ol Hudaýa tabyn bolasy gelýärdi, ýöne öz betnebisligi zerarly Hudaýyň ýüreginiň isleglerini amal edip bilmeýärdi. Şu sebäpdenem Rebbiň Perişdesi oňa Öz "nazarynda onuň *gabahat ýoldan barýandygyny*" (Çöl. 22:32, awtoryň nygtamasy) aýtdy. Bilgamyň ýoly gabahatdy, ol ýoýulandy. Bilgam Hudaýyň Sözüni öz nebsiniň haýryna ulanjak bolup, onuň manysyny ýoýdy we üýtgetdi.

## Hakyky sežde

Eger siz Reb bilen ýakyn gatnaşykda gezen Ybraýymyň, Musanyň, Nunuň ogly Ýeşuwanyň, Dawudyň, Esteriň, Danyýeliň we Mukaddes Ýazgynyň beýleki gahrymanlarynyň durmuşyny öwrenseňiz, olaryň umumy bir häsiýetini ýüze çykararsyňyz. Olaryň Hudaýa ýakynlygynyň gözbaşy Hudaýyň isleglerine bütin ýürekleri bilen tabyn bolmakdan gaýdýardy. Köne äht döwründe Hudaý gatnaşyga giren her bir bendesine şeýle diýýärdi:

> Çünki Men siziň ata-babalaryňyzy Müsürden çykaran günümden tä şu güne çenli dyngysyz *„Sözüme gulak asyň“* diýip, berk duýduryş berip geldim (Ýer. 11:7, awtoryň nygtamasy).

Reb Öz halkynyň Oňa tabyn bolman, öz ýürek isleglerine eýerýändigine gynanýar. Olar Onuň ýüregini öwrenmediler we Onuň sözleriniň hemmesi diýen ýaly olar üçin dar çarçuwalara we çäklendirmelere öwrüldi. Şonuň üçin-de olar rugsat edilen zatlar babatda öz çäklendirmelerine daýanyp, öz niýetlerini amal etmegiň ýollaryny agtarýardylar. Hudaý bu çäklendirmelere belli bir wagta çenli çydady, ýöne şu sebäpdenem olar Hudaý bilen gatnaşygy ýola goýup bilmeýärdiler. Onuň bilen ýakyndan ysnyşykly gatnaşmak üçin, diňe doly tabynlyk gerek. Täze Ähtde Isa Mesih bize şeýle diýýär:

> Emma şeýle bir wagt geler, hakyky sežde edýänler Ata ruhda we hakykatda sežde ederler. Ol wagt eýýäm geldi! Ata Özüne şeýle sežde edýänleri *agtarýar*. Hudaý Ruhdur, Oňa sežde edýänler ruhda we hakykatda sežde etmelidirler (Ýoh. 4:23, 24, awtoryň nygtamasy).

Bu sanlyja setirlerde şeýle köp zat aýdylan! Birinjiden,

Atanyň şeýle sežde edýänleri Özüne agtarýandygyna üns beriň. Ýadyňyzda bolsa, geçen bapda biz Onuň bize golaýlaşmagy we biziň bilen gatnaşmagy güýçli küýseýändigi barada gürrüň edipdik. Bu barada bize ýene bir gezek Isa Mesihiň hut Özi aýdýar.

Ikinjiden, Hudaý Oňa ruhda we hakykatda sežde etjekleri agtarýar. Geliň, seždäniň nämedigi barada gürrüň edeliň. Günleriň birinde Mukaddes Kitaby okap otyrkam, Mukaddes Ruhuň birdenkä meniň ýüregime: “Sežde – bu haýal nagma däl!” diýip çagyran gününi hiç unutmaryn. Meniň ünsüm şobada şol pikire gönükdi.

Köp adamlar seždäni hut şeýle – haýaldan dabaraly aýdylýan nagma diýip hasaplaýarlar. Adaty ýygnak hyzmatyny ýada salyň. Biz ýygnaga gelýäris, Hudaýa öwgi aýdýarys we minnetdarlyk bildirýäris, soňra sežde edýäris we soňra bildirişler aýdylýar, sadakalar berilýär, wagyz edilýär, soňra bolsa altar hyzmaty geçirilýär. Däp bolan ýygnaklarda hyzmat tertibi çap edilýär, biz, ýagny Hoş habaryň mesihileri, hyzmatymyzy ýatdan ýerine ýetirýäris, ýöne Ruhdaky erkinligimiz ýa-da Onuň ugrukdyrýanlygy bilen öwünýäris. Sežde babatda öwgi bilen seždäniň tapawudyny bilmeýänlere şuny aýdaýyn: öwgi – bu çalt nagmalar, sežde bolsa haýal aýdylýan nagmalar. Biz nagma depderçelerinden dynyp, olary uly ekran proýektine çalyşmagymyz hezil zat. Şonuň üçin-de, biz sežde barada aýdanymyzda, imanlylaryň köpüsiniň göz öňüne ilki bilen CD-ki, saz wideokassetalaryndaky ýa-da hyzmatyň özündäki haýal aýdylaýn nagmalar gelýär.

Reb maňa şol sözler bilen ýüzlenende, men ýüzugra: “Ýa Reb, men seždäniň nämedigini bilmeýärin. Gaýrat edip, maňa onuň nämedigini anyk görkezäý-dä” diýdim.

Ol: “Bu durmuşdyr” – diýip ynamly aýtdy.

Şol wagtyň özünde-de maňa mysal getirdi. Ol şeýle diýdi:

“Ogul, şuny göz öňüne getirip gör. Sen irden oýanýarsyň diýeli. Liza saňa çagalary mekdebe ugratmaga kömek etmegiňi soraýar, sen bolsa muňa wagtyňyň ýokdugyny aýdýarsyň. Biraz soňra ol ýene-de kömege mätäç, ýöne seniň ýene-de eliň degenok. Şondan soň ol ertirlik taýýynlamagy haýyş edýär, ýöne seniň ýene-de wagtyň ýok. Günortanlyk nahardan soň ol senden çagalary mekdepden alyp gaýtmagyňy haýyş edýär, ýöne ýene-de şol öňki jogaby alýar. Ol nahar bişirmekde, öýi arassalamakda ýene-de senden kömek soraýar we ýene-de şol bir jogaby – wagtyňyň ýoklugyny eşidýär”.

Soňra Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Agşam, çagalar uklandan soň, sen onuň ýanyna anyk isleg bilen barýarsyň – sen ondan mähir-muhabbet isleýärsiň. Sen onuň ýanyna mylaýym sözler bilen baryp: “Ezizim, men seni şeýle bir söýýärin” diýýärsiň.

Soňra Reb menden: “Seniň söýgi sözleriňe we ýakynlyk küýsegiňe ol näme jogap berer?” diýip sorady.

Men: “Ol has dogrusy: ‘Ezizim, bar ýatsana, gijäň rahat bolsun’ diýer” – diýip jogap berdim.

Soňra Reb: “Sen mamla, ýöne ol näme üçin şeýle gödek jogap berer?” diýip sorady.

Men: “Sebäbi pynhan ýakynlyk irden başlanýar, agşam bolsa ol ýöne iň ýokary derejesine ýetýär” diýip jogap berdim.

Rebbiň maňa aýdanlary barada oýlanmak bilen, men eger öz aýalym babatda şeýle hereket etsem, ony söýýänligim baradaky sözlerim hereketler bilen-de, hakykat bilen-de tassyklanylmadyk boş sözler bolup galjakdygyna düşündim. Öz aýaly babatda şeýle hereket edýän är öz-özüni aldaýandyr.

Soňra Reb maňa şeýle diýdi: “Ogul, Meniň perzentlerim kän, Men olaryň ünsüni bütin hepde agtarýaryn, olar bolsa Meni ret edýärler. Men olary goňşusyna kömek etmäge höweslendirjek bolýaryn, olar bolsa Meni ýa eşidenoklar, ýa-da Meniň

ugrukdyrmama tabyn bolanoklar, sebäbi olar ýakymly we gyzykly çäreleri meýilleşdirilipdirler. Men olara pul sadakalaryny bermäge ýa ýygnakda, jemgyýetde, maşgala agzalaryna we başgala hyzmat etmäge çagyranymda, olar Meni eşitmeýärler. Soňra bolsa ýygnaga gelip, Menden haýsydyr bir anyk zady, ýagny *ýalkanyşy* almak isleýärler. Olar Maňa bolan söýgüleri barada mylaýym nagmalary aýdýarlar we muny sežde diýip atlandyrýarlar. Bu sežde däl, bu ýöne haýal nagmalar!"

Men bu aýanlyga aňkaryp galdym. Men özümiň sežde baradaky düşünjämiň nädogrudygyna düşünip galdym. Soňra men üýtgeşik bir zady gördüm, men oňa ozal üns bermändirin. Eý, okyjym, sizden şuny soramaga rugsat ediň: Mukades Kitapda *sežde* sözüni ilkinji gezek nirede görüp bolýar? Bu örän wajyp sorag, sebäbi awtor öz kitabyna adamlaryň aglaba bölegine düşnüksiz bolan täze sözi ilkinji gezek girizende, ony şu üç zatdan biri bilen üpjün edýär: ol ýa bu täze adalga kesgitleme berýär, ýa bu sözüň aňladaýan düşünjesini aýdyňlaşdyrýan mysallary getirýär, ýa-da bu söz düşnükli bolar ýaly derejede ony aýdyň mysallar, hereketler arkaly görkezýär. Biz *sežde* sözüne ilkinji gezek Gelip çykyş kitabynda duşýarys:

> Ybraýym hyzmatkärlerine: "Siz şu ýerde, eşegiň ýanynda galyň. Oglum ikimiz beýleräge gidip, *sežde* edip, onsoň yzymyza dolanyp geleris" diýdi (GÇ 22:5, nygtama awtoryňky).

Ybraýym daga Yshak bilen haýal nagmalary aýtmak üçin çykmandy. Ol şol ýere durmuşynda iň eziz bolan zadyny gurbanlyk bermäge çykdy, sebäbi muny ondan Hudaý haýyş edipdi! Şunlukda, görşüňiz ýaly, sežde – bu *tabyn durmuşda ýaşamaklyk*. Şeýle kesgitleme nagma aýdýan halkyna Hudaýyň janygyp näme üçin şeýle diýendigini düşündirýär:

> Ýanymdan nagmalaryň owazyny aýryň! Men arfalaryňyzyň sazyny diňlemerin. Goý, adalatlyk derýa kimin joşsun, dogruçyllyk baky çeşme ýaly aksyn (Amos 5:23, 24).

Men döwrebap we ajaýyp mukamlaryň çalynýan, ýöne ol ýerde Hudaýyň huzurynyň duýulmaýan hyzmatlaryna köp gatnaşyp gördüm. Şeýle ýagdaýlarda men ilki bilen öz ýüregimi ymykly derňäp, Mukaddes Ruhdan: “Men kimdir biriniň göwnüne degäýdimmikäm? Günä edäýdimmikäm?” diýip soraýaryn. Ýagdaýlaryň köpüsinde men kalbymda parahatlyk we özüm babatda hemme zadyň ýerbe-ýerdigini duýýaryn we şonda Hudaý bilen ýakynlaşmaga adamlaryň özleriniň böwet bolýandygyna düşünýärin. Onsoň men olara Hudaýdan gorkmaklyk we tabynlyk barada ynamly wagyz etmäge başlaýaryn. Şeýle atmosferada her gezek wagzyň ahyrynda toba etmäge çagyrylanda, adamlaryň ýarysyna golaýynyň seslenýändigine şaýatlyk edip bilerin. Soňra men şol bir ýygnagyň indiki hyzmatyna barýaryn: şol bir nagmalar, şol bir ajaýyp öwgi topary we her gezek Hudaýyň huzury iň täsin tärde ýygnaga inýär. Näme üçin? Sebäbi hakyky sežde – bu tabyn durmuşda ýaşamaklyk, şeýle durmuşdan bolsa öwgi nagmalary akýar, olar Hudaýyň ýüregini şatlandyrýar we Hudaýyň Amos pygamberiň kitabyndaky ýaly seslenmesine duçar bolmaýar. Biziň Hudaý bilen özara gatnaşygymyzda hem edil meniň aýalym bilen özara gatnaşygymyzdaky ýaly – uzakly günüň dowamyndaky äsgermezçilik bilen däl-de, edilen işler arkaly subut edilen söýgim bilen onuň ýanyna mähir-muhabbet isläp barşymdaky ýaly esaslar hereket edýär.

## Hakykatda sežde etmek

Isa Mesih Atanyň Oňa ruhda we hakykatda sežde etjekleri agtarýandygy barada aýdýar. Hudaýa *ruhda* sežde etmeklige

biz indiki baplarda jikme-jik gürrüň ederis. Häzir bolsa, geliň, hakykatda sežde etmek barada gürrüň edeliň. Grek dilinde hakykat sözi — *aletheia*. Waýn bu söze şeýle kesgitleme berýär: “Göze görünýän ýa-da görnäýjek zadyň esasynda ýatan hakykylyk. Soragyň äşgär we hakyky düýp özeni”.

Men şu kesgitlemäni halaýaryn, sebäbi ol Isa Mesihiň aýdanlaryny jikme-jik düşündirýär. Isa Mesih hakyky seždäniň ynsanyň düýp özeninde, ýagny ýüreginde ýerleşýändigini aýdýar. Muny has aýdyň düşündirmek üçin, ynsan gatnaşygynyň üç derejesi barada gürrüň bereýin.

Gatnaşygyň birinji derejesi – söz gatnaşygy, ol gatnaşygyň iň pes derejesidir. Isa Mesih muny iki oglundan üzümçilige gidip işlemegini haýyş eden atanyň mysalynda düşündirýär (ser. Mat. 21:28–31). Ogullaryň biri: “Bolýar, hojaýyn, bararyn!” diýdi, özi bolsa gitmedi. Beýlekisi: “Gitjek däl!” diýdi, ýöne soňra toba edip, gitdi. Soňra Isa Mesih ilki boýun gaçyryp, soňra işlemäge giden ogluň atasynyň islegini berjaý edendigini düşündirdi. Şunlukda, hereketler arkaly tassyklamak – bu söz gatnaşygy bilen deňeşdirilende, gatnaşygyň has ýokary derejesi bolup durýandyr.

Ýakup hem şu aýatda söz gatnaşygynyň iň pes derejedäki gatnaşykdygyny görkezýär. Ol şeýle diýýär: “Pikir edip görüň, imanly erkek ýa-da aýal doganyňyzyň biri aç-ýalaňaç bolsa, siz oňa iýmit, geýim bermän, diňe: ‘Sag-aman bar, daşyňyň ýylap, garnyňyň doýmagyny dileýärin’ diýseňiz, bu sözüňiz oňa nämä derkar?” (Ýak. 2:15, 16). Resul Ýohanna hem: “Dünýä malyna baý bolup, doganyny mätäçlikde görende, oňa ýüregi awamaýan adamda heý-de Hudaýyň söýgüsi bolup bilermi?”(1 Ýoh. 3:17) diýip, bu hakykaty tassyklaýar.

Bu hakykatyň ýüze çykýan ýagdaýlaryny köp görüp bolýar. Mysal üçin, erkek öz aýalyna ony söýýändigini aýdýar, ýöne hiç wagt onuň bilen wagt geçirmeýär. Ýa-da, mysal üçin,

aýal öz ýanýoldaşyna ony söýýändigini aýdýar, ýöne onuň maslahatlaryna hiç eýermeýär we maşgalanyň býujetini sowrup, kredit kartoçkasyndan peýdalanmasyny bes etmeýär. Şeýle ýagdaýlar size-de mälimdir diýip oýlanýaryn, bu sanawy sanasaň sanabermeli. Ýohanna bu mowzuk baradaky pikirini dowam edip, öz hatynda şeýle diýýär:

> Eziz balalar, hakyky söýgimizi ýöne bir gury gep bilen dälde, iş ýüzünde amal bilen görkezeliň (1 Ýoh. 3:18).

Biz adamlara söýgi sözlerini hökman aýtmaly, ýöne söýgi sözlerimizi iş ýüzünde hereketler bilen tassyklamasak, bu barypýatan ikiýüzlilik bolar. Üns beriň, resul “iş ýüzünde amal bilen” diýýär. Bu ikisi has ýokary gatnaşygyň görnüşidir.

Gatnaşygyň indiki derejesi – iş ýüzündäki amallar; ýöne bu gatnaşygyň iň ýokary derejesi däldir. Bu ýerde aňsat ýalňyşyp bolýar, sebäbi iş ýüzündäki amallar hakykata çapraz gelip-de bilýär. Mysal üçin, Pawlus şeýle diýýär: “Eger men tutuş emlägimi garyp-gasarlara paýlap-da, magtanyp bilerim ýaly tenimi gurban edip-de, söýgim bolmasa, bularyň maňa hiç peýdasy ýokdur” (1 Kor. 13:3). Pawlusyň bu aýatda beýan edýän amallary söýginiň iň güýçli tassyklamasy bolup görünmegi ahmal. Ýöne ol göräýmäge şeýle ajaýyp görünýän amallaryň çyn ýürekden söýmän edip bolýandygy barada duýdurýar.

Bu gatnaşygyň iň ýokary derejesine – *ýürege* eltýär. Ol bolsa adamyň düýp özenidir. Ýohanna bilen Isa Mesih *hakykat* barada aýdanlarynda, hut şu derejeäni göz öňüne tutýarlar. Pikirler we ýürek niýetleri biziň seždämizi höweslendirýän hakykatyny ýüze çykarýar, ýöne olary diňe Hudaýyň Sözi arkaly saýgaryp bolýar.

Bize bar güýjümiz bilen öz ýüregimizi goramalydygymyz barada aýdylýar, sebäbi ýaşaýşyň gözbaşy ondan gaýdýar. Eger biz

muňa äsgermezçilik etsek, aldawa tiz düşeris. Öz erkine goýlan we Hudaýyň Sözüniň, Onuň Ruhunyň ugrukdyrmasy bolmadyk ýürek ýalançy ýürekdir.

Hudaý Öz halkyna şeýle diýýär: “Eger sözlerimi *göwünjeňlik* bilen diňleseňiz, ýurduň naz-nygmatyny iýersiňiz” (Işa. 1:19, nygtama awtoryňky).

Üns beriň, Hudaýy ýöne diňlemeli diýip aýtmaýar, Ol göwünjeňlik bilen diňlemelidigimizi aýdýar. Göwünjeňlik bilen gulak asmaklyk biziň ýüregimiziň garaýşyny görkezýär. Men öz oglumdan haýsydyr bir zady etmegi haýyş edip bilýärin we ol ony şobada ýerine ýetirýär-de, gulak asýan ýaly görnüp bilýär, ýüreginde welin hüňürdäp, nägile bolýar. Onuň bolşy şeýle: ol hakykatda tabyn bolman, diňe tabynsyraýar. Ýohanna bize Hudaýy we öz ýakynlarymyzy hereketlerimiz arkaly-da, hakykat boýunça-da söýmelidigimizi aýdýar, bu bolsa ýürek derejesidir: “Şonda biz özümiziň hakykata degişlidigimizi bileris we Hudaýyň huzurynda biziň wyždanymyz päk bolar” (1 Ýoh. 3:19).

Hudaýyň maňa bu barada gürlän pursady asla ýadymdan çykmaz. Men şol çaka çenli-de hüňürdemezlik we zeýrenmezlik üçin köp tagalla edýärdim. Men zeýrençlerimiziň Hudaýyň göwnüne degýändigini bilýärdim, sebäbi men öz zeýrençlerimiz we nägileligimiz bilen Oňa: “Seniň edýänleriňi halamok, Seniň ýeriňe bolan bolsam, başgaça ederdim” diýýän ýaly görünýäris. Şeýdip, biz Hudaýdan gorkymyzyň ýoklugyny äşgär edýäris, Hudaý bolsa muny ýigrenýändir. Aslynda hut şeýle garaýyşlary zerarly Ysraýylyň ogullary wada berlen ýurda girip bilmändiler. Şunlukda, men belli bir wagt aralygynda gürlänimde hiç zat babatda zeýrenmeýärdim we muňa diýseň buýsanýardym. Ýöne günleriň birinde irden oýanan wagtym Mukaddes Ruhuň maňa: “Men seniň ýüregiňde nägilelik eşidýärin!” diýip berk aýdyşyny eşitdim. Men ogurlykda tutulan ýaly boldum. Meniň

kalbym sarsyp gitdi, sebäbi öz tekepbirligim sebäpli neneň aldanandygyma düşünip galdym. Hudaýa bolan seždäm hakyky däldi, şonuň üçin-de ýüregimdäki ýalňyşlary paş etmek üçin Onuň düzediş Sözleri gerek boldy. Men şobada toba etdim we şol gezekden soňra bu mesele boýunça Rebbiň maňa düzediş bermeýänligine indi begenýärin. Hudaýyň rehim-şepagaty üçin Oňa şükürler aýdýaryn!

Waýnyň sözlüginde *hakykat* sözüne berilýän kesgitlemäni ýene bir gezek okaň. Onda hakykatyň göze görünýän ýa-da görnäýjek zadyň esasynda ýatan hakykylykdygy barada aýdylýar. Ol soragyň äşgär we hakyky düýp özenidir. Biz hakykatdan şeýle aňsat azaşyp bilýäris! Mysal getireýin. Biz Rebbe dileg edip, öwgi nagmalaryny aýdyp bilýäris, ýöne şonda sözlerimiziň biri-de ýürekden gaýtmaýar. Nagma aýdýan wagtymyzyň bütin dowamynda açdygymyz barada oýlanýarys, çagalaryň düýnki sögüşini, ýygnakdan soň nähili ajaýyp işleri meýilleşdirendigimizi we ş.m. zatlary ýatlaýarys. Biz dileg edip: “Ýa Reb, men Saňa şeýle minnetdar!” diýip bilýäris. Şol bir wagtyň özünde bolsa düşen kyn ýagdaýymyz babatda köp günläp zeýrenip gezýäris. Biz Hudaýa dogrudan-da minnetdarmy? Ýa-da kalbymyzyň jümmüşinde Ony hemme zady biziň pikir edişimiz ýaly dogry we laýyk gurnamandaygy üçin Ony günäkärleýärismi? Bu sanawy tükeniksiz dowam etse bolar.

Hudaýa hakykatda sežde etmeklik diňe bir tabyn bolmaklygy däl, eýsem Onuň saňa tabşyran zatlaryny göwünjeňlik bilen etmegi aňladýar. Sežde etmeklik – bu Oňa şeýle ýagdaýlarda aýdylmaly zatlary däl-de, dogrudan-da öz ýüregiňdäki zatlary aýtmaklykdyr. Hudaý bilen ikiýüzli bolmaly däl. Men Dawudyň şu aýdanlaryny diýseň halaýaryn:

> Eý, halk, elmydama Oňa bil baglaň; *ýüregiňizi Onuň öňünde döküň,* çünki Hudaýdyr biziň penamyz (Zeb. 61:9, nygtama awtoryňky).

Men Hudaý bilen aç-açan gürleşenimde, Onuň maňa has ýakynlaşýandygyy duýýaryn. Men Ondan haýsydyr bir zady gizlänimde welin, bu maňa päsgel berip başlaýar we men dilegde öňe gidip bilmeýärin. Men öz-özüm bilen çynlakaý göreşmeli bolýaryn, sebäbi Onuň bilen aragatnaşygy ýitirýärin. Ol Özüne ýürek päkliginde, hiç bir hilesiz golaýlaşmaga taýýar adamlary agtarýar. Men ýygnakda adamlara seredip, olaryň: “Eý, Isa Mesih, Saňa minnetdar... Hudaýa şan-şöhrat bolsun!” diýýänleri eşidenimde, pikire batýaryn. Men: “Olar bu sözleri mesihilik dilinde türgenleşýänler ýaly ýöne gaýtalaýarmyka ýa-da bu duýgular olar ýürekleriniň jümmüşinden gaýdýarmy?” diýip oýlanýaryn. Şeýle ýagdaýlary aýalyny ýöne köşeşdirmek üçin, ýüregine agram salmazdan, ony söýýändigini aýdýan erkek bilen deňeşdirse bolýar. Bu erkek gelinligi bilen ýaňy adaglanan döwründe oňa bolan güýçli söýgüsini beýan edişi bütinleý başgaça bolupdy.

Hakyky seždeden – ýürekden tabyn bolmaklykdan öwgi nagmalary joşup gaýdar. Isa Mesihiň Bedeninde öwgi we sežde nagmalaryny aýtmakda ruhy peşgeşleri alan adamlar bar. Olar häzirki döwrüň mezmurçylarydyr. Olaryň käbiri hakyky sežde durmuşynda, käbirleri bolsa duýgulardan doly we dünýewi durmuşda ýaşaýar. Özlerini murdar eden adamlar ruhy peşgeşleri arkaly heniz-de ajaýyp nagmalary aýdyp bilýärler, ýöne nagma aýdanlarynda welin, olara Hudaýyň huzury ýetmezçilik edýär; özlerini päk saklaýan mezmurçylar Hudaýa we Onuň halkyna ýürekden hyzmat edip, nagma aýdanlarynda, Hudaýyň huzurynyň inişini görse bolýar.

## Isa Mesihiň Özüni aýan etjekdigi baradaky wadasy

Hudaýa hakykatda sežde etmeklik Oňa päk ýürekden sežde etmekligi aňladýar. Bu Ondan gorkmaklygy we Ony iň ýokary derejede hormatlamagy aňladýar. Mezmurçy şeýle diýýär:

> Şatlyk şowhunyny [sežde etmäge şatlykly çagyryş] bilýän halk nähili bagtly! Ýa Reb, olar Seniň ýüzüňiň nurunda gezýär! (Zeb. 88:16)

Hudaý Özüniň sežde durmuşynda ýaşamaga çagyryşyny eşidesi gelýän adamlary agtarýar. Gulak asýanlar Onuň huzurynda gezerler. Olar Ony ýakyndan tanarlar, sebäbi Ol bu adamlara Özüni aýan eder. Isa Mesih bu barada şeýle diýdi:

> Az salymdan soň dünýä Meni görmez, emma siz görersiňiz. Meniň ýaşaýandygym üçin, siz-de ýaşarsyňyz. Şol gün Meniň Atam bilen, siziň Men bilen, Meniň hem siz bilen bir jan bir tendigime göz ýetirersiňiz. Meniň buýruklarymy berjaý edýän kişi Meni söýýändir. Meni söýýäni Atam-da söýer. Men hem ony söýerin we Özümi *oňa aýan ederin*" (Ýoh. 14:19–21, nygtama awtoryňky).

Onuň tabşyryklaryny saklaýan we berjaý edýän adamlar Oňa hakykatda sežde edýärler. Ol bu adamlaryň Ony görjekdigini wada berdi. Ýadyňyzda bolsa, aýan bolmak jümlesi görünmeýän çäkden göze görünýän çäge, nämälim çäkden mälim we düşnükli çäge çykmaklyga aňladýar. Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesinde bu parça şeýle ýaňlanýar:

> Az salymdan soň dünýä Meni görmez, emma siz görersiňiz. ...Meniň buýruklarymy berjaý edýän kişi Meni

> [hakykatda-da] söýýändir. Meni [hakykatda-da] söýýäni Atam-da söýer. Men hem ony söýerin we Özümi oňa aýan ederin [*Men oňa doly görnerin we onuň üçin hakyky bolaryn*]" (Ýoh. 14:19–21, nygtama awtoryňky).

Hudaýa hakykatda sežde edýän adamlar Ony dogrudan-da tanaýandyrlar. Ol Özüni olara aýan edýär we olar Onuň eziz dostlaryna öwrülýärler. Resullaryň biri muňa diýseň haýran galyp, şeýle ýazypdy:

> Şonda Iskariýot däl-de, beýleki Ýudas Isadan: "Eý, Agam, näme üçin Sen Özüňi dünýä däl-de, bize aýan etmek isleýärsiň?" diýip sorady. Isa oňa şeýle jogap berdi: "Kim Meni [hakykatdan-da] söýýän bolsa, *sözümi berjaý eder* [*we Meniň taglymatyma tabyn bolar*]. Atam hem ony söýer. Men Atam bilen ol adamyň ýanyna baryp, onuň bilen ýaşarys. Meni [hakykatdan] söýmeýän Meniň sözümi berjaý edýän däldir [we Meniň taglymatyma tabyn bolýan däldir] (Ýoh. 14:22–24, nygtama awtoryňky).

Şunlukda, görşüňiz ýaly, hemme zat ýene-de tabynlyga dolanýar. Hudaýyň ýüregime gürläp aýdanlaryny ýatlaň: "Sežde – bu Onuň isleglerine tabyn bolup ýaşamakdyr". Biz Ony hakykatdan-da söýenimizde, Ol biziň ýanymyzda wagtlaýyn ötegçi ýaly däl-de, bizde ýaşamak üçin hemişeki ýaşaýjy ýaly gelýär. Ol şeýdip bize Özüni aýan edýär.

Mukaddes Ruhuň peşgeşlerini alan adamlar köp, ýöne olar öz Rebbiniň Sözüni jan-tenden berjaý etmeýärler. Bu adamlar aňsatlyk bilen aldawa düşýärler. Hut şu sebäpdenem olaryň zehinleriniň äşgär bolan ýagdaýlarynda Hudaýyň huzuryny wagyzlarda, nagmalarda, dilegde ýa-da hyzmatyň beýleki görnüşlerinde az-kem görüp bolýar. Olar Bilgamdan o diýen

tapawutlanmaýarlar. Bilgam güýçli pygamberdi we Hudaýyň güýji onda hereket eden mahaly ol her gezek Rebbiň huzuryny duýýardy, ýöne Hudaýyň ýüreginden welin uzakdady.

Bu adamlar öz hyzmatlarynda Hudaýyň huzuryny Onuň öz durmuşlaryny oňlamasynyň alamaty hökmünde kabul edip, aldanýarlar. Olar Onuň huzuryny özleriniň Oňa ýakynlygynyň subutnamasy hasaplap, ýalňyşýarlar. Muny aýdyňlaşdyrmak üçin şeýle mysaly getirmek bolar. Ýagşy adam özüne kömekçi hökmünde başga bir adamy hakyna tutup bilýär. Işgär öz başlygynyň ýanynda her gün işläp ýöreni üçin, ony oňat tanaýandyr öýdýär. Düşünşiňiz ýaly, şeýle çaklama düýbünden nädogry. Isa Mesih Onuň adyna iman edýänleriň köpüsiniň ahyrda çynlakaý kynçylyklara uçrajakdygy barada aýdýar:

Öý eýesi turup, gapyny gulplanda, siz daşarda galyp, gapyny kakarsyňyz we: „Aga, bize gapyny açaý-da!“ diýip ýalbararsyňyz. Ol [*Reb*] hem size: „Men sizi [*ýakyndan*] tanamok, nireden geleniňizi-de bilemok“ diýip jogap berer. Şonda siz: „Biz *seniň bilen iýip-içdik*. Sen köçelerimizde bize sapak berdiň“ diýersiňiz. Emma ol ýene-de: „Men sizi tanamok! Niredendigiňizi-de bilemok! Ýok boluň ýanymdan, eý, erbetler!“ diýip jogap berer (Luk. 13:25–27, nygtama awtoryňky).

Eger muny Mattanyň hoş habaryndaky (ser. Mat. 7:21–23) parallel parçasy bilen bile okasak, bu soraglary Isa Mesihe Onuň adyndan mugjyzalar görkezen adamlaryň berendigini ýüze çykaryp bolar. Bu adamlar ruhy peşgeşlere baýdy, ýöne olar peşgeşleri bilen birlikde Rebbiň aýan bolýan huzuryny Onuň oňlamasyna ýa-da ýakynlygyna deň diýip hasaplaýardylar. Hudaýy tanaýandyklary babatda şeýle ynamly bolan bu adamlaryň ýüze çykan hakykata neneň sarsyp gidendigini görýärsiňiz. Onuň dyngysyz huzury bilen hyzmata hemra bolýan huzurynyň arasynda ullakan tapawudyň bardygyna düşünmegimiz örän wajypdyr.

Ýokarda mysal getirilen aýatda Iskariýodyň däl-de, beýleki Ýudasyň soragyna Isa Mesihiň näme jogap berendigi ýadyňyzdamy? Bu jogap Rebbiň Özüne adamlarda – Oňa hakykatda sežde etjek adamlarda mesgen tutjakdygyny görkezýär. Bu aýratyn üns berilmeli aýat, sebäbi onda mesgen barada aýdylýar. Men *mesgen, ýaşalga, ýaşaýan ýeri* diýen sözleri halaýaryn. Bu sözler Köne äht bilen Täze äht döwürleriniň mukaddesleriniň arasyndaky ägirt tapawudy görkezýär. Köne äht döwründäki mukaddesler Hudaý üçin mesgen bolmakda aýratyn hukuklary ýokdy. Hudaý ilki mukaddes çadyryň iň mukaddes otagynda, soňra bolsa ybadathanada mesgen tutupdy. Ýöne bu ýerde hem parallel geçirip bolýar. Ylýas pygamberiň döwründe Hudaýyň huzury seýrek inýärdi we şol günlerde hatda adamlaryň eden-etdikleri sebäpli Hudaý mukaddes çadyrda hem bolmaýardy. Ýöne Onuň halky Oňa bütin ýürekden tabyn bolanda welin Onuň huzury güýçli we aýdyň äşgär bolýardy.

Häzirki günde hem şeýle. Hudaýa päk we yhlasly ýürekden tabyn bolýan imanlylar Oňa ruhda we hakykatda sežde edip, öz durmuşlarynda Onuň huzuryny hemişe duýýarlar. Şeýle adamlara Hudaý Özüni aýan edýär. Beý-bä, şonda bize gör bak nähili söhbetdeşlik garaşýar! Bize akyla sygmajak şeýle hazynalar hödür edilýärkä, imanlylar neneň edip bitabynlykda ýa-da dünýewi zatlary oňlap ýaşap bilýärkä?!

Ol bizi Öz mesgenine öwürmegi wada berdi, üýtgeşik bir ýer hökmünde bizde mesgen tutmagy we şeýdip Özüni bize aýan etmegi ýa-da Öz hakyky häsiýetini açmagy wada berdi. Bu wadanyň bize näme berýändigi we onuň diňe gelejek üçin däl-de, häzirki durmuşymyz, şindi we şu ýer üçin niýetlenilýändigi barada oýlanyp bir görüň-ä! Men bu aýatlary örän halaýaryn, sebäbi olarda şan-şöhratly Patyşamyz "Özüni aýan etmegi", ýa-da Özüni hut maňa we hut size aýan etmegi isleýär. Indiki baplarda

biz Onuň muny nädip edýändigine garap geçeris. Ýöne ol baplara geçmezimizden öň, indiki bapda ýene bir örän wajyp we gerek bolan ýagşy hasiýet barada gürrüň ederis. Hudaý Özüniň mesgen tutmak isleýän adamlarynda şu häsiýeti agtarýandyr.

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Mukaddes Ýazgynyň Ybraýym, Musa, Nunuň ogly Ýeşuwa, Dawut, Ester, Danyýel we beýleki gahrymanlarynyň durmuşyny öwrenmek bilen, olaryň umumy bir häsiýetini ýüze çykararsyňyz. Olaryň Hudaýa ýakynlygynyň gözbaşy Hudaýyň isleglerine bütin ýürekleri bilen tabyn bolmakdan gaýdýardy. Eger siz eýýäm şu günden şeýle tabyn bolup başlasaňyz, durmuşyňyzda nämeler bolardy?

2. Şu bapda “öwgi – bu çalt aýdylýan nagmalar, sežde bolsa haýal aýdylýan nagmalar” diýen degişmeli sözlem barada oýlanyň. Siz şeýle pikir bilen ylalaşýarsyňyzmy? Reb awtora seždäniň kesgitlemesini berip, “onuň durmuşdygyny” aýtdy. Şu esaslary iş ýüzünde ulanmagyňyz durmuşyňyzda nähili özgerişleri amal eder?

3. Isa Mesihiň Lukanyň hoş habaryndaky (13:25–27) we Mattanyň hoş habaryndaky (7:21–23) sözleri barada oýlanyp, Rebbiň bizde dyngysyz bolmagy we hyzmata hemra bolýan huzurynyň – şu ikisiniň arasyndaky tapawudy nähili düşündirersiňiz?

# MessengerX

***Gündeki şägirtçilik üçin priloženiýaňyz***

## Bütinleý mugt!

Öz el telefonyňyza indiriň we ulanyp başlaň ýa-da saýtdaky web-görnüşini ulanyň:




**MessengerX.com**

## 120-den gowrak dilde, bu hem ahyrky çägi däl

- 120-den gowrak dildäki materiallary görüň we indiriň.
- Materiallary dostlaryňyz bilen paýlaşyň ýa-da okuw toparyny başlaň.
- Täze materiallar hemişe goşulyp durýar.

# Serediň. Okaň. Diňläň.

Resurslaryň uly kitaphanasyny gözden geçiriň. Onda okuw toplumlary, elektron kitaplar, audiokitaplar, gysga metražly filmler we başga zatlar bar. Siz olara tomaşa edip bilersiňiz, olary okap we diňläp bilersiňiz.



## Iň wajyp çäklerdäki ösüş

Maşgala, sagdyn gatnaşyklar, durmuşyňyzyň maksady, pornografiýadan azat bolmak, imanyňyzy berkitmek, Hudaýyň sesini eşitmek, işewürlikdäki liderlik we başga-da mowzuklary derňäň.

## Siziň ösüşiňize alyp barýan ýol

**MessengerX**-iň maksady – durmuşyňyzdaky indiki ädimi etmäge ýardam bermek. Siziň şu ýolda bolmagyňyz üçin, biz şägirtçiligiň ýörelgesini we güýçli gurallary işläp düzdük.




## Siziň halajak funksiýalaryňyzyň has köp görnüşi!

- Şu materiallary paýlaşmaga we hatda okuw toparlaryny başlamaga mümkinçilik berýän sada we aňsat gurallar.
- Siziň söýgüli akylly telewizorlaryňyzda tomaşa etmäge mümkinçilik berýän Chromecast и AirPlay.
- Ýeten sepgitleriňizi öz enjamlaryňyzyň ählisinde saklaň. Halan materiallaryňyzy bada-bat  tapmak üçin, olary  öz kitaphanaňyzda saklaň.
- Materiallary offlaýn görmek üçin, olary öz enjamlaryňyza indiriň.
- Anyk gözleýän zadyňyzy tapmak üçin, akylly gözleg we süzgüç.
- Audio kitaplary, audio Mukaddes Kitaby we hatda sežde nagmalaryny öz diliňizde awtomatiki usulda yzygiderli diňläň.

# **MessengerX** -1-2-3 ýaly ap-aňsat!




1 **MessengerX** priloženiýasyny App Store we Google Play-dan indirip alyň.

2 Öz hasabat sahypaňyzy dörediň we priloženiýany öz diliňizde ulanyň.

3 Halan resurslaryňyzy gözden geçiriň, okaň, görüň, diňläň, indiriň we olary başgalar bilen paýlaşyň.

## Şägirt boluň, şägirt ediniň

Siz **MessengerX** -iň bir bölegi bolmak bilen, terjime edilen materiallary dünýäniň ähli künjeklerindäki adamlara ýetirmäge kömek edersiňiz.

***Çünki her bir adam bilmäge mynasypdyr!***

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

</> Ähli brauzerlerde elýeter

**MessengerX.com**

9-njy bap

# HUDAÝ KIM BILEN MESGEN TUTÝAR?

Rebden gorkmaklyk we pespällik –
Şalygyň kuwwatly ekizleridir.

Biz şu bapda biziň bilen gatnaşmagy şeýle Küýseýäne golaýlaşmak üçin gerek bolan örän möhüm zatlaryň ýene birine garap geçeris. Biziň esasy aýadymyz "Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar" diýip çagyrýar. Ýöne bu ajaýyp çagyryşyň öň we yz ýanyndan näme aýdylýandygyna hem garap geçeliň:

> Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: "Hudaý tekepbirlere garşydyr, emma *pespäl adamlara* merhemet edýändir"... Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar....Rebbiň huzurynda *özüňizi pes tutuň,* Ol sizi beýgelder (Ýak. 4:6–10, nygtama awtoryňky).

Hudaýyň çagyryşy pespäl bolmaga çagyrýan iki aýadyň arasynda ýerleşýär we munuň düýpli sebäbi bar, çünki Hudaý şeýle diýdi:

> Beýik hem belent Bolan, ebedi Ýaşaýan, ady Mukaddes Bolan şeýle diýýär: "Men *beýik*, mukaddes ýerde ýaşaýaryn, *pesgöwünlileriň* ruhuny janlandyrmak üçin, ezilenleriň ýüreklerini janlandyrmak üçin, ezilenler we *kiçigöwünliler* bilen biledirin (Işa. 57:15, nygtama awtoryňky).

Ýakup pygamber eger biz Rebbiň öňünde özümizi pespäl tutsak, Onuň bizi beýgeltjekdigini aýdýar. Nirä beýgelder? Hudaý Işaýa pygamber arkaly jogap berýär – *gökleriň beýikligine, mukaddes ýere!* Hudaý gysgawagtlaýyn gatnaşyp biljek adamlaryny däl-de, Özüne mesgen edinip biljek adamlary agtarýar. Ýakup bizi Hudaý bilen diňe gysga duşuşyga däl, eýsem Onuň huzurynda hemişelik bolmaga we ýaşamaga çagyrýar, ýöne Işaýa pygamberiň aýdyşy ýaly, bu diňe pespälliler üçin mümkindir.

## Pespälligiň nämedigini bilmezligimiz

Mesihiň Bedenindäki adamlaryň köpüsi ne pespällige, ne-de onuň güýjüne düşünýärler. Olar pespälligi gowşaklyk, ýuwaşlyk, durnuksyzlyk ýa-da hatda takwalyk diýip hasaplaýarlar. Ýöne her nähili bolsa-da, hakyky pespälligi köplenç ulumsylyk diýip hasap edýärler! Dawudy ýada salyň, ol kakasynyň haýyşy boýunça urşa giden doganlarynyň hal-ýagdaýyny bilmek üçin, olaryň ýanyna gidýär. Dawut şol ýere baryp ýetende, söweşijileriň baryny, şol sanda öz doganlaryny-da birgeňsi ýagdýada görýär: olaryň bary äpet pälwan Jalutdan gorkup, gaýanyň aňyrsynda bukulyp otyrdylar. Dawut bu ýagdaýyň eýýäm kyrk gün bäri dowam

edýändigini bilýär. Soňra ol erkeklerden: “Diri Hudaýyň goşunyna gyjalat berer ýaly, bu sünnetsiz kim bolupdyr?” (1 Şam. 17:26) – diýip, aýgytly soraýar.

Bu sorag Dawudyň agasy Eliýabyň gaharyny getirýär. Ol: “Meniň jigim lälik saklanylan oglan, ol heniz-de özünden wagty hoş” diýip pikir eden bolmaly. Soňra Eliýap: “*Gedem* hem gara ýüreg-ä sen” (1 Şam. 17:28, nygtama awtoryňky) – diýip Dawudyň ýüzüni alýar. Mukaddes Kitabyň NIV terjimesinde bu aýat: “Seniň men-menlik edişiňi bilýärin-ä” diýip berlen.

Dursaňyzlaň, olardan haýsysy tekepbirdi? Şondan bir bap öň biz indiki patyşany saýlamak we onuň başyna ýag çalmak üçin Şamuwel pygamberiň Ýyşaýyň öýüne barşy, onuň nowbahar ogluny ret edişi barada okaýarys. Ýyşaý bilen Şamuwel pygamber patyşalyga hut Eliýaby mynasyp görýärler, sebäbi ol Ýyşaýyň ogullarynyň arasynda iň daýawy, güýçlüsi we görmegiýidi. Ýöne Hudaý: “Men ony ret etdim” (1 Şam. 16:7) diýip berk aýdýar. Hudaý adamy diňe bir sebäbe görä ret edip bilýär, bu sebäp – tekepbirlik. Eliýap Dawudy aýyplaýan tekepbirliginden hut özi doludy. Hudaý bolsa Dawut barada gürlände, Öz göwnünden turýan bir adamy tapandygy barada aýdypdy (ser. Res. 13:22). Dawut asla gowşak, ýuwaş, durnuksyz däldi.

Dawut söweş meýdanynda agasynyň göwne degiji sözlerine hiç üns bermedi. Tersine, ol pälwana onuň kellesiz galjakdygyny duýduryp, oňa garşy aýgytly çykyş etdi. Dawut duşmanyň düşelgesine tarap okduryldy-da, Jaludyň kellesini çapyp, ony öldürdi.

Pespälligiň aslynda nämedigine düşünmeýänligimizi size subut etmäge ygtyýar ediň. Mukaddes Kitabyň düzümindäki ilkinji bäş kitabyň biri bolan Çölde atly kitap Töwradyň düzümine girýär. Biz şol kitapda şuny okaýarys:

> Musa juda kiçigöwünli adamdy, beýle adam ýer ýüzünde başga ýokdy (Çöl. 12:3).

Beý-bä, nähili sözler! Eger dogrymyzdan gelsek, biz-de özümiz barada şeýle diýilmegini örän islärdik, ýöne öz-özümiz barada welin şeýle diýmäge milt etmeris. Näme üçin? Sebäbi özüne şeýle bahany diňe tekepbir adam berip biler. Emma Çölde kitabyny ýazan kim? Jogap – Musa! Hut şeýle!

Biz özüne pespäl diýýän adamy, hatda ol dünýäde iň pespäl adam bolaýanda-da, pespäl hasaplamazdyk! Siz ýygnagyň ortarasyna çykyp: “Men siziň araňyzda iň pespäl adam” diýýän hyzmatçyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Hemmeler şeýle adamyň üstünden gülüp, ony dinden çykan hasaplardylar. Ýöne Isa Mesihiň aýdýan sözlerini okaň:

> Eý, argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň... Menden öwreniň. Men *mylaýym* hem *pes göwünlidirin*, janyňyz rahatlyk tapar (Mat. 11:28, 29, nygtama awtoryňky).

Şunlukda, biz hakyky pespälligiň asyl manysyna düşünmändiris, sebäbi biz pespäl adam özi barada hir bir gowy zatlary diýmeýär we hiç bir derde ýaramaýan gurçuk kimin ýaşaýar diýip hasaplaýardyk. Ýöne bularyň bary hakykatdan juda uzakdyr.

## Pespälligiň kesgitlemesi

Pespälligiň üç aspekti bar. Birinjiden, bu biziň Rebbe tabynlygymyz. Ikinjiden, Oňa doly bil baglamagymyz. Üçünjiden bolsa bu biziň özümize bolan garaýşymyz. Şu aspektleriň her birine gysgaça garap geçeliň.

Birinjiden, biziň tabynlygymyz. Ýakup pespällik barada ýazan

badyna imanlylara şeýle çagyryş bilen ýüzlenýär: “Şonuň üçin Hudaýa tabyn boluň!” (Ýak. 4:7). Bu häsiýet tabynlyk we pespällik bilen berk baglanyşyklydyr. Reb hemişe Öz halkyna wadalary berip, Öz meýlini paýlaşýar. “Çünki siziň üçin niýetlän meýillerimi Özüm bilýärin. Muny Reb aýdýandyr. Bular size ýamanlyk etmek däl-de, umytly geljek bermek üçin parahatlyk niýetleridir” (Ýer. 29:11). Bu meýiller Onuň erkini aňlatmak bilen, bize garaşýan ýoly pygamberlik arkaly beýan edýär. Biz bu niýetleriň amal bolmagyny tüýs ýürekden arzuw edýäris, sebäbi ýüreklerimize Öz niýetlerini salýan hut Onuň Özüdir (ser. Zeb. 36:4). Biz öz ýüregimizde Onuň bizi nirä alyp barýandygyna aňlaýarys, biziň aňymyz bolsa nirä gitmelidgimiziň logiki keşbini çekýär. Emma köplenç Hudaý bizi logika bütinleý çapraz gelýän tarapa äkidýär. Hakyky pespällik Hudaýyň danalygyny we buýruklaryny aňymyzdan has üstün bolan zatlar hökmünde kabul edýär we biz hatda hiç zada düşünmesek-de, Oňa tabyn bolmagy ýüregimize düwýäris. Süleýmanyň pähimlerinde (3:5) şeýle ýazylan: “Öz düşünjäňe daýanma, bütin ýüregiň bilen Rebbe bil bagla”.

Ybraýym Hudaýyň Yshak barada beren wadasyna köp ýyl garaşdy we Yshak doglandan soň köp milletleriň atasy boljagyny arzuwlamaga tutarygy bardy. Ýöne günleriň birinde hemme zat üýtgedi, sebäbi Hudaý Ybraýyma üç günlük ýoly geçip, Yshagy öldürmegi buýurdy! Bu buýrugyň hiç bir manysy ýokdy. Hudaýa gep-gürrüňsiz tabyn bolmak üçin Ybraýymyň nähili göreşe döz gelmeli bolandygyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Bu diýseň agyryly çözgütdi we Hudaýyň ozal beren wadasynyň şöhlesinde bu buýrugyň hiç bir manysy ýokdy. Ybraýym Rebbiň buýrugynyň manysyna asyl düşünmese-de, öz tabynlygy sebäpli Oňa gulak asmagy karar edýär.

Mukaddes Kitapda şeýle mysallaryň ençemesi bar. Olarda Hudaýyň buýurýan zatlary ýa-da ýol berýän ýagdaýlary ozal

görkezen zatlaryna çapraz gelýän ýaly bolup görünýär, ýöne öz tabynlygymyz arkaly biz ozal özümize wada berlen zatlaryň akylymyza sygmajak ýollar arkaly amal bolşuny görýäris.

## Diňe Hudaýa bil baglamak

Ikinjiden, pespälligi Hudaýa doly we gep-gürrüňsiz garaşly bolmaklyk diýip kesgitläp bolar. Dawut gedem görünýärdi, ýöne ol Hudaýyň özüne beren başarnygyny bilýärdi. Onuň sözleri bilen aýdanymyzda, “Meni ýolbarsdyr aýynyň penjesinden halas eden Reb şu pilişlliniň elinden hem halas eder” (1 Şam. 17:37). Onuň doganlary diňe öz başarnyklaryna bil baglaýardylar, şonuň üçinde, olar özlerini Dawut bilen deňeşdirenlerinde, özlerine uly we has güýçli görünýärdiler. Dawudyň güýji bolsa Rebbe bolan imanynda we tabynlygynda jemlenýärdi.

Biz bu häsiýeteri Kalep bilen Nunuň ogly Ýeşuwada hem görýäris. Olar wada berlen ýurdy gözden geçirmek üçin ysraýyllar tarapyndan saýlanylan on iki lideriň ikisidi. Olar kyrk günden dolanyp, Musa bilen halka gören zatlary barada hasabat berdiler. On lider şeýle diýdi: “Biz seniň iberen ýurduňa bardyk. Ol ýerde, hakykatdanam, süýt we bal akýar, ine, bular hem şol ýeriň miwelerinden. Emma ol ýerde ýaşaýan halk biçak güýçli eken. Olaryň galalary berk diwarly we örän uly. Hatda ol ýerde biz Anagyň nesillerini-de gördük” (Çöl. 13:28, 29).

Bu habary eşiden halk dat-perýat etdi. Kalep halky köşeşdirip, ynam bilen şeýle diýdi: “Derrew gideliň-de, ol ýurdy basyp alalyň, çünki olary ýeňmäge biziň hökman güýjümiz ýeter” (31-nji aýat). Beýleki liderler ýene-de garşy çykyp: “Biz ol halkyň garşysyna çykyp bilmeris, çünki olar bizden has güýçli” diýdiler.

Mukaddes Ýazgy soňra şuny beýan edýär: “Emma bütin jemagat olary [Kalebi we Nunuň ogly Ýeşuwany] daşlamaly diýip haýbat atdy” (Çöl. 14:10).

Bütin halkyň we beýleki liderleriň nazarynda Kalep bilen Nunuň ogly Ýeşuwa men-menlik edýän we gedem görünýärdiler. Ysraýyllaryň ýurdy eýeläp bilmejekdigini aýdýan liderler bolsa realistdiler. Olar ýagdaýa baha berdiler we özleriniň, ýagny öň gul bolanlaryň güýçli, berk galalary we ýerleri basyp almagyň mümkin däldigine düşündiler. Galyberse-de, olar öz aýallaryny we çagalaryny goraýardylar (ser. Çöl. 14:3). Bu liderler pespäl we bütin halkyň, şol sanda garrylaryň we ejizleriň aladasyny edýänler hökmünde görünýärdi. Kalep bilen Nunuň ogly Ýeşuwa bolsa şöhratparaz we men-menlik edýän ýaly bolup görünýärdiler, sebäbi ejiz adamlaryň abadanlygy barada pikir etmek islemeýärdiler.

Ýöne olaryň öz ynamyny nireden alýandygyna üns beriň-ä: “Ýöne siz Rebbiň garşysyna pitne turuzmaň we ol ýurduň ilatyndan gorkmaň. Çünki olar biziň höregimizdir, olaryň goragçysy olardan ýüz dönderdi, ýöne Reb biziň bilendir, olardan gorkmaň” (Çöl. 14:9). Nunuň ogly Ýeşuwa we Kalep öz başarnyklaryna däl-de, bütin ýürekleri bilen Hudaýyň güýjüne bil baglaýardylar. Olar bu ýurda girip, Hudaýyň islegine görä ony basyp almalydyklaryny bilýärdiler. Olar dogrudan-da gopbamsyraýan öwünjeňler, beýleki liderler bolsa realistler hökmünde görnüp bilýärdiler. Ýöne Hudaýyň hut Özi pespäl adamlary tekepbirlerden aýyl-saýyl edýändir.

Pespällik, ýa-da Hudaýyň merhemetine doly bil baglamaklyk Pawlusyň durmuşyny hem häsiýetlendirýär. Ol özi barada şeýle diýýär:

> Bu işi öz-özümizden başarýarys diýip aýtmaga hiç esasymyz ýokdur. Bu başarnygy bize Hudaý berýär (2 Kor. 3:5).

Ýene-de:

> Emma Reb şeýle diýdi: “Saňa beren merhemetim besdir, sebäbi Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir”. Şonuň üçin-de, Isa Mesihiň güýji mende mesgen tutsun diýip, öz ejizliklerim barada höwes bilen magtanaryn. Şu sebäpden men Mesihiň hatyrasyna ejizliklere, sögünçlere, mätäçliklere, yzarlanmalara, muşakgatlara razydyryn. Çünki men ejizkäm güýçlüdirin! (2 Kor. 12:9, 10).

Pawlusyň durmuşyndaky öňegidişlik şeýledi: ol näçe köp ýaşadygyça, Hudaýyň merhemetine şonça-da köp garaşly bolýardy we öz güýjüne, zehinine, başarnygyna şonça-da az daýanýardy. Ol Isa Mesihe köpden-köp tabyn boldugy saýy Ony şöhratlandyrmak ugrunda has aýgytly hereket edýärdi.

## Biziň öz-özümizi görşümiz

Bu bizi pespälligiň üçünji aspektine, ýagny öz-özümizi nähili görýändigimize getirýär. Pawlus iman edenden soň, Isa Mesihe duşmazyndan öň gazanan üstünliklerini we jemgyýetdäki ornuny ret edip, olaryň baryny çöp-çör saýýar. Onuň Isa Mesihi tanamazyndan öňki durmuşynyň baryny dogrudan-da çöp-çör saýmak kyn däl. Ýöne Isa Mesihe iman edenimizden soň gazanan üstünliklerimiz barada näme aýtmak bolar? Bu köplenç bütinleý başga wakadyr. Şeýle üstünlikleri agzamak bilen, Pawlus: “Eý, doganlar! Men bulary gazanandyryn öýdemok. Emma ýeke-täk şuny welin edýändirin: yzda galan zatlary [*iman edenden soň Hudaýyň ol arkaly eden zatlaryny*] unudyp, öňdäkilere ýetmäge ymtylýaryn” diýýär (Fil. 3:13, nygtama awtoryňky).

Iman edeninden birnäçe ýyl geçenden soň, Pawlus resullyga bagyş edilýär (ser. Res. 13:1–4). Ol köp ruhy aýanlyklary we danalygy aldy; olar ony ýene-de uly üstünliklere ýetirdi. Ol bütin Asiýa we Gündogar Ýewropada ýygnaklaryň düýbüni tutdy. Biz

onuň 56-njy ýylda Korintosda täzelikde düýbi tutulan ýygnaga ýazan hatynda onuň pespälliginiň subutnamasyny görýäris. Onuň ömrüniň bary-ýogy on ýyly galypdy we ol Isa Mesihe hyzmat etmekde synaglardan geçen tejribeli adamdy. Ýöne onuň aýdýanlaryna gulak goýuň:

> Çünki men resullaryň arasynda iň kiçisidirin. Men hatda resul adyny almaga-da mynasyp däl, sebäbi Hudaýyň ýygnagyna azar beripdim (1 Кor. 15:9).

Siz onuň bu sözlerindäki pespälligi eşidýärsiňizmi? Munuň ýalan pespällik däldigini nygtasym gelýär. Ýalan pespällik pespälsiremek üçin dogry sözleri nädip saýlamalydygyny bilýär, ýöne onda akyl we ýürek sadalygy ýokdur. Şeýle garaýyş ýalan we ikiýüzlidir. Ýöne Mukaddes Kitap Mukaddes Ruhuň ylhamy bilen ýazylanda welin siz ýalan aldap bilmeýäňiz! Eger Pawlus özüni hakykatdan-da şeýle görmedik bolsa, şeýle zatlary aýtmazdy. Şonuň üçin-de, eger Pawlus resullaryň arasynda iň kiçisidigini aýdan bolsa, bu onuň öz hakyky pespälliginde dogrudan-da şeýle pikir edendigini aňladýar.

Emma indiki aýada garaň: “Men hemmelerden-de köp zähmet çekdim” (1 Кor. 15:10). Kim hemmelerden? Beýleki resullaryň baryndan! Dursaňyzlaň! Pawlus özüni öwýärmi? Beý-bä, indi bütinleý başga adam gürleýän ýaly bolup görünýär. Ol neneň edip özüne resullaryň iň kiçisi diýip, yzýanyndan hem “hemmelerden köp zähmet çekendigi” bilen öwnüp bilýärkä? Ilkibaşda onuň sözleri gedem ýaňlanyp, öňýanynda aýdanlaryny puja çykarýan ýaly görünýär, ýöne bu beýle däl. Soňra Pawlusyň doly garaşlylygy baradaky aýat gelýär:

> Aslynda muny men däl-de, maňa ýar bolan Hudaýyň merhemeti etdi (1 Кor. 15:10).

Ol özüniň ähli edenleriniň diňe Hudaýyň merhemeti arkaly edilendigini aýdýar. Ol özüni öz gazanan üstünlikleriniň baryndan bölüp aýyrmagy başarýardy. Ol özüniň üstünlikleriniň diňe Hudaýyň güýji arkaly mümkin bolandygyna doly aň ýetirýärdi, bu güýç ol arkaly akýardy.

Her nähili bolsa-da Pawlusyň "resullaryň iň kiçisi" diýip özüne berýän kesgitlemesini kabul etmek kyn. Onuň döwründe, şeýle-de ýygnagyň soňraky taryhynda ol beýik resullaryň biri hasaplanýardy. Ýöne Pawlusyň 63-nji ýylda, aradan çykmazyndan takmynan üç-dört ýyl öň, Efesdäki ýygnaga aýdýanlaryna garaň. Korintoslylara ýazan hatyndan soňky bu ýedi ýylyň dowamynda ol bütin ömründe edenlerinden has köp işleri edti. Bu ýerde ol özi barada şeýle ýazýar:

> Men *Hudaýyň halkynyň arasynda iň ähmiýetsizidim*, emma muňa garamazdan Mesihiň akyl ýetmez baýlygyny ýahudy dällere wagyz etmek jogapkärçiligini Hudaý maňa berdi (Efes. 3:8, nygtama awtoryňky).

Şondan ýedi ýyl öň ol özüne "resullaryň iň kiçisi" diýýärdi, indi bolsa özüne Hudaý halkynyň arasynda iň kiçisi diýmek bilen, özüni has-da peseldýär! Bu näme boldugy? Eger kimdir biriniň öwünmäge haky bolaýanda-da, muňa, elbetde, Pawlusyň doly haky bardy. Ýene ýatladaýyn: Mukaddes Kitaby ýazanyňda ýalan aldamak mümkin däl, syýasy taýdan dogry bolan dini täri saýlap almak mümkin däl. Ol dogrudan-da özüni şeýle nukdaýnazardan görýärdi!

Bu ösüş dowam edýärdi, sebäbi biz munuň tassyklamasyny Pawlusyň öz ölüminiň öňýanyndaky günde Timoteosa ýazan hatynda görýäris:

> "Isa Mesih günäkärleri halas etmäge geldi" diýen sözler dogry we her jähtden kabul ederlikdir. Şol günäkärleriň iň günäkäri-de mendirin (1 Tim. 1:15).

Indi ol özüne resullaryň we hatda Hudaý halkynyň iň kiçisi diýmeýär. Ol özüni günäkärleriň iň günäkiri hökmünde görýär. Üns beriň, ol günäkärleriň iň *günäk*äridi diýmeýär, ol bu sözlemde häzirki zamany ulanýar. Emma iman eden adamyň Isa Mesihde bütinleý täze ýaradylyşa öwrülýändigi we onuň üçin ähli köne zatlaryň geçip, indi täze bolandygy (ser. 2 Kor. 5:17). baradaky aýanlyk hut Pawlusa berlipdi. Sebäbi ol Halasgäriň onuň üçin edenlerini hiç haçan unutmaýardy. Pawlus näçe köp hyzmat etdigiçe, öz pespälliginiň artmagyna görä özüni şonça-da bimanysyp saýýardy. Bu, belki, onuň ýaşyna görä artýan Hudaý merhemetiniň täsiri astynda şeýle bolandyr? Sebäbi Ýakup "pespäl adamlara merhemet edýändigini" aýdýar (Ýak. 4:6). Belki, hut şu sebäpden Hudaý Pawlusa Öz ýollaryny aç-açan görkezendir? Muňa hatda Petrus resul hem haýran galýardy. Hudaý Işaýa pygamber arkaly Onuň pespäl adamlar bilen käwagt däl-de, hemişe bile bolýandygyny aýdýar. Biz hemişe Onuň bilen ýaşanymyzda, birek-biregimize örän ýakyn bolýarys.

## Güýjüň ekizleri

Indi bolsa Şalygyň güýjüniň ekizleri baradaky mowzuga geçeliň. Bu ekizler – *Rebden gorkmaklyk* we *Pespällik*. Ýadyňyzda bolsa, geçen baplarda biz Rebden gorkmaklygyň Hudaýy ýakyndan tanamak ýolunyň başlangyjy bolup durýandygyny ýüze çykardyk. Pespällik babatda hem hut şeýle diýip bolar. Mezmurçy şeýle diýýär:

> [Hudaý] Öz ýoluny *pespällere* öwredýär (Zeb. 24:9, nygtama awtoryňky).

Hudaý Öz ýollaryny kiçigöwünli adamlara, ýagny pespällere öwredýär. Birnäçe aýat aşakda biz şuny okaýarys:

> *Rebden gorkýan* ynsan bar bolsa, Reb oňa öwreder saýlamaly ýoluny (Zeb. 24:12, nygtama awtoryňky).

Aslynda, Rebden gorkýan adamlar dogrudan-da pespäl bolýar, hakykatdan-da pespäl adamlar bolsa Hudaýdan gorkýar. Ýadyňyzda bolsa, Musa pygamber Rebbiň ýollaryny bilýärdi, ysraýyl halky bolsa Hudaýy diňe Onuň dileglere berýän jogaplaryna, ýagny edýän işlerine görä bilýärdi. Musa pygamber Rebden gorkýardy we örän pespäl adamdy. Şu iki düşünjäniň arasyndaky arabaglanyşygy görýäňizmi? Ysraýyla Rebden gorkmaklyk (ser. Kan. 5:29), şeýle-de pespällik ýetmezçilik edýärdi (biz muny Nunuň ogly Ýeşuwanyň we Kalebiň wakasynda görüpdik).

Mezmurçy Rebden gorkmaklyk bilen pespälligi biri-birine berk baglaýar. Biz muny Mukaddes Ýazgyda hemişe görýäris. Şeýle mysallaryň biri, ine, şudur:

> Rebden gorkmaklyk danalygy öwredýändir, hormat pes göwünlilikden soň gelýändir (Sül. 15:33, nygtama awtoryňky).

Tümlük şalygynyň hem öz ekizleri bardyr. Olar *Rebden gorkmaklyk* bilen *Pespällige* gapma-garşy gelýändir. Olara *Pitneçilik* we *Tekepbirlik* diýilýär. Biz Süleýmanyň pähimlerinde bu jübütleriň biri-birine garşy goýulýandygyny görýäris.

Kiçigöwünliligiň, Rebden gorkmaklygyň sylagy – baýlyk, abraý we ýaşaýyşdyr. Egri adamyň ýolunda tikenler we duzaklar bardyr. Öz janyna haýpy gelýän olardan daş durar (Sül. 22:4, 5, nygtama awtoryňky).

Siz Rebden gorkmaklyk bilen pespälligiň özara baglydygyny we tekepbirlik bilen pitneçilige garşy goýulýandygyny ýene-de bir gezek görýärsiňiz. Isa Mesih Özüni adamlaryň ýa-da perişdeleriň islendiginden peseltdi. Hut şu sebäpdenem Onuň

ady hemme atlardan belende galdyryldy (ser. Fil. 2:8,9). Şeýle ýagşy häsiýetleriň üstesine-de, Ol Rebden gorkmaklykdan lezzet alýardy, şu sebäpdenem Mukaddes Ruhuň Ondaky we Onuň üstündäki barlygy çäksizdi (ser. Işa. 11:2, 3; Ýoh. 3:34).

Başda ýalkanan, soňra hemmelere mälim bolan iblise öwrülen Lýusifer perişde bolsa, tersine, tekepbirlenip, özüni arşa çykardy we öňde-soňda bolan barlyklaryň arasynda iň pitneçisi bolup galdy. Şonuň üçin-de ol "ölüler dünýäsine, gabryň düýbüne inderildi" (ser. Ezek. 28:14–17; Işa. 14:12–15). Ýadyňyzda bolsa, Mukaddes Ýazgyda Hudaýyň ýaşalgasynyň göklerdedigi, arwah-jynlaryňky bolsa aşaky gatlaklarda ýerleşýändigi barada dyngysyz aýdylýar. Tekepbirlik bilen pitneçiligiň dowzaha, pespällik bilen Rebden gorkmaklygyň bolsa belentlik bilen deňeşdirilýän mysallaryny Mykaddes Ýazgynyň ähli ýerinde tapmak mümkin. Belentlige galmak – bu Hudaý bilen ýakyn aragatnaşykda bolmakdyr!

## Hudaý kimi saýlaýar?

Hudaý tekepbirlere we pitneçilere garşydyr (ser. Ýak. 4:6), ýöne Ondan gorkýan adamlar, ýagny hakykatdan-da pespäl adamlar welin Ony Özüne çekýär. Köne Ähtde Hudaýa Mukaddes Ýazgynyň talap edişi ýaly hyzmat we sežde eden adamlar bardy. Olar Oňa goýunlary we öküzleri gurbanlyk berýärdiler, mukaddes otagda ýakymly tütetgileri ýakýardylar, çörek hödürlerini unutmaýardylar. Emma Hudaý Öz nazarynda olaryň gurbanlyklarynyň doňzuň ganyna barabardygyny, öwgüleriň we dilegleriň nyşany bolan tütetgileriniň bolsa butparazlyga deňdigini aýtdy! Ol munuň sebäbini hem düşündirdi:

> Çünki Men çagyranymda, hiç kim jogap bermedi, geplänimde, diňlemediler; Meniň ýigrenýän işlerimi etdiler, Maňa ýaramaýan zatlary saýladylar (Işa. 66:4).

Ýöne olar näme üçin Hudaýyň göwnünden turup bilmediler? Sebäbi olar gurbanlyk berýärdiler, ýöne tabyn däldiler (ser. 1 Şam. 15:22). Başga sözler bilen aýdylanda, Rebden gorkmaklygyň bolmadyk ýerinde seždäniň hiç bir görnüşi görnüşi Hudaýa ýaraýan däldir.

Hudaý şeýle "sežde edýän" adamlary berk ýazgardy. Olaryň näderejede sarsandygyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Olar Onuň göwnünden turýandyrlar öýtdüler, emma öz seždeleriniň Onda diňe ýigrenç duýgusyny döredýändigini ýüze çykardylar. Ýöne Hudaý eger Öz halkynyň arasynda gaýtadan ekmejek bolsa, ozal ekileni goparmaýar. Ol Öz halkynyň arasynda gaýtadan gurjak bolmasa, hiç zady weýran etmeýär. Şoňa görä, Ol şobada adamyň haýsy häsiýetleriniň Öz göwnünden turýandygyny aýdýar:

> Ýöne Men kiçigöwünlä, ruhy synyga, sözüme titreýäne nazar salaryn (Işa. 66:2).

Ýewreý dilinde *nazar salmak* ("ýokary baha bermek" manysynda) – *nabat*. Strong bu sözi "ünsli seretmek, aladasyny etmek we şol bir wagtyň özünde-de kanagatlanmany we hoşniýetliligi duýmak" diýip kesgitleýär. Eger şu kesgitlemä eýersek, onda bu Hudaýyň: "Bu Meniň lezzet bilen ünsli seredýän adamym, Men oňa hoşniýetli garaýaryn" diýip aýtdygy bolar. Başga sözler bilen aýdylanda, Ol şeýle diýýär: "Men bu adamy halaýaryn, Men ony Özüme çekesim gelýär". Häzirki döwrüň ýazyjysy we mugallymy Tommi Tenni meniň pikirimçe döwrümiziň iň oňat kitabyny ýazdy. Kitabyň ady "The God Chasers". Awtor Hudaýy söýýän adamlary oňat suratlandyrmagy başarypdyr. Hudaýy agtarmak bir zat, Onuň seni agtarmagy welin bütinleý başga zat! Emma ýokardaky aýatda Hudaý dogrudan-da şeýle adamlar bilen gatnaşmak isleýändigi barada aýdýar.

Dawudy ýatlaň. Hudaý Ysraýylyň baş pygamberi Şamuweliň Şawulyň gazabyndan gorkýandygyna garamazdan, oňa Ýyşaýynyň ýanyna gitmegi buýurýar. Hawa, Hudaý oňa gitmegi buýurýar, sebäbi Ol Ýyşaýynyň ogullarynyň birini Özüne çekesi geldi. Şamuwel onuň uly ogullarynyň ýedisini hem görýär we Reb ahyrda oňa şeýle diýýär: "Ýok, Şamuwel, men uly doganlaryny däl-de, kiçi we çyparyny saýladym, ol häzir meýdanda goýunlary bakyp ýör, Men Özüme hut şony çekesim gelýär" (awtoryň parafrazy).

Ýöne Hudaý näme üçin uly doganlaryny ýa-da Ysraýylyň beýleki erkeklerinden birini däl-de, Dawudy saýlasy geldi? Munuň jogabyny öňýanyndaky aýatdan tapsa bolýar. Hudaý pespäl we ruhy synyk, Onuň Sözüniň öňünde galpyldaýan adam bilen ýakyndan gatnaşmak isleýär. Synyk ruh adamyň bada-bat toba etmäge we Hudaýyň ygtyýarlygyna tabyn bolmaga taýýardygyny aňladýar. Şu aýadyň iňlis dilindäki terjimeleriniň biri şeýle ýaňlanýar: "Pespäl, toba etmegä taýyn, Menden gorkýan we Maňa tabyn bolýan adam Meniň göwnümden turýar". Synyk ruh – bu pespälligiň we Rebden gorkmaklygyň ýene bir görnüşidir. Şunlukda, Ol bize pespäl we Ondan gorkýan adamlary, ýagny Şalygyň güýjüniň ekizleriniň ýagşy häsiýetlerinde gezýän adamlary agtarýandygyny aýdýar. Hut şu sebäpdenem Mukaddes Kitapda şeýle diýilýär:

> Reb ýaňsylaýjylary ýaňsylaýandyr, pespäl adamlara rehim edýändir (Sül. 3:34).

Başga bir ýerinde hem şeýle diýilýär:

> Seniň ýagşylygyň neneňsi uly! Özüňden gorkýanlar üçin saklaýaň ony; Sen...olary Öz huzuryňyň saýasynda gizleýäň (Zeb. 30:20, 21).

Hut şu sebäpden hem Täze Äht bize “biri-birimiz bilen pespäl bolmagy” (1 Pet. 5:5) we “bu dünýädäki wagtlaýyn döwrümizi Hudaýdan gorkup geçirmegi” (1 Pet. 1:17) buýurýar. Petrus arkaly Mukaddes Ruh imanlylary Özi bilen datly gatnaşyga girmäge çagyrýar, sebäbi Onuň ýüregi Özüne şeýle eziz bolan perzentleri bilen gatnaşmaga ymtylýandyr.

Saýlawy siz etmeli. Hudaý Onuň ýanyna baryp bilerimiz ýaly, bize ýol açdy! Muny edip bilerimiz ýaly, Ol bize ýeterlik merhemeti hem eçildi. Biz, gör, nähili ajaýyp Hudaýa we Ata gulluk edýäris-ä! Çakylygy eşidip, oňa seslenmäge, Onuň Özüni aýan edýän içki otagyna girmäge wagt ýetdi. Onuň muny hakykat ýüzünde nädip edýändigine bolsa biz indiki baplarda garap geçeris.

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Şu bapda adamlaryň pespälligi gowşaklyk, ýuwaşlyk, durnuksyzlyk ýa-da hatda takwalyk diýip hasaplaýandyklary barada aýdylýar. Şol bir wagtyň özünde-de pespäl adamlary köplenç tekepbirlikde aýyplaýarlar. Bu barada oýlanyp görüň. Tanyşlaryňyzyň arasynda ozal tekepbir hasaplan, aslynda welin pespäl bolan adamlar barmy? Eger şeýle adamlar bar bolsa, öz nädogry garaýşyňyzdan nähili netijeleri çykardyňyz?

2. Pespälligiň üç aspekti: Hudaýa tabyn bolmak,Oňa bütinleý bil baglamak, özüňe baha bermek, şeýle-de Mukaddes Kitapda olara berilýän mysallar barada oýlanyp görüň. Siz şu aspektleriň haýsy hem bolsa birini durmuşyňyzyň iň uly meselesi hasaplaýaňyzmy?

3. Işaýa pygamberiň kitabynyň altmyş altynjy babynda adamlar toparynyň Hudaýa hyzmat etmekde we Oňa sežde etmekde kanuny doly berjaý edişleri beýan edilýär. Bu adamlar dogry sadakalary berýärdiler, dogry tütetgini tütedýärdiler we dogry hödürleri berýärdiler. Ýöne olar şonda-da öz seždeleri bilen Rebbiň göwnünden turup bilmeýärdiler, sebäbi Oňa tabyn däldiler. Biziň seždämize ökde we zehinli liderleriň ýolbaşçylyk edýändigine garamazdan, onuň Hudaýa ýaramazlygy mümkinmi?

10-njy bap

# MUKADDES RUH BILEN ÝAKYNLYK

Men Mukaddes Ruhuň ýygnakda şindi iň
äsgerilmeýän şahsyýetleriň biridigine ynanýaryn.

Biz indi köpden bäri pikir alyşmak isleýän mowzugyma golaýlaşdyk: Reb bizi Özüne nädip ýakynlaşdyrýar? Ilki bilen şuny ýene bir gezek gaýtalamaga ygtyýar ediň: Ol siziň bilen ýakyndan gatnaşmagy sizden-de köp isleýär. Musa pygamberiň sözlerini ýada salyň: "Reb gabanjaň Hudaýdyr [Ol seniň bilen bolan gatnaşygyna gabanjaňlyk bilen garaýar]" (GÇ 34:14).

Ýaňy-ýakynda men dileg oýlanmalaryna batanymda, heniz özüme gelip ýetişmänkäm: "Ýa Reb, eger Seniň bilen şu taýda, ýer ýüzünde gatnaşygym bolmasa, onda, gowusy, meni göklere, Öz ýanyňa alsana!" diýip gygyranymy bilmän galdym. Men bu sözleri aýdanymdan soň dyzlarym titräp başlady. Men bu sözleri kalbymyň jümmüşinden aýdanymy bilýärdim, ýöne aňym şobada:

“Diýýäniň näme?” diýip, howsala düşdi. Meniň paýhasym şeýle zatlary soramaga hakymyň bolup-bolmazlygyny sorap başlady.

Birnäçe sagat geçenden soň, men uçara münüp, kürsä jaýlaşykly ornaşdym-da, sumkamdan Mukaddes Kitaby çykardym. Gözüme ilki ilen aýat şu boldy:

> Ýa Reb, Seni çagyrýaryn; eşitmezlige salma, eý, meniň Gaýam, dymma, gabra inýänlere meňzemäýin men (Zeb. 27:1).

Men kürsümden tasdan atylyp turýardym. Mukaddes Kitap şu sahypada tötänden açylaýdymy eýsem? Bu aýat birnäçe sagat mundan ozal Rebbe ýalbaryp aýdan sözlerimiň özi ýalydy. Men munuň Rebbiň maňa berýän sözüdigine düşündim.

Dawut eger Hudaý bize ýüzlenmeýän bolsa, biziň dowzaha ýönelip barýan günäkärlerden hiç tapawudymyzyň ýokdugy barada aýdýar. Men Mukaddes Kitabyň häzirki zaman terjimesini hemişe ýanymda göterýärin, şonuň üçin-de oňa hem garadym; ol ýeri hem şol gün irden eden dilegime doly gabat gelýärdi. Ol ýerde: “Eger Sen dymsaň, ýeň berip, ölenim gowudyr” diýip ýazylgydy. Şol gün irden men Rebbe hut şeýle gygyryp aýdypdym. Men bu aýady ozal ençeme gezek okapdym, ýöne şu nukdaýnazardan welin heniz görmändim.

Men Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasy arkaly Hudaýyň islegine görä dileg edendigime düşündim. Şeýle-de bu Hudaýyň biziň bilen gürleşmek, dogrusy, biziň bilen örän ýakyn aragatnaşykda bolmak isleýänliginiň subutnamasy boldy. Mukaddes Kitapdaky iň söýgüli aýatlarymyň biri, ine şudur, ony Dawut ýazypdy:

> “Onuň ýüzüni agtar” diýýär ýüregim. Ýa Reb, Seniň ýüzüňi agtarýaryn men (Zeb. 26:8).

Siz Hudaýyň ýüreginiň zarynlamasyny eşidýäňizmi? Ol biziň her birimizi çagyryp, şeýle diýýär: “Maňa ýakynlaşyň. Men siziň bilen gatnaşasym gelýär, Men ýüregimiň pynhanlyklaryny siziň bilen paýlaşasym gelýär we siziň heniz bilmeýän ajaýyp, beýik zatlaryňyzy size görkezesim gelýär!” Bu her bir imanlynyň durmuşynda bolmalydyr. Rebbe ýakynlaşyň, eger siz ýakynlaşsaňyz, Ol Özüniň-de size ýakynlaşjakdygyny kepil geçýär. Onuň bilen ýakynlygymyzyň derejesini Ol däl-de, biziň hut özümiz kesgitleýändiris. Ol Özüniň içki otaglaryna alyp barýan gapyny eýýäm açyp goýdy. Ol garaşýar, Ol bizi Özüne çagyrýar. Jogap berip-bermezligimiz bize bagly we Oňa golaýlaşdygymyz saýy, Ol Özüni we Öz isleglerini bize köpden-köp açar. Ýakubyň sözlerine ýene bir gezek garalyň, ol bu sözleri şol ajaýyp çakylykdan biraz öň ýazypdy:

Siz Mukaddes Ýazgylardaky Hudaýyň bize beren ynsanlyk ruhy örän gabanjaňdyr diýlen sözler boş ýere aýdylandyr öýdýärsiňizmi? (Ýak. 4:5).

Hudaý biziň bilen ýakynlygy güýçli küýseýär, gabanjaňlyk derejesine çenli küýseýär. Biz Onuň bizi dünýäniň pis höwesleri bilen paýlaşmajakdygyny geçen bapda görkezipdik. Hut şu sebäpdenem Ýakup şeýle diýýär: “Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr” (Ýak. 4:4). Muňa mysal hökmünde öz biwepa ärine şeýle diýýän aýaly mysal getirip bolar: “Sen hem meniň bilen, hem-de oýnaşyň bilen ýaşap bilmersiň, şonuň üçin-de ikimizden birini saýla! Eger sen ony saýlasaň, diýmek menden dändigiňdir; onsoň men seniň bilen aýrylyşaryn!” Reb babatda hem şeýle, Ol bizi dünýä bilen paýlaşmaz. Ol ýüregimiziň ýeke-täk söýgüsi bolasy gelýär; şeýle bolmadyk ýagdaýynda Ol bizi Özüni aýan etmez.

## Gabanjaňlyk bilen söýýän Ruh

Biz ozal diňe Hudaýyň bize bolan duýgulary barada gürrüň edipdik. Indi bolsa ünsümizi Ruh sözüne gönükdirmegimiz gerek. Mukaddes Ýazgyda "Içimizde ýaşaýan ruh örän gabanjaňdyr" diýilmegi gyzykly zat. Üns beriň, ol ýerde "Içimizde ýaşaýan Isa Mesih gabanjaňdyr" diýilmeýär. Şu taýda, ýer ýüzünde Isa Mesih ýok, Ol göklerde Onuň Belentliginiň sag tarapynda otyr we şol ýerde eýýäm iki müň ýyl bäri bar. Isa Mesihiň göklere galan güni perişdeler Onuň şägirtlerine ýüzlenip, şeýle diýdiler: "'Eý, jelileliler! Näme üçin göge seredip dursuňyz? Isanyň göge göterilenini gözüňiz bilen gördüňiz ahyry. Ol göge nähili göterilen bolsa, hut şonuň ýaly hem gaýdyp geler"' diýdiler (Res. 1:11). Ol bulut içinde göklere bedende ýokary galdyryldy we Onuň hut şeýle tärde dolanyp geljekdigi bize wada edildi.

Gaýrat edip, maňa dogry düşüneweriň. Halasgärimiz Isa Mesih bizi dogrudan-da gabanjaňlyk bilen söýýär, ýöne Isa Mesih göge galandan soň, biziň bilen aşaga Inen bolýar. Bu Mukaddes Ruhdur, Ol anyk mukaddes Şahsyýet, aýatda hem Ol barada aýdylýandyr. Emma adamlar Isa Mesihiň adyny çagyranlarynda, Mukaddes Ruha äsgermezçilik edýärler. Aslynda, meniň pikirimçe, Mukaddes Ruh — ýygnakda şindi iň äsgerilmeýän şahsyýetleriň biri.

Özüňiz pikir edip görüň: bir adam bilen ýigrimi minutlap bir maşynda bolup-da, ýolboýy oňa ýeke söz aýtmazlyk mümkin zatmy? Ýöne biz Mukaddes Ruh babatda ençeme gezek şeýle edýäris-ä! Biz öz günümizi meýilleşdirýäris, ýolboýy mesihilik sazyny ýa-da radioýaýlymyny diňleýäris we köplenç Onuň ýanymyzdadygy barada hatda pikir-de etmeýäris. Biz Onuň öýde, işde ýa-da bolýan başga ýerlerimizde ýanymyzda bolýandygy barada pikir-de etmeýäris. Ýöne özümizden soralanda welin,

Onuň bardygyny we Onuň ýüregimizde mesgen tutýandygy baradaky hakykaty tassyklarys.

## Biziň Mukaddes Ruh baradaky düşünjämiz

Mukaddes Ruhuň barlygyny we Onuň biziň bilen gatnaşygyny inkär etmegimiziň sebäpleriniň biri – Ol baradaky düşünjämiz. Mukaddes Ruh barada okan maglumatlarymyz ýa-da eşiden wagyzlarymyz Onuň şahsyýetini biziň üçin syrlylyga gaplaýar. Eger Mukaddes Ruhuň dumana gaplanan şahsyýet hökmünde agzalan ýagdaýlarynyň hersi üçin bir dollar alan bolsadym, onda gysga wagtyň içinde juda baýardym. Gynansak-da, adamlaryň köpüsi Mukaddes Ruhy Hudaýyň barlygy, ýagny şahsyýeti Bolany hökmünde däl-de, haýsydyr bir "mukaddes barlyk" hökmünde kabul edýärler. Ol siziň iň ýakyn dostuňyz bolmak isleýär. Eger biz Mukaddes Ýazgyny öwrensek, Onuň akylynyň (ser. Rim. 8:27), erkiniň (ser. 1 Kor. 12:11), duýgularynyň, şol sanda bize bolan söýgüsiniň (ser. Rim. 15:30) bardygyny göreris. Ol gürleýär (ser. Ýew. 3:7), Ol muny äşgär ýagdaýda edýär (ser. 1 Tim. 4:1). Ol öwredýär (ser. 1 Kor. 2:13), Ony ynjadyp (ser. Efes.4:30) we hatda göwnüne degip hem bolýar (ser. Ýew. 10:29), adamlara ýalan sözlenilişi ýaly, Oňa hem ýalan sözläp bolýar.

Mukaddes Ruh barada pikir edenimizde, biziň aňymyzda kepderiniň keşbi peýda bolýar. Ýöne Ony näme üçin kepderiniň keşbinde göz öňüne getirýärler? Ol Özüni şeýle keşpde hiç haçan görkezmändi ahyryn! Hoş habarlaryň dördüsi-de Ýahýa Çümdürijiniň Hudaýyň Ruhunyň Isa Mesihiň üstüne "kepderi kimin" inişini görendigini beýan edýär (ser. Mat. 3:16; Mк. 1:10; Luk. 3:22; Ýoh. 1:32). Ýöne şeýle deňeşdirme Ony asla kepderi etmeýär. Men käbir aýallar barada "ol ýel kimin çalt", erkekler barada "öküz ýaly güýçli" diýip, olary tebigy hadysalar

we haýwanlar bilen deňeşdirýändiklerini eşidýärin. Ýöne bu aýalyň ýeliň keşbini kabul edýändigini, erkegiň bolsa dört aýakly haýwana öwrülýändigini aňlatmaýar. Olar öňküsi ýaly ynsan barlyklary bolmasyna galýar.

Maňa garşy çykyp, şeýle diýilmegi ahmal: hawa, ýöne Ýohanna resul Hudaýyň tagtyna seredende, ol ýerde Mukaddes Ruhy çyra görnüşinde gördi ahyryn. Hawa, bu dogrudan-da şeýle, sebäbi ol şeýle ýazdy: “Tagtdan ýyldyrymlar çakýardy, batly sesler we gök gürrüldisi eşidilýärdi. Tagtyň öňünde ýedi çyra ýanyp durdy, bu Hudaýyň ýedi Ruhudy” (Aýan. 4:5). Ýöne şol Ýohanna şuny hem ýazdy: “Onsoň men damagy çalnan guza meňzeýän bir Guzyny gördüm. Guzy tagtyň ortasynda, ...ýaşulularyň arasynda durdy... dört mahluk we ýigrimi dört ýaşuly Guzynyň öňünde ýüzin düşüp, Oňa sežde etdiler. Olar täze bir aýdym aýdýardylar: ‘Sen mynasypsyň bu kagyzy almaga, hem-de onuň möhürlerini döwmäge. Çünki Sen damagyň çalnyp, Öz ganyň bilen, her tireden, her dilden, her halkdan hem-de milletden Hudaý üçin adamlary satyn alansyň” (ser. Aýan. 5:6–9). Onuň bu ýerde Isa Mesih barada aýdýandygy mese-mälim, ýöne biz Ony haýwan hökmünde kabul etmeýäris ahyryn! Biz Isa Mesihiň şahsyýetdigini anyk bilýäris. Biz haýwanyň keşbinde däl-de, hut Onuň keşbinde ýaradylandyrys!

Mukaddes Ruh Şahsyýetdir, biz Oňa meňzeş we Onuň keşbinde ýaradylandyrys. Hawa, hawa, edil Oňa meňzeş we Onuň keşbinde ýaradylandyrys! Gelip çykyş kitabynda biz şuny okaýarys: “Onsoň Hudaý: ‘Indi Öz keşbimizde, Özümize meňzeş ynsany ýaradalyň’” (GÇ 1:26). Ol ýerde: “Ynsany Öz keşbimde we Özüme meňzeş ýaradaýyn” diýilmeýär. Ýok, ynsan Atanyň, Ogluň we Mukaddes Ruhuň bilelikdäki tagallasy bilen ýaradyldy. Biz Ata bilen Ogluň ýaradalyşdyky roluna oňat aň ýetirýäris, ýöne Mukaddes Kitap şeýle diýýär: “Hudaýyň Ruhy meni ýaratdy”

(Eýý. 33:4), başga bir ýerinde bolsa: “Jan berýän demiňi iberýäň — olar ýaradylýar” (Zeb. 103:30). Şoňa görä-de, Hudaý: “Indi Öz keşbimizde, Özümize meňzeş ynsany ýaradalyň” diýende, Ol Mukaddes Ruhy hem Ýaradanlara degişli edýärdi. Biz Ata, Ogla we Mukaddes Ruha meňzeş, Olaryň keşbinde ýaradylandyrys. Mukaddes Ruh Şahsyýetdir, Ol düşnüksiz ýel ýa-da uçýan guş däl-de, Hudaýyň üçünji barlygydyr.

Eger biz Oňa meňzeş we Onuň keşbinde ýaradylmadyk bolsadyk, onda Merýem nädip Mukaddes Ruhdan göwreli bolup bilerdi? Mukaddes Ýazgyda şeýle ýazylgy: “Merýem bilen Ýusup adaglydy, emma olar entek ýassykdaş bolmankalar, Merýem özüniň Mukaddes Ruh arkaly göwreli bolandygyny bildi” (Mat. 1:18). Biraz soňra Rebbiň Perişdesi Ýusuba şeýle diýdi: “sebäbi onuň göwresindäki Mukaddes Ruh arkalydyr” (Mat. 1:20). Eger Mukaddes Ruh Şahsyýet däl-de, haýsydyr bir syr ýa-da pynhanlyk bolan bolsa, boý gyz Merýemiň ýatgysynda Ynsan nädip emele gelerdi? Ol Mukaddes Ruhdan göwreli boldy. Adaty nesliň peýda bomagy üçin şol bir görnüşdäki we keşpdäki iki barlyk gerekdir.

Siz indi Mukaddes Ruhy Şahsyýet we has dogrusy, iň ajaýyp Şahsyýet hökmünde kabul edýänsiňiz diýip umyt baglaýaryn. Hut şu sebäpdenem Pawlus imanlylara şeýle diýýär:

> Rebbimiz Isa Mesihiň merhemeti we Hudaýyň söýgüsi hemmäňize ýar bolsun! Mukaddes Ruh bilen *ýakyn gatnaşykda* ýaşaň. (2 Kor. 13:13, nygtama awtoryňky).

Üns beriň, ol “Mukaddes Ruh bilen ýakyn gatnaşykda ýaşaň” diýýär. Men *gatnaşyk* sözüni birnäçe ýylyň dowamynda öwrendim, sebäbi hemme zatdan köp Hudaýy ýakyndan tanamagy isleýärin. Men bu sözüň manysyny elime düşen grek dilindäki sözlükleriň baryndan gördüm. “Gatnaşyk”

sözüniň manysyny kesgitlemäge ýardam berjek söz düzümleriň birnäçesini, ine dykgatyňyza ýetirýärin:

- dostlukly we ysnyşykly gatnaşyk;
- arkalaşykly işlemek ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklary;
- hyzmatdaşlyk ýa-da şäriklik;
- ýakyn gatnaşyk;
- ýakynlyk, birek-biregi oňat tanamak.

*Gatnaşyk* düşünjesini kesgitlemek üçin ulanylýan başga-da söz düzümleri bar, ýöne olar öz manysy boýunça ýokarda sanalan kesgitlemelere gabat gelýänligi üçin, men olary almadym. Geliň, olaryň hersine aýratynlykda garap geçeliň we olar barada oýlanalyň.

## Dostlukly we ysnyşykly gatnaşyk

Dostlukly gatnaşyk – bu ilki bilen ýoldaşlyk gatnaşygydyr. Şeýle gatnaşykda adamlar biri-birine ynanýarlar. Siz biri-birinden gaça durýan dostlara duş gelmersiňiz. Tersine, olar öz edýän işleri we gelejekdäki meýilleri baradaky habarlary dostlary bilen paýlaşýarlar. Olar dostlar, şonuň üçin-de birek-biregi bilen hemişe habarlaşyp durýarlar. Resullaryň işleri kitabynda biz Mukaddes Ruh we Onuň hyzmatçylarynyň arasyndaky şeýle gatnaşyklaryň köp mysalyny görýäris. Resul Pawlusyň şaýatlyklarynyň biri, ine şeýledir:

Indi bolsa Mukaddes Ruha boýun egip, Iýerusalime gidýärin. Ol ýerde başyma nämeleriň geljegini bilemok. Emma Mukaddes Ruh maňa her şäherde zynjyrlara we muşakgatlara duçar boljakdygymy duýdurýar (Res. 20:22, 23, nygtama awtoryňky).

Pawlusyň sözleri Onuň Mukaddes Ruh bilen hemişe, dyngysyz gatnaşykda bolandygyna şaýatlyk edýär. Olar durmuşda,

syýahatlarda we hyzmatda ýoldaşdylar.

Rebbiň Täze Ähtdäki hyzmatçylarynyň islendigi barada hem şeýle diýip bolar. Olar her nirä gitseler-de, Mukaddes Ruh olar bilen boldy, olar Oňa ýüzlenende, Ol olara jogap berdi. Ol olaryň doganlary ýaly boldy. Şägirtleriň ýene biri bolan Filip şäherden çykyp, çöle ugraýar, ýöne ol özüni ýalňyz duýmaýar, sebäbi ol şondan soň etmeli işlerini bilýärdi, "Mukaddes Ruh Filipe: 'Bar, arabanyň ýanyndan ýöre! diýdi" (Res. 8:29).

Çylşyrymly görnüşiň manysyna düşünmek üçin Petrusa Mukaddes Ýazgy baradaky bilimine daýanmak gerek däldi, sebäbi ol Mukaddes Ruhuň: "Hudaýyň halal diýen zatlaryna sen haram diýmegin" diýip aýdanyny eşitdi. Onsoň Petrus soňra etmeli zatlary barada görkezme aldy:

> "*Mukaddes Ruh* oňa: 'Ine, üç adam seni gözläp ýör. Tur, aşak düş, ikirjiňlenme-de, olar bilen git. Olary Men ýolladym' diýdi" (Res. 10:19, 20, nygtama awtoryňky).

Mukaddes Ruhuň Pawlusyň töweregindäkileriň ählisi bilen dyngysyz dostlukly gatnaşykda bolandygy mese-mälim görünýär. Luka, ine, şeýle ýazýar: "Mukaddes Ruh tarapyndan Rebbiň sözüni Aziýa welaýatyna wagyz etmeklik bökdelensoň, Pawlus dagy Frikiýa we Galatýa ülkesinden geçdiler. Olar Misýa serhedine gelip, Bitiniýa welaýatyna girmekçi boldular. Emma Isa *Mukaddes Ruh arkaly olara rugsat bermedi*" (Res. 16:6, 7, nygtama awtoryňky).

Men bärde başga mysallary hem getirip bilerdim. Ýöne men Täze äht döwründäki hyzmatçylaryň Mukaddes Ruhuň kömegine we Onuň ugrukdyrmasyna doly aň ýetirendiklerini nygtasym gelýär. Ruh olar üçin düşnüksiz bir zat ýa-da adatdan daşary hadysa däldi, şoňa görä-de, Onuň bilen gürleşmeklik olar üçin

adaty zatdy. Olar Onuň öz durmuşlaryna gatnaşmagyny adaty ýagdaý diýip kabul edýärdiler. Bu edil ýanymyzda köpden bäri bile ýaşap gelýän adamyň durmuşymyza gatnaşmagy ýalydyr.

Adamlar menden myhmanhana otaglaryndan ýadap-ýadamaýanlygymy soraýarlar. Dogrymy aýtsam, men olardan asla ýadamok. Men hatda dünýäniň iň owadan şäherlerine sapar bilen baranymda hem oňa syýahat etmeýärin, sebäbi Onuň bilen gepleşmekden ägirt lezzet alýanlygym üçin, bu ajaýyp mümkinçiligi sypdyrasym gelenok. Geçen ýyl, Mukaddes Ruha belli bir düşünmedik we Onuň bilen gatnaşmadyk döwrümde, men ýekelikdäki sagatlarymy kynlyk bilen geçirýärdim. Men hemişe dostlarymdan biriniň ýanymda bolmagyna mätäçdim. Indi bolsa Onuň bilen arkaýyn gürleşip, Ony diňlemek üçin, Onuň bilen ikiçäklikde galjak wagtyma sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn.

Ol hem siziň bilen gürleşmegi örän küýseýär! Birsalym wagt tapyň-da, gözüňizi ýumup, Mukaddes Ruhuň hut Özüniň siziň ýoldaşyňyzdygy, dostuňyzdygy we işlerdäki doganyňyzdygy barada pikir ediň. Çünki Hudaýyň Sözi: “Mukaddes Ruh bilen *ýakyn gatnaşykda* ýaşaň” diýýär. Bu sözler, goý, kalbyňyzy doldursyn we Ýaradanyňyz bilen ýakyn gatnaşygyňyzyň gapysyny açsyn.

## Bilelikde işlemek

“Gatnaşyk” sözüniň ikinji kesgitlemesi – bilelikde işlemek ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklary. Bu özara pikir alyşmagy we birek-birege bolan duýgulary aňladýar. Dostlarymyz bilen bolýan duşuşyklarymyzyň iň ajaýyp bölegi gürleşip, ýüregimiziň çuňňur we pynhan meselelerini olar bilen paýlaşyp başlan pursadymyzdan başlanýar. Şeýle pursatlarda biz ejizleýäris, sebäbi içimizi dökýäris we bizi bilmeýän adamlaryň düşünmejek, ýaňsylap biläýjek zatlaryny paýlaşýarys. Ýöne biz munuň asla

bolmajakdygyny bilýäris, sebäbi biz ýüregimizi dostlarymyza dökýäris. Olar biziň ýüregimizi bilýärler we olar bilen paýlaşýan zatlarymyza dogry düşünerler. Pawlus şu aşakdaky aýatda Mukaddes Ruh bilen bolýan şeýle gatnaşyk barada aýdýar:

Munuň hakykatdygyna, ýalan sözlemeýändigime Isa Mesihiň adyndan güwä geçýärin. Sözlerime *Mukaddes Ruh* arkaly ynsabym-da şaýatdyr. (Rim. 9:1). Mukaddes Ruh Pawlusyň ýüregini, Pawlus-da Onuň ýüregini bilýärdi. Olaryň arasynda ynamyň netijesinde döreýän ýakynlyk bardy, bu ynam bolsa olaryň öz pynhan pikirlerini we duýgularyny biri-biri bilen paýlaşandyklaryndan belli bolýardy.

Hut şu sebäpdenem Rebden gorkmaklyk şeýle wajypdyr. Reb Özüniň pynhan niýetleriniň gadyryny bilmeýänler bilen olary paýlaşmaz, Ol bu niýetlerini ýoýjak we üýtgetjek adamlaryň öňünde dür dänelerini dökmez. Sada sözler bilen aýdylanda, biz öz ruhumyza ýakyn bolmadyk adamlar bilen pynhan pikirlerimizi paýlaşmarys. Biziň Hudaýymyz-da şeýledir.

Köne äht döwrüniň mukaddesleri: “Hudaýyň syrlaryna akyl ýetirip bilermiň?” diýip gygyrýardylar (Eýý. 11:7). Emma şindi, Täze Ähtiň Mukaddes Ruh bilen ýakyndan gatnaşmagyň gapysyny açan döwründe, Pawlus tolgunyp, şeýle diýýär: “Bize bolsa Hudaý bu danalygy Öz Ruhy arkaly aýan etdi. Çünki Mukaddes Ruh ähli zady, hatda Hudaýyň çuň *pikirlerine* düşünýändir” (1 Kor. 2:10, nygtma awtoryňky). Onuň muny Öz Ruhy arkaly edýändigine üns beriň. Ruh – bu Mukaddes Şahsyýet we Ol Hudaýyň pynhan, çuň pikirlerini biziň bilen paýlaşýar! Muny heý göz öňüne getirip bilýäňizmi? Bu ajaýyp dälmi näme?

Şunlukda, Mukaddes Ruhuň siziň bilen hut şeýle, örän ýakyn gatnaşyklary ýola goýmak isleýändigi barada ýene bir gezek oýlanyň. Ol siz Öz pynhan pikirlerini we duýgularyny görkezesi gelýär, siziňkileri-de eşitmek isleýär. Çünki Hudaýyň

Sözi: “Pikirleriňizi we duýgularyňyzy Mukaddes Ruh bilen özara paýlaşyp ýaşaň” diýýär.

## Hyzmatdaşlyk, ýa-da umumy şäriklik

“Gatnaşyk” düşünjesiniň üçünji kesgitlemesi – bu Mukaddes Ruhuň Öz hyzmatçylarynyň işlerinde hyzmatdaşlyk etmegidir. Munuň mysaly ir döwürdäki ýygnaklaryň liderleri şaýatlyk edip, öz hatynda: “Biz Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygynda...” (Res. 15:28) diýip ýazýarlar.

Şeýle diýmek bilen, olar Mukaddes Ruhuň-da, özleriniň-de garaýşyny mese-mälim görkezýärler. Bu ýagdaý kararlaryň bilelikde kabul edilendigini aňladýar. Olar Şalygy dolandyrmakda hyzmatdaşlyk edýärdiler. Şeýle mysallaryň birini biz Köne Ähtde görýäris. Şonda Hudaý Sodom babatdaky meýlini maslahatlaşmak üçin, Ybraýymyň ýanyna gelýär. Ybraýyma öz nukdaýnazaryny mälim etmäge ygtyýar edildi we Hudaý onuň teklibini diňläninden soň, belli bir karara geldi.

Şeýle ýagdaý Musa bilen hem birnäçe gezek bolupdy. Reb Öz gahar-gazabynda Ysraýyl halkyny ýok etmekçi boldy, eger Musa ara düşmedik bolsa, Ol şeýle hem ederdi. Musa Hudaýa Öz beren wadalaryny ýatlatdy we şeýle hereketi bilen Öz abraýyna zeper ýetirip bilýändigini aýtdy. Musanyň ara düşmeginiň netijesinde nämeleriň bolandygyny biz şu aýatdan bilýäris: “Şundan soň, Reb halkynyň üstünden bela-beter indermek pikirinden el çekdi” (GÇ 32:14). Musa bilen Ybraýym Hudaýda hyzmatdaşlar ýa-da işdeşdiler, emma muňa garamazdan, hatda olaryň-da Hudaý bilen elmydama gürleşmäge mümkinçigi ýokdy. Biziň bolsa Köne Äht sebäpli şeýle mümkinçiligimiz bar. Bu barada oýlanyp başlanyňda, öz aýratyn hukuklygyňa haýran galýarsyň.

Biz Pawlusyň Efesdäki ýygnagyň ýolbaşçylaryna ýüzlenip aýdan sözlerini eşidenimizde, Mukaddes Ruhuň uly hyzmatdyşymyz hökmünde edýän işleriniň tassyklamasyny aýdyň görýäris.

Özüňize we *Mukaddes Ruhuň* siziň gözegçiligiňize beren ähli sürüsine göz-gulak boluň. Hudaýyň ýygnagyna çopançylyk ediň. Ol bu ýygnagy Öz Oglunyň gany bilen satyn aldy (Res. 20:28, nygtama awtoryňky).

Şu aýatda Hudaýyň dürli keşplerini olaryň ajaýyp bütewiliginde aýdyň görüp bolýar. *Mukaddes Ruh* ilkinji bolup agzalýar we ýygnaga gözegçileri hut Onuň Özi belleýär. Soňra *Hudaýyň ýygnagy* barada aýdylanda, Ata agzalýar we ahyrda biz bu ýerde *Ogluň* (Rebbiň ýygnagynyň) roluny görýäris, sebäbi Ýygnak *Onuň gany* bilen satyn alyndy. Üç dürli Şahsyýet, ýöne ýeke-täk bir Hudaý. Muňa akyl ýetirmek kyn, ýöne tebigatda bu düşünjäni anyk görkezýän bir hadysa bar. Biz suwuň üç halda: gaty, suwuk we bug görnüşinde bolýandygyny we onuň molekulýar gurluşynyň hiç üýtgemeýändigini bilýäris. Hudaýyň hem üç tarapy, üç keşbi bolsa-da, Ol bütinleý bütewidir, çünki Hudaý birdir.

Mukaddes Ruh – bu Hudaýyň Ýygnakda onuň ruhy liderlerini belleýän Şahsyýetidigini hem belläp geçmeli. Bu beýleki ýygnagyň, ýagny Antiohdaky ýygnagyň ýaşulularynyň Rebbi agtaran ýagdaýynda hem şeýle bolupdy. Olar dileg edip otyrkalar: “ Mukaddes Ruh: ‘Barnap bilen Şawuly Maňa bagyş ediň, goý, olar Meniň tabşyran işimi berjaý etsinler’ diýdi” Şonda olar dileg edip, ellerini olaryň üstüne goýdular. Soňra biz şuny okaýarys: “*Mukaddes Ruh tarapyndan ýollanan* Barnap bilen Şawul...” (Res. 13:2–4, nygtama awtoryňky). Isa Mesihi şöhratlandyrmak üçin, Mukaddes Ruh Hudaýyň hyzmatçylary bilen bile işleýärdi.

Şu mysallaryň esasynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklara syn etse

bolýar; şeýle gatnaşyklarda Mukaddes Ruh liderlik roluny ýa-da ýaşuly gatnaşyjynyň roluny ýerine ýetirýär. Şuny ýene bir gezek nygtasym gelýär: Onuň hut Özi siziň we meniň Onuň işdeşleri, Onuň hyzmatdaşlary bolmagymyzy isleýär! Bu barada Pawlusyň korintoslylara ýazan hatynda aýdyň aýdylýar. Pawlus şeýle ýazýar: "Çünki biz Hudaýyň işdeşidiris; siz Hudaýyň ekini, Onuň ymaratysyňyz" (1 Kor. 3:9). *Işdeşler* diýen söz bile işleýän, ýoldaşlyk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary bolan adamlary aňladýar. Mukaddes Kitabyň King James Version terjimesinde bu has hem aýdyň aýdylan: "Çünki biz Hudaý bilen bile işleýäris". Göz öňüne heý getirip bilýäňizmi? Şu baglylykda men ozalky soragymy ýene bir gezek bereýin: siz birek-biregine ýardam bermeýän we ýakyndan gatnaşmaýan hyzmatdaşlary heý görüpmidiňiz?

Mukaddes Ruhuň siziň uly ýoldaşyňyz, baş hyzmatçyňyz bolmak isleýändigi barada bir pursat oýlanyp görüň. Sebäbi Hudaýyň Sözi şeýle diýýär: "Mukaddes Ruhuň ýakyn gatnaşygy we hyzmatdaşlygy biziň hemmämize ýar bolsun".

## Ýakyn gatnaşyk

*Gatnaşyk* sözüniň indiki kesgitlemesi – özara ýakyn gatnaşyklar. Bu Hudaýy tanaýan beýik är-aýal jübitleriniň şaýatlyklaryndan oňat mälim bolýar, men şeýle jübütler bilen köp ýyldan bäri gatnaşyp gelýärin. Koreýanyň Seul şäherinde ýerleşýän we dünýädäki iň uly ýygnaklaryň biri bolan ýygnagyň çopany Doktor Dewid Ço bilen ilkinji gezek duşuşymyz ýadyma düşýär. Şonda ol biziň ýygnagymyza ilkinji gezek gelipdi. Şol döwürde men çopanyň kömekçileriniň biridim we Doktor Ço şäherimizde bolan wagtynda oňa hyzmat etmelidim. Men köp ýyllaryň dowamynda bu işi ýerine ýetirip gelýärdim we Doktor Ço gelmezinden öň hem hyzmatçylaryň ýüzlerçesini ulagymda gatnadýardym, sebäbi

ýygnagymyza myhmanlar ýygy-ýygydan gelýärdiler. Ýöne bu gezek welin hemme zat bütinleý başgaça boldy, sebäbi ol maşynyma münen badyna, maşynyň içi Hudaýyň huzuryndan doldy. Men şobada aglamaga başladym, saklap bilmedik gözýaşlarym ýüzümden syrygyp akdy. Men gürlemän oturdym, sebäbi oňa çykyş etmeziniň öňýanynda azar beresim gelmeýärdi. Ýöne soňra onuň bilen gürleşmegi ýüregime düwdüm-de, ýuwaşlyk we örän mylaýymlyk bilen: "Doktor Ço, Hudaý biziň maşynymyzda" diýdim. Ol ýylgyrdy-da, baş atdy.

Birnäçe wagt geçenden soň men bu adamyň Mukaddes Ruh bilen öz gatnaşygy barada neneň köp ýazandygy we wagyz edendigi barada oýlandym. Şonda men köp ýyllaryň dowamynda hyzmat eden adamlarym barada hem oýlandym; olar hem Mukaddes Ruh bilen gatnaşykda ýaşaýardylar we şeýle özara gatnaşygyň wajyplygyny nygtaýardylar. Men ýüzlerçe hyzmatçylary garşylap, ulagymda gatnatsam-da, olardan diňe sanlyjasy ýadymda galdy, sebäbi olar bilen duşuşan ilkinji pursadymdan Rebbiň huzuryny duýýardym. Şeýle hyzmatçylaryň biri Jenni Wilkersondy; ol köp ýylyny towakga doga-dileglerinde geçiripdi we şindi Reb bilen göklerde ýaşaýar. Ol meniň maşynyma ilkinji gezek münende, men ýolboýy ajaýyp galpyldadan dolup oturdym. Men diňe bir Hudaýy tanaman, eýsem Onuň Özüni ýakyndan bilýän aýalyň ýanynda oturandygyma düşündim. Ol Mukaddes Ruh köp gürrüň berýärdi we her gezekki duşuşygymyzda Onuň huzury äşgär görünýärdi.

Ýaňy-ýakynda men dört müň agzasy bolan uly ýygnagyň öňünde çykyş etdim. Ol ABŞ-nyň Orta Günbatarynda ýerleşýär. Men ýekşenbe gününde irdenki hyzmatda Mukaddes Ruh barada wagyz edýärdim we şol günüň özünde öýlänki hyzmatda hem kyrk bäş minutlap çykyş etmelidim. Şunlukda, men ýygnak başlandan soň iki sagadyň dowamynda hiç çykyş edip bilmedim, sebäbi Mukaddes

Ruhuň Öz niýetlän zatlary bardy. Şol gün Ol köp adamlara hyzmat etdi we bu diýseň ajaýyp boldy! Ahyrda, münbere çykmazymdan öň, ýanyma ýygnagyň çopany geldi. Oňa ne ýumşak, ne-de aşa mylaýym diýip bolardy, ýöne ol gözlerine ýaş aýlap, şeýle diýdi: "Jon, şu ýygnakda sekiz ýyllap hyzmat edip gelýän döwrümde men Mukaddes Ruhuň şeýle güýçli huzuryny ozal asla duýmandym!" Men oňa şobada: "Bu düşnükli zat. Şu güm irden biz Mukaddes Ruh barada gürrüň etdik we sen her gezek Ol barada gürrüň edeniňde, Ol Özüni hökman äşgär eder" diýdim.

Şeýle ýakyn gatnaşygy nika gatnaşyklarynda görüp bolýar. Erkek hyzmatçylaryň käbiri öz ýanýoldaşyny ýygy-ýygydan agzaýar. Ýanýoldaşynyň ýanynda däldigine garamazdan, olar ony öz wagyzlarynda agzaýarlar ýa-da gürrüňlerinde ýatlaýarlar. Olar öz aýaly bilen bütewi bir ten ýalydyr we bu diňe olaryň özlerine däl, eýsem töweregindäkileriň-de hemmesine görünýär. Siz şeýle hyzmatçy barada pikir edeniňizde, hakydaňyza onuň aýaly hem gelýär. (Ýygnakda hyzmat edýän aýalyň ýanýoldaşy babatda hem şeýle diýmek bolýar). Liza ýanymda bolmadyk wagtlary, menden ol barada soraýarlar, men öz kitaplarymda elmydama ony agzaýaryn. Ýöne öz aýalyny seýrek agzaýan, ol barada seýrek gürrüň berýän we olary bilelikde seýrek görüp bolýan hyzmatçylar hem bar. Bu hyzmatçylar barada gürrüň açylanda, olaryň aýaly hatda hakydaňyza-da gelmeýär.

Mukaddes Ruh babatda hem şeýle diýip bolar. Mukaddes Ruhuň Onuň bilen ýakyndan gatnaşyk saklaýan çagalary bar. Siz olar barada gürrüň edeniňizde, bada-bat Mukaddes Ruhy hem ýatlaýarsyňyz, sebäbi bu adamlar Onuň bilen Onuň kiçi kömekçileri hökmünde hyzmat edýärler we Oňa degişli yzzat-hormaty bildirýärler. Şonuň üçin-de Ol özüni olaryň hyzmatynda äşgär edýär. Netijede bolsa Isa Mesih has köp şöhratlanýar, sebäbi Hudaýyň Ruhy Isa Mesihi şöhratlandyrýar.

Mukaddes Ruh siziň bilen ýakyn gatnaşykda bolasy gelýär. Eger siz Ony sylaýan bolsaňyz, Ol Özüni äşgär eder. Eger şeýle bolmasa, onda köp ýyl bile ýaşaşan aýaly bilen ysnyşykly gatnaşygy bolmadyk şol hyzmatçydan siziň hiç tapawudyňyz ýokdur. Şeýle adamlar diňe birek-bireginden uzak bolman, eýsem adamlaryň nazarynda hem bütewi bir ten däldir. Şonuň üçin-de, şu sözler barada ymykly oýlanyň: “Mukaddes Ruh bilen özara ýakyn we ysnyşykly gatnaşyklar siziň ähliňize ýar bolsun!”

## Ýakynlyk, birek-biregi oňat tanamak

Biziň sanawymyzdaky kesgitlemeleriň soňkusy – ýakynlyk, ýagny birek-biregi oňat tanamak. Bu söz gatnaşygy örän oňat kesgitleýär, sebäbi ol ýokarda gürrüňini eden dört kesgitlemämiziň baryny diýseň oňat jemleýär. Aslynda, Websteriň sözlüginde *gatnaşyk* sözüniň kesgitlemeleriniň biri ýakyn gatnaşyga ýa-da ylalaşyga syrygýar. Ýakynlygy diňe gatnaşyk arkaly ösdürip bolýar, ol bolsa öz gezeginde berk dostlugyň döremegine ýardam berýär. Ýokarda mysal getirilen aýady şeýle hem okap bileris: “Mukaddes Ruhuň ýakyn dostlugy siziň ähliňize ýar bolsun”.

Biz aýlanyp-dolanyp ýene-de dostluga gaýdyp geldik, sebäbi ol aragatnaşygyň ahyrky maksady bolup durýar. Hudaýyň Ruhy siziň bilen dostlaşmak isleýär. Ol siziň bilen gatnaşmagy küýseýär. Ol size Öz bilýän zatlaryny öwredesi gelýär, Onuň bilýän zatlary bolsa tükeniksizdir! Ol Hudaýdyr, Onuň üçin gizlin ýa-da syrly zat ýokdur. Onuň bilmeýän zady ýok. Işaýa pygamberiň aýdyşy ýaly:

> *Rebbiň Ruhuna* kim akyl ýetirdi? Kim Oňa maslahat berip bildi? Akyl üçin Ol kimden maslahat sorady? Adalat ýoluny Oňa öwreden kim? Oňa bilim berip, paýhas ýoluny görkezen kim? (Işa. 40:13, 14, nygtama awtoryňky).

## Hudaýyň Ruhy Hudaýdyr!

Ýene bir gezek gaýtalaýyn: Ol Hudaýdyr! Onuň paýhasy, bilimi we düşünjesi çäksizdir we Ol Öz bilýän zatlaryny size öwretmegi küýseýär. Pikir edip görüň: siz haýsydyr bir gymmat bilime eýe bolanyňyzda, ony ýakynlaryňyz we eziz adamlaryňyz bilen paýlaşmagy küýseýärsiňiz. Muny Mukaddes Ruh babatda hem aýdyp bolar. Ol Öz bilýän zatlaryny paýlaşmagy güýçli isleýär! Siz özüňize nähili çuňluklaryň elýeter bolup bilýändigine heý düşünýäňizmi? Siz olara, belki, Hudaýyň siziň bilen elmydama bolýan bu Şahsyýetini heniz agtarmanlygyňyz üçin eýe dälsiňiz? Siz haçan hem bolsa Mukaddes Ruhdan sowa geçip, Isa Mesih bilen özara gatnaşyga ýola goýmaga synanyşyp görüpmidiňiz?

Ýygnakdaky adamlaryň juda köpüsi Isa Mesihe Mukaddes Ruh bilen ýakyn gatnaşygy ýola goýmazdan ýakynlaşmaga dyrjaşýar. Men golaýda bu barada pikir edýärkäm, kelläme şeýle pikir geldi: Isa Mesihiň ýer ýüzünde hyzmat eden döwründe ýahudylar Isa Mesihden sowa geçip, Hudaý bilen gatnaşygy ýola goýmakçy boldular. Olar şeýle diýýärdiler: “Biz zynadan doglan däl, biziň ýeke-täk bir Atamyz bar, Ol Hudaýyň Özüdir” (Ýoh. 8:41) ýa-da şeýle: “Biz Musanyň şägirdidiris. Biz Hudaýyň Musa bilen gepleşendigini bilýäris” (Ýoh. 9:28, 29). Olar Hudaý bilen gatnaşyklarynyň bardygyna ynanýardylar. Aslynda welin ýüreklerinde Hudaý ýokdy. Olaryň ynamy Musa arkaly halka berlen Onuň Sözüni (Mukaddes Ýazgyny) bilýändiklerine esaslanýardy. Ýöne olar ony bilýärmidi? Olar özlerine aýan bolan we aralarynda ýaşan Sözüň hut Özüni kabul etmekden boýun gaçyrýardylar.

Biziň günlerimizde hem köp imanlylar Mukaddes Ruhdan üzňelikde Isa Mesih bilen gatnaşykda bolmak isleýärler. Ýöne biziň aramyzda hut Onuň Özi dur we Ondan üzňelikde Isa Mesihe

hiç kim ýakynlaşyp bilýän däldir. Munuň şeýle howpy bar: Mukaddes Ruha äsgermezçilik etmek ýahudylaryň bedende bolan Isa Mesihe äsgermezçilik edeninden has aňsatdyr, sebäbi Isa Mesihden tapawutlylykda Ruhuň bedeni-de, gany-da ýokdur.

Isa Mesih şeýle diýdi: “Meni çyndan tanasaňyz, Atamy-da tanarsyňyz” (Ýoh. 14:7). Başga sözler bilen aýtsak, Isa Mesih şeýle diýmek bilen, şuny ykrar edýär: “Atam bu ýerde däl, Ol göklerde, ýöne siz Meni tanasaňyz, Atamy-da tanarsyňyz, sebäbi Ol we Men birdiris”. Ýöne şuny Mukaddes Ruh barada hem aýtmak bolýar. Isa Mesih indi ýer ýüzünde däl, Ol göklerde ýaşaýar, ýöne siz Mukaddes Ruhy tanasaňyz, Isa Mesihi hem tanarsyňyz, sebäbi Olar birdir! Hut şu sebäpdenem Ol “Mesihiň Ruhy” ady bilen bilen bellidir (1 Pet. 1:11; Rim. 8:9).

## Men ýaly başga Biri

Isa Mesih göge galmazyndan öň Öz şägirtlerine şeýle diýdi:

> Meni söýýän bolsaňyz, buýruklarymy berjaý ediň. Men Atama ýalbararyn, Ol size hemişe siziň bilen boljak başga bir Hemaýatçy, ýagny Hakykat Ruhuny berer. Dünýä Ony kabul edip bilmez, sebäbi dünýä Ony ne görýär, ne-de tanaýar. Ýöne siz Ony tanaýarsyňyz, sebäbi Ol siziň araňyzda ýaşap, içiňizde bolar. Men sizi ýetim goýmaryn, ýene ýanyňyza gaýdyp gelerin (Ýoh. 14:15–18).

Bu aýatlarda köp wajyp maglumat bar. Ilki bilen, Isa Mesihiň ýene bir gezek tabynlyk barada – “buýruklarymy berjaý ediň” diýip aýdýandygyna üns beriň. Ondan soňra şeýle sözler gelýär: “Men Atama ýalbararyn, Ol size...” Mukaddes Ruh bilen ýakyn gatnaşygy berer. Ol Öz şägirtleriniň Mukaddes Ruhy almaklygyny Onuň Sözüne gulak asmaklygy bilen gönüden-göni bagly edýär.

Petrus muny şeýle sözleri bilen tassyklaýar: “Biz bu zatlara şaýatdyrys, Mukaddes Ruh hem şaýatdyr. Hudaý Mukaddes Ruhy *Özüne boýun bolanlara* berdi” (Res. 5:32, nygtama awtoryňky). (Iki şaýat hökmünde agzalýan Mukaddes Ruh bilen şägirtleriň arasyndaky ýakyn gatnaşyga ýene bir gezek üns beriň). Petrus Hudaýyň Özüne tabyn bolýanlara Mukaddes Ruhy berýändigini aýdýar. Biz bu ýerde ýene-de Rebden gorkmaklygyň ýakynlyk üçin esas bolup durýandygyny görýäris. Biz bu barada öz ýygnaklarymyzda näme üçin şeýle az wagyz edýärkak?

Ýohannanyň hoş habaryna, on dördünji babyna dolansak, ol ýerde Isa Mesihiň Ata *tabyn bolýanlara* Onuň “*başda bir* Hemaýatçyny” berjekdigi barada aýdýandygyny göreris. Täze Ähtde “başga” diýip terjime edilen grek sözüniň aslynda ikisi bar. Bu sözleriň derňewi bize Mukaddes Ruh barada köp zatlary bilmäge kömek berer. Bu grek sözleriniň birinjisi – *allos*, ol şol bir görnüşden bolan başga biri. Indikisi – *heteros*, ol “başga görnüşden bolan başga biri” diýmegi aňladýar.

Bu sözleriň arasyndaky tapawudy görkezýän mysallary getireýin. Siz menden miwe soranmyşyňyz, men hem size armyt berýärmişin diýeli. Siz ony iýeniňizden soň, ýene soraýarsyňyz, men bolsa bu gezek size alma berýärin. Men size dogrudan-da miwe berdim, ýöne ol başga görnüşden. Eger men size ýene bir armyt beren bolsam, bu eýýäm başga miwe, ýöne şol bir görnüşden, ýagny ol hut şolar ýaly armyt bolardy. “Şol bir görnüşden bolan başga biri” (allos) bilen “başga görnüşden bolan başga biri” (heteros) düşünjesiniň arasyndaky tapawut, ine, şundan ybarat.

Biziň garaýan aýadymyzda Isa Mesih *allos*, ýagny şol bir görnüşdäki başga biri diýen sözi ulanýar. Isa Mesih aslynda: “Ata size başga bir Hemaýatçyny, edil Men ýaly başga birini berer” diýýär. Bu ýerde Hemaýatçy diýip alnan söz grek dilinde

– *parakletos*. Ol iki dürli sözden ýasalan: *para* – "beýleki tarapyna" we *kaleoo* – "çagyrmak" diýmegi aňladýar. *Parakletos* sözüniň manysy şu ýerden gelip çykýar: ol *başga bir adama ýardam bermek üçin onuň tarapyna çagyrylýan kişi*. Bu söz ilkibaşda kazyýet derňewinde ýuristi, ýagny aýyplanýan adamyň aklawçysyny aňlatmak üçin ulanylýardy. Şunlukda, bu kimdir biriniň işi üçin töwella edýän adam, bu töwellaçy ýa-da aklawçy bolýar. Bu sözüň hatlarda ýeke gezek, özem diňe Isa Mesih babatda ulanylandygy (ser. 1 Ýoh. 2:1) diýseň gyzykly zat. Isa Mesihiň hemişe biziň Töwellaçymyzyň ýa-da Aklawçymyzyň funksiýasyny ýerine ýetirişi ýaly, Mukaddes Ruh hem biziň Aklawçymyzdyr. Bize kömek etmek üçin, Ony şu ýere, biziň tarapymyza çagyrdylar.

Isa Mesih Öz şägirtlerine şeýle diýýär: "Meniň siziň bilen bolşum ýaly, Ol hem siziň bilen bolar". Men adamlaryň: "Baý-bow, men Isa Mesihe duşan bolsadym, Ondan şeýle bir köp zady sorardym" diýişlerini köp eşidýärin. Dogrudan-da? Olaryň şeýle diýmesiniň özi Mukaddes Ruh bilen ýakynlygynyň ýokdugyny görkezýär. Eger olar Mukaddes Ruh bilen gatnaşyk saklamaýan bolsalar, Isa Mesih babatda başgaça hereket ederdigini neneň aýdyp bilýärkä? Sebäbi Isa Mesihiň hut Özi şeýle ajaýyp zady aýtdy ahyryn:

Emma Men size hakykaty sözleýärin... (Ýoh. 16:7).

Onuň sözlemini tamamlamazymdan ozal, ondaky girişiň meni hemişe haýrana goýýandygyny belläp geçeýin. Ol Öz şägirtleri bilen üç ýarym ýylyň dowamynda gezdi. Ol hiç kime ýeke gezek-de ýalan sözlemedi, hiç kimi aldamady. Onuň şol döwürde şägirtlerine aýdanlarynyň bary hemişe berjaý bolýardy. Ýöne Onuň Öz şägirtleri bilen paýlaşjak bolýan zadynyň şeýle geň-

taň bolany üçin, Ol Öz sözüni: “Dostlarym, Men size dogrumy aýdýaryn, Men ýalan aldamok!” diýip başlaýar. Bu geň-taň habaryň nähilidigini göreleiň:

> Meniň gitmegim siziň üçin bähbitdir. Men gitmesem, Hemaýatçy size gelmez, gitsem welin, Ony size ibererin (Ýoh. 16:7).

Düşünýäňizmi? Bir salym säginiň-de, bu sözler barada oýlanyň. Ol Özüniň gitmesiniň olar üçin bähbitli boljakdygy barada aýdýar. Ol Özüniň aýtmakçy bolýan hakykatynyň näderejede wajypdygyny duýdurmak üçin diňleýjilerini taýynlamaly bolandygyna indi düşünýäňiz gerek? Ol Öz şägirtleri bilen bolan döwrüniň bütin dowamynda olara Şalygyň wajyp we çuňňur zatlary barada öwredip gezipdi. Ol hassalara şypa berýärdi, ölüleri direldýärdi, adamlary köseýän arwah-jynlary kowýardy, şägirtleriniň salgytlaryny töleýärdi, töleg hasaplaşyklaryny bitirýärdi we bularyň bary diňe başlangyçdy! Onsoň Ol neneň edip Özüniň gitmesiniň olar üçin bähbitli boljakdygyny olara aýdyp bilýärkä? Näme üçin? Ol muny Özüniň giden ýagdaýynda olara Hemýatçyny iberjekdigi bilen düşündirýär.

Özüňiz pikir edip görüň: eger Isa Mesih Ýer ýüzünde galan bolsa, biz hem Onuň bilen gürleşjek ýa-da Oňa sorag berjek bolsak, Tel-Awiwe barýan uçara münmeli bolardyk, soňra howa menzilinde Jelilä äkidýän taksä münmeli we ol ýere baranymyzdan soň Ony şol ýerde tapmaly bolardyk. Ony tapmak kyn bolmazdy, sebäbi Onuň töweregine hemişe adamlaryň müňlerçesi ýygnanýardy. Ýöne welin siz öňüňizde duran bu adamlaryň giderine garaşmaly bolardyňyz we diňe şondan soň Onuň ýanyna golaýrak baryp bilerdiňiz. Ýöne şondan soň köp garaşmaly bolardyňyz, sebäbi Petrus köp gürläp, gezek bermeýär. Mundan başga-da, ol ýerde Zebedeýiň

ogullary Ýakup bilen Ýohanna hem bolardylar. Olar hem ýuwaş adamlardan däl; ol ýerde başga şägirtler hem bolardy, olar hem ýüregindäki soraglary bermek üçin gezeklerine garaşyp durardylar. Mundan başga-da, Isa Mesihe gije-gündiziň dowamynda sekiz sagat ýatmaga, Özüne biraz seretmäge we iýip-içmäge wagt gerek bolardy.

Ýöne Mukaddes Ruhuň içimizde bolmagy örän ajaýyp zat, sebäbi Oňa ýatmak gerek däl. Siz Onuň bilen gije-gündiziň islendik wagtynda gürleşip bilýäňiz, size başgalaryň Onuň bilen gürleşip bolaryna garaşmak-da gerek däl. Gije-gündiziň islendik wagtynda Onuň ähli ünsi size bütinleý we bütewi degişlidir. Hawa, hut şeýle: onlarça müň adam Onuň bilen şol bir wagtyň özünde ýakyn we pynhan gürrüň edip bilýär! Ol biziň hemmämiz bilen, ýagny Oňa ýakyn bolmagy küýseýänleriň bary bilen hut Özi gürleşip bilýär. Ýöne bu hem hemmesi däl. Biziň üçin ýene-de käbir zatlar taýýarlanylan, Isa Mesih sözüni dowam edip, olar barada hem aýdýar:

> Size aýtjak ýene köp zatlarym bar, emma mundan artygy aňyňyza sygmaz. Emma Hakykat Ruhy gelen wagty sizi tutuş hakykata alyp gider. Ol Öz-Özünden geplemez, näme eşitse, şony geplär we geljek zatlary size aýan eder. Ol Meni şöhratlandyrar, sebäbi Menden eşiden zatlaryny size aýan eder. Atamyň ähli zatlary Meniňkidir. Şonuň üçin Menden eşiden zatlaryny size aýan eder diýdim (Ýoh. 16:12–15).

Mukaddes Ruh biziň bilen gürleşende, bu aslynda Isa Mesihiň biziň bilen gürleşdigi bolýar, Ol Atanyň bize bolan Sözüdir. Hawa, Olaryň üç dürli Şahsyýetdigine garamazdan, Olaryň her Biriniň Öz paýhasy, erki we duýgulary bar, ýöne Olar bütünleý bölünmez we bütewidir. Olaryň nukdaýnazarlary ýa-da pikirleri dürli-dürli bolup bilmeýär, Olaryň maksady we niýetleri birdir, erklerini amal

etmekde hem birdir. Mukaddes Ýazgyda aýdyň aýdylan aýady ýada salyň: “Eý, ysraýyl halky, gulak goý. Hudaýymyz Reb ýeke-täk Rebdir” (Kan. 6:4).

## Özara gatnaşygyň üç derejesi

Mukaddes Ýazgydan ýokarda mysal getirilen parçada Isa Mesih şägirtlerine köp zady açasy gelýändigi, ýöne olaryň muny heniz aňlaryna sygdyryp bilmeýändigi barada aýdýar. Şägirtler öz tebigy akyly arkaly Hudaýyň çuň düşünjelerine düşünmäge we olary özleşdirmäge ukyply däldi.

Ýadyňyzda bolsa, Isa Mesih direlenden soň Öz on şägirdine görünýär, ýöne şonda Tomas olaryň arasynda däldi. Isa Mesihiň direlendigini gören şägirtleriň şaýatlygyndan soň Tomas: “Men Onuň ellerinde çüýleriň yzyny görüp, şol yzlara barmaklarymy degirmesem, böwrüni elläp görmesem, asla ynanmaryn” diýýär (Ýoh. 20:25).

Soňra Isa Mesih hemmesine görünýär. Ol şobada Tomasa öz barmaklaryny Onuň ellerine we böwrüne goýup, iman etmegini soraýar. Şonda Tomas: “Sen meniň Rebbimsiň! Meniň Hudaýymsyň!” diýip gygyrýar. Onsoň Isa Mesih Tomasa meniň diýseň köp wagtlap düşünip bilmedik zadymy aýdýar:

> Sen Meni göreniň üçin iman etdiň. Görmän iman edenler nähili bagtly! (Ýoh. 20:29)

Meniň göwnüme Isa Mesih Tomasa örän gazaply çemeleşen ýalydy, sebäbi Tomasyň: “Sen meniň Rebbimsiň! Meniň Hudaýymsyň!” diýip gygyrandygyna garamazdan, oňa hiç bir umydy bermändi. Emma men öz nadanlygym we ýalňyş pikirlerim sebäpli nädogry pikir eden ekenim. Biraz soňra Mukaddes Ruh Isa Mesihiň aýdanlaryny maňa aýdyňlaşdyrdy. Ol Tomasa gazaply

çemeleşmedi, tersine, Ol diňe käbir delilleri nygtady. Isa Mesih Ony öz ruhy arkaly tanaýan adamlardan tapawutlylykda, Ony fiziki häsiýetleri arkaly bilýän adamlaryň Ony hiç haçan çuňňur tanap bilmejekdigini aýtdy. Hut şu sebäpdenem Ol Ony öz ruhy arkaly tanaýan adamlaryň bagtlydygyny aýdýar.

Resul Pawlusa garaň. Ol Petrus we beýleki şägirtler ýaly Isa Mesih bilen hiç haçan gezmedi. Ol Isa Mesihi Mukaddes Ruhuň aýanlygy arkaly tanady. Ol şeýle diýýär:

> Eý, doganlar, siziň şuny bilmegiňizi isleýärin: meniň wagyz eden Hoş Habarym ynsandan däldir. Men ony ynsandan kabul etmedim ýa-da öwrenmedim. Maňa ony Isa Mesihiň hut Özi aýan etdi... Hudaý merhemet edip, meni eneden dogulmankam saýlap çagyrdy. Ol Hoş Habary keseki milletlere wagyz etmegim üçin, maňa Öz Ogluny aýan etmegi makul bildi. Şonda men hiç kime geňeşmedim ýa-da menden öň resul bolanlary görmek üçin hatda Iýerusalime-de gitmedim. Men Arabystana gidip, soňra ýene Damaska dolandym (Gal. 1:11–17).

Wagtyň geçmegi bilen Pawlus Reb bilen gatnaşygynda beýleki şägirtleriň ýetip bilmedik çuňluklaryna ýetýär. Muny hatda Petrus hem öz hatlarynda agzap geçýär:

> Şeýle hem şuny ýatda saklaň, Rebbimiz siziň halas bolmagyňyz üçin sabyr edýär. Söýgüli doganymyz Pawlus hem özüne berlen akyldarlyk boýunça size bu hakda ýazypdy. Ol ähli hatlarynda şular barada gürrüň açýandyr. Olarda ýazylanlaryň käbirine *düşünmek kyndyr*. Nadan hem durnuksyz adamlar bu ýazylanlary we beýleki Mukaddes Ýazgylary ýoýmak bilen özleri heläk bolýarlar (2 Pet. 3:15, 16, nygtama awtoryňky).

Ine, şeýle! Petrus Mugallymyň hut Özi bilen üç ýarym ýyllap gezdi, Pawlus bolsa Ony ýer ýüzündäki hyzmatynyň dowamynda bilmeýärdi. Ýöne muňa garamazdan, ol Isa Mesihiň tebigaty we ýollary babatda syzyjylyk bilen düşünen zatlaryny paýlaşanda, olar hatda Petrusa hem düşünerden kyn bolup görünýär. Näme üçin? Sebäbi Petrus Isa Mesihiň eden we aýdan zatlary baradaky ýatlamalardan iýmitlenýärdi we bu oňa Isa Mesihi has ýakyndan tanamaga böwet bolýardy diýip pikir edýärin. Hut şu sebäpdenem Isa Mesih şeýle diýipdi: “Size aýtjak ýene köp zatlarym bar, emma mundan artygy aňyňyza sygmaz. Emma Hakykat Ruhy gelen wagty sizi tutuş hakykata alyp gider”.

Mysallaryň ýene biri bu meseläni belli bir derejede aýdyňlaşdyryp biler. Gaýrat edip, maňa dogry düşüneweriň, bu mysala düýp esas hökmünde garamak bolmaz, biz ony diňe düşündiriş hökmünde ulanýarys. Durmuşda ýeke gezek-de görüşmän, internet arkaly biri-birine aşyk bolan adamlary göz öňüne getirip görüň. Şeýle ýagdaýlar ýygy-ýygydan bolýar we birek-birege dörän gyzykma söýgä eltip bilýär; şeýle söýgi hatda adaty ýagdaýda tanşan adamlaryň söýgüsinden-de güýçli bolup bilýär.

Internet arkaly dörän bu söýgi şeýle bir güýçli bolýar welin, ol hatda maşgalany hem dargadyp bilýär. Men günleriň birinde hyzmatdan soň iki çagaly ýaş adamyň ünsümi özüne çekişi ýadyma düşýär. Göwnüme bolmasa, onuň kalby gam-gussadan doly ýalydy. Men onuň ýanyna baryp, hemme zadyň ýerbe-ýer bolup-bolmazlygyny soradym.

Ol: “Ýok, ýerbe-ýer däl, aýalym meni taşlap, Internetde tanşan erkeginiň ýanyna gitdi” diýdi.

Soňra ol aýalynyň öz ömründe gözi bilen asla görmedik erkeginiň hatyrasy üçin diňe ony däl, eýsem nikada doglan alty çagasyny hem taşlap gidendigini maňa gürrüň berdi. Aýaly bilen

şol erkek internetdäki gatnaşygynda biri-birine aşyk bolup, duýgulary şeýle bir güýçli bolany üçin, ol hatda çagalaryny hem taşlapdyr.

Ýöne pozitiw zada dolanalyň. Köp wagtlap syn eden ýagdaýlarymyň netijesinde men ýüzbe-ýüz duşaşan adamlara garanyňda, hat ýazyşmak ýa-da uzak aralykdan biri-birine aşyk bolan adamlaryň ýakynlygyň has çuňňur derejelerine ýetýändigine üns berdim. Munuň sebäbi olaryň beden çäklerinden geçip, biri-biriniň kalbyna galtaşmaga mümkinçilik alýanlygynda jemlenýär. Adamlar ýüzbe-ýüz duşuşanlarynda, köplenç daşky faktorlara ünsüni bölýärler, owadanlyk ýa-da daşky sypatlaryň başga biri olaryň gözüni gapýar we beýleki adamyň hakyky tebigatyny görmäge böwet bolýar.

Geçen bapda belläp geçişim ýaly, gatnaşygyň üç derejesi bolýar: iş ýüzündäki amallar arkaly gatnaşyk, bilelikde edilýän işler arkaly gatnaşyk we ruhy gatnaşyk. Özara gatnaşygyň ýa-da birek-biregi tanamagyň hem üç derejesi bardyr. Iň aşaky derejesi – fiziki ýa-da tebigy gatnaşyk. Gynansak-da, köp adamlary nikalaşmaga hut şu gatnaşyk iterýär; adamyň daşky sypaty özüne çekmegi bes edende, birek-biregine eýýäm hiç zat baglamaýar. Erkek köplenç öz gyzykmalaryna, mysal üçin, sporta, hyzmata we ş.m. baş urýar, aýal bolsa dükanlara aýlanmaklyga, joralary bilen duşuşmaklyga, hyzmata we ş.m. zatlara baş urýar. Bularyň bary diýseň gynandyrýan zat.

Indiki dereje – ruhy ýa-da şahsy derejedäki gatnaşyklar. Bu derejedäki gatnaşyk Dawut bilen Ýonatany berk baglapdy. Biz şuny okaýarys:

Dawudy Şawulyň ogly Ýonatanyň sulhy aldy. Ýonatan ony janyndan hem eziz gördi (1 Şam. 18:1). Dawut öz dostunyň ýasyny tutanda, aglap, şeýle diýdi: “Seniň üçin halym teňdir, eý, Ýonatan dogan! Juda eziz bolupdyň maňa. Zenan söýgüsinden-

de artykdy söýgiň maňa” (2 Şam. 1:26). Ýonatan bilen Dawudyň gatnaşygynda hiç bir azgynlyk ýokdy, olaryň arasynda fiziki maýyllyk ýokdy, olar köňül gatnaşygynyň iň ýokary derejesine ýetipdiler, bu bolsa fiziki baglanyşykdan has güýçli bolýar. Dawut hem muny tassyklap, Ýonatanyň söýgüsiniň özi üçin zenanyň söýgüsinden hem artyk bolandygyny aýdýar. Olar birek-biregini has ýokary derejede, köňül derejesinde tanaýardylar. Köňül baglanyşygynyň fiziki baglanyşykdan güýçli bolýandygyna düşünmeklik adamlaryň telefon, hat, internet arkaly tanşanlary üçin öz maşgalasyny näme üçin terk edýändigini düşündirýär.

Emma birek-biregi tanamagyň iň ýokary derejesi ruhy derejedäki gatnaşyk bolup durýandyr. Pawlus bu barada, ine, şäýle diýýär:

> Ynsanyň pikirlerini onuň içindäki öz ruhundan başga hiç kim bilmeýär. Hudaý babatda hem şeýle: Onuň Öz Ruhundan başga hiç kim Hudaýyň pikirlerini bilýän däldir. Biz bu dünýäniň ruhuny alan däldiris. Biz Hudaýyň Öz merhemeti arkaly bize eçilenlerine düşünerimiz ýaly, Hudaýyň Ruhuny alandyrys (1 Kor. 2:11, 12).

Pawlus Isa Mesihi hut ruhy derejede bilýärdi. Petrus hem Ony şol derejede bilýärdi, ýöne yza, ýagny Isa Mesih bedendekä Onuň bilen gezişi baradaky ýatlamalaryna ýygy-ýygydan dolanýardy. Hut şu sebäpdenem, Pawlus şuny aýdyň aýdýar:

> Bedenimizde ýaşaýan wagtymyzda Rebbiň ýanyndaky mesgenimizden uzakdadygymyzy bilsek-de, arkaýyndyrys (2 Кor. 5:16).

Eger biz Hudaýy ýakyndan we hakykatdan bilmek isleýän bolsak, Onuň bize beren beýik merhemetine düşünmelidiris.

Bu merhemet Onuň bize ten arkaly däl-de Ruh arkaly berýän aýanlygynda jemlenýändir.

Hawa, hut şeýle! Siz-de men ýaly tolgunmany duýýansyňyz diýip umyt edýärin. Biziň nähili ajaýyp Rebbe hyzmat edýändigimizi bir görüň-ä! Ol bize Özüni iň çuň derejede açmagy küýseýär. Onuň hut Özi ilkinji bolup biziň bilen bu ýakynlygy küýsändir. Siziň ýüregiňiz Rebbi tanamak küýseginden indi beri dolýarmy?

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Siz haçan bolsa Hudaýa dileg edip, Ondan özüňizi göklere almagyny haýyş edipmidiňiz? Muňa haýsy ýagdaýlar itergi berdi?
2. Ýygnakdaky imanlylaryň köpüsi Mukaddes Ruh bilen ýakyn gatnaşykdan sowa geçip, Isa Mesihe golaýlaşmaga dyrjaşýarlar. Ýöne Mukaddes Ruhuň kömek etmedik ýagdaýynda Isa Mesihi hiç kimiň tanap bilmeýändigini hemmeler bilýär. Imanlylar näme üçin şeýle edýärler? Siz öz tejribäňize daýanyp, bu jümläniň dogrudygyny tassyklap bilermisiňiz?
3. Biziň Mukaddes Ruh bilen ýakyn gatnaşygymyz barada oýlanmak bilen, Onuň huzurynyň Hudaýyň öňünde öz ýüregimizi dökmek başarnygyňyza nähili täsir edýändigini aýdyp beriň. Durmuşyňyzda Hudaýdan haýsydyr bir gizläre zadyňyz barmy?

11-nji bap

# ATANYŇ WADA BERENI

Siz iman etmeýän zadyňyzda ýalkanyş almarsyňyz.

Men Isa Mesih bilen Halasgär hökmünde 1979-njy ýylda tanyşdym. Ol barada maňa Purdue mesihilik uniwersitetinde okap ýörkäm kursdaşym gürrüň berdi. Men toba edip, Isa Mesihi öz Rebbim hökmünde kabul edenimde, göklerdäki Hudaýyň Şalygynda gaýtadan doguldym. Mukaddes Ýazgyda şeýle diýilýär: "Eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar. Mukaddes Ýazgylar hem: 'Oňa bil baglan utandyrylmaz' diýýändir'" (Rim. 10:9–11).

Men halas bolandygyma hiç şübhäm ýokdy. Muňa meniň ýüregim şaýatlyk edýärdi, Mukaddes Ýazgy bolsa bu delili

tassyklaýardy. Ýöne şonda-da meniň durmuşymda nämedir bir zat ýetmeýän ýalydy we indiki birnäçe aýyň dowamynda men meseläniň nämededigine hiç düşünip bilmeýärdim. Men özümiň Rebbiň perzendedigine ynamym bolsa-da, Ol menden uzakda durýan ýalydy. Men Mukaddes Kitaby okanymda duman zolagyna giren ýaly bolýardym. Okaýan aýatlarymyň manysyny tutup almak maňa kyn düşýärdi we örän yhlasly okaýandygyma garamazdan, onuň diňe az bölegine düşünýärdim. Şeýle-de ýakymsyz durmuş ýagdaýlaryndan üstün gelmäge başarnyklarym ýetmezçilik edýärdi. Men uniwersitetdäki deň-duşlarymyň, kursdaşlarymyň maňa ýetirýän güýçli basyşyna garşy durup bilmeýän ýaly, akyma garşy ýüzüp bilmeýän ýaly bir duýgy meni basmarlaýardy.

Wagtyň geçmegi bilen, men Rebbe menden has ýakyn bolan adamlar bilen tanyşdym. Olar hamala Rebbi has ýakyndan tanaýan ýaly, maňa Ol barada ajaýyp zatlary gürrüň berýärdiler. Men muňa aňka-taňka bolýardym. Olar mende bolmadyk başarnyga nädip eýe bolduka? Hudaý näme üçin olara meniň hiç tapyp bilmeýän şeýle ýakynlygymy berýärkä? Meniň göwnüme bolmasa, olar güýje we Rebbe düşünmekde syzgyrlyga eýe ýalydy, mende bolsa şeýle zatlar ýokdy. Soňra Mukaddes Kitaby okadygym saýy, men Reb bilen ýene duşuşygyň maňa garaşýandygyna düşündim; men beýle duşuşygy ozal başdan geçirip görmändim.

## Atań wada Bereni

Mukaddes Kitaby okap otyrkam, maňa nämeleriň aýan bolandygyna, geliň, garap geçeliň:

> Günleriň birinde Isa olar bilen saçagyň başynda otyrka, şeýle *buýruk berdi*: "Iýerusalimden gitmäň, Meniň owal aýdyşym ýaly, Atamyň wada beren peşgeşine garaşyň.

> Ýahýa sizi suwa çümdüripdi, emma ýene birnäçe günden siz Mukaddes Ruha çümdürilersiňiz”. Resullar bir ýere üýşenlerinde, Isadan: “Ýa Reb! Eýsem Ysraýyl şalygyny dikeltmäge wagt bolmadymy näme?” diýip soradylar (Res. 1:4–6, nygtama awtoryňky).

Isa Mesih iman edenlere tä “Atanyň wada edenini” alýançalar, hiç ýere gitmezligi, wagyz etmezligi, ýygnaklaryň düýbini tutmazlygy we öz çakylyklaryny berjaý etmezligi buýurýar. Bu wada Mukaddes Ruha çümdürilmegi göz öňüne tutýardy. Isa Mesihiň bu aýatda ulanýan çümdürilme sözi grek dilindäki baptizo sözünden terjime edilen, ol “batyrmak, suwa çümdürmek, püre-pür bolmak” diýmegi aňladýar. Isa Mesih şeýle diýmek bilen, olaryň Onuň direlişine iman edýändigine, Onuň hökmürowanlygyny ykrar edýändigine we Onuň wepaly şägirtleridigine garamazdan, özlerinde heniz bolmadyk Mukaddes Ruha çümdüriljekdigini aýdýar.

Men ilki bilen şu ýagdaýa üns berdim: Mukaddes Ruhdan dolmaklyk – bu teklip, islege görä saýlanylýan zat ýa-da maslahat däldi, bu *buýrukdy*! Buýruklar bize bähbidimiz, howpsuzlygymyz we bütin Şalygyň peýdasy üçin berilýär. Rebbiň buýruklaryna geleňsizlik etmeli däl, sebäbi olar biziň peýdamyza, şeýle-de Şalygyň peýdasyna berilýändir.

Atanyň buýrugyny berjaý eden ýagdadynda olara nämäniň wada edilýändigi näbellidi. Bu Isa Mesih göge alnandan on gün soň amal boldy. Belläp geçmeli gyzykly fakt: Isa Mesih Öz direlişinden soň bäş ýüz imanla göründi (ser. 1 Kor. 15:6), ýöne Ol göge alnandan on gün soň jaýyň ýokarky gatynda bary-ýogy ýüz ýigrimi adam galypdy. Men bäş ýüz adamyň hemmesiniň Atanyň wada beren zadyna garaşandygyna berk ynanýaryn, ýöne wagtyň geçmegi bilen ol ýerde sabyrsyzlyk, şübhelenme, inansyzlyk

we başga sebäplere görä köpçülikden diňe ujypsyz bölegi galdy. Gynansak-da, her bäş adamyň dördüsi diýen ýaly Isa Mesihiň buýrugyny berjaý etmedi.

Emma şol ýerde galan adamlar welin agzybir bolup, öz şahsy meýilleri üçin ölüdiler. Olar özlerine Isa Mesihiň sözlerine geleňsizlik bilen garamagyna ýol bermediler we Onuň buýrugyny başgaça düşündirmäge dyrjaşmadylar. Men olaryň öz Mugallymlarynyň şeýle diýendigi üçin soňuna çenli garaşmagy ýüreklerine düwendiklerine berk ynanýaryn. Şunlukda, Hudaýda diňe Isa Mesihiň buýrugyna çynlakaý garanlar galdy. Soňra biz şuny okaýarys:

> Ellinji gün baýramy güni ähli imanlylar bir ýere ýygnanyşyp otyrdylar. Birdenkä asmandan güýçli şemalyň sesine meňzeş şuwwuldy peýda bolup, olaryň oturan öýüniň içini doldurdy. Olar uçguna meňzeş bir zatlaryň pytrap, öz üstlerine inendigini gördüler. Olaryň hemmesi Mukaddes Ruhdan doldular we Mukaddes Ruhuň beren ukybyna görä, başga dillerde gepläp başladylar (Res. 2:1–4).

Bu gün Ellinji gün baýramy diýip atlandyrylýar; bu adalga Täze Ähtde döremedi, sebäbi bu Ysraýylda bellenilýän uly baýramyň adydy. Üns beriň, Isa Mesihiň aýdyşy ýaly, olar dogrudan-da Mukaddes Ruhdan doldular ýa-da çümdürildiler. Bu Atanyň wada berenidi, şeýle hadysa bolsa başga dillerde gürlemek arkaly äşgär boldy.

Häzirki döwürde diller adalgasy diňe oňa düşünilmeýänligi zerarly käbir adamlara düşnüksiz ýa-da syrly bir zat ýaly bolup görünýär. Mukaddes Ýazgy diller barada aýdanda (men hem şeýle ederin), size düşnüksiz bolan dilde gürlenilmegi göz öňüne tutýar. Biz bu düşünjäni Mukaddes Kitabyň kontekstinden daşary

bolan ýagdaýlarda hem ulanýarys. Siz daşary ýurtly bilen iňlis dilinde gürleşeniňizde, ondan haýsy diliň onuň ene dilidigi barada soraýarsyňyz. Başgaça aýdanymyzda, siz onuň çagalykda ilki haýsy dilde gürläp başlandygy bilen gyzyklanýarsyňyz.

Ýokardan inen güýçli şemalyň şuwwuldysy bolsa Mukaddes Ruhuň Özüniň elmydama mesgen tutmagy arzuwlan ybadathanasyna ilkinji gezek inmeginiň netijesinde döräpdi. Mukaddes Ýazgyda Ruhuň ýeldigi barada aýdylmaýar, bu şuwwuldy Onuň inişiniň äşgär bolşudy.

## Bütinleý başga ýollar

Şu ýerde meniň synlan gyzykly bir zadymy siziň bilen paýlaşmaga ygtyýar ediň. Hudaýyň ýollaryny ýoýmak üçin, iblis we onuň arwah-jynlary elmydama Hudaýyň hereketlerine ters bolan hereketleri edýärler. Mukaddes Ruh adama inende, Ol muny bu babatda asla şübhelenip bolmajak tärde edýär. Ol kimdir birini Özünden püre-pür edende, adamlar Onuň huzuryny görýärler ýa-da eşidýärler. Biz munuň tassyklamasyny Resullar kitabynyň başga wakalarynda hem görýäris. Ýöne Mukaddes Ruh aýrylyp gidende welin, Ol muny örän ýuwaş we bildirmän edýär. Ýadyňyzda bolsa, Delila Şimşona piliştlileriň gelendigini aýdanda, ol böküp turýar-da:

> Öňki gezekdäki ýaly öz-özüni boşatmakçy boldy. Emma ol Rebbiň indi özünden ýüz öwrendigini *bilmeýärdi* (Ysr. serd. 16:20, nygtama awtoryňky).

Şimşon Rebbiň ony taşlap gidendiginden bihabardy, sebäbi Hudaýyň Ruhy hemişe örän ýuwaş aýrylyp gidýär. Tersine, arwah-jynlar adama aralaşanda, muny örän ýuwaş we bildirmän edýärler, emma ondan aýrylyp gitmeli bolanlarynda, köplenç

özlerini gatydan äşgär edýärler (munuň tassyklamasyny Hoş habarlaryň hemmesinde görüp bolýar).

## Wada hemmeler üçin niýetlenilendir

Indi bolsa Ellinji gün baýram gününe dolanalyň. Şol baýram gününde bütin ýer ýüzüniň dürli künjeklerinde gelen adamlar Iýerusalime ýygnanypdylar. Şägirtleriň üýşen ýerindäki güýçli şemalyň şuwwuldysyny eşiden adamlaryň uly mähellesi şol ýere ylgap barýar. Adamlar bilimsiz şägirtleriň Hudaýyň gudratly işleri barada olaryň ene dillerinde we şiwelerinde gürleýändigini eşidenlerinde, haýran galdylar. Aňka-taňka bolan diňleýjiler: "Bu nämäniň alamaty?" diýip gygyryşdylar.

Petrus olaryň gyzykmasyndan peýdalanyp, şol ýerdäkileriň baryna Isa Mesih barada wagyz etmek üçin ör-boýuna galýar. Sözüniň ahyrynda ol şeýle diýýär:

> Hudaý Isany ölümden direltdi, biziň hemmämiz muňa şaýatdyrys. Indi Isa beýgeldildi we Ol Hudaýyň sagynda otyr. Ol wada edilen Mukaddes Ruhy Ata Hudaýdan kabul edip, Ony biziň *üstümize ýagdyrdy*. Muny siziň *özüňiz görüp* we *eşidip* dursuňyz (Res. 2:32, 33, nygtama awtoryňky).

Üns beriň, ol wada berlen Mukaddes Ruhy *görüp* we *eşidip* bolýandygyny aýdýar. Özüňize şuny gaýtalaň: *görüp* we *eşidip* bolýar. Indiki aýatlara düşünmek üçin, muny ýatda saklamagymyz wajypdyr.

Petrusyň aýdanlary ony diňläp duran adamlaryň ýüregine baryp ýetýär we olar indi näme etmelidigini soraýarlar:

> Petrus olara şeýle diýdi: "Toba ediň, her biriňiz Isa Mesihiň ady bilen suwa çümdüriliň. Şonda siziň günäleriňiz bagyşlanar we Mukaddes Ruhuň peşgeşini alarsyňyz. Bu *wada* siziň özüňiz we çagalaryňyz üçin, *uzakda bolanlaryň ählisi, ýagny Hudaýymyz Rebbiň çagyrjaklarynyň her biri üçindir* (Res. 2:38, 39, nygtama awtoryňky).

Ünsli gulak goýuň: *olaryň gören* we *eşiden* wadalary *uzakda bolanlaryň ähलisi, ýagny Hudaýymyz Rebbiň çagyrjaklarynyň her birine* degişlidir. Başga sözler bilen aýdylanda, jaýyň ýokarky gatynda şägirtleriň alany Rebbiň çagyran adamlaryň hemmesine, şol sanda size-de, maňa-da degişlidir!

Indi bolsa men sizi Täze Ähtde Mukaddes Ruhy alan adamlar barada gürrüň berýän aýatlaryň ählisi bilen gysgaça tanyşdyrasym gelýär. Bizde şeýle wakalaryň ýene dördüsi bar. *Ýöne iki zada üns beriň. Birinjiden, birinden başga beýanatlaryň* hemmesinde bu ýagdaý Isa Mesihi Reb hökmünde kabul edilmeginden başga ýagdaýlarda bolup geçýärdi. Ikinjiden, ýagdaýlaryň her birinde Mukaddes Ruhuň kabul edilmeginiň we Ondan dolmagynyň äşgärliklerini bu adamyň ýanyndaky şaýatlar görüp we eşidip bilýärdiler.

## Samariýa

Filip Samariýanyň bir şäherine baryp, ol ýerde Isa Mesih barada wagyz etdi. Ony diňlemäge örän köp adam geldi. Halk "köp adamlaryň içinden arwah-jynlar batly gygyryşyp çykyşynyň, köp sanly ysmazyň we oturalaryň şypa tapyşynyň" şaýady boldy (Res. 8:7). Wagzyň netijeleri täsirli boldy, şäher şatlykdan doldy. Biz bu barada şuny okaýarys:

> Filip Hudaýyň Şalygy we Isa Mesih baradaky Hoş Habary wagyz edende, adamlar oňa ynandylar. Aýal-erkek diýmän

> olaryň hemmesi Isanyň ady bilen suwa çümdürildi. Hatda Simun hem iman etdi, suwa çümdürilenden soň bolsa Filipiň ýanyndan aýrylmady (Res. 8:12, 13).

Adamlar Isa Mesih baradaky Hoş Habara ynanyp, suwa çümdürildiler. Mukaddes Ýazga laýyklykda, olar indi Hudaýyň Şalygynda gaýtadan doglandylar. Ýöne soňra biz şuny okaýarys:

> Resullar samariýalylaryň Hudaýyň Hoş Habaryny kabul edendigini Iýerusalimde eşidip, Petrus bilen Ýohannany olaryň ýanyna iberdiler. Petrus bilen Ýohanna ol ýere baryp, olaryň hem Mukaddes Ruhy almagy üçin doga-dileg etdiler. Sebäbi Mukaddes Ruh entek olaryň hiç biriniň üstüne inmändi, olar diňe Reb Isanyň ady bilen suwa çümdürilipdi (Res. 8:14–16).

Biz bu ýerde olaryň Hudaýyň Şalygynda gaýtadan doglandygyny tassyklaýan ýene bir delili görýäris. Bu olaryň “Reb Isa Mesihiň ady bilen suwa çümdürilmegi” arkaly tassyklanylýar. Olaryň tümlük şalygyndan halas edilip, indi Hudaýyň maşgalasyna goşulandygyna hiç şübhe ýok. Ýöne olaryň göklerden doglan imanlydyklaryna garamazdan, olar heniz Mukaddes Ruha çümdürilmändiler.

Siz: “Mukaddes Ýazgy şuny aýdyň aýdýar: ‘Şoňa görä-de, şuňa aýdyň düşünmegiňizi isleýärin: Hudaýyň Ruhundan ylham alýan ynsan: ‘Isa Mesihe nälet bolsun!’ diýmez. Mukaddes Ruh ynandyrmasa, ynsan: ‘Isa Rebdir!’ diýip bilmez” (1 Kor. 12:3). Onsoň olar nädip halas bolup bilýämişin?” diýip soramagyz ahmal. Dogry diýýäňiz, eger Mukaddes Ruh *ýardam* bermese, biz Isa Mesihiň hökmürowanlygyny ykrar edip bilmeýäris, ýöne bu Mukaddes Ruhdan dolmakdan düýpgöter tapawutlanýar. Iman edip başlan pursadymyzdan Mukaddes Ruh bizi mukaddesleýär,

möhürleýär we içimizde ýaşap başlaýar (ser. 1 Pet. 1:2; Efes. 1:13; Rim. 8:9–11), ýöne welin tä Atadan Isa Mesihiň ady bilen muny dileýänçäk, Onuň huzuryndan dolmaýarys. Sebäbi Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär:

> Şeýlelikde, siz erbet bolubam öz çagalaryňyza oňat peşgeşler bermegi bilýän bolsaňyz, onda gökdäki Ataňyz Özünden dileýänlere Mukaddes Ruhy has-da köp bermezmi? (Luk. 11:13).

Şu aýada laýyklykda, bu wada Gökdäki Atanyň perzendi bolan adamlara niýetlenilýär. Biraz soňra Isa Mesih "dünýäniň Hakykat Ruhuny kabul edip bilmeýändigini" (Ýoh. 14:17) aýtdy. Isa Mesihiň sözlerinden bu wakanyň Şalykda gaýtadan dogulmakdan aýrybaşga tutulýandygyny görýäris.

Geliň, Samariýadaky adamlara dolanalyň:

> Soňra Petrus bilen Ýohanna ellerini olaryň üstüne goýdular we olar hem Mukaddes Ruhy kabul etdiler. Resullaryň elleriniň goýulmagy bilen Mukaddes Ruhuň berlenini *gören* Simun olara pul hödür edip: "Maňa-da şu gudratdan beriň. Elimi kimiň başyna goýsam, ol adam Mukaddes Ruhy alsyn" diýdi (Res. 8:17–19, nygtama awtoryňky).

Bu imanlylar Mukaddes Ruhy gutulyşy alanlaryndan soň kabul etdiler. Bize bu adamlaryň nämälim dillerde gürläp başlandygy barada anyk aýdylýar. Ýöne Simun näme üçin resullara pul hödürledikä? Mukaddes Ýazgy onuň adamlaryň Mukaddes Ruhy kabul edişini görendigini aýdyň aýdýar. Ol aýdyň we mese-mälim görnüp durdy, bu nämälim dillerde gürlemekden başga zat däldi. Bu iman eden adamlaryň Mukaddes Ruhdan doluşy barada Täze

Ähtde beýan edilen beýleki wakalaryna hem doly gabat gelýär.

Samariýada bolan wakalary derňemek bilen, biz, birinjiden, Mukaddes Ruhdan dolmaklygyň üýtgeşik ýagdaý bolandygyny görýäris, ol toba edip, iman etmek ýagdaýyndan tapawutlanýar; ikinjiden, töwerek-daşdaky adamlar bu ýagdaýy tassyklaýan daşky alamatlary görýärdiler.

## Efes

Resul Pawlus öz ýoldaşlary bilen Efese gelýärler we ol ýerde birnäçe şägirtleri tapýarlar. Olar ilki bilen: “Iman edeniňizde Mukaddes Ruhy kabul etdiňizmi?” (Res. 19:2) diýip soraýarlar.

Biz ýaňy-ýakynda iman eden adamlardan hem şuny hökman soramaly. Adamlara Rebden we Isa Mesih barada şaýatlyk etmäge başarnyk berýän şol güýçden üzňe ýaşamaga hatda bir sagat-da bermeli däl (ser. Res. 1:8).

Efesdäki bu şägirtler Mukaddes Ruh barada eşitmändiler, olar diňe Ýahýa Çümdüriji arkaly suwa çümdürilipdiler. Şonuň üçin-de Pawlus we onuň ýoldaşlary olara Isa Mesih arkaly gelýän gutulyş barada wagyz etdiler. Soňra şuny okaýarys:

> Olar muny eşidip, Reb Isanyň yzyna eýerijiler hökmünde suwa çümdürildiler (Res. 19:5).

Indi, Mukaddes Ýazga laýyklykda, olaryň Şalykda göklerden gaýtadan doglandygy kesgitli zat, sebäbi olar Isa Mesihe iman edip, suwa çümdürildiler. Soňra şuny ýüze çykarýarys:

> Pawlus olaryň üstlerine elini goýan badyna, olara Mukaddes Ruh indi. Olar başga dillerde gepläp, pygamberlik etmäge başladylar (Res. 19:6).

Bu ýerde hem olar Mukaddes Ruhdan dolan badyna başga dillerde gürlemäge we pygamberlik etmäge başladylar. Olaryň gapdalynda duranlar bu çümdürilişi kabul eden adamlarda Atanyň wada beren zadynyň äşgär bolşuny gördüler we eşitdiler.

Pygamberlik etmek "Hudaýyň ylhamyndan gürlemegi" aňladýar. Petrus Ellinji gün baýramy gününde pygambelik edip, halka ajaýyp wagyz bilen ýüzlendi. Munuň netijesinde adamlaryň müňlerçesi Hudaýyň Şalygyna girdiler. Ol Hudaýyň Sözüni hiç bir taýýarlyksyz ýa-da goşmaça sapak almazdan wagyz etdi. Ol ylhama görä wagyz edildi. Efesdäki bu adamlar Mukaddes Ruhdan dolmazyndan öň Hudaýyň ýollary barada kän bilmeýärdiler, indi welin, Ruhdan dolanlaryndan soň, olar Hudaýyň Sözüni ylhama görä wagyz edip bilýärdiler.

Mukaddes Ruhdan dolan her bir adam bilen hem hut şeýle bolýar. Mugallymyň Özi biziň içimizde ýaşap başlaýar we Hudaýyň ähli pikirleri bize gitdigiçe düşnükli bolup başlaýar. Mukaddes Ruha çümdürilmänkäm, Hudaýyň Sözi we Onuň ýoly meniň üçin dumana bürelen ýalydy. Ýöne çümdürilmeden soň welin hemme zat özgerdi. Mukaddes Kitap maňa şahsy derejede açyldy. Men adamlaryň birnäçe ýyllap imanly bolup-da, Mukaddes Ruha çümdirilmedik, ýöne soňra Mukaddes Ruhdan dolup: "Meniň şeýle bir kän soragym bardy. Indi men olaryň jogabyny aldym", şeýle-de "Mukaddes Kitap meniň üçin aýdyň kitaba öwrüldi" diýip aýdyşlarynyň şaýady boldum.

Şeýle şaýatlyklar bilen bir hatarda men göklerden doglan, ýöne Mukaddes Ruhdan dolmadyk imanlylar bolan Mukaddes Ýazgylary çynlakaý öwrenýän alymlaryň Mukaddes Ruhdan doly imanlylaryň Mukaddes Kitaby bilşi baradaky teswirlerini eşidip gördüm. Bu alymlar üç esse köp okasalar-da, Mukaddes Ruhdan dolan imanlylaryň Mukaddes Kitaba düşünişlerine haýran

galýarlar. Şeýle teswirleri eşidenimde, men: “Bärde çylşyrymly zat ýok. Imanly bolup-da, Mukaddes Ruhdan dolmadyk imanlylara Mukaddes Ruhuň aýdyňlaşmasy elýeter däldir” diýýärin. Ýöne Hudaýyň islendik perzendi Mukaddes Ruha çümdürilip bilýändir, sebäbi Hudaý Isa Mesihiň adyny çagyrýanlaryň ählisine Mukaddes Ruhy wada berdi ahyryn! Hudaý bize şeýle mermetli!

Şunlukda, Samariýadaky adamlar bilen bolşy ýaly, Efesdäki adamlaryň hem Mukaddes Ruhdan dolmagy üýtgeşik ýagdaýdy, ol toba edip, iman etmek ýagdaýyndan tapawutlanýar; bu gezek hem töwerek-daşdaky adamlar bu ýagdaýy tassyklaýan daşky alamatlary *gördüler*.

## Resul Pawlus

Resullaryň işi kitabynyň dokuzynjy babynda Şawul (biz ony Pawlus diýip tanaýarys) imanlylary yzarlamak üçin, Damaska tarap ýola düşýär. Birdenkä ol göklerden gözüňi gamaşdyryjy parlak nury görýär we şeýle diýýän Rebbiň sesini eşidýär:

> “Şawul! Şawul! Näme üçin Maňa azar berýärsiň?” Ol: “Agam, sen kim?” diýip sorady. Oňa: “Men seniň azar berýän Isaň. Çişe depmek saňa kyndyr”. Şawul titräp, aljyrap: “Ýa Reb, meniň näme etmegimi isleýärsiň?” diýip sorady. Reb oňa: “Indi tur-da, şähere git, näme etmelidigiňi saňa şol ýerde aýdylar”.

Men Şawulyň şol pursatda göklerden gaýtadan doglandygyna ynanýaryn. Meniň bu babatdaky ynamym iki delile esaslanýar. Birinjiden, Reb Öz adyny aýdyp, Özüniň Isadygyny mälim edenden soň, Şawul Oňa Reb hökmünde iman etdi. Ikinjiden, Şawul üç gün agyz bekläp, doga-dileg edenden soň onuň ýanyna Hanany gelip, şuny aýdyň diýýär:

> Şawul *dogan*! Gözleriň ýene açylyp, *Mukaddes Ruhdan dolmagyň üçin*, meni bu ýere gelýärkäň, saňa görnen Rebbimiz Isa iberdi (Res. 9:17, nygtama awtoryňky).

*Dogan* diýen söze üns beriň. Şawul Isa Mesihe ynandy we Oňy Reb hökmünde iman etdi, soňra bolsa üç gün doga-dileg etdi. Şonuň üçin-de, Şawulyň göklerden gaýtadan dogulmasyndan soň Hanany onuň Mukaddes Ruhdan dolmagy üçin dileg etdi.

Bu ýerde Şawulyň nämälim dillerde gürläp başlandygy barada habar berilmeýär. Ýöne Korintoslylara ýazan birinji hatynda ol muny özi anyk we aýdyň aýdýar: “Hudaýa şükür, men nämälim dillerde hemmäňizden köp gürleýärin” (1 Kor. 14:18). Ol dillerde haçan gürläp başlady? Hanany onuň başyna ellerini goýup, onuň üçin dileg edende (ser. Res. 9:17).

## Korneliý we onuň hojalygyndaky adamlar

Şol döwürde rim ýüzbaşysy Korneliý ýaşaýardy. Ol öz hojalygyndaky adamlary we dostlary bilen göklerden gaýtadan doglan ilkinji butparazdy. Korneliý ýygy-ýygydan agyz bekläp, dileg edýärdi we günleriň birinde oňa perişde görnüp, Petrusyň yzyndan adam ýollamagy buýurýar.

Petrus birnäçe günden onuň ýanyna gelende, ol öz ýakynlarynyň baryny üýşürdi we olar Petrusyň aýdýanlaryna gulak goýmaga häzirlendiler. Petrus Isa Mesihi wagyz etmäge başlady.

Petrus bu sözleri heniz aýdyp durka, ony diňleýänleriň hemmesiniň üstüne Mukaddes Ruh indi. Petrus bilen bile gelen ýahudy imanlylar Mukaddes Ruhuň peşgeşiniň keseki milletleriň üstüne-de inenini görüp geň galdylar, sebäbi olaryň başga dillerde gepläp, Hudaýy öwgi bilen beýgeldişlerini gördüler (Res. 10:44–46).

Ýahudylar keseki halklar bilen dini we hatda jemgyýetçilik meseleleri babatda gatnaşyk saklamaýardylar. Berlen wada olara degişli däldi, olaryň ne umydy, ne-de Hudaýy bardy (ser. Efes. 2:12). Şoňa görä-de, Korneliniň öýünde bolup geçen zatlar Petrusyň ýany bilen gelen ýahudylary bütinleý aljyratdy. Olar keseki milletden bolanlaryň gutulyşy we Mukaddes Ruhy alşyna haýran galdylar. Bu waka Mukaddes Kitapda adamlaryň gutulyşy we Mukaddes Ruha çümdürilişi şol bir wagtyň özünde alşynyň ýeke-täk mysalydyr.

Men muny Hudaýyň edendigine ynanýaryn, ýöne siziň meniň bilen ylalaşyp bilmeýänligiňize-de düşünýärin. Sebäbi Hudaý Korneliniň we onuň dogan-garyndaşlarynyň, dostlarynyň Isa Mesihi we Mukaddes Ruhy kabul etmegi üçin ýahudylaryň dileg etmejekdigini bilýärdi, sebäbi olar keseki milletleriň-de halas bolup biljekdigine şübhelenýärdiler. Özüňiz pikir edip görüň: göklerden gaýtadan doglan adamda muny tassyklaýan daşky alamatlar ýok ahyryn. Eger bu adamlar Sözi Petrusyň wagzynyň dowamyndan kabul edip, Isa Mesihi öz Rebbi diýip kabul eden bolsalar-da, ýahudylar barybir keseki milletleriň gutulyşy alandygyna ynanmazdylar.

Emma Hudaý olary Mukaddes Ruhdan doldurandan soň, ýahudylaryň Mukaddes Ruha çümdürilenden soň bolşy ýaly, olar hem dillerde gürläp başlanlaryndan soň ýahudylar Hudaýyň Öz gutulyşyny keseki milletlere-de berendigini inkär edip bilmediler.

Bu waka başga dillerde gürlemegiň Mukaddes Ruhdan dolmaklygyň alamaty bolup durýandygyny görkezýär, muňa hiç şübhe ýok. Bu parçanyň başga bir terjimesinde biz şuny okaýarys: “Mukaddes Ruhuň peşgeşleri keseki milletden bolanlaryň üstüne hem indi. Muňa hiç bir şübhe ýokdy, çünki olaryň başga düllerde gürläp, Hudaýa şan-şöhrat aýdyşlaryny eşidýärdiler” (Res. 10:45, 46). Töwerek-daşda duranlar muňa nädip göz ýetirdiler? “Çünki olaryň

başga düllerde gürläp, Hudaýa şan-şöhrat aýdyşlaryny eşidýärdiler”. Olar Atanyň wada berenini hem gördüler, hem-de eşitdiler!

## Diller ýiter

Siziň: “Hawa, bu ir wagtda şägirtleriň döwründe bolupdy. Ýöne Mukaddes Kitapda kämillik ýetip gelende, dilleriň ýitjekdigi barada aýdylmaýarmy näme?” diýmegiňiz ahmal. Hawa, bu şeýle. Ýöne kämillik ýetip geldimi näme? Käbir adamlar garşy çykyp: “Hawa, Mukaddes Kitap kämil zat we şindi, ýagny eýe bolan wagtymyzda, diller bize gerek däl” diýip bilýär. Şeýle teswiriň dogry bolup-bolmazlygyny görmek üçin, geliň, Mukaddes Ýazga ýüz tutalyň. Pawlus şeýle ýazýar:

> Pygamberlikler tamamlanar, *diller ýiter*, bilim gutarar, söýgi bolsa asla tükenmez. Çünki biz häzir bölekleýin bilýäris, bölekleýin pygamberlik edýäris. Kämillik gelende, bölekleýin zatlar tamamlanar (1 Kor. 13:8–10, nygtama awtoryňky).

Ilki bilen, bize kämillik gelende diňe diller däl, eýsem bilimiň-de (has takygy, *mälim edilen* bilimiň) ýitjekdigini aýdýarlar. Ýöne bilşimiz ýaly, bu wagt heniz ýetip gelenok. Şoňa görä-de, “kämilligiň geljek” wagtyny kesgitli ýüze çykarmak üçin, okamagy dowam edeliň:

> Şindi ähli zady öçügsi aýnadan gören ýaly görýäris. Emma *şonda* ähli zady ýüzbe-ýüz göreris. Men şindi bölekleýin bilýärin, ýöne *şonda* Hudaýyň meni bilşi ýaly doly bilerin (1 Kor. 13:12, nygtama awtoryňky).

Üns beriň, awtor iki gezek munuň şonda boljakdygyny aýdýar. Bu kämilligiň boljak döwrüne degişli. Bu wagt iki

görkeziji bilen kesgitlenilýär. Birinjiden, biz Rebbi ýüzbe-ýüz göreris. Siz şindi Ony ýüzbe-ýüz görýärsiňizmi? Siz Onuň ölümden direlen bedenini, Onuň ýanýan ot ýaly göreçlerini, ak ýüň ýaly, gar ýaly ap-ak saçlaryny görýärsiňizmi? Onuň doly güýjünde nur saçýan Gün ýaly ýüzüni görýärsiňizmi? Ikinji görkeziji – "özümiň bilnişim ýaly, men-de bilýärin". Onuň sizi bilşi ýaly, siz-de Ony oňat bilýärsiňizmi? Bu soraglaryň jogaplarynyň "ýok" boljakdygy bütinleý aýdyň zat. Pawlus biziň öz şanly bedenimizde Reb bilen boljak wagtymyz barada aýdýar. Hut şol pursatda kämillik gelip ýeter.

Şonuň üçin-de, tä kämillik gelip ýetýänçä, diller ýitmez. Indiki baplarda men size dilleriň bolmagynyň esasy maksatlarynyň birini görkezerin. Bu Ýer ýüzünde Hudaý bilen ýakyn bolmak üçindir!

## Nämälim dillerde hemmeler gürleýärmi?

Bize şeýle soragyň berilmegi hem ahmal: "Men dillere ynanýaryn, ýöne imanlylaryň hemmesi ony almaga ukyply däl, sebäbi hatda Mukaddes Ýazgyda hem: "Nämälim dillerde hemmeler gürleýärmi?" diýen sorag bar. Bu soragyň jogaby bolsa otrisatel". Ýöne bu ýerde hem Pawlusyň berýän soragyna düýpli düşünilmeýänligini aýtsa bolar. Mesihileriň köpüsini Atanyň wada bereninden mahrum edýän bu şübheleri aradan aýyrmak üçin, biz ilki bilen Täze Ähtde dilleriň esasan hem dört dürli görnüşi barada aýdylýandygyny belläp geçmeli. Dilleriň ikisi köpçülige hyzmat etmekde ulanylýar, beýleki ikisi bolsa Hudaý bilen şahsy gatnaşykda ulanylýar. *Hudaý Öz perzentleriniň nämälim dillerde gürlemegini isleýärmi?* – diýen soraga aýdyň jogap bermek üçin, bu dilleriň her birini gysgaça derňäp geçeliň.

## Diller iman etmedikler üçin alamat hökmünde

Dilleriň birinji görnüşi *köpçülige* hyzmat etmäge niýetlenilendir. Men *köpçülige* diýenimde, başga adama ýa-da adamlar toparyna edilýän hyzmaty hem göz öňüme tutýanryn. Pawlus bu barada şeýle ýazýar:

> Şunlukda, nämälim diller iman edenler üçin däl-de, iman etmedikler üçin alamatdyr. Pygamberlik bolsa iman etmedikler üçin däl-de, iman edenler üçin alamatdyr (1 Kor. 14:22).

Bu diller Mukaddes Ruh düşünjämiziň we akylymyzyň çäginden daşary geçip, bize başga dilde gürlemäge başarnyk berýär; bu dil ýer ýüzünde hakykatdan-da bar we biz ony ozal öwrenmändik. Bu dil Mukaddes Ruhuň erkine görä berilýär we bu dilde gürlemekligi biziň özümiz çözüp bilmeýäris. Ýagdaýlaryň köpüsinde biz hatda şeýle dilde gürleýänligimize aň hem ýetirmeýäris. Biz diňe başga dilde gürleýänimize aň ýetirýäris, ýöne hakykatdan-da bar bolan dilde gürleýändigimize düşünmeýäris.

Şeýle bir mysaly getirmäge ygtyýar ediň. Men ýaňy-ýakynda Kolorada ştatyndaky uly ýygnakda wagyz etdim. Biziň ýygnagymyzyň işgärleriniň biri-de bu ýygnaga gatnaşyp, yzky hatarda otyrypdyr. Bu aýal doga-dilege we towakga dileglerine köp wagtyny bagyş edýär we ýygnak gidip durka, ol birdenkä wagyz wagty meniň üçin dileg etmäge Rebbiň ylhamlandyrýandygyny duýýar. Şonuň üçin-de, ol bütin hyzmatyň dowamynda ýer ýüzünde bolmadyk dilde (ol şeýle öýdüpdir) ýuwaşjadan dileg edip oturypdyr (munuň haýsy dildigini men birki setirden aýdaryn). Hyzmat gutarandan soň öňki hatarda oturan bir erkek oňa tarap öwrülipdir-de: “Siz fransuz dilinde

arassa *gürleýärsiňiz; mundan başga-da, siz*iň sözleýşiňiz diýseň ajaýyp" diýipdir.

Bu aýal oňa fransuz dilini bilmeýänligini aýdypdyr.

*Ş*onda ol erkek haýran galyp, *şeýle* diýipdir: "Men fransuz dili mugallymy we siz bütin hyzmatyň dowamynda owadan fransuz dilinde wagyzçy üçin dileg edip oturdyňyz! Siz dilegiňizde Mukaddes Ýazgynyň aýatlaryny aýdýardyňyz we şonuň yzýanyndan wagyzçy Mukaddes Kitaby açyp, siziň öz dilegiňizde ýaňyja aýdan şol aýatlaryňyzy okamagy haýyş edýärdi!"

Bu adamyň nähili haýran galandygyny, işgärimiziň bolsa nähili tolgunandygyny aýdyp-da oturmaýyn. Bu şol erkek üçin alamatdy we şol sebäpli ol meniň wagzymyň dogrudan-da Hudaýyň Sözi bolandygyna göz ýetirdi.

Ellinji gün baýramynda Iýerusalimiň ilaty we gelen myhmanlar hut şeýle dilleri eşidipdiler. Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär:

> Şol döwürde Iýerusalimde dünýäniň ähli ýurtlaryndan gelen hudaýhon ýahudylar ýaşaýardylar. Bu galmagally sese uly mähelle ýygnandy. Olar öz ene dillerindäki gürrüňleri eşidip, aljyradylar. Hemmeler haýran galdylar we geňirgenişip, biri-birlerine şeýle diýdiler: "Serediň, bu gepleýänleriň hemmesi jelileli dälmi näme? Onda nädip biziň her birimiz öz ene dilimizdäki sözleri eşidýäris? Aramyzda Parfiýadan, Madaýdan, Eýlamdan, Mesopotamiýadan, Ýahudyýadan, Kappadokiýadan, Pontusdan we Aziýadan gelenler bar. Frikiýadan, Pamfiliýadan, Müsürden, Kirineýiň golaýyndaky Liwiýadan gelenler hem bar. Şeýle-de Rimden gelen ýahudylar we ýahudy dinini kabul edenler bar. Käbirimiz Krit adasyndan we Arabystandan geldik. Muňa garamazdan, Hudaýyň beýik işleri barada olaryň biziň ene dilimizde gepleýändigini eşidýäris" (Res. 2:5–11).

Biz dilleriň bu görnüşiniň iman etmedikler üçin alamatdygyna ýene bir göz ýetirýäris. Ýokarda berlen mysalda şeýle dilde gürlemeklik fransuz dili mugallymy üçin alamat boldy. Mukaddes Ýazgydan mysal getiren parçamyzda bolsa ol dünýäniň dürli künjeginden Iýerusalime gelen sowatly adamlar üçin alamat boldy. Bu alamat olaryň ünsüni çekip, ýüreklerini Hudaýyň Sözi üçin açdy.

Men Hudaýyň sözüni adamlara olaryň ene dilinde (olar bu dili hiç haçan öwrenmändiler we bilmeýärdiler) wagyz eden imanlylar baradaky wakalary köp eşitdim. Şeýle alamat Hudaýyň söýgüsiniň habaryny tassyklaýar. Şeýle wakalaryň her birine ajaýyp hyzmat diýip bolýar; ol bu täsin alamatyň miwesine öwrülýär.

## Manylandyrmak üçin berlen diller

Dilleriň ikinji görnüşi hem köpçülikleýin hyzmat üçin berlendir. Bu gökleriň dili bolup, Ýer ýüzünde olara meňzeş dil ýok. Şindi gürrüňin etjek dillerimiň ählisi hem şeýle häsiýete eýedir.

Siz göklerde birden artyk diliň ýa-da dialektiň bardygy babatda şübhelenip bilersiňiz. Şeýle ähtimallyk barada oýlanyp görüň: Aýanlyk kitaby Isa Mesihiň göklerde ýamanlykdan üstün çykana “ýüzüne täze at ýazylgy bir ak daş berjekdigini, bu ady daşy aljak adamdan başga hiç kim bilmejekdigi” (Aýan. 2:17) barada aýdýar. Mundan başga-da, Isa Mesih barada şeýle diýilýär: “Onuň gözleri ot ýaly ýanýardy, başynda hem birtopar täji bardy. Onuň maňlaýyna Onuň ady ýazylgydy, ýöne bu ady Özünden başga hiç kim bilýän däldir” (Aýan. 19:12). Şoňa görä-de, eger bu atlary hiç kim bilmedik bolsa, onda diýmek göklerde dürli diller bar.

Ikinji topardaky diller (göklerdäki diller) Mukaddes Ruhuň

berýän dokuz peşgeşiniň biri bolup durýar; olaryň sanawy Korintoslylara hatyň on ikinji babynda berilýär. Ol ýerde şeýle ýazylan:

> … ýene birine bu dilleri manylandyrma peşgeşini berýär (1 Kor. 12:10).

Üns beriň, bu diller terjime üçin däl-de, düşündirmek üçin berlendir. Näme üçin? Sebäbi bu gökleriň dilleri, olary biziň dünýämizde hiç kim bilmeýär.

Singapurda geçen ýygnaklaryň biri ýadyma düşýär. Bu ýurtdaky uly ýygnaklaryň birinde wagyz etmegimi soradylar we bu meniň Singapura birinji sapar baran gezegimdi. Wagyz etmek üçin münbere çykmazymdan öň, ajaýyp öwgi nagmalaryndan we seždeden soň uly zalyň içine dym-dyrslyk aralaşdy. Adamlaryň biri birdenkä gökleriň dilinde gatydan gürläp başlady. Ol şeýle bir gaty we aýdyň gürleýärdi welin, oňa hatda mikrofon-da gerek bolmady. Ol bu ägirt ýygnakda balkonyň bir ýerinde durdy, ýöne muňa garamazdan, zaldaky adamlaryň her biri onuň sesindäki täsin aýdyňlygy we ygtyýarlygy eşidýärdi. Bu edil gökler onuň sesiniň badyny güýçlendiren ýalydy.

Ol gürlände, meniň içki barlygym şatlykdan ýaňa bökjekleýärdi, daşky barlygym bolsa çuňňur yzzat-hormatdan dolup durdy. Göwnüme bolmasa, el-aýagymdaky gyllaryň her biri galpyldadan ýaňa doňup galan ýalydy, ýüregim bolsa mukaddes şatlykdan ýaňa heýjana gelýärdi. Ol gürläp bolandan soň, onuň düşündirişi geldi. Bu dil arkaly berlen Hudaýyň Sözi we onuň düşündirişi meniň wagyz etmekçi bolup duran zadymyň hut özüdi. Men haýran galmakdan ýaňa doňup galdym. Hudaý diňe maňa däl, eýsem tutuş ýygnaga-da şol öýlänki wagzymyň Onuň erkine doly gabat gelýändiginiň tassyklamasyny berdi.

Bu düşündirişli berilýän diller pygamberliklere örän meňzeş. Şonuň üçin-de, Pawlus şeýle diýýär: “Siziň ähliňiz nämälim dillerde gürleseňiz, elbetde, gowy, ýöne pygamberlik etmäge ymtylyň. Nämälim dilde gürleýän adam ýygnaga öwüt-ündew bermek üçin öz aýdanlaryny manylandyrmasa, onda pygamberlik edýän ondan has gowudyr” (1 Kor. 14:5).

Siz bu aýatda şeýle dilleriň ýygnakda köpçülige hyzmat etmek üçin berlendigini görýärsiňiz. Bu Pawlusyň: “Nämälim dillerde hemmeler gürleýärmi?” diýip agzaýan dilleriniň toparyna degişlidir. Indi bolsa, geliň, bütin parçany kontekstde okalyň:

> Hudaý ýygnaga ilki bilen resullary, soňra pygamberleri, üçünji edip öwredijileri belledi. Soňra gudrat görkezýänleri we şypa berýänleri, ýardam berýänleri we dolandyrýanlary, soňra nämälim dillerde gürleýänleri belledi. Eýsem hemmeler resulmydyr? Hemmeler pygambermidir? Hemmeler taglym öwredijimidir? Hemmeler gudrat görkezýänmidir? Şypa berme peşgeşi hemmelerde barmy? Hemmeler nämälim dillerde gürleýärmi? Hemmeler bu dillerde aýdylanlary düşündirip bilýärmi? (1 Kor. 12:28–30).

Pawlusyň bu ýerde Hudaýyň Ýygnaga beren ruhy peşgeşleri barada adýandygyna üns berdiňizmi? Elbetde *hemmeler* resul ýa-da pygamber ýa-da mugallym *däl*, *hemmeler* çopan *däl* we *hemmeler* gudrat görkezmek we şypa bermek başarnygyna *eýe däl*. Nämälim dillerde gürlemegi we gökleriň dillerini düşündirmegi *hemmeler başarmaýar*. Näme üçin? Munuň jogabyny indiki aýatdan tapýarys:

> Şunlukda, nämälim diller *[diller alamat hökmünde]* iman edenler üçin däl-de, iman etmedikler üçin

> alamatdyr...Eger bütin ýygnak bir ýere ýygnanyp, heriňiz nämälim dilde *[manylandyrma dilleri üçin]* gürläp durkaňyz, oňa düşünmeýän ýa-da iman etmedik adamlar munuň üstüne gelse, näme oýlarlar? Olar: "Siz akylyňyzdan azaşypsyňyz" diýmezmi? (1 Kor. 14:22, 23, nygtama awtoryňky).

Soragymyza jogap bermezimizden öň, şuny aýtmaga ygtyýar ediň: şu iki aýat köpçülige hyzmat etmek üçin niýetlenilen bu iki diliň arasyndaky tapawudyny aýdyň görkezýär.

Pawlus başda dilleriň iman etmedikler üçin alamat bolup durýandygy barada ýazýar. Ol ýer ýüzündäki, biziň asla öwerenmedik, şoňa görä-de bilmeýän dillerimizi göz öňüne tutýar. Imanly öz bilmeýän dilinde sözleri aýdanda, bu dili bilýän imansyz şeýle ýagdaýyň diňe Rebbiň gatyşmagynda bolup bilýändigine düşünýär. Şonuň üçin-de, şeýle dil iman etmedikler üçin alamat bolup durýar.

Soňra Pawlus bile üýşüp, şol bir wagtyň özünde dillerde gürleýän ýygnak barada aýdýar. Bu gezek göklerdäki diliň göz öňüne tutulýandygyna şübhe ýok. Men muny bilýärin, sebäbi Ellinji gün baýramynda şägirtleriň ählisi ýer ýüzüniň dürli dillerinde Hudaýyň beýik işlerini gürrüň berdiler. Bu dilleri manylandyrmak gerek däldi, sebäbi iman etmedikleriň hersi öz ene dilinde aýdylýan zatlara düşünýärdiler. Ýöne bu aýatda welin Pawlus ýygnakda gökleriň dillerinde gürlenilýän ýagdaýyny göz tutýar, bu dilleri manylandyrmaly bolýar. Şeýle edilmedik ýagdaýynda, hiç kim hiç zada düşünmez. Görşüňiz ýaly, hemmeleriň şol bir wagtda dillerde gürlemeginiň hajaty ýok, ýogsa iman etmedikler ýa-da nämeleriň bolýandygyna düşünmeýän adamlar bizi akylymyzdan azaşan hasaplar.

Şunlukda, köp adamlaryň nädogry düşünýän "Nämälim

dillerde hemmeler gürlemelimi?” diýen soragyna jogap bermek örän aňsat. Hudaý Ýygnaga hyzmat üçin berýän ruhy peşgeşlerine seljerip çemeleşýär, sebäbi bu ruhy peşgeşlerde hemmeleriň hereket etmeginiň hajaty ýok. Ýöne Ol hemme zady ölçerip-derňäp hereket edýär we şuny ýene bir gezek gaýtalaýaryn: Ol Onuň bilen bile gezmegimiz üçin gerek zatlaryň baryny biziň her birimize jomartlyk bilen eçilýändir. Dilleriň indiki iki kategoriýasy Onuň bilen şahsy derejede gatnaşmak üçin gerek bolan diller peşgeşine degişlidir.

## Şahsy dileg üçin diller

Dilleriň indiki iki kategoriýasy şahsy dilegler üçin berlen we Ata olary bu mümkinçilige ynanýan mesihileriň her birine berýär. Biz munuň tassyklamasyny şu aýatlardan görüp bilýäris:

> Çünki men nämälim dilde doga-dileg edýän bolsam, muny diňe ruhum edýändir. Akylym muňa gatnaşýan däldir. Näme etmeli? Men ruhum bilen doga-dileg etsem, muny aňymda-da etjek. Men ruhum bilen nagma aýtsam, muny aňymda-da aýtjak (1 Kor. 14:14, 15).

Üns beriň, Pawlus bu dilleriň ýygnak hyzmatynda däl-de, dilegde ulanylýandygyny anyk aýdýar. Şu babyň özünde-de, bize şeýle diýilýär: “Nämälim dilde gürleýän adam adamlar bilen däl-de, Hudaý bilen gürleşýändir” (1 Kor. 14:2). Biz köpçülikleýin hyzmat üçin niýetlenilen iki diliň birinde gürlänimizde, biz ýa iman etmedikler üçin (dil alamat hökmünde), ýa-da ýygnak üçin (manylandyrma üçin diller) gürleýäris. Ýöne özümiz dillerde dileg edenimizde welin, adamlara däl-de, Hudaýa ýüzlenýändiris. Tapawudyny görýäňizmi?

Ýokarda mysal getirilen aýatda Pawlus şahsy dilegiň iki dürli

görnüşi barada aýdýar. Olaryň birinjisi – özümiziň düşünmegimiz üçin niýetlenilen, meniň üçin bu iňlis dilinde edýän dilegimdir. Beýlekisi – nämälim dillerdäki dileg, munda Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasy arkaly meniň ruhum dileg edýär. Muny öwgi nagmalary babatda hem aýtmak bolar: "Men ruhum bilen nagma aýtsam, muny aňymda-da aýtjak". Ýahuda hem nämälim dillerde şahsy dilegleriň bolýandygyny tassyklaýar:

> Emma siz, söýgüli doganlar, mukaddes imanyňyza bil baglap, biri-biriňize öwüt-ündew ediň. Mukaddes Ruhdan ylhamlanyp, doga-dileg ediň. Rebbimiz Isa Mesih Öz rehimdarlygy arkaly sizi baky ýaşaýşa gowşurýança, Hudaýyň söýgüsi bilen ýaşamagy dowam etdiriň (Ýah. 20, 21).

Üns beriň, biz nämälim dillerde dileg edenimizde, özümize öwüt-ündew berýäris, ýöne ýygnakda manylandyrmasy bolan dillerde dileg edenimizde, ýygnaga öwüt-ündew berýäris (ser. 1 Kor. 14:5). Hudaý bularyň ikisini-de etmegimizi isleýär, sebäbi dilegiň iki görnüşi-de diýseň wajypdyr.

Şahsy dilegler üçin niýetlenilen dilleriň bu kategoriýasyna biz indiki bapda has içgin garap geçeris. Siz onuň Reb bilen ýakyn gatnaşykda bolmak üçin juda wajypdygyny görersiňiz. Men bu kategoriýany "ýakynlyk dili" diýip atlandyrýaryn.

## Towakga dilegleri üçin niýetlenilen diller

Dilleriň dört kategoriýasynyň soňkusy – towakga ýa aradogalary üçin niýetlenilen diller. Biz olary kimdir bir üçin Hudaýa ýalbaryp, Onuň ýardam etmegini sorap dileg edenimizde ulanýarys.

Mukaddes Ruh hem ejizligimizde bize kömek berýär, sebäbi biz hatda nähili we näme barada dileg etmelidigimizi hem

bilmeýäris. Emma Mukaddes Ruhuň Özi söz bilen beýan edip bolmajak iňňildiler bilen biziň üçin töwella edýär. Ynsan ýüreginiň jümmüşini bilýän Hudaý Mukaddes Ruhuň pikirlerine düşünýändir. Sebäbi Mukaddes Ruh Hudaýyň islegine görä Onuň halky üçin ýalbarýandyr (Rim. 8:26, 27).

Durmuşymyzda bütinleý aljyrap, näme barada dileg etmelidigimizi bilmeýän wagtlarymyz bolýar.

Meniň betbagtlyga uçran eziz adamlaryma ýa-da başgalara näme bolýandygyny bilmezligim mümkin, ýöne Hudaýyň Ruhy welin hemme zady bilýär. Meniň ejem Florida ştatynda, men bolsa Kolorada ştatynda ýaşaýaryn. Ol Hudaýyň kömegi gerek bolan haýsydyr bir ýagdaýa düşýärmişin diýeli. Ejem muny aňanok, ýa aňaýanda-da, aradoga dilegini etmegim üçin meniň bilen gyssagly habarlaşyp bilmeýär. Onuň üçin dileg etmelidigimi men näbileýin; hatda abanýan howp barada biläýenimde-de, men Hudaýdan näme dilemelidigimi anyk bilmezdim.

Men uniwersitetde okap ýörkäm, bu aýat ilkinji gezek meniň üçin hakykylyga öwrüldi. Men şol wakadan bary-ýogy iki ýyl ozal imana gelipdim we başga adamlara hem Isa Mesih barada gürrüň bermek hyjuwyndan doludym. Şonuň üçin-de, men talyplar şäherçesinde Mukaddes Kitaby öwrenmek boýunça sapaklary gurnaýardym. Bu sapaklara uniwersitetler toplumynda okaýan mesihi doganlar gatnaşýardy. Bu sapaklara altmyşa golaý adam gatnaşýardy. Günleriň birinde men Mukaddes Ruh barada öwredýärdim. Men ýöne Mukaddes Ýazgyny okap, diňleýjilere Hudaýyň erkini gökezýärdim. Şol toprada bir gyz bardy, oňa ozal göklerden gaýtadan doglan badyna Mukaddes Ruhy hem birlikde alýandygyny, dilleriň ozal bolup, indi bolsa ýokdugyny öwredipdirler.

Onuň mugallymlarynyň Mukaddes Ýazga däl-de, öz mugallymlaryna – bu meselede gözli kör bolan mugallymlaryna

ynanandygy diýseň gynandyrýar. Ýöne şol agşam welin bu gyz Mukaddes Kitapda aýdylýanlary gördi, iman etdi we şol pursadyň özünde beýleki talyplar bilen bir hatarda Mukaddes Ruhdan doldy.

Ertesi gün daňdan men telefonyň jyňňyrdysyna oýandym. Mukaddes Kitaby öwrenmek sapaklaryna gatnaşýan doganlarymyzyň biri jaň edýärdi. Ol bir adamyň meni görmek isleýändigini habar berdi. Men gelen adamy garşylamak üçin, hasyr-husur geýindim-de, binamyzyň baş girelgesine bardym. Bu köçäniň aňry tarapyndaky umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşaýan düýnki gyz eken. Ol nurana ýylgyryp: “Jon, oýaranym üçin bagyşlaweri, ýöne şu gün irden bolan zatlary saňa gürrüň bermekden saklanyp bilemok-da!”

Ol daňdan bäşde Mukaddes Ruhuň ony oýaryp, gyssagly dileg etmegi ýüregine salandygyny gürrüň berdi. On haýsydyr bir wajyp zadyň bolandygyna düşünip, çeträk bir ýere çykyp, dillerde dileg etmäge başlapdyr. Dileg gitdigiçe güýjäpdir we ol ruhy söweşe girişendigini aňypdyr. Şonuň üçin-de, ol dileg wagty kim üçin töwella edýändigini görkezmegini Rebden haýyş edipdir. Bu gyz ýüreginde munuň garry adamdygyny we onuň ömrüniň howp astyndadygyny eşidipdir. Ol bu adam üçin bir sagatlap dileg edipdir, soňra bolsa onuň ýüregine rahatlyk aralaşypdyr.

Sanlyja minut geçip-geçmänkä, onuň bilen bir otagda ýaşaýan imanly gyzyň öýünden gyssagly jaň gelipdir. Oňa söýgüli atasynyň daňdan bäşde ýürek tutgaýyny geçirendigini, ýöne gudratly bir tärde diri galandygyny gürrüň beripdirler. Onuň agtygyna jaň etmezlerinden birki minut öň lukmanlar atasynyň ýagdaýyny kadalaşdyryp bilipdirler we hut şol pursatda meniň tanyş gyzym öz ýüregine rahatlygyň aralaşandygyny duýup, dileg etmesini bes edipdir.

Gyz nur saçýardy. Onuň mesihilik ömrüniň bütin dowamynda

oňa dillerde dileg etmegiň zerurlygy bolmany üçin onuň şindi ýokdugyny aýdyp gelipdirler. Kimdir biriniň Mukaddes Ýazga ynanmaýanlygy zerarly bu gyzyň şol bütin wagtyň dowamynda sypdyran zatlaryny heý göz öňüňize getirip bilýäňizmi? Ony indi ynanýan zadyndan hiç dändirip bolmaz. Ol dillerde dileg etmekligiň häzirki döwürde hem imanlylara gerekdigine berk ynanýar.

Men muňa sansyz gezek göz ýetirmäge mümkinçiligim boldy. Towakga üçin dillerde dileg etmekligiň görnükli mysallaryň biri Esteriň wakasy bolup durýar; ol Awstraliýadaky ofisimizi dolandyrýar. Ol diýseň güýçli dileg söweşijisi we hyzmatçy. Togsanynjy ýyllarda, Ester Mukaddes Kitaby öwredýän mekdepde okap ýörkä, günleriň birinde ellerini ýokary galdyrypdyr-da: "Ýa Reb, şu gün dileg edere zadym ýok, şonuň üçin-de, eger men Saňa gerek bolsam, ine, men bärde" diýipdir.

Ol şu sözleri aýdan badyna öz üstüne ägirt dileg ýüküniň inendigini gürrüň berýär. Ol öz otagynda başyny egipdir we onuň agzyndan dillerdäki dileg akymlaýyn gaýdypdyr. Ester öz ruhunda hapa polda dyzyna çöküp duran hytaýlyny görüpdir. Ol pol ýuwýan ýaly, ellerini aýlawly hereketlendiripdir. Dileg wagty Ester birdenkä oňa "Tur! Tur! Tur!" diýip gatydan gygyrmak islegini duýupdyr. Ýene biraz dileg edenden soň, ol öz ýüreginde ýeňillik duýup, öý işlerine dolanypdyr.

Şol ýagdaýdan takmynan bäş aý geçenden soň, Esteriň okaýan mekdebine Täze Zelandiýadan bir missioner gelipdir; ol Hytdaýda hyzmat edýän eken. Ol bir hytaý çopany barada gürrüň beripdir. Bu çopany başga bir çopan birlikde imanlary üçin türmä basypdyrlar. Çopanlaryň beýlekisi birinjisine seredipdir-de, Hudaýyň ony tiz wagtda boşatjakdygyny aýdypdyr. Aýdylanlar barada oýlanyp, olar adatdakysy ýaly jaýlary arassalamaga gidipdirler.

Türme gözegçisi biraz wagtdan tussaglaryň şol çopandan başgasynyň baryny öz kameralaryna gaýtarypdyr. Çopan otagda galyp, poly ýuwmasyny dowam edýärkä, birdenkä özüne: “Tur! Tur! Tur!” diýýän buýrugy eşidipdir. Bu buýruga gulak asyp, ol turupdyr-da, gapa barypdyr. Geň zat, gapy açyk eken; ol berk goralýan türmeden hiç bir päsgelçiliksiz çykanda, türmäniň agzynda garaşyp duran taksini görüpdir. Ol şoňa-da münüp gaýdypdyr.

Ester tolgunypdyr, sebäbi şol çopanyň birnäçe aý ozal dileg edip durka gören görnüşindäki çopan bolaýmasyn diýip pikir edipdir. Ol missioner çykyş edip bolandan soň onuň ýanyna baryp (ol ony ozal hiç görmändi), şol bolan wakanyň senesiniň öz dileg gündeliginde ýazylan sene bilen gabat gelýändigini ýüze çykarypdyr.

Ester bilen bilen birlikde mekdebiň ýolbaşçylarynyň biri-de şol missioneriň ýanyna barypdyr. Ol hem birnäçe aý şondan ozal Mukaddes Ruhuň mätäçlikdäki adam üçin dileg etmegi öz üstüne ýükländigini gürrüň beripdir. Ol dileg edende, türmede oturan bir hytaýy görüpdir. Missioner hytaý ýygnagynyň toparlaýyn düşen suratyny çykarypdyr we mekdebiň ýolbaşçysy dillerde dileg eden wagty öz görnüşinde gören hytaýyny görkezipdir. Bu adam dogrudan-da türmeden gaçyp gaýdan şol baş çopan eken!

Soňra Ester we mekdebiň ýolbaşçysy öz dileg depderçelerindäki ýazgylary deňeşdirip, şolaryň barynyň şol bir günde bolup geçendigini ýüze çykarypdyrlar! Hudaý bularyň ikisine-de olaryň bu işdäki uly roluny tassyklap, dileg eden adamlarynyň türmeden olaryň gulak asyjylygy we towakga dilegleri sebäpli boşandygyny görkezipdir.

## Biz neneň ynanmaly?

Ester hem Mukaddes Kitabyň peýda bolmagy bilen dilleriň ýitendigine ynanan bolsa, näme bolardy? Ol dilleriň hemmeler üçin däldigine ynanan bolsa, näme bolardy? Mukaddes Kitaba däl-de, diňe mugallymlaryň ýalňyş pikirine ynanýandyklary zerarly şu gün gör-bak näçe adam täsin mümkinçilikleri sypdyrýar.

Öz hyzmatymy alyp barýan ýyllarymyň dowamynda men iň uly betbagtlygyň şaýady boldum. Bu betbagtlyk köp mesihileriň Hudaýyň Sözüni öz şahsy tejribesine daýanyp teswirleýänliginden we Hudaýyň Sözüne olaryň şahsy tejribesini döretmegine ýol bermeýänliginden ybarat. Ýöne Hudaý Özüni biziň şahsy tejribämiz bilen çäklendirmeýär, Ol munuň üçin juda beýik we çäksizdir!

Men Mukaddes Ruhdan dolmak ymtylyşymda ýagşy niýetli mesihilere köp duşdum, ýöne olar-da meni nämälim diller ruhy peşgeşini almak isleginden saklanmagy ündäpdiler. Isa Mesihi öz Rebbim edip kabul edenimden birnäçe aý soň, meni talyplar şäherçesindäki liderler ýygnagyna alyp bardylar. Bu hyzmat materiallary çap edýärdi, men hem gutulyş barada şolardan bilipdim. Men munuň üçin bu hyzmata hemişe minnetdar bolaryn.

Ýöne şol ýygnakda welin men sarsgynlyk duýgusyny başdan geçirdim. Ýygnagyň baştutany liderlerden şol okuw ýarymýyllygy üçin nähili mätäçlikleriniň bardygyny sorady. Bir ýaş ýigit "oňat" bahalary üçin dileg edýändigini aýtdy. Başga biri öz otagdaşynyň halas bolmagy üçin dileg edýändigini paýlaşdy. Soňra olar meniň ýanyma geldiler we men: "Mukaddes Kitapda adamlaryň nämälim dillerde gürleýişleri barada aýdylýar. Men hem Mukaddes Ruhuň şol peşgeşini alasym gelýär" diýdim.

Men şulary aýdan badyma, baş lider howlukmaçlyk bilen

gaharjaň äheňde: “Jon, biz bu barada ýygnakdan soň dürleşeris” diýdi.

Ýöne biz bu barada gürleşmedik. Meni Rebbe getiren kursdaşym bolsa ýygnakdan soňra bir gyra çykaryp: “Jon, olar başga dillerde gürlemeklige ynanmaýarlar” diýdi.

Men täzelikde iman edenim üçin, geň galyjylyk bilen onuň ýüzüne seretdim-de: “Näme? Olar Mukaddes Kitapda ýazylanlara ynanmýarmy?” diýip soradym.

Bu waka maňa geçmişimi ýatlatdy, sebäbi meniň önüp-ösen denominasiýam Mukaddes Ýazgynyň öwredýänlerine däl-de, ynsan taglymatyna esaslanýardy. Dogrusy, bize Mukaddes Kitaby okaman, çopanyň oňa berýän teswirlemesini ünsli diňlemegi maslahat berýärdiler. Men şol ýygnaga on iki ýyl gatnaşyp, göklere eltýän ýoldan barýaryn diýip pikir edýärdim, aslynda welin gös-göni dowzaha barýan ekenim. Şonuň üçin-de, men öz imandaky doganymdan Hudaýyň gutulyşy baradaky Mukaddes Ýazgyda beýan edilýän meýlini bilen badyma Mukaddes Kitaba düşünip-düşünmeýänligime garamazdan, oňa ynanmagy ýüregime düwdim! Rebden gorkmaklyk hem hut şundan ybaratdyr, Rebden gorkmaklyk bolsa paýhasyň başlangyjydyr (ser. Zeb. 110:10).

## Ýalkanyşda ýa-da bihabar galmakda

Siziň üçin bir oňat habarym bar! Ol şundan ybarat: siz Hudaýyň yradasyna görä Mukaddes Ruhdan dolup, gökleriň dilinde dileg edip bilýärsiňiz! Eger siz Hudaýyň hut Öz ýüreginiň jümmüşinden size ýüzlenip aýdýanlaryny eşidesiňiz gelýän bolsa, ol, ine, şeýledir:

> Siziň ähliňiz nämälim dillerde gürleseňiz gowy, ýöne pygamberlik etmäge ymtylyň. Nämälim dilde gürleýän

> adam ýygnaga öwüt-ündew bermek üçin öz aýdanlaryny manylandyrmasa, onda pygamberlik edýän ondan has gowudyr (1 Kor. 14:5).

Siziň: "Pawlus bulary korintoslylara ýüzlenip aýdýar-a" diýmegiňiz ahmal.

Ýok, bize şu aýdyň aýdylan: "Ozaly bilen şuny bilip goýuň: Mukaddes Ýazgylardaky pygamberlik sözleri pygamberleriň öz düşünjesinden gelip çykan däldir" (2 Pet. 1:20), başga bir ýerinde bolsa "Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy" (2 Tim. 3:16). Başga sözler bilen aýdylanda, bu Pawlusyň korintoslylara aýdan sözi däl-de, Rebbiň bize aýdan sözleridir, sebäbi Hudaýyň Sözi "diri hem baky galýandyr" (1 Pet. 1:23). "Siziň ähliňiz nämälim dillerde gürleseňiz gowy" diýen sözleri Hudaý Öz perzentlerine diýýändir.

Siz ynanmaýan zadyňyzda ýalkanyş almarsyňyz. Şuny ýene bir gezek gaýtalasym gelýär: Hudaýa öz pikirlerimiz, mätäçligimiz ýa-da duýgularymyz bilen täsir edip bolmaýar, ýöne iman bilen welin täsir edip bolýandyr. Isa Mesihiň adamlara: "Imanyňa görä bolsun" diýip aýdyşyny gaýta-gaýta eşitse bolýar. Iman Hudaýyň hut aýdyşy ýaly boljakdygyna ynanýar. Iman dogry ynamlardan däl-de, Hudaýyň Sözüni eşitmekden döreýär.

Biziň hakykaty wagyz edip, öz şahsy tejribämize däl-de, hut oňa ynanmagymyz diýseň wajypdyr. Tejribe hakykaty tassyklap bilýänligi bilen gymmatlydyr, ýöne welin ol hakykatyň mugallymy bolup bilýän däldir. Biziň Mugallymyz – Mukaddes Ruh, Ol Hudaýyň Sözüne çapraz gelýän zatlary gürlemegi asla öwredýän däldir. Biz Hudaýyň Sözüne iman edenimizde, hem görnüşi, hem-de tejribäni edinýäris. Gynansak-da, adamlaryň köpüsi muny tersine edýär: olar ilki tejribe edinip, soňra iman etmek isleýärler. Şeýle garaýyş Tomasyň Isa Mesihe ýüzlenip aýdan

sözlerini ýatladýar. Biziň hemmämiz imanymyzy başga adamlaryň tejribesine daýanyp ýa-da Hudaýyň Sözüne daýanyp bina etmek saýlawynyň öňünde durus. Hudaýyň Sözünde Ol barada şeýle diýilýär:

> Hudaý ynsan däl ahyryn, yalan sözlär ýaly. Ol adam ogly däl, pikirini üýtgeder ýaly. Onuň beren wadasynyň, aýdan sözüniň heý bitmedigi barmy? (Çöl. 23:19).

Sözümiň ahyrynda bolsa Mukaddes Ruhuň hemmämize dillerde dileg etmeklik barada aýdýanlaryny nygtasym gelýär: “Indi bolsa, eý, doganlar, men siziň Ruhuň peşgeşleri babatda habarly bolmagyňyzy isleýärin” (1 Kor. 12:1). Soňra Ol şu bapda gürrüňini eden zatlarymyzy beýan edýär we bu soraglaryň maslahatynyň jemlemesi hökmünde şuny aýdyň diýýär:

> Emma ol muny äsgermese, goý, onuň özi-de äsgerilmesin (1 Kor. 14:38).

Başga sözler bilen aýdylanda, Mukaddes Ruh Pawlus arkaly bize şeýle diýýär: “Men nämälim diller babatda Öz yradamy size anyk we aýdyň aýtdym. Eger bihabar galasyňyz gelýän bolsa, onda bihabar hem galarsyňyz we Meniň ruhy peşgeşlerim bilen ýalkanmarsyňyz”.

Mukaddes Ruh bu setirleri Pawlus arkaly bize iberende, gynanandygyna ynanýaryn, sebäbi Ol Onuň bize ýazylan hatlaryndan köp ýyl geçenden soň adamlar bu meseläni gyzgyn dawalaryň we maslahatlaryň mowzugyna öwürjekdigini öňünden görüpdi (irki ýygnagyň döwürlerinde diller babatda şübhelenmek hiç kimiň kellesine-de gelmeýärdi).

Ýene-de bir zat. Ruh bize özümiziň bu mesele babatda bihabar

galyp (ony aňlaman) bilýänligimizi gynanç bilen aýdýar, ýöne şeýle ýagdaýda welin Onuň bu babatdaky ymykly karary şeýle bolar:

> Şunlukda, eý, doganlar, pygamberlik etmäge jan-tenden yhlas ediň, ýöne nämälim dillerde gürlemegi-de gadagan etmäň (1 Kor. 14:39).

Bu duýduryşdyr. Eger siz kimdir biriniň nämälim dilleri ýiti tankytlaýandygyny eşitseňiz, onuň Rebbe gulak asmaýandygyny bilip goýuň. Hudaý ahyrky günlerde adamlaryň ýa öz nadanlyklary, ýa-da kesirlikleri zerarly Onuň goýunlaryna nämälim dilleriň indi ýa gerek däldigini, ýa-da munuň asla Hudaýdan däl diýip aýtjakdyklaryny bilýärdi.

Men indiki baby okamaga geçeniňizde Hudaýyň täsin üpjünçiligini görüp bilmegiňiz üçin dileg edýärin. Ol bu üpjünçiligini Öz perzentlerine peşgeş etdi. Şeýle-de täsin ýakynlygyň dilini edinmegiňizi dileýärin. Mukaddes Ruh ony imanlylaryň ählisine berýändir.

*(Üns beriň: Eger siz Mukaddes Ruhdan dolmany heniz kabul etmedik bolsaňyz, Goşundy B-ni okaň. Men bu ruhy peşgeşi almakdaky dilegde sizi höwes bilen ugrukdyraryn.)*

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Babyň başynda awtor talyplyk döwrüni ýatlap, öz ýaşlyk günleriniň imany barada gürrüň berýär. Ol täze durmuşyň başlanyşyny, Mukaddes Ýazgyny yhlasly öwrenişini, ýöne şonda-da nämedir bir zadyň ýetmändigini beýan edýär. Sizde şeýle duýgular döräpmidi? Siz, belki, heniz-de şeýle kynçylyklary başdan geçirýänsiňiz?

2. Nämälim dillerde gürlemek meselesi bilen tanşanyňyzdan soň, garaýşlaryňyzda üýtgän zat barmy? Hudaý siziň Onuň Ruhundan dolup, gökleriň dillerinde dileg etmegiňizi isleýär. Siz şu habara nähili garaýarsyňyz?

3. Siz bu kitaby ýöne ýerden eliňize alaňzok, haýsydyr bir ýagdaý ýa-da alada sizi Hudaýa ýakynlaşmanyň nämedigini ýüze çykarmaga höweslendirdi. Siziň şindi okan zatlaryňyz arkaly Hudaý, belki, size öz maksadyňyza ýeter ýaly täze serişdäni berýändir? Belki, şahsy we towakga dilegleri üçin berilýän diller peşgeşi siziň Reb bilen gezmekdäki indiki ädimiňiz bolar?

12-nji bap

# ÝÜREKDEŞLIK DILI

Hudaýýň danalygy – çuň bulaklar ýaly we tebigy
akyl üçin beýik syrdyr.

*Hudaý size ýakynlaşmagy küýseýär*. Men muny gaýta-gaýta ýazdym we bu sözlerimiň ýüregiňize ymykly ornaşmagy üçin, olary ýene-de bir gezek gaýtalaýaryn. Hudaý siziň bilen ýakyn gatnaşykda bolmagy güýçli isleýär. Ol siziň bilen ýöne bir gatnaşmagy hem däl, eýsem bu söhbetdeşligiň we gatnaşygyň manyly, baý we dyngysyz bolmagyny isleýär.

## Hudaý bilen Onuň derejesinde gürleşmek

Şeýle çuň we täsirli gatnaşygyň hakykata öwrülmegi üçin, Hudaý Özi bilen Onuň derejesinde gatnaşarymyz ýaly hemme şertleri döretdi! Meniň nämäni göz öňüme tutýandygymy düşündirmäge ygtyýar ediň. Mukaddes Ýazgy bize şeýle diýýär:

> Nämälim dilde gürleýän adam adamlar bilen däl-de, Hudaý bilen gürleşýändir (1 Kor. 14:2).

Biz Pawlusyň bärde köpçülikleýin hyzmat üçin niýetlenilen dilleriň iki görnüşi barada aýtmaýandygyny bilýäris, sebäbi bu iki dil adamlaryň Hudaýyň Sözüni öz bilmeýän dilinde beýan etmegini göz öňüne tutýar. Bu aýatda Pawlus biziň dileg edýän ýa-da Hudaý bilen gürleşýän ýagdaýlarymyz barada aýdýar. Biz dillerde *dileg edenimizde*, adamlara däl-de, gönüden-göni Hudaýa ýüzlenip gürleýäris. Pawlus şeýle hem diýýär: “Mukaddes Ruh hem ejizligimizde bize kömek berýär, sebäbi biz hatda nähili we näme barada dileg etmelidigimizi hem bilmeýäris” (Rim. 8:26). Hudaý bilen gürleşmäge köplenç päsgel berýänem şu iki zatdyr. Biz ýa näme barada, ýa-da nähili dileg etmelidigimizi bilmeýäris.

Bu indiki mysaldan aýdyň görünýär. Eger men Birleşen Ştatlarynyň prezidentiniň iş otagyna barmaly bolan ýagdaýymda onuň bilen bir derejede gürleşip bilermidim? Elbetde, ýok, ol meniň düşünjämiň derejesine düşmeli bolardy. Ol döwlet işlerini we ýurduň meselelerini, şol sanda giň köpçülige mälim bolmadyk döwlet howpsuzlygynyň meselelerini menden oňat seljerýär. Ol meýilnamalary we taslamalary bilýär, ol gizlin saklanylýan adalgalary we sanlary bilýär. Eger bu maglumatlar dönükleriň eline düşse, ýurda uly howp abanyp bilýär.

Bu edil bütin Älemiň Şasynyň dergähine, Onuň tagtynyň duran zalyna girenimdäki ýalydyr; eger men akylym bilen dileg etsem, biziň söhbetdeşligimiz çäkli bolar! Men Reb bilen Onuň derejesinde gürleşip bilmeýärin, sebäbi Ol menden uçursyz köp bilýär. Ol meniň bilen diňe meniň düşünjämiň derejesine çenli düşüp gürleşip bilýär. Ýokarda getirilen mysaldaky ýaly, Ol Älemdäki işleriň, şol sanda dürli sebäplere görä bizden heniz gizlin saklanylýan köp zatlaryň ýagdaýyny menden uçursyz köp

bilýär. Gizlin zatlar hususan hem wajyp zatlaryň niýetlenilmedik ellere düşmezligi üçin gerekdir. Bu barada Pawlusyň indiki duýduryşynda aýdyň aýdylaýar:

> Biz Hudaýyň syrly, ýaşyryn saklanylan danalygyny sözleýäris. Hudaý bu danalygy biziň hem Onuň şöhratyna şärik bolmagymyz üçin, ony dünýä ýaradylmazdan öň niýetläpdi. Bu danalyga dünýä ygtyýarlylarynyň hiç biri düşünmedi. Çünki düşünen bolsadylar, şöhratly Rebbi haça çüýlemezdiler (1 Kor. 2:7, 8).

Bu aýatda iň ýokary derejedäki danalyk barada anyk aýdylýar, ol Reb Isa Mesihiň haça çüýlenmeginde, direlmeginde we onuň yz ýanyndan gelen şan-şöhratynda aýan boldy. Bu Hudaýyň şeýle wakalary syra gaplamagynyň diňe bir mysalydyr. Ol muny Özüniň niýetlän zatlarynyň amal bolmagynyň päsgel berilmegine ýa-da böwetlenmegine ýol bermezlik üçin edýär. Ýöne başga syrlar hem bar (ser. Mat. 7:6). Mukaddes Ýazgy biziň söweş ýagdaýdadygymyzy, biziň duşmanlarymyz ynsanlar däl-de, tümlügiň ruhy hökümdarlary we erk-ygtyýarlylary, şeýle-de gökdäki ýowuz ruhy güýçleri bolup durýandygyny aýdýar (ser. Efes. 6:12). Fiziki derejedäki uruşda bir tarapda söweşýän güýçleriň arasynda gizlin aragatnaşyk hökman bolýar. Muny Rebbiň leşgeriniň Serdary bilen Onuň Şalygynyň söweşijileri babatda hem aýtmak bolar. Reb Öz Şalygynyň bähbidi we bizi goramak üçin, Öz perzentlerine ajaýyp gizlin aragatnaşyk usulyny berdi. Biz dillerde dileg edenimizde, Atadan näme dileýändigimizi duşman hatda aňyp-da bilmeýär. *A*rwah-jynlar biziň ezizlerimize garşy hile-pirim gurýarlar, ýöne dillerde dileg edenimizde, perişdeler birdenkä duşmanyň öňünde böwet döredýärler-de, olary aňka-taňka edýärler. Netijede, arwaň-jynlar doly ýeňlip, gorkudan ýaňa ökje göterýärler.

## Esasy maksat

Nämälim dillerde edýän dileglerimiz bize diňe bir gizlin maglumatlary duşmandan goramak üçin gerek däl. Dilleriň esasy maksady – Reb bilen ýakyn bolmaklyk. Aýalym ikimiz köp ýyl bäri bile ýaşap gelýäris we şol wagtyň dowamynda birek-biregimize şeýle bir ysny*şdyk* welin, hatda aramyzda birek-birege habar bermegiň üýtgeşik bir täri emele geldi. Ol maňa adamlaryň arasynda bolan ýagdaýynda-da gizlin bir habary berip bilýär we onuň aýdanlaryny şol ýerdäkileriň biri-de aňmaz. Biz öz ýakynlyk dilimizi döretdik. Şeýle dil diňe ýanýoldaşlara däl, eýsem birek-biregi bilen ýakyn gatnaşykda bolanlaryň hemmesine-de elýeterdir. Ýakyn dostlar üm bilen aýdylan zada-da düşünýärler, bu biri-birini köpden bäri bilýän, bile işleýän, bile söwşen we başga adamlara hem degişlidir. Şeýle adamlaryň özara gatnaşygynyň netijesinde üýtgeşik we gaýtalap bolmajak dostluk dili döreýär.

Hudaý Onuň bilen ýakyndan gatnaşyp, çuň derejede dostlaşyp bilerimiz ýaly, bize hem şeýle täri berdi. Şeýle derejedäki dostluga biziň halas edilmeik, tebigy aňymyz asla ýetip bilmez. Mezmurçy şuňa meňzeş ýagdaýy öňünden görensoň, şeýle ýazypdyr: "Çuňluk çuňluga Seniň şaglawuklaryňyň owazy bilen gygyrýar" (Zeb. 41:8). Biziň söhbetdeşligimiz diri şaglawuklary ýatladýar. Isa Mesih biziň içimizden "ýaşaýyş suwunyň bulaklary akar diýip gygyrdy. Ol muny Özüne iman edenleriň aljak Mukaddes Ruhy barada aýdýardy" (Ýoh. 7:38,39). Biziň Reb bilen ýakyn söhbetimiz ýaşaýyş suwunyň bulaklary ýalydyr. Mukaddes Ruhuň bize nämeleriň berendigini görýäňizmi! Ol Öz perzentlerine gör nähili ukyby berdi! Bu barada pikir edeniňde, demiň tutulýar!

Size öňde has gudratly işler garaşýar. Pawlus dillerde dileg edýän imanly barada şeýle diýipdi:

> Onuň Mukaddes Ruhdan ylhamlanyp aýdýan syrlaryna hiç kim düşünýän däldir (1 Kor. 14:2).

Pawlus “syrlary” diýen sözünde nämäni göz öňüne tutdyka? Grek dilinden “syrlar” diýip terjime edilen söz – *musterion*. Grek dili boýunça hünärmen U. I Waýn bu söz barada şeýle ýazýar: “Täze Ähtde ol gizlin ýa-da gizlenip goýlan (adamyň düşünjesindäki ýaly) zady däl-de, tebigy aňyň adaty düşünjesiniň çäklerinden daşarda ýerleşýän we diňe Hudaýyň aýanlygy arkaly düşünip bolýan zady aňladýar. Ol diňe aňlary Mukaddes Ruh arkaly ýagtylandyrylan adamlara mälim bolýar. “Syrlar” sözi adaty manysynda gizlenilen bilimi aňladýar, Mukaddes Kitabyň manysynda welin bu söz “aýan edilen hakykat” diýmegi aňladýar.

Şunlukda, biz dillerde dileg etmegiň ýene bir artykmaçlygyny alýarys. Hudaý Mukaddes Ruh Isa Mesihiň we Atanyň pikirlerini bilýär, sebäbi Olaryň hemmesi bütewi Birlikdir. Ol hemişe biziň ýanymyzda bolany üçin, bize nämäniň ýetmeýändigini bilýär. Şonuň üçin-de Ol dilemegimiz, agtarmagymyz ýa-da kämil tärde gatnaşmagymyz üçin gökleriň dilindäki sözleri bermek bilen, Töwellaçynyň işini ýerine ýetirýär. Munuň neneň ajaýypdygyny görýäňizmi! Siz, belki: “Ýöne men dillerde dileg edenimde, näme diýýänime düşünmeýärin-ä” diýýänsiňiz. Hawa, şonuň üçin-de Pawlus şeýle ýazdy:

> Nämälim dillerde gürleýän adam ony manylandyryp bilmegi üçin-de doga-dileg etmelidir. Çünki men nämälim dilde doga-dileg edýän bolsam, muny diňe ruhum edýändir. Akylym muňa gatnaşýan däldir (1 Kor. 14:13, 14).

Şunlukda, isle haýyş, isle towakga dilegi, isle-de ýöne Hudaý bilen söhbetdeşlik bolsun, parhy ýok, eger men Mukaddes Ruhdan sorasam, Ol Onuň ugrukdyrmasy boýunça dillerde edýän

dilegimiň näme baradadygyna düşünmäge ýardam berer. Şonda bu söhbetdeşlikden diňe ruhum däl, eýsem köňlüm-de lezzet alar.

## Aýan edilen syrlaryň sakçysy

Şeýle söhbetdeşlikleriň dowamynda Mukaddes Ýazgyda gizlin saklanylýan hakykatlary Rebbiň maňa açan gezekleri köp boldy. Şonda olar birdenkä janlanýardylar we men hyzmatymyň dowamynda köp ýyllar bu hakykatlar barada ýazyp, olary öwretdim. Ýöne bilip-de, heniz paýlaşmadyk hakykatlarym hem köpdür.

Siz meniň olary näme üçin paýlaşmaýandygymy sorap bilersiňiz. Mesele wagtyň heniz ýetip gelmänliginde ýa-da Hudaýyň Öz halkyna haýsydyr bir başga bir zady nygtamak ýa aýtmak isleýänliginde. Biz Şalygyň ilçileri hökmünde çykyş edenimizde, Hudaýyň adyndan gürleýändigimizi we Onuň bize aýtmagy buýurýan, ýöne heniz aýdylmaly däl zatlaryň hem bardygyny ýatda saklamaly.

Men bu hakykata düşünmegim üçin alan agyr sapagymy asla unutmaryn. Günleriň birinde men Hudaýyň bir adamy bilen duşuşmalydym, ony ýurdumyzda örän oňat tanaýarlar. Men onuň hyzmaty barada köp eşidipdim we täsin galypdym, şonuň üçin-de bu duşuşyga begenip garaşýardym. Bizi başga bir çopan tanyşdyrypdy. Men tolgunlýardym. Şunlukda, bir gün agşam biz: çopan, Hudaýyň adamy we aýallarymyz nahar başynda duşuşdyk. Men Hudaýyň maňa beren aýanlyklarynyň iň täsirlilerini saçak başynda olar bilen paýlaşdym, özem muny şol adamlara täsir ýetirmek üçin edipdim. (Şol pursatda men muňa aň ýetirmändim, ýöne soňra ýüregimi dökmegimiň asyl niýetiniň şol bolandygyna düşündim).

Nahardan soň çopan bizi myhmanhana äkitdi. Aýalym ikimiz

örän ýadapdyk, gün diýseň manyly geçipdi. Ýöne her näçe ýadaw bolsam-da, ruhumdaky oňaýsyzlyk gitdigiçe artýardy. Men Rebbiň dileg etmegimi isleýändigini bilýärdim, şonuň üçin-de aýalyma maňa garaşmazlygyny aýtdym. Ol ýatmaga gidenden soň, men myhmanhana otagymyzyň balkonyna çykdym. Men otagdan çykan badyma Mukaddes Ruhuň ýüregime: "Şunlukda, patyşa bar genji-hazynasyny görkezdi" diýip, berk äheňde aýdan sözlerini eşitdim.

Ýüregim agzymdan çykara geldi. Men perişan bolup, utanja gaplandym. Men Mukaddes Ruhuň maňa Ezekiýeliň ýalňyşyny ýatladýandygyny bilýärdim. Ezekiýel patyşanyň ýanyna myhmanlar gelende, ol olary haýran etmekçi boldy:

> Hizkiýa Babyl patyşasynyň wekillerini şatlyk bilen kabul etdi; olara hazynasyndaky kümşüni, altynyny, hoşboý ysly zatlaryny, gymmatbaha ýaglaryny, ýarag gorhanasyny hem-de ammarlaryndaky zatlary görkezdi. Ol köşgündäki we bütin patyşalygyndaky zatlaryň baryny wekillere görkezdi (Işa. 39:2).

Işaýa pygamber Rebbiň adyndan patyşa höküm çykardy. Men özümi diýseň erbet duýýardym. Men Hudaýyň maňa aýan eden zatlary, ýagny baýlyklary barada şol agşam saçak başynda gürrüň berenimde, şol adama täsir etmek üçin aýdanymy bilýärdim.

Soňra Hudaý maňa berk äheňde şeýle diýdi: "Oglum, Men saňa öz gymmatly hakykatlarymy gören ýeriňe aýlanyp, olary öz göwnüňiň isleýşine görä ýaýratmagyň üçin aýan edemok. Bu hakykatlar saňa başgalara täsir etmegiň üçin berilmedi. Sen Meniň berýän zatlarymyň barynyň paýhasly sakçysy bolmaly we tä Özüm buýurýançam, hiç haýsysy barada gürlemeli dälsiň".

Men şobada toba edip, Hudaýdan ötünç soradym, eden

günämiň labyry dessine ütsümden aýryldy we men arkaýyn ýatmaga gitdim. Biziň Hudaýymyz, gör, neneň rehimli!

Eger biz paýhasly bolsak, ýakyn dostlarymyz hökmünde özlerine ynanylan syrlarymyzy we ähli maglumatlarymyzy gören ýerinde ýaýradyp ýörmejek adamlary saýlarys. Ýakyn dostlar birek-biregi barada bilýän zatlarynyň baryny paýhasly saklaýarlar. Eger olar bu düzgüni hemişe bozýan bolsalar, biz olar bilen paýlaşmagymyzy bes ederis we olara bildirýän ynamymyzyň gadyryny bilmeýändigine düşüneris. Rebbimiziň syrlary babatda hem şeýledir. Eger biz Onuň Öz ýüregindäki zatlary biziň bilen paýlaşmagyny isleýän bolsak, Onuň beýleki adamlara haçan we näme aýtmagy buýurýandygyna örän duýgur bolmalydyrys.

## Hudaýdan maslahat soramak

Men nämälim dillerde dileg edenimde ýa-da Hudaý bilen gürleşenimde, pikirleriň, ideýalaryň, aýanlyklaryň, paýhasyň ýa-da taglymyň akymlarynyň aňyma gelşini duýýaryn. Bu edil deňziň düýbündäki içi howadan doly küýzäniň açylyp, onuň içindäki howanyň saklanyp bilmän, suwuň ýüzüne okgunly çykyşy ýaly bir tärde bolýar.

Pikirler meniň içimdäki ynsandan çykyp, meniň aňyma gelýär. Mukaddes Ýazgy bu barada şeýle diýýär:

> Adamyň ruhy Rebbiň çyrasydyr, ol ynsan kalbynyň bütin jümmüşini barlaýar (Sül. 20:27).

Biz Mukaddes Ruhuň biziň kellämize däl-de, ruhumyza gürleýändigini ýatda saklamaly. Ol biziň tebigy barlygymyzyň hut şu bölegini ýagtylandyrýar. Biz ruhda dileg edip, Ruhdan manylandyrmany soranymyzda, Hudaýyň danalygy aýanlyklaryň akymy bilen ýürekden düşünje çäklerine, ýagny aňa galýar.

Mukaddes Ýazgyda bu barada şeýle diýilýär:

> Ynsanyň ýüregindäki pikir çuň suw kimindir, düşünjeli adam ony çekip çykarar (Sül. 20:5).

Hudaýyň maslahaty näme zat? Bu anyk bir ýagdaý babatda ulanyp bolýan danalykdyr. Adamlar maslahatçylaryň ýanyna näme üçin gidýärler? Öz ýörite bir ýagdaýyna kömek berjek paýhasly maslahaty almak üçin.

Üns beriň, Hudaýyň Mukaddes Kitapda çuň suwlar bilen deňeşdirlýän maslahatyny diňe düşünjeli, Hudaýyň ýörelgelerini bilýän adam alyp bilýändir. Mukaddes Ruh Şalygyň ähli syrlaryny (aýan edilmedik meýilleri, ähli bilimi we paýhasy) bilýär. Geliň, Isa Mesihiň aýdanlaryny ýatlalyň:

> “Kim Maňa iman etse, Mukaddes Ýazgylarda aýdylyşy ýaly, onuň içinden ýaşaýyş suwunyň bulaklary akar” diýip gygyrdy. Ol muny Özüne iman edenleriň aljak Mukaddes Ruhy barada aýdýardy. Olara entek Mukaddes Ruh inmändi, sebäbi Isa entek şöhratlandyrylmandy (Ýoh. 7:38, 39).

Süleýmanyň pähimlerine laýyklykda, ynsanyň ýüregindäki pikirler – bu Hudaýyň maslahaty ýa-da paýhasy we Isa Mesih bu paýhasyň gözbaşynyň Mukaddes Ruh bolup durýandygyny anyk aýtdy. Ýaşaýyş suwunyň gözbaşy hut Oldur (ser. Ýerm. 2:13). Indi bolsa Pawlusyň aýdanyny ünsli okaň:

Biz Hudaýyň syrly, ýaşyryn saklanylan danalygyny [ýa-da Hudaýyň maslahatyny] sözleýäris. Hudaý bu danalygy biziň hem Onuň şöhratyna şärik bolmagymyz üçin, ony dünýä ýaradylmazdan öň niýetläpdi....Biz bu dünýäniň ruhuny alan däldiris. Biz Hudaýyň Öz merhemeti arkaly bize eçilenlerine

düşünerimiz ýaly, Hudaýyň Ruhuny alandyrys. Biz bulary ynsan danalygynyň öwreden sözleri bilen däl-de, Mukaddes Ruhuň öwreden sözleri bilen aýdýarys. Biz ruhy hakykaty ruhy sözler bilen düşündirýäris (1 Kor. 2:7, 12, 13, nygtama awtoryňky).

Şunlukda, Hudaýyň danalygy ýa-da Hudaýyň maslahaty – bu çuň pikiler we köplenç biziň tebigy aňymyz üçin beýik syrdyr. Ýöne Isa Mesih Mukaddes Ruhuň ýaşaýyş suwlarynyň bulaklary boljakdygy barada aýdýar. Nädip? Pawlus aşaky aýatda muny aýdyň aýdýar:

> Nämälim dilde gürleýän adam adamlar bilen däl-de, Hudaý bilen gürleşýändir. Çünki onuň Mukaddes Ruhdan ylhamlanyp aýdýan *syrlaryna* hiç kim düşünýän däldir (1 Kor. 14:2, nygtama awtoryňky).

Hawa, hut şeýle! Düşünjeli adam Hudaýyň maslahatyny hut şeýdip alýandyr. Meniň Mukaddes Ýazgylarda düşünmeýän ýerlerim köp bolýardy. Meniň kellämde soraglar peýda bolýardy, men olaryň jogabyny tapmaýardym. Meniň üçin köp zatlar *syrly* bolmasyna galýardy.

Men köplenç: “Mukaddes Ruh, men şuňa düşünemok; ýalbarýaryn, maňa görkezsene...” diýip dileg edýärdim. Soňra men nämälim dillerde dileg edýärdim we şobada ýa-da dillerde dileg edenimden biraz soň, meniň aňyma ozal gizlin bolan hakykatyň aýanlygy inýärdi. Beý-bä, bu neneň ajaýyp!

Men kitap ýazan döwrümde petiklenen ýere düşen ýaly bolan ýagdaýlarym diýseň köp bolýardy. Meniň şondan soňraky ýolum nämälimligiň tümlügine gaplanylgy bolýardy. Şonda men ýerimdem turup, dillerde dileg etmäge başlaýardym we örän tiz wagtdan, adatça birnäçe minutdan maňa paýhas gelýärdi; bu paýhasyň öňüni petiklän böwet edil böwsülen ýaly bolýardy we men ýerime geçip işimi dowam edýärdim.

Men heniz öýlenmänkäm, kime öýlenjekdigim meniň üçin *gizlin syrdy*. Men başy boş ýigitkäm, tanyş gyzlarymyň arasynda üçüsi göwnüme *örän* ýaraýardy. Ýöne köp wagtlap ruhda dileg ednimden soň, Hudaýyň bu gyzlaryň üçüsi babatda hem anyk "ýok" diýýändigine düşündim. Soňra men Liza duşdum we bir aýlap her gün ýarym sagadyň dowamynda dillerde dileg edip, şol wagtymy Ruh bilen gatnaşygyma doly bagyş etdim. Dileg wagty Hudaý saýlawymy oňlaýandygy babatda maňa berk ynam berdi, biraz soňra bolsa muňa köp tassyklamalary hem berdi. Ýöne belläp geçmeli zadym – tassyklamalary almazymdan ozal-da, hut Lizanyň maňa niýetlenilen gelinlikdigini hiç bir şübhesiz bilýärdim. Men muny içimden, bu mesele üçin dillerde dileg edenimde kalbymda duýýan parahatlygymdan bilýärdim.

Meniň öz durmuşymda ýa-da ýakyn adamlarymyň durmuşynda nämeleriň bolýandygyna düşünmeýän wagtlarym hem bolýardy. Bu meniň üçin *gizlin syrdy*. Men ýöne Mukaddes Ruhdan maňa Öz paýhasyny ýa-da Onuň şu ýagdaýa bolan garaýşyny bermegini dileýärdim. Dogrudan-da, dillerde dileg edenimden biränçe wagt geçenden soň hemme zat aýdyňlaşyp başlaýardy.

Käwagt bolsa maşgala agzalaryndan kimdir biriniň dileg mätäçliginiň bolan, meniň-de ony bilmedik ýagdaýlarym bolýardy; şonda Mukaddes Ruh meni dillerde dileg etmäge ylhamlandyrýardy. Soňra bolsa men Hudaýyň ara düşmesi ýa-da goragy sebäpli adamyň howpdan gutulandygyny bilip galýardym.

*Gizlin syr* – bu biziň tebigy aňymyz üçin ýaşyryn bolan zat. Meniň üçin haýsy ýygnaga gitmelidigim, haýsy hyzmaty ýerine ýetirmelidigim, prezident ýa-da beýleki liderler üçin nädip netijeli dileg etmelidigim, çopanym üçin nädip netijeli dileg etmelidigim baradaky soraglar gizlin syra gaplanyp bilýär. Bu sanawy tükeniksiz dowam edip bolýandygyny bolsa özüňiz bilýänsiňiz.

## Hudaýyň ugrukdyrmasyny gözlemekdäki parahatlyk

Imanlylaryň köpüsi üçin olaryň öz saýlamaly ugurlary babatdaky *gizlin syr* uly ýüke öwrülýär. Şu sebäpdenem adamlar, adat bolşy ýaly, maslahatçylaryň ýanyna gidýärler. Ýöne siziň üçin bir ajaýyp habar bar! Size indi soňra näme etmelidigini alada etmek gerek däl. "Eger kimde danalyk [*näme etmelidigine düşünmeklik*] kemlik edýän bolsa, goý, ol Hudaýdan dilesin. Hemmelere biminnet we jomartlyk bilen berýän Hudaý oňa hem berer" (Ýak. 1:5). Biz ýöne diläp bilýäris! Nädip? Ýagdaýymyz barada dillerde dileg edip. Men ozal çykgynsyz ýagdaýlara düşüp, näme etmelidigini bilmänimde, dillerde dileg edip başlaýardym we şol ýagdaýym üçin gerek bolan danalyk böwsülen suw kimin ýüregimden aňyma okdurylýardy.

Biz öz hyzmatymyzda köp ýyllaryň dowamynda hut şeýle hereket etdik. Men indi näme etmelidigime düşünmedik ýagdaýlarymda, dillerde dileg edip başlaýardym we Hudaýyň ylhamdyran pikirleri birdenkä aňyma giň akymlar bilen akyp başlaýardy. Aýalym ikimiz hyzmaty ençeme ýyl ozal başlapdyk. Meniň kabul eden wajyp kararlarymyň her biri Ruhda dileg edenimden soň gelýärdi. Häzirki günde biziň otuzdan gowrak hyzmatçylarymyz bar, olar üç kontinentde hyzmat edýärler. Hudaý bize millionlarça adamyň durmuşyna Onuň Sözi we huzury arkaly galtaşmak mümkinçiligini peşgeş etdi. On dört ýyl bäri dowam edip gelýän hyzmatymyzyň dowamynda biz ýeke gezek-de karz almadyk we şindi ep-esli baýlyga eýediris. Bu baýlyk pul we hyzmatçylaryň elleri görnüşindäki baýlyk görnüşinde bolup, bize Hudaýa netijeli hyzmat etmekde kömek berýär. Bularyň bary Hudaýyň şeýle diýeni üçin mümkin bolandyr:

> Peýdaly zady öwredýän size, *ýöremeli ýoluňyzdan äkidýän* Hudaýyňyz Reb Mendirin. Tabşyryklaryma gulak asan

> bolsadyňyz, *şonda abadanlygyňyz derýa deý,* dogrulygyňyz deňiz tolkunlary deý bolardy (Işa. 48:17, 18).

Dogrymy aýdýaryn, biziň parahatlygymyz derýa deý akýar. Biz özümizi gurşaýan ýagdaýlara seredip, göräýmäge, dowla düşäýmeli döwürleri başdan geçirdik. Ýöne welin dillerde dileg edip, ähli işimizi Onuň ellerine tabşyranymyzda, bizi Onuň parahatlygy gurşap alýardy. Dillerde dileg etmeklik babatda biz şuny okaýarys:

> Indi bu halka keseki agzy bilen geplär Reb düşnüksiz dilde sözlär. Olara: "Bu dynçlyk ýeridir, argynlara dynç beriň, bu dynçlyk ýeridir" diýdi (Işa. 28:11, 12).

Dynçlygy bolmadyklaryň rahatlygy bolmaýar. Hudaýyň bu aýatda agzaýan dynçlygy derýa deý akýan parahatlygyň netijesidir. Men köp ýyllaryň dowamynda toplanan wakalaryň, aýdylanlary tassyklajak wakalaryň ençemesini gürrüň berip bilýärin. Ýöne olaryň arasyndan şu waka diýseň üýtgeşik bolupdy. Şonda men parahatlygy aňsat ýitirip bilýärdim, sebäbi bütinleý aljyrap, näme etmelidigini bilmeýärdim.

Bu Meksika sapara gidenimde bolupdy. Şol gezek men Hoş Habary wagyz edýän ýygnakda çykyş etmelidim. Men Monterreýe diňe bir agşamlyk barypdym. Ýygnak şäheriň merkezindäki zalda geçmelidi. Men uzakly gün dillerde dileg etdim we ruhumda görnüş aldym. Bu görnüşde şol zal gökden akýan ýiti nur arkaly ýagtylanýardy. Reb gürläp, meniň ýüregime: "Bu şü gün agşam äşgär boljak Meniş şöhratymdyr" diýdi.

Şol gün agşam biz şu duşuşygy gurnaýan çopan bilen zala örän uly tolgunma bilen girdik. Onuň ýygnagy bu duşuşygy gurnamak üçin köp tagalla edipdiler. Biz ýygnak başlamazdan on bäş minut öň bardyk we men gaharly bir adamyň ýaraglanan iki goragçysy

bilen çopanyň ýanyna barandygyny gördüm. Ol onuň bilen ispan dilinde gürleşdi we men onuň gödek we hyrsyz äheňini eşidýärdim. Çopan meniň ýanyma gelip: “Jon, sen bu gün wagyz edip bilmeýärsiň” diýdi.

Men ondan: “Näme üçin?” diýip soradym.

Ol jogap berip, şeýle diýdi: “Bu adam uly döwlet işgäri, bu ştatda bolsa eger sen Meksikanyň raýaty bolmasaň, Hoş Habary wagyz edip bilmeýänligiň baradaky kanun hereket edýär. Bu kanunyň ýerine ýetirilmegini ozal hiç kim talap etmeýärdi, ýöne bu gezek welin bu döwlet işgäri onuň berjaý edilmegini talap edýär. Eger berjaý etmesek, bu biziň üçin çynlakaý meselä öwrüler. Aslynda, onuň özi-de seniň bilen gürleşmek isleýär”.

Ýahuda liderleriniň Petrus bilen Ýohanna Isa Mesihi wagyz etmegi gadagan edişleri baradaky waka şobada hakydama geldi. Şonda olar gulak asmadylar, sebäbi bu Hudaýyň Sözüne çapraz gelerdi. Şonuň üçin-de men çopana şeýle diýdim: “Dileg edenimden soň Hudaýyň maňa görnüşde görkezen zatlarynyň amal bolmagyna bu adam hiç hili päsgel berip bilmez. Meniň çykyşym seniň ýygnagyňa zyýan ýetirermi? Eger zyýan ýetirmese, onda ol giden badyna men hökman wagyz ederin. Men ýöne oturyp, hiç zat etmezlik üçin uzak ýoly söküp gelemok! Ýöne meniň çykyşym saňa zyýan ýetirjek bolsa, onda wagyz etmerin”.

Çopan: “Jon, bu adam biziň ýygnagymyza köp zyýan ýetirip bilýär, şoňa görä-de, oňa gulak asanymyz gowy” diýdi. Men çopanyň maslahatyny kabul etdim we biz bile şol döwlet işgäriniň ýanyna bardyk.

Bu adam ilki bilen maňa seretdi, soňra bolsa: “Siz ispan dilinde gürleýäňizmi” diýip, sowuk-sala sorady.

Men: “Ýok, jenap” diýip jogap berdim.

Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Men size şuny aýtmaly. Siz şu gün diňe syýahatçylyk mowzugyna degişli zatlar barada çykyş

edip bilersiňiz”. Soňra bolsa çopana tarap öwrüldi-de, onuň bilen ispançа gaharly gürlemäge başlady. Şol wagtyň bütin dowamynda onuň janpenalary bize berk garaýyş bilen garap durdylar. Döwlet işgäri öz duýduryşlaryny mälim edenden soň, olar çykyp gitdiler.

Çopan depesinden gaýnag suw guýlan ýaly boldy, ol meniň olara hyzmat edip bilmeýänligime ötünç soramaga başlady, soňra bolsa soňky taýýarlyklary görmek üçin, zala tarap ugrady.

Şol pursat men özümi lapykeç duýdum. Men özüme Hudaýyň danalygynyň gerekdigine düşünýärdim, sebäbi nähili hereket etmelidigimi bilmeýärdim. Şonuň üçin-de men daşary çykyp, ol ýerde çola bir ýer tapdym-da, dileg etmäge başladym. Men Hudaýyň danalygyny diňe dillerde edilen dileg arkaly alyp bilýändigime düşünýärdim. Şunlukda, men erjellik bilen dillerde dileg etmäge durdum. Meniň deňimden adamlar geçýärdi we olar meni gezip ýören ýerinde öz-özi bilen gepleşýän daşary ýurtlyň biri diýip hasaplaýardylar.

Birnäçe minutlap dillerde dileg edenimden soň Hudaýyň parahatlygy kalbyma inip başlady. Men on bäş minut töweregi dileg etdim we birdenkä ýüregimdem edil güýçli suw purkülmesi kimin bir pikir aňyma atylyp girdi. Men: “Mukaddes Kitaby bir gyra goý-da, adamlara Meksika gelen Syýahatçy barada gürrüň ber. Ol öňde-soňda gelenleriň içinde iň beýigidir” diýleni eşitdim.

Men şatlykdan ýaňa tasdan böküpdim, gatydan gygyryp, şeýle diýdim: “Hawa, hut şeýle. Ol maňa syýahatçylyk barada gürrüň bermäge rugsat berdi ahyryn! Men Isa Mesih, Meksika öňde-soňda gelen iň beýik Syýahatçy barada gürrüň bererin!”

Men howlukmaçlyk bilen zala dolandym. Hyzmat eýýäm başlapdy, çopan hem öňe çykyp, gelenler bilen salamlaşyp durdy. Onuň yzynda duran aýaly: “Jon, çopan seniň öňe çykmagyňy isleýär” diýdi.

Men öňe çykdym, ol maňa seretdi-de, pyşardap: “Hudaý maňa

Onuň saňa buýran zadyny etmelidigiňi aýtdy” diýdi.

Şonda men zala ýüzlenip, şeýle diýdim: “Dostlar, hökümet wekili maňa diňe syýahata degişli zatlar barada gürlemäge ygtyýar etdi. Şonuň üçin-de men size Meksika öňde-soňda gelen syýahatçylaryň iň Beýigi, ýagny Isa Mesih barada gürrüň berjek”.

Zaldaky imanlylar şatlykdan ýaňa gygyryp seslendiler. Soňra men bütin bir sagadyň dowamynda Hudaýyň Sözüni wagyz etdim. Wagzymy tamamlanymdan soň, öz durmuşyny Isa Mesihe tabşyryp, özüni Onuň hökümdarlygyna tabyn etmek isleýänleri öňe çykmaga çagyrdym.

Örän köp adam öňe çykdy we diňe şonda yzky hatarlardan sahna tarap göni gelýän polisiýa ofiserine birdenkä gözüm düşdi. Men öz içimden: “Meni tussag etmänkäler, bu adamlaryň gutulyşy üçin dileg edip ýetişmeli” diýip pikir etdim. Şonda Gyzyl derwezäniň agzynda wagyz eden Petrus bilen Ýohanna hakydama geldi. Olar adamlara Isa Mesihi nädip kabul etmelidigini aýdyp ýetişmänkäler, tussag edipdiler. Şonuň üçin-de men gutulyşy almak üçin öňe çykan adamlar bilen çalt dileg etdim. Şondan soň men polisiýa ofiseriniň meniň deňimden geçip, sahnadaky tutynyň aňyrsyna geçendigini gördüm. Men şobada ýeňillik duýdum, sebäbi indi adamlara arkaýyn hyzmat edip bilýärdim.

Soňra men adamlara maslahatçylaryň ýanyna baryp, degişli kömegi almalydygyny düşündirdim. Adamlar sahnadan uzaklaşanda, meniň agsak bir adama gözüm düşdi. Onsoň men Mukaddes Ruhuň ýüregimde: “Men ilki bilen şu adama şypa beresim gelýär. Ony sakla-da, derrew onuň üçin dileg etmäge başla” diýenini eşitdim.

Men hemme zady edil Mukaddes Ruhuň buýruşy ýaly etdim. Onuň üçin dileg edenimden soň, men: “Indi bolsa, jenap, öz pişekleriňizi taşlaň” diýdim.

Ol meniň ýüzüme hamala munuň mümkin däldigini aýtjak

hökmünde seretdi, ýöne men öz diýenimden dänmänimden soň, ol aýdyşym ýaly-da etdi. Soňra men onuň elinden tutdum we biz bile ýöräp başladyk. Ol başda haýal, soňra bolsa çaltrak we has çalt ýöräp, soňabaka ylgap başladyk.

Ýygnanan adamlar şatlykdan ýaňa möňňürip aglaýardylar. Töwerek-daşdan adamlar ýygnanmaga başladylar we sahnada ýüze golaý adam ýygnandy. Köp adamlar Ruhuň kömegi bilen şypa aldylar. Men olardan diňe sanlyjasyny agzap geçeýin. Biz bir ker aýal üçin dileg etdik we Reb onuň gulagyny açdy. Ol Rebbe şeýle bir minnetdardy welin, hatda ýüzünden dynman akýan gözýaşlardan ýaňa egnindäki mawy bluzkasynyň öňi goýy gök reňke öwrüldi. Hudaý başga bir aýalyň gözlerine şypa berdi, üçünji bir aýaly rak keselinden sagaltdy.

Soňra biz bir bäş ýaşly oglanjyk üçin dileg etdik we ol hem şypa aldy. Biz adamlara bir sagatdan gowrak hyzmat etdik. Bu diýseň ajaýypdy, köp adamlara şatlykdan ýaňa aglaýardylar. Pursatlaryň birinde men sahnanyň düýbünde eli fotoapparatly adamlaryň durandygyny gördüm ýöne muňa o diýen üns berip durmadym.

Ertesi gün irden men Birleşen Ştatlara dolandyn. Bir hepde geçenden soň Meksikadan şol çopan meniň bilen duşuşmaga uçup geldi. Ol: “Jon, men hemme zady özüm gürrüň bermek üçin geldim” diýdi. Ol şol hökümet wekiliniň ýygnaga iki sany gizlin agentini iberip, wagyz eden ýagdaýymda meni tussag etmegi buýran eken.

Bu ikisi edil şol agsak adam üçin dileg edip duran mahalym gelipdir. Olar bu adamyň şypa alandygyny görenlerinde, biri beýlekisinden: “Şu hakykatdyr öýdýärmiň?” diýip sorapdyr

Onuň ýoldaşy: “Bilemok, ýöne, gel, golaýrak baryp barlaly” diýipdir. Çopan olaryň bu gürrüňlerini bilipdir, sebäbi hyzmatçylaryň biri şolaryň ýanynda durup, hemmesini eşidipdir we soňra çopana gürrüň beripdir.

Iki ofiser orta çykyp, beýleki gudratlaryň hem gözleri bilen görüpdir. Ker aýal eşidip başlandan soň, olaryň biri: “Bu hakykat diýip pikir edýän” diýipdir. Soňra olar Hudaýyň güýji bilen şypa alan bäş ýaşyndaky oglanjygy görüp, biri-birine garapdyrlar-da: “Bularyň bary hakykat!” diýipdirler.

Soňra çopan: “Jon, seni tussag etmäge gelen bu iki adam orta çykyp, olar üçin dileg etmegiňi soradylar we şol agşam halas boldular!” diýip gürrüň berdi.

Şol gün iş otagymda çopan bilen şatlanandygymyzy aýdyp-da oturmaýyn. Soňra ol şäher gazetiniň sahypasyny açyp, ýygnagyň geçirilen gününiň ertesi çap edilen makalany görkezdi. Bu makalada meni bütin ýurt boýunça sada adamlardan puly bikanun ýygnaýan kezzap diýip atlandyrýardylar. Ýöne ýygnaga gatnaşan beýleki habarçylar welin köp adamlaryň hakykatdan-da şypa alşynyň şaýady bolandyklaryny we kimdir biriniň pul ýygnanyny görmändiklerini habar berýärdiler. Gyzykly zat: şol gün men öz ýüregimde sadaka ýygnamazlyk islegini güýçli duýupdym, meniň uçar peteklerimi-de biziň hyzmatymyz alyp beripdi. Biz ýurtdan ýeke köpük-de çykarmandyk.

Mukaddes Ruh nähili ajaýyp! Eger Onuň ugrukdyrmasy bolmasa, şeýle ýagdaýlarda dogry hereketleri heý edip bolarmydy? Eger şol gün men dillerde dileg edip bilmedik bolsam we eger şol gün agşam ýene-de bir gezek dileg etmedik bolsam, Hudaýyň erkini berjaý etmän, keýpim bozuk halda Meksikadan gaýdardym. Çopan hökümet işgäriniň wehimleri zerarly maňa wagyz etdirmezdi. Ýöne dillerde dileg etmegim, Hudaýyň erki we paýhasy sebäpli syrly bolan zatlar hakykat ýüzünde äşgär boldy. Men Hudaýyň erkine görä çopan üçin töwella dilegini edip bildim we netijede ol Hudaýyň sesini eşitdi; Reb hem maňa ygtyýarlyklaryň garşylygyndan üstün gelmäge paýhas berdi. Bütin şan-şöhrat Rebbiňkidir!

Bu ruhy peşgeşi Ýygnakdan ogurlamak üçin, duşman elinden gelenini aýamaýar! Ol mundan gorkýar, sebäbi bu Hudaý bilen Onuň mukaddesleriniň arasyndaky göni aragatnaşyk usuly bolmak bilen, dillerde dileg eden wagtymyzda bu aragatnaşyk kanaly boýunça näme diýýänimizi jynlar aňşyrmaýarlar. Käbir ýagdaýlar ýa-da ýürek arzuwlarymyz üçin dileg edenimizde, bulary anyk sözlerimiz bilen beýan edip bilýäris, ýöne köplenç özümizi beýan edip bilmeýän ýagdaýlara duçar bolanyňyzda welin bize Mukaddes Ruhuň ýardamy gerek bolýar. Şonuň üçin-de Pawlus şeýle diýýär: "Näme etmeli? Men ruhum bilen doga-dileg etsem, muny aňymda-da etjek. Men ruhum bilen nagma aýtsam, muny aňymda-da aýtjak" (1 Kor. 14:15).

## Içki ynsany döretmek

Soňky döwürde meniň ýüregim Hudaýyň halkyna ýalbaryp, ýokarda beýan edenlerimiň amal bolmagy üçin, ony Mukaddes Ruh bilen has ysnyşykly gatnaşyga girmäge çagyrýar. Ol bizi ýakyndan gatnaşmaga çagyrýar we bu çakylyga seslenişimiziň ähmiýeti gitdigiçe artýar. Wagtyň geçmegi bilen, bize diňe bir Mukaddes Ýazga düşünmeklik bütinleý ýeterlik bolmaz, sebäbi muny hatda fariseýler-de başarýardy. Biz diňe bir Mukaddes Ruhuň aýdanlaryna däl, eýsem Onuň aýdýanlaryna hem duýgurlygymyzy ösdürmelidiris. Isa Mesih hut şeýle ýaşaýardy. Ol şeýle diýipdi: "Men Öz-Özümden hiç zat edip bilmeýärin; Atamdan näme eşitsem, şonuň ýaly höküm çykarýaryn [çözgüdi kabul edýärin]" (Ýoh. 5:30, nygtama awtoryňky). Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesi muny şeýle düşündirýär:

> "Men Öz-Özümden hiç zat edip bilmeýärin [ýagny garaşsyz, Öz-Özümden däl, ýöne Atamyň Maňa öwredeni ýaly we Onuň buýruklaryny alşyma görä edýärin]... [Men

> çözülmelisi ýaly çözýärin. Men sesini eşidenimde, çözgüdi kabul edýärin]" (Ýoh. 5:30).

Isa Mesih Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna uçursyz duýgur bolany üçin, Öz Atasyna garaşlydygyny hemişe boýun alýardy. "Atasynyň eden zatlaryny görmese, Ogul Öz-Özünden hiç zat edip bilmez" (Ýoh. 5:19). Şeýle-de: "Size aýdýan sözlerimi Men Öz-Özümden aýtmaýaryn" (Ýoh. 14:10). Biz hem Onuň şägirtleri hökmünde "Isa Mesihiň ýaşaýşy ýaly ýaşamalydyrys" (1 Ýoh. 2:6).

Biz hem Isa Mesih ýaly Mukaddes Ruha duýgur bolmalydyrys. Meniň özüm-ä, dogrusy, Hudaýyň erkine laýyklykda, töweregimizdäki tebigy dünýä garanda Hudaýyň çäklerine has duýgur bolmaly. Mukaddes Ruha has duýgur bolarymyz ýaly, nämälim dillerdäki dileg biziň içimizdäki ynsany bina edýär. Her niçik hem bolsa, bize şeýle diýilýär:

> Nämälim dilde gürleýän öz-özüne öwüt berýändir (1 Kor. 14:4, nygtama awtoryňky).

Grek dilinde "öwüt bermek" sözi — oikodomeo. Onuň esasy manysy – jaýy bina etmek. Belläp geçilmeli gyzykly zat: biziň bedenimiz Mukaddes Ruhuň ybadathanasy hökmündedir. Pawlus bize "siz Hudaýyň ymaratysyňyz" diýip ýatladýar (1 Kor. 3:9). Biz Onuň öýüdiris. Şoňa görä-de, biz dillerde dileg edenimizde, bu ýaşalgany Mukaddes Ruh üçin giňeldýäris. Biz Oňa özümizde mesgen tutmagyna has köp ýer berýäris. Men bu düşünjäniň elbetde fiziki tarapyny göz öňüme tutamok, sebäbi U. I. Waýn "bu sözüň göni we göçme manysynda hem 'gurluşyk' diýen düşünjäni aňladýandygy" barada aýdýar.

Şunlukda, biz dillerde dileg edenimizde, Onuň özümizdäki huzuryna we güýjüne eýe bolmak başarnygymyzy artdyrýarys. Biz öz içimizdäki ynsany berkarar edenimiz üçin, öz tebigy

aňymyza däl-de, Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna has aňsat eýerip bilýäris.

U. I. Waýn "öwüt bermek" sözüniň metaforik manysynda, ýagny "imanlylaryň ruhy ösüşine we häsiýetiniň taplanmasyna ýardam bermek" manysynda hem ulanylýandygy barada aýdýar. Şeýle many Ýahuda resulyň pikirine gabat gelýär. Ol muny imanlylaryň ruhy ösüşi barada ýazan hatynda belläp geçýär:

> Emma siz, söýgüli doganlar, mukaddes imanyňyza bil baglap, biri-biriňize öwüt-ündew ediň. Mukaddes Ruhdan ylhamlanyp, doga-dileg ediň (Ýah. 20).

Bu sözlemde "öwüt bermek" (döretmek) ýa-da bina etmek manysynda ulanylan grek sözi — *epoikodomeo*. Onuň esasy manysy – "binýat hökmünde ulanmak ýa-da haýsydyr bir zada bil baglamak". Şonuň üçin-de, bu ýerde hem ruhumyzy dyngysyz bina etmeklik göz öňüne tutulýar. Pawlus imanlylara olaryň Hudaýyň ymaraty bolup durýandygyny we Hudaýyň Öz merhemetine görä onuň binýadyny Isa Mesihde tutandygyny aýdýar. Şondan soňra ol: "Ýöne her kes öz gurýany babatda ünsli bolmalydyr" (1 Kor. 3:10).

Häzirki günde köp imanlylaryň ruhy gowşak, sebäbi olar öz içki ynsanlaryny bina etmeýärler. Olar töwerek-daşyna öz ýürek gözleri bilen däl-de, fiziki gözleri bilen garaýarlar. Olar Hudaýyň Ruhunyň öz ýüreklerine aýdýanlaryna däl-de, ilki bilen öz fiziki gulaklaryna ynanarlar. Olaryň durmuşynda daşky ynsan agdyklyk edýär. Şeýle adamlaryň içki ynsanlaryny uzakly gün diwanda oturyp, telewizora tomaşa edýän we çipsi iýýän adam bilen deňeşdirse bolýar. Hä, olaryň öz hyzmatynda yhlasly zähmet çekýän bolmagy gaty mümkin zat, ýöne olaryň içki ynsanlary welin geleňsiz haldadyr. Şeýle imanlylar köplenç menden: "Men

näme üçin hiç haçan Hudaýy eşitmeýärin?” diýip soraýarlar. Munuň sebäbi *ýönekeý*. Hudaý biziň aňymyza däl-de, ruhumyza ýüzlenýär ahyryn. “Adamyň ruhy Rebbiň çyrasydyr” (Sül. 20:27). Eger biz içki ynsanymyzy bina etmesek, Hudaýy aýdyň eşitmegi başarmarys.

Pawlus ýahuda imanlylara aýtjak gürrüňiniň köpdügi , ýöne olaryň “eşitmäge isleginiň ýokdugy” (Ýew. 5:11) barada aýdýar. Bu adamlara eşidiş enjamy gerek däl, olaryň içki ynsanlary dogry ugurdan gaty sowa düşýänligi zerarly ruhy zatlary duýmak ukyplaryny ýitiripdirler. Şonuň üçin-de, şeýle adamlar bina etmäge ýa-da döretmäge garşy bolan hereketleri edýärler. Olar Hudaýyň Sözüni eşitmek ukyplaryny ýitirýärler. Bu prinsipleri içki ynsanyny bina etmeklige geleňsiz garaýanlar babatda ulanyp bolýar. Biz güýçli içki ynsanymyzyň bolmadyk ýagdaýynda Hudaýa ýakynlaşyp bilýän däldiris! Hut şu sebäpdenem Pawlus batyrgaýlyk bilen şeýle diýýär: “Hudaýa şükür, men nämälim dillerde hemmäňizden köp gürleýärin” (1 Kor. 14:18). Soňra bolsa ýewreýlere ýüzlenip, şeýle diýýär:

> Gaty iýmit bolsa, kemala gelenler [*ruhy taýdan kemala gelenler*] üçindir. Olar öz gündelik tejribesinden [dyngysyz tejribeden] öwrenip, ýagşy bilen ýamany saýgaryp bilýändirler (Ýew. 5:14, nygtama awtoryňky).

Üns beriň, Pawlus olaryň duýgularyny, ýöne daşky däl-de, içki duýgularyny göz öňüne tutýar. Onuň aýtmagyna görä, tejribe, ýagny dyngysyz tejribe türgenleşikleri arkaly biz içki duýgularymyzy ösdürýäris, olar bolsa bize haýsy zatlaryň Hudaýdan, haýsy zatlaryň bolsa iblisdendigini saýgarmaga kömek berýär.

Biziň bäş sany fiziki duýujy agzamyz bar; hut şolar ýaly,

biziň bäş sany ruhy duýujy agzamyz bar. Mukaddes Ýazgy şeýle mysallary getirýär. Aşakdaky parçalary okaň we agzalýan hereketleri fiziki duýujy agzalary bilen edip bolýandygyny ýa bolmaýandygyny öz-özüňizden soraň. Bu size awtorlaryň tebigy duýgulary däl-de, hut ruhy duýgulary göz öňüne tutýandygyna aň ýetirmäge ýardam berer:

## Tagam

*Dadyp* görüň Reb ýagşylygyny! (Zeb. 33:9, nygtama awtoryňky).

Seniň wadaň maňa nähili *süýji*! Ol agzyma baldan-da süýji! (Zeb. 118:103, nygtama awtoryňky).

Seniň sözleriňi tapyp *iýdim*. Sözleriň maňa şatlyk, ýüregime begenç berdi (*Ýerm*. 15:16, nygtama awtoryňky).

## Galtaşma

Şoňa görä-de, olaryň arasyndan çykyň-da, olardan aýrylyň. Muny Reb diýýär. Haram zatlara *el degirmäň*, şonda Men sizi kabul ederin (2 Kor. 6:17, nygtama awtoryňky).

Baryň, gidiň, ol ýerden çykyň! Haram zatlara *el degirmäň*; ol ýerden çykyp, tämizleniň, eý, Rebbiň gap-gaçlaryny göterýänler! (Işa. 52:11, nygtama awtoryňky).

## Ys

Ýöne Hudaýa müň-de bir şükür! Ol Mesihiň dabaraly ýörişine bizi elmydama şärik edýär. Hudaý Özi baradaky bilimi biz arkaly ähli ýere *müşk-anbar* kimin ýaýýar. Çünki

biz gutulyş ýolundan barýanlaryň-da, heläkçilik ýolundan barýanlaryň-da arasynda Hudaý üçin Mesihiň *müşki-anbarydyrys*. Biz heläkçilik ýolundan barýanlar üçin ölüm *ysy* bolsak, gutulyş ýolundan barýanlar üçin ýaşaýyş *müşki-anbarydyrys*. Beýle işiň hötdesinden geljek asla ýokdur! (2 Kor. 2:14–16, nygtama awtoryňky).

Mesih ýaly söýüp ýaşaň. Ol bizi söýüp, Hudaýa *ýakymly ysly* sadaka hem gurbanlyk hökmünde biziň üçin janyny gurban etdi (Efes. 5:2, nygtama awtoryňky).

Meniň hemme zadym bar, artygy bilen bar. Epafrodit siziň iberen peşgeşleriňizi getireli bäri, kem zadym galmady. Bular *hoşboý ysly* gurbanlyk kimin Hudaýyň halaýan gurbanydyr (Fil. 4:18, nygtama awtoryňky).

## Görüş

Çünki ýaşaýşyň gözbaşy Sende, biz nur görýäris Seniň nuruňda (Zeb. 35:10, nygtama awtoryňky).

Hudaýyň Öz çagyranlaryna beren umydyna, halkyna eçilen şöhratly mirasynyň baýlygyna we biz iman edenlere görkezen deňsiz-taýsyz gudratyna göz ýetirmegiňiz üçin, goý, Ol ýüregiňiziň *gatyny nurlandyrsyn* diýip dileg edýärin. Bu gudrat Hudaýyň Mesihi direldip, gökde Öz sagynda oturdan güýjüne meňzeşdir (Efes. 1:18-20, nygtama awtoryňky).

*Gözüň* sagdyn bolsa, tutuş bedeniň hem ýagty bolar. *Gözüň* şikesli bolsa, tutuş bedeniň hem garaňky bolar (Mat. 6:22, 23, nygtama awtoryňky).

## Eşidiş

> Ylýas Ahaba: “Git-de, iýip-iç, çünki güýçli ýagşyň *sesi* gelýär” diýdi ( 1 Pat. 18:41, nygtama awtoryňky).

> *Eşitmäge gulagy bar* adam *eşitsin*! (Luk. 14:35, nygtama awtoryňky).

> *Gulagy bar* adam Mukaddes Ruhuň ýygnaklara näme diýýänini *eşitsin*! (Aýanl. 2:7, nygtama awtoryňky).

Hudaýyň Ruhuna duýgurlygyny ýitiren we Ony kabul etmeýän içki adam babatda Isa Mesih şuny aýdyň diýýär:

> Meniň olara tymsallar bilen gürrüň bermegimiň sebäbi şudur: olar seredýärler [*daşky ynsan*], ýöne görmeýärler [*içki ynsan*], diňleýärler [*daşky ynsan*], ýöne eşitmeýärler [*içki ynsan*] we düşünmeýärler. Şeýdip, Işaýanyň pygamberlik bilen aýdan sözleri olarda berjaý bolýar: „Eşidip dursaňyz-da [*daşky ynsan*], hiç düşünmersiňiz [*içki ynsan*], seredip dursaňyz-da [*daşky ynsan*], hiç aňlamarsyňyz [*içki ynsan*]. Bu halkyň ýüregi küteldi [*daşky ynsan*], gulaklary ker açdy [*içki ynsan*], gözleri gapyldy [*içki ynsan*]. *Ýogsam gözleri bilen görüp* [*içki ynsan*], gulaklary bilen eşiderdiler [*içki ynsan*], aňlary bilen aňlap [*içki ynsan*], Maňa tarap dolanardylar, Men hem olara şypa bererdim“ (Mat. 13:13–15, nygtama awtoryňky).

Ruhy häsiýet ruhy dünýädäki zatlary – nämäniň Hudaýdandygyny, nämäniň bolsa Ondan däldigini saýgarmagy öwrenmek üçin, öz içki duýgularyny ösdürýär. Şeýle ösüş imanlynyň duýgularyny ulanmak ýa-da türgenleşdirmek bilen kesgitlenilýändir. Biziň hemmämiziň tebigy duýgularymyz

bar; käbir adamlaryň tebigy duýgulary türgenleşik sebäpli başgalaryňka garanda has ösen bolýar. Mysal üçin, käbir adamlar öz tagam duýuş başarnyklaryny şeýle bir oňat ösdürensoňlar, dürli şeraplaryň hilini aňsatlyk bilen kesgitläp bilýärler. Olar öz tejribesinden ugur alyp, şerabyň tagamyny we ýylyny, munuň üzümiň täze ýa köne hasylyndan edilendigini, şol ýyl ýagşyň köp ýagyp-ýagmanlygyny we ş.m. zatlary aýdyp bilýärler.

Öz görüş agzalaryny gymmat baha daşlaryň hilini kesgitläp bilerlik derejede ösdüren adamlar hem bar. Tejribesiz göz üçin daşlaryň bary kemsiz-kössüz görnüp bilýär, ýöne tejribeli göz welin timarlamanyň hilini we reňkini, düýpli ýa ýüzleý kemçiliklerini we daşyň arassalygyny derrew görer.

Gulaklaryny sesleri we sazlary eşiderlik derejede türgenleşdiren sestehnikleri, sazandalar we dirižýorlar bar. Olar bütin saz toparynyň içinden sazy ýoýup çalýan ýeke-täk saz guralyny saýgaryp bilýärler. Olar öz eşidiş ukyplaryny oňat türgenleşdirendigi üçin, olaryň gulagy sazandalaryň çalýan sazynda utgaşyklygyň bolup-bolmazlygyny çalt kesgitleýär.

Ys alyş agzalaryny ösdüren adamlar bar. Olar atyryň ýokarky we düýpki notalaryny eşidip bilýärler, şeýle-de islendik ysdaky hoşboý, gül we sitrus toplumlaryny doly kesgitläp bilýärler.

Şeýle adamlar öz tebigy agzalaryny öz islegleri sebäpli ösdürdiler. Mesele olaryň has ukyply ýaradylandygynda däl. Olar ýöne eýýäm bar bolan duýgularyny ösdürmek islediler. Bu öz-özünden birbada bolmaýar, adamlar ýöne ähli ünsüni bu ugurdaky başarnyklaryna gönükdirýärler.

Siz şu pursada çenli özümiziň daşky duýgularymyzy nädip türgenleşdirip bolýandygyny görkezýän başga mysallar barada hem oýlanan bolmagyňyz ahmal. Ýöne şu esaslary ruhy çäklerde hem ulanyp bolýandyr. Siz köp ýyllaryň dowamynda imanlydygyňyza garaman, öz ruhuňyzy ösdürmän hem

bilýänsiňiz. Mukaddes Ýazgy bize Ýahýa Çümdüriji “ösýärdi we ruhy taýdan güýçlenýärdi” (Luk. 1:80) diýip aýdýar. Pawlus Timoteosa onuň “imandaky ösüşiňi hemmeler görer ýaly” (1 Tim. 4:15) özüni ruhy ösüşe bütinleý bagyş etmegi buýurýar. Ýöne biz içki ynsanymyzy nädip ösdürmeli? Mukaddes Ýazgy bu barada anyk şeýle diýýär: Hudaýyň ýazylan Sözi arkaly (ser. 1 Pet. 2:2; Res. 20:32), Onuň Sözüne gulak asmak arkaly (ser. Ýew. 5:9) we nämälim dillerde dileg etmek arkaly (ser. 1 Kor. 14:4; Ýah. 20).

## Ruhy ösdürmekligiň ähmiýeti

Içki duýgulary ösdürmek näme üçin şeýle wajyp? Eger biziň ruhy duýgularymyz ýeterlik derejede ösen bolsa, biz Mukaddes Ruh bilen has erkin gürleşip bileris. Ruh biziň bilen has pynhan derejede gürleşer. Bu has düşnükli bolar ýaly, geliň, ýene-de tebigy hadysalara dolanalyň. Eger baş duýgy agzalaryňyz işlemeýän bolsady, onda men siziň bilen hiç haçan aragatnaşykda bolup-da bilmezdim. Men gygyrmaly bolardym, ýöne siz eşitmezdiňiz. Men siziň egniňize kakmaly bolardym, siz bolsa duýmardyňyz. Men size yşaratlar ederdim, ýöne siz görmerdiňiz we ş.m.

Ýaňy-ýakynda meniň segsen ýaşly kakama eşidiş enjamy gerek boldy, ýöne ol ondan peýdalanmak islemeýärdi. Biz bir stoluň başynda oturyp, gürleşip bilýärdik we birdenkä men kakam özüni hamala ýok ýaly alyp barýandygyna üns berdim. Men sesimi gataldyp: “Kaka, sen düşündiňmi?” diýip soraýardym. Ol aljyran ýaly bolup görünýärdi we şonda men onuň eşitmeýänligi sebäpli biziň gürrüňimizden köp zatlary eşitmeýändigine düşünip galdym. (Onuň indi eşidiş enjamyndan peýdalanýandygyny şatlyk bilen habar berýärin!) Muny biziň ruhumyz barada aýtsa hem bolýar. Eger siziň duýgularyňyz gatan bolsa, siz Ruh bilen

bolýan gürrüňden köp zada düşünmersiňiz, bu hem ýagdaýyň iň bärkisidir! Men adamlaryň “Hudaý meniň bilen ýakyn dosty hökmünde gürleşmeýär” diýip aýdýanlaryny köp eşidýärin. Men bu adamlaryň içki duýgularynyň ösmändigini aýdyp bilýärin. Biz esasy zada düşünmeli: Hudaý biziň Onuň sesini eşitmek isleýşimizden bize gürlemegi has köp isleýär. Ýöne biz, adamlar, “eşitmäge islegimiziň ýokdugy sebäpli” (Ýew. 5:11) köplenç ýahuda imanlylaryna meňzäp başlaýarys.

Siz adatça öz ulanýan zadyňyzy ösdürip, ulanmaýan zadyňyzy gowşadýarsyňyz. Ruhda dileg eden wagtyňyz siziň içki ynsanyňyz dileg edýär, tebigy ynsan, ýagny ten bolsa ret edilýär. Bu Hudaý bilen gatnaşyga päsgelçiliksiz girmek üçin tebigy başarnyklary babatda özboluşly agyz beklemedir. Men sizi diňe bir dillerde dileg etmäge däl, eýsem Hudaýyň size türgenleşikde we nämälim dilleri manylandyrmada kömek etjekdigine ynanmaga çagyrýaryn.

Men ir säherde köplenç bir sagatlap dileg edýärin. Meniň aňym ünsüni başga zatlara sowmagyny bes eden badyna (bu bolsa diýseň çalt bolýar), eger ilki öwgi nagmalaryny aýdyp, Onuň öňünde ýüregimi döksem, ünsümi ruhy zatlarda jemlemek aňsat bolýar. Rebbiň huzurynyň ýakynlygy adatça gündeki işleri we meýilleri gaýra süýşürýär. Şonda men ideýalary, aýanlyklary we danalygy alyp başlaýaryn, olar meniň aňyma edil suw akymy kimin akyp başlaýar. Men nämälim dillerde dileg eden wagtymda alan zatlarymy hökman ýazyp almalydygyma, şondan soň Mukaddes Ruhuň meni başga zatlara ugrukdyrýandygyna düşündim.

Ruhda dileg eden wagtymda dünýewi zatlar barada oýlanýanlygym geçen ýyllaryň dowamynda meni örän gynandyrýardy. Mysal üçin, dileg edýärkäm, täze kitaplaryň sözbaşylary, köp wagt bäri görmedik adamlarymdan habar tutmak islegi, kimdir birine edilmeli sowgatlar, hyzmata sadaka berlen puly nädip sowmalydygy we

ş.m. zatlar baradaky pikirler aňyma gelýärdi. Ýöne men bu pikirleriň aglaba böleginiň Mukaddes Ruhdan ylhamlanyp, aňyma gelýändigine kem-kemden düşünip galdym. Soňabaka men bu pikirleri ýazyp başladym we şondan soň olaryň aňymy taşlap gidýändigine we täzeleriniň aňyma gelýändigine üns berdim. Soňra men bu pikirleri durmuşa ornaşýardym we Hudaýyň olary ýalkaýandygyny görýärdim. Men nämälim dillerde dileg edýärkäm Mukaddes Ruhuň maňa diňe bir adamlar we halklar barada ýatlatman, eýsem Onuň erkine görä etmeli zatlarym babatda ugrukdyrma berýändigine hem düşündim. Hudaý bilen has ýokary derejedäki gatnaşygyň hut şeýle bolýandygyny ýene bir gezek nygtap aýdasym gelýär.

## Ruhy çäkdäki durmuş

Men Pawlus öz hatlarynyň aglaba bölegini hut şeýle ýazandyr diýip pikir edýärin. Sebäbi ol: "men araňyzda bolmasam-da, ýüregimde siziň bilendirin. Siziň tertip-düzgünlidigiňizi, Mesihe bolan berk imanyňyzy *görüp* şatlanýaryn" (Kol. 2:5, nygtama awtoryňky) diýip ýazýar. Ol koloselileri öz fiziki gözleri bilen görmändi, sebäbi onuň aýdyň aýdyşy ýaly, ol olar bilen bir ýerde ýerleşmeýärdi. Korintoslylara ýazan hatynda hem ol "Men ýanyňyzda bolmasam-da, ruhda siziň bilendirin. Men edil ýanyňyzda bolan ýaly, şeýle iş edeniň üstünden Rebbimiz Isanyň adyndan eýýäm öz hökümimi çykardym" (1 Kor. 5:3) diýip ykrar edýär. Ýöne Pawlus koloseliler we korintoslylar bilen bir ýerde bile bolmandygyna garamazdan, ol nädip olaryň edenlerini we aýdýanlaryny görüp-eşidip bildikä? Biz özümiziň ruhy barlykdygymyzy, Hudaýyň Ruhunyň Şalygynda bolsa böwetleriň-de, uzak aralyklaryň-da ýokdugyny unutmaly däl. Ruhuny Rebde bina edýän adamlar ruhy dünýäde bolup geçýän ýagdaýlara köpden-köp aň ýetirip başlaýarlar. Şonuň üçin-de olar mätäçlige

uçran adamlar üçin has netijeli dileg ýa-da hyzmat edip bilýärler. Geçen bapda Awstraliýadaky şahamçamyzyň işgäriniň suratdaky birgiden adamlaryň arasynda şol hytaý çopany bada-bat tanaýşyny ýada salyň. Ýogsa ol şony ozal hiç görmändi ahyryn!

Pawlus ruhy dünýädäki zatlary görýärdi we nämälim dillerde dileg eden wagtynda dürli ýygnaklarda bolup geçýän zatlary bilýärdi. Şeýle görnüşlerden soň ol bularyň baryny öz hatlarynda beýan edip, degişli ýygnaklara ugradýardy. Syýahat eden döwrümde dillerde dileg eden mahalym men maşgalamda we işgärlerimiziň durmuşynda bolýan zatlary görýärdim. Soňra men telefony elime alanymda, täzelikleri köplenç maňa aýdylmazdan öň bilýärdim. Ruhda dileg edenimden soň men olara eýýäm taýyndym we dörän ýagdaýyň hötdesinden nädip gelmelidigini bilýärdim.

Men Afrikada bolan döwrümde ozal Keniýadaky taýpanyň söweşijisi bolan bir adama duşdum. Ol Isa Mesihi biziň duşuşygymyzdan kän ýyl ozal tanaýardy, ýöne öňküsi ýaly öz halkyna hyzmat etmek üçin, onuň ýanynda bolýar. Onuň mesihi ady – Ýohanna we ol iş saparlary bilen wagtal-wagtal Afrikanyň çäklerinden daşary gidýär. Ýaňy-ýakynda ol ABŞ-a gelip, oňat tanaýan adamlarymyň öýünde myhman galdy. Ol şol ýerde ýaşan üç hepdesiniň dowamynda şol döwürde Afrikada galan maşgalasynda bolýan wakalary gürrüň berýärdi.

Meniň tanyşlarym muňa birhili bolup, onuň bu maglumatlary nireden alýanlygyny soradylar, sebäbi Afrikada onuň öýünde telefon ýokdy. Mundan başga-da, onuň ýaşaýan obasynda-da hiç telefon ýokdy.

Şonda ol şuny gürrüň berdi: “Bu Pawlusyň Asiýadaky ýygnaklar babatda eden zady. Olar onuň Rebdäki maşgalasydy, sebäbi ol olary ruhda dünýä indiripdi. Pawlus olardan uzakda bolup dileg edende, ol olar bilen ruhda bolup, olaryň bütin

durmuşyny görýärdi. Şonda ol olara olaryň edýän zatlary barada ýazyp bilýärdi. Men hem Hudaýyň Mukaddes Ruh arkaly her imanla beren bu mümkinçiliginden peýdalanýaryn. Şeýdip, men öz maşgalam bilen gatnaşyk saklaýaryn we her gezek olardan uzak ýere gitmeli bolanymda, şeýle edýärin”.

Men size Ýohannanyň şaýatlygyny gürrüň berdim, sebäbi ol Hudaýyň Sözüne ajaýyp tärde gabat gelýär. Biz şeýle zatlara näme üçin geň galmaly? Pawlus muny Täze Ähtde köp gezek agzaýar. Mukaddes Ýazgynyň nädogrudygyny ýa-da indi hereket etmeýändigini afrikaly bu dogana hiç kim aýtmandy. Biz Isa Mesihiň şeýle ägirt töleg tölän zadyndan näme üçin yza tesdik? Biz eziz Rebbimiz we Halasgärimiz Isa Mesihe has netijeli hyzmatçy we perzentler bolup bilerimiz ýaly, näme üçin içki ynsanymyzy bina etmeýäris?

Ýöne heniz hem giç däl! Siziň on ýa segsen ýaşyňyzda bolmagyňyzyň parhy ýok. Siziň ýaňy-ýakynda ýa-da onlarça ýyl mundan ozal gaýtadan doglan bolmagyňyzyň parhy ýok. Siz her nähili bolsaňyz-da, nämälim dillerdäki dilegleriňiz arkaly içki ynsanyňyzy bina edip bilýänsiňiz. Mukaddes Ruh bilen ajaýyp gatnaşygy ýola goýmak we düşünje almak üçin, şol dilleriň manylandyrmasyny hem diläň. Mukaddes Ruh size şeýle köp zatlary açasy gelýär! Size diňe daşky ynsanyňyzy köşeşdirip, öz ýüregiňizi ähli zady Bilýäne golaýlatmak gerek! Şeýle mümkinçiligi sypdyraýmaň!

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Nämälim dillerde dileg etmek peşgeşi Hudaýyň edýän işlerine has oňat düşünmäge kömek berýär. Siziň durmuşyňyzda şeýle ýagdaýlar bolupmydy? Siz şeýle dileg arkaly nähili düşünjäni, parahatlygy ýa-da goldawy aldyňyz?

2. Şu bapda Hudaýyň bize açýan syrlaryna nähili çemeleşmelidigimiz barada aýdylyp, Ezekiýeliň (ser. Işa. 39:2) wakasy mysal getirilýär. Hudaýyň size açan gizlin syrlaryny başga adamlara açmak üçin Hudaýyň kesgitlän wagtyna garaşmak siziň üçin wajypmy? Sizde beýleki adamlary haýran etmek islegiňizi gözegçilikde saklamak zerurlygy heý ýüze çykypmydy?

13-nji bap

# IMANDAKY BERK YNAM

Hudaý biziň mätäçliklerimize jogap bermeýär.
Ol biziň imanymyza jogap berýär!

Uzak ýyllaryň dowamynda men päk ýürekden iman edýän, Mukaddes Ruhdan dolan, Hudaýy söýýän we Ondan gorkýan, günä etmekden saklanýan, ýöne şonda-da: “Men näme üçin Hudaýy eşitmeýärin? Näme üçin Onuň huzuryny duýmaýaryn?” diýip soraýan adamlara köp duş geldim. Bu mukaddesler berjaý edilmeli zatlaryň baryny edenlerinden soň hem (olar şeýle pikir edýär) dilegde Reb bilen baglaşyp bilmeýänliginden ýaňa lapykeç bolşuny duýýaryn. Olar bilen birnäçe minutlap gürleşenimizden soň biz adatça bu meseläniň sebäbini ýüze çykarýarys. Bu soragyň köplenç ýeke-täk bir jogaby bar, ony şu aýatdan tapsa bolýar:

Şonuň üçin hem, eý, doganlar, Isanyň gany arkaly indi biz Iň mukaddes otaga *batyrgaýlyk bilen* girip bilýäris. Isa Öz ölümi

arkaly bize çadyrdaky içki tutudan geçýän we Hudaýa barýan täze ýaşaýyş ýoluny açyp berdi... Şoňa görä, çyn ýürekden we *berk ynam bilen* Hudaýa ýakynlaşalyň. Mesih kalbymyzy Öz gany bilen päkläp, bizi wyždan ýazygyndan azat etdi we bedenimizi arassa suw bilen ýuwdy. Indi ykrar eden umydymyzy ikirjiňlenmän berk saklalyň, çünki wada beren Hudaý ynamdardyr (Ýew. 10:19–23, nygtama awtoryňky).

Birinjiden, awtor bize Rebbiň mesgen tutýan iň mukaddes otagyna girip bilýändigimizi aýdýar. Ýada salyň, Reb Haçda jan berende, ybadathanadaky tuty ýokardan aşaklygyna ýyrtylyp, ikä bölündi. Hudaý ynadathanadan çykdy we Özüniň täze ybadathanasyna, ýagny göklerden gaýtadan doglan adama girmäge taýynlandy. Şonuň üçin-de, biz indi Onuň ýanyna golaýlanymyzda, biz Ony öz içimizden agtarýarys. Biz özümizden millionlarça kilometr uzaklykda bolan tagt zalyna girmegi göz öňüne getirjek bolmaýarys, sebäbi Hudaýyň Ruhy bilen içimizde baglaşmaklyk tagt zalynda Isa Mesih we Ata bilen bolmagymyzy aňladýar.

Üns beriň, awtor bize Hudaýyň ýanyna batyrgaýlyk bilen golaýlaşmalydygymyzy aýdýar. Ýöne Onuň ýanyna şeýle ynamlylyk bilen neneň baryp bolar? Baryp bolýar, sebäbi Golgotada döken Öz gany arkaly Onuň huzuryna girip bilerimiz ýaly, Ol bu ýoly eýýäm taýynlap goýdy. Biz öz ynsabymyzy höküm diktatyndan päkledik; bu höküm bizi günä zerarly horlaýardy, indi bolsa biz Onuň huzuryna berk ynam bilen girip bilýäris.

Şu ýoldan has ygtybarly ýol ýokdur. Bu hiç bir şübhesiz faktdyr. Hudaý eger biz Oňa ýakynlaşsak, Özüniň-de bize ýakynlaşjakdygyny aýdýar! Ýöne adamlaryň aglabasy üçin berk ynam baradaky bellik esasy mesele bolup durýar. Biz Onuň ýanyna iman bilen barmaly! Mukaddes Ýazgy şuny bize aýdyň aýdýar:

> Iman etmeýän adam hiç wagt Hudaýy hoşnut edip bilmez. Hudaýa *ýakynlaşan* adam Onuň barlygyna we Özüni agtarýanlary sylaglajakdygyna [hökman] ynanmalydyr (Ýew. 11:6, nygtama awtoryňky).

Şu sözlere gulak goýuň: “Iman etmeýän adam hiç wagt Hudaýy hoşnut edip bilmez”. Bu sözler barada oýlanyň, goý, olar siziň ýüregiňize berk ornaşsyn.

*“Men ýöne iman etjek adamy agtarýaryn!”*

Sallah wagtym Demirgazyk Karolinada kwartirada kireýine ýaşan döwrüm asla ýadymdan çykmaz. Şonda Rebbe iman edenime köp wagt bolmandy. Günleriň birinde berk uklap ýatyrkam, birdenkä düşegimden atylyp turanymda: “Men ýöne iman etjek adamy agtarýaryn!”diýen sözler agzymdan atylyp çykdy.

Men sagada serenimde, ýaňy bir daňdan dört bolan eken. Men doly oýanmandym, şonuň üçin-de özüme gelip, nirededigime we nämeleriň bolýandygna düşünmek üçin biraz wagt gerek boldy. Men krowadymyň ýanyndaky çyrany ýakdym we düşegimiň derden ýaňa öldügini gördüm, ýogsa men syrkawda däldim, gyzgynym-da ýokdy. Men aňk-taňk boldum we şol bir wagtyň özünde-de galpyldydan doldum, sebäbi men Hudaýyň edil şu pursat meniň agzym bilen gürländigine düşündim. Ýöne şol wagt men: “Bu sözlerde üýtgeşik näme bar? Men Onuň iman edýänleri agtarýandygyny bilýärin” diýip pikir etdim. Men ýadaw bolamsoň, gaýtadan ýerime geçip, uklap galdym.

Ertesi gün irden oýananymdan soň uzakly gün kellämde şol pikir aýlanyp duran ýaly boldy: ... Men ýöne iman etjek adamy agtarýaryn... Men ýöne iman etjek adamy agtarýaryn... Men ýöne iman etjek adamy agtarýaryn. Günortan wagty bu maňa birdenkä

baryp ýetdi. Men daşymdan: “Beý-bä!” diýdim.

Şol pursatdan başlap, men şu iki sorag barada oýlanyp başladym: Haýsy zat Isa Mesihi iň köp gynandyrýardy? (Ony gaharlandyran zat däl, sebäbi Ol hemme zatdan beter fariseýlere gaharlanýardy). Ony iň köp begendiren zat nämedi? Birinjiden, adamlaryň Onuň Öz wadalaryny berjaý etjekdigine ynanmazlygy Ony hemme zatdan beter gynandyrýardy! Sada sözler bilen aýdylanda, Ol iman ýetmezçiligine ýa-da imanyň azlygyna gynanýardy. Aslynda, iman şundan ybarat: biz iman edenimizde, Hudaýyň Öz söz beren zadyny berjaý etjekdigine şübhelenmeýäris. Hudaý adam däl, Ol ýalan aldamaýar, Ol Öz Sözüni Öz adynyň abraýy bilen kepillendirýär we tassyklaýar. Ol Öz adyndan kasam edýär, sebäbi Onuň adyndan ýokary hiç zat ýok. Şonuň üçin-de, biz Hudaý babatda şübhe edenimizde, Onuň mertebesini peseldýändiris.

Şu meselä, geliň, şu tärde garalyň. Isa Mesihiň adamlaryň ynamsyzlygy zerarly gynanan ýagdaýlaryny okaň. Şeýle ýagdaýlaryň birnäçesi Mattanyň hoş habaryndan alnan:

> Imany azlar!... (Mat. 6:30).
>
> Şägirtleri Ony oýaryp: “Agam, bizi halas et! Biz heläk bolup barýarys!” diýdiler. Isa olara: “Nämä gorkýarsyňyz, eý, imany azlar?!” diýdi (Mat. 8:25, 26).
>
> Isa şobada elini uzadyp, ony tutdy-da: “Eý, az imanly, näme üçin şübhelendiň?” diýdi (Mat. 14:31).
>
> Emma Isa olaryň näme diýişýändiklerini bilip, şeýle diýdi: “Eý, imany azlar! Çörek almandyrys diýşip, nämä özara çekeleşýärsiňiz?” (Mat. 16:8).

Siz Onuň äheňindäki gynanjy we tamasynyň çykmanlygyny eşidýäňizmi? Ýöne Onuň şägirtleriniň tutgaýly oglanjykdan arwah-jynlary çykaryp bilmedik ýagdaýy biziň üçin iň geň ýagdaýdyr. Isa Mesih Öz şägirtlerine, ine, şuny diýdi:

> Isa: “Eý, ýoldan çykan, imansyz nesil! Men haçana çenli siziň bilen bile bolup, size çydaýyn? Oglany şu ýere, Meniň ýanyma getiriň” diýdi. Isa arwah-jyna berk käýän badyna, arwah-jyn oglandan çykyp gitdi. Oglan şol pursadyň özünde sagaldy (Mat. 17:17, 18).

Görşüňiz ýaly, Ol Öz duýgularyny içine salmady. Onuň äheňinde diňe bir lapykeçlik däl, eýsem dogruçyl gazaba golaýlaýan janyýangynlyk we gynanç hem ýaňlanýar!

Şondan soň şägirtleri arwah-jynlary näme üçin kowup bilmändiklerini Ondan soradylar. Isa Mesih şeýle jogap berdi:

> Ýeterlik imanyňyzyň ýokdugy üçin şeýle boldy (Mat. 17:20).

## Hudaý biziň imanymyza jogap berýär

Biz Rebden ähli zady iman arkaly alýarys. Men Isa Mesihiň Bedenindäkileriň köpüsiniň şu hakykaty bilmeýändigini ýüze çykardym: Hudaý adamyň mätäçligine däl-de, onuň imanyna jogap berýär! Bir salym säginiň-de, bu hakykat barada oýlanyň! Men Mukaddes Ýazgydan bu hakykaty tassyklaýan mysallaryň birtoparyny getirip bilýärin, ýöne olardan diňe ikisini aýdyp bereýin. Olaryň birinjisi, ine şeýle: bir gün Isa Mesih halka taglym berýärkä, fariseýler bilen Töwrat mugallymlary hem şol ýerdedi we biziň okaýşymyz ýaly:

> Isa Rebbiň gudraty arkaly hassalara şypa berýärdi (Luk. 5:17).

Men Mukaddes Ýazgynyň Rebbi gudratynyň hassalara şypa bermek üçin aýan bolandygyny anyk aýdyşyny halaýaryn. Şol Töwrat mugallymlarynyň hiç bolmanda biri, belki-de birnäçesi, şypa mätäç bolan bolmagy ahmal, ýöne olaryň ýekesi-de bu şypany almady! Näme üçin? Olaryň hiç biriniň munuň üçin imany ýokdy.

Ýöne şol ýerde bir ysmazy düşeginde göterip gelen adamlaryň topary-da bardy. Olar adamlaryň köplüginden ýaňa ony öýe salyp bilmänsoňlar, hassany jaýyň üçegine çykardylar, üçegi söküp, bu ysmazy edil Isa Mesihiň aýagynyň aşagyna sallap düşürdiler. Soňra biz şuny okaýarys:

> Isa *olaryň imanyny görüp,* ysmaza: “Dost, seniň günäleriň ötüldi” diýdi... Onsoň Ol ysmaza: “Saňa diýýärin, tur, düşegiňi al-da, öýüňe gaýt” diýdi. Ol hem hemmäniň gözüniň alnynda dessine ýerinden turdy we düşegini ýygnady, Hudaýy şöhratlandyryp, öýüne gitdi. Ähli adamlar haýran galyp, Hudaýy şöhratlandyrdylar. Olary gorky gaplap aldy, olar: “Bu gün şeýle bir geň zatlar gördük” diýişdiler (Luk. 5:20–26, nygtama awtoryňky).

Isa Mesih bu adamlaryň imanyny gördi. Ysmaz hassa özüni zemmerde getiren ýoldaşlary bilen Rebbiň Öz Sözlerine jogap berýändigini bilýärdi. Olar, has dogrusy, Rebbiň: “Rebbe alkyş aýt, eý, meniň janym, Onuň eden ýagşylyklaryny asla unutma. Ähli günäleriňi Ol bagyşlaýar, ähli dertleriňe Ol şypa berýär” (Zeb. 102:2, 3) – diýip, Öz halkyna aýdan sözlerini eýýäm bilýärdiler. Töwrat mugallymlary hem ysmazyň şypa alandygyny görüp, haýran galdylar we Hudaýy şöhratlandyrdylar. Ýöne olaryň

biri-de şypa almady. Näme üçin? Sebäbi hatda Hudaýyň güýçli isleýändigine garamazdan, eger biz iman bilen almasak, hiç zat alyp bilmeris! Hudaý fariseýleriň-de şypa almagyny isledi, ýöne olar şypa alyp bilmediler! Hudaý biz iman edenimizde jogap berýär we bu Onuň aýdanlarynyň esasynda Oňa tarap hereket edenimizde bolýar.

Wakalaryň ikinjisinde Isa Mesihiň ýanyna bir grek aýaly gelýär. Ol öz gyzyna şypa bermegi üçin, Oňa ýalbarýar. Isa Mesih oňa şeýle diýdi:

> Goý, öňürti çagalar doýsun. Çagalaryň çöregini alyp, itlere zyňmak dogry däldir (Mark 7:27).

Ol oňa aslynda it diýýär. Bu aýal öýkeläp, hasrata gaplanyp, ol ýerden gidip bilýärdi. Ýöne ol haýsydyr bir täre görä Onuň häsiýetini bilýärdi. Şonuň üçin-de, ol ýüzugra bermeli jogaby tapdy:

> Hawa, Agam! Ýöne itler hem çagalaryň saçak başynda döken çörek owuntyklaryndan iýýändir (Mark 7:28).

Bu aýal Hudaýyň Oglunyň huzurynda ýerleşýändigini bilýärdi we Onuň ýagşy Hudaýdygyny, Onuň güýjüniň çäksizdigini bilýärdi. Ol aýgytlydy, sebäbi öz diýenini sypdyrman, ýalbarmasyny dowam etmelidigini we şonda haýyşynyň ret edilmejekdigini bilýärdi. Ol öz imanynda durdy, şoňa görä-de, Isa Mesih oňa şeýle diýdi:

> Bu sözüň üçin, bar, gidiber, arwah-jyn seniň gyzyňdan çykdy (Mark 7:29).

Aýal öýüne dolanyp baranda, gyzynyň bütinleý sagalandygyny

gördi. Şu wakada hem Isa Mesih onu mätäçligine däl-de, imanyna jogap berdi, sebäbi ilkibaşda onuň haýyşy mätäçligine esaslanýardy, ýöne Onuň jogabyna bolan seslenmesi welin imanyndan ylhamlandy.

## Iman – bu ähli zady almagyň açarydyr

Bu prinsipi bütin Şalyk babatda ulanyp bolýar. Ýakup öz dileglerimiz bilen Hudaýyň huzuryna baranymyzda nähili hereket etmelidigimizi kesgitli aýdýar:

> Adam şübhelenmän iman bilen dilesin, sebäbi şübhelenýän adam edil ýeliň eýläk-beýläk çaýkaýan deňiz tolkuny ýalydyr. Şeýle adam Rebden bir zat alaryn öýtmesin (Ýak. 1:6, 7).

Hawa, hut şeýle. Şu sözlere ýene bir gezek gulak goýuň: “Şeýle adam Rebden bir zat alaryn öýtmesin”. Bu barada hiç bolmanda ýekeje minut pikir edip görüň! “Bir zat alaryn öýtmesin” diýen jümle barada oýlanyň. Bu kesgitli ykrar, ol haýsydyr bir kadadan çykmalaryň bardygyny göz öňüne tutmaýar. Hudaý bu barada aýgytly we aýdyň aýdýar. Ol başga hiç zada däl-de, diňe imana jogap berýär!

Köp adamlaryň Mukaddes Ruhy almaýanlygynyň hem sebäbi hut şundadyr. Olar imana görä dilemeýärler. Mukaddes Ýazgy bizden şuny soraýar:

> Men sizden diňe bir zady soramakçy: siz Mukaddes Ruhy Kanuny berjaý edip aldyňyzmy? Elbetde, ýok! Siz Mukaddes Ruhy eşiden Hoş Habaryňyza iman edeniňiz üçin aldyňyz (Gal. 3:2, nygtama awtoryňky).

Bu Ýakubyň aýdýanlaryna doly gabat gelýär. Eger siz Rebbiň

huzuryna iman bilen barmasaňyz, Ondan hiç zat almarsyňyz we bu ýerde Mukaddes Ruha bolan imanyňyz hem gerek bolar. Men yhlasly bolup-da nämälim dillerde gürlemeýän imanlylara köp duş geldim. Olar alýan zatlaryna garanda imanda has uly bir zadyň bardygyny bilýärler, olar agtarýarlar, ýöne Hudaýyň Mukaddes Ruhdan dolmak baradaky Sözüni eşidenlerinde welin, maňa: “Günleriň birinde dileg etdim, ýöne hiç zat bolmady” diýýärler. Ýa-da olar Mukaddes Ruhy almak isleýärler, ýöne bu ruhy peşgeşe ynamsyzlyk bilen garaýarlar. Olarda öz gyzy üçin şypa almak üçin Isa Mesihiň ýanyna gelen şol gerek aýalynyň aýgytlylygy ýok. Şeýle adamlar Hudaýyň huzuryna doly iman bilen gelmeýärler! Olar Onuň ýanyna batyrgaýlyk bilen barmaýarlar! Hudaý biziň Onuň yradasyny bilmegimizi isleýär, sebäbi Ol: “Şonuň üçin-de samsyk bolman, gaýtam, Rebbiň yradasynyň nämedigine düşüniň” (Efes. 5:17) diýýär. Biz bu bilimi alanymyzda, iman we doly ynamlylyk bilen dileýäris.

Hudaýa ýakynlaşmak babatda hem şol bir prinsipi ulanyp bolýandyr. Imanlylar köplenç Rebbe Onuň bilen baglanyşmak umudy bilen ýakynlaşýarlar. Men bu ýerde Mukaddes Kitapdaky umyt barada aýtmaýaryn, sebäbi şol manydaky umyt berk ynamy aňladýar. Men “bolup biljek” zat barada şübhelenip gürleýän umydy göz öňüne tutýaryn. Imanlylar özlerini eşiderler umydy bilen, sözlerini köplenç ýele sowurýarlar. Şeýle garaýyş iman däldir we ol sizi Hudaýyň huzuryna eltmez. Ýene bir gezek gaýtalaýyn, Mukaddes Ýazgyda şeýle diýlen: “Iman etmeýän adam hiç wagt Hudaýy hoşnut edip bilmez. Hudaýa ýakynlaşan adam Onuň barlygyna” (Ýew. 11:6, nygtama awtoryňky). Siz Hudaýyň ýanyna golaýlanyňyzda, Onuň barlygyna iman etmelisiňiz. Başga sözler bilen aýdylanda, bu Onuň size aýan boljakdygyna, Onuň sizi eşitjekdigine we jogap berjekdigine ynanmaklykdyr!

Ýakup şeýle diýýär: “Şeýle adam Rebden bir zat alaryn öýtmesin. Ol her bir edýän işinde durnuksyz hem ikigöwünlidir” (Ýak. 1:7, 8). Ikigöwünli adam Hudaýa golaýlaýar, ýöne Onuň huzuryna girendigine welin şübhelenýär. Ol hatda Hudaýyň onuň ýakynlamasyny görýändigi babatda hem şübhelenip bilýär.

Ikigöwünliligiň alamatlarynyň biri – ikiýana çapýan pikirler. Meniň nämäni göz öňüne tutýandygymy düşündireýin. Ýygnak wagty adamlar wagyzdan soň dileg etmek üçin orta çykanlarynda, men köplenç sazandalardan saz çalmasyny bes etmeklerini haýyş edýärin. Sebäbi mukam ýöne saz gurallarynyň owazy bolsa-da, adamlaryň köpüsi tanyş aýdymlarynyň sözlerini aýdyp başlaýarlar we ähli ünsüni Rebde jemläp bilmeýärler. Ýakup şeýle diýýär: “Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar... Eý, ikigöwünliler, kalbyňyzy päkläň” (Ýak. 4:8). Eger biziň pikirlerimiz ikiýana çapyp, ähli ünsümizi Onda jemläp bilmesek, neneň edip Hudaýy agtaryp bileris? Siz şeýle halda dostuňyzyň ýanyna barýanlygyňyzy göz öňüne heý getirip bilýäňizmi?

Adamlar başga zatlara ünsüni aňsat sowýarlar, sebäbi diňe Onuň ýanyna golaýlanlaryndan soň Onuň bilen birleşerler öýdýärler. Ýok, ilki bilen Onuň barlygyna ynanmaly, siz Onuň şu ýerde barlygyna ynanmaly. Siz Onuň sizi diňleýändigine we jogap berjekdigine ynanmaly. Ol siziň bütin ünsüňize mynasypdyr. Iman Onuň sizi örän ünsli diňleýändigi babatda ynam berer, sebäbi Ol muny söz beripdi we siziň bilşiňiz ýaly, Ol ýalan aldamaýar. Eger siz Oňa ýakynlaşsaňyz, Ol hem Öz gezeginde size ýakynlaşar. Şeýle pursatda ýürek tolgunmasyny asla saklap bolýan däldir! Biz görbak nähili ajaýyp Hudaýa hyzmat edýäris-ä! Eger biz Oňa iman bilen ýakynlaşsak, Ol bize jogap berer!

## Imany nädip almaly?

Indi bolsa imanlylary şeýle köp gyzyklandyrýan mesele barada gürrüň etmegimiz gerek. Imany nädip artdyrmaly? Imanlylar şeýle soraglary köp berýärler we, aslynda, bu soraglary resullaryň döwründe hem berýärdiler:

> Resullar Reb Isa: "Biziň imanymyzy artdyr!" diýdiler. Ol şeýle diýdi: "Eger siziň bir gorçisa dänesi ýaly imanyňyz bolup, şu tut agajyna: 'Bu ýerden goparyl-da, deňizde göger!' diýseňiz, ol size gulak asar" (Luk. 17:5, 6).

Hemme zatdan öňürti Isa Mesihiň "Eger siziň bir gorçisa dänesi ýaly imanyňyz bolsa" diýen sözlerine üns beriň. Däne – bu haýsydyr bir örän kiçijek zat, ýöne onuň içinde äpet daragta öwrülmäge güýç bar. Şonuň üçin-de, iman dänesini uly miweli daragta ösdürmek baradaky mowzuga geçmezden öň, hiç bolmanda iman dänesini nädip alyp bolýandygyny soramaly. Munuň jogabyny bolsa indiki aýatdan bilýäris:

> Şunlukda, iman *eşitmekden*, hawa, Isa Mesih hakdaky Hoş Habary *eşitmekden* döreýändir (Rim. 10:17, nygtama awtoryňky).

Hemme zat şeýle ýönekeý. Iman dänesi Hudaýyň Sözüni eşitmekden gelýär. Isa Mesihiň "eşitmekden" diýip aýdýan sözüne üns beriň. Käwagt bu däne Hudaýyň Sözüni bary-ýogy bir gezek eşideniňizden soň peýda bolýar. Ýöne ol köplenç ýüregimiziň topragyna gaýta-gaýta eşitmekden düşýär. Hut şu sebäpdenem Rebbi küýseýän imanlylar Hudaýyň Sözüni we ol baradaky hatlary hemişe okap ýa diňläp gezýärler. Meniň kitaplarymy birnäçe gezek okanlaryndan ýa-da wideokassetalarymy birnäçe

gezek görenlerinden soň olarda haýsydyr bir zatlaryň aýdyňlaşyp başlaýan pursatlary barada aýdýan adamlar ýanyma köp gelýär. Hut şeýle pursatlarda däne olaryň ýürekleriniň topragyna düşüp, mäkäm kök urýar!

Bu şeýle bir ýönekeý bolýar welin, hatda, eger ony çylşyrymlaşdyryp başlasaň, hemme zady bozup bolýar. Iman dänesi diňe Hudaýyň aýdylan ýa-da ýazylan Sözünden gelýär, bu Söz Mukaddes Ruhdan ylhamlanandyr. Häzirki günde şeýle köp wagyz edilip, şeýle köp ýazylyp, Hudaýyň Sözüniň bolsa şeýle az aýdylmagy diýseň gynandyrýar. Neşirýatçylar meniň birinji kitabymy çap etmekden boýun gaçyrdylar, sebäbi olar onda "wagyzçylyk materialyň" juda köpdügini aýtdylar. Hawa, Mukaddes Ýazgy juda köp, Hudaýyň aýdýanlary juda köp bolup çykdy! Meniň pikirimçe, olar adamyň tekepbirligini ýa-da, belki, hatda tenini kanagatlardyrýan haýsydyr bir zady almak isländirler.

Bu diýseň gynandyrýan zat, ýöne häziki wagtda hyzmatçylaryň köpüsi şeýle talaplara ýeň berýärler. Bizde indi Hudaýy agtarmak prosessini ýeňilleşdirýän ýygnaklar bar. Şeýle ýygnaklarda adamlar Mukaddes Kitaby ýany bilen getirmeýärler, sebäbi ol olara gerek däl. Olar ýüzleý we göwne ýakymly "çykyşlary" diňleýärler; bu çykyşlar olaryň lezzetleri we ýakymly zatlary agtarmakdaky agyr zähmetini ýeňilleşdirýär. Men günbatar ýurtlaryndaky ýygnaklarynyň ýagdaýy barada pikir edenimde, olarda bolup geçýän zatlaryň bary Hytaýdaka garanyňda geň-taň görünýär. Mysal üçin, biziň hyzmatymyz soňky iki ýylyň dowamynda Hytaýdaky gizlin hereket edýän ýygnaklaryň ýolbaşçylaryna Mukaddes Kitabyň elli müňüsini aşyrdy, sebäbi olar Hudaýyň Sözüni güýçli küýseýärler. Hytaýda Mukaddes Kitap şeýle az bolany üçin ýygnagyň baştutanlary Täze Ähtiň käbir sahypalaryny ýaşulylara paýlap, olary ýat tutmagy soraýarlar. Olar muny Mukaddes Kitabyň ygtyýarlyklar tarapydan konfiskasiýa

edilen ýagdaýynda Hudaýyň Sözüni hemişe aýdyp bilmekleri üçin edýärler. Bu adamlar Hudaýyň ýazylan Sözüniň gadyryny bilýärler.

Günbatar ýurtlaryň ýygnaklarynda bolsa biz ruhy özgerdip, teni öldürjek Hudaýyň Sözüni wagyz etmäge derek gulaga ýakymly we ten üçin amatly bolan wagyzlar bilen adamlaryň göwünlerini awlamaga dyrjaşýarys. Jana ýakymly gürrüňleri diňlänimizde, biz gülüp we hatda örän täsirli wakalary diňlänimizde gözümize ýaş aýlap-da bilýäris. Ýöne Hudaýy şeýle tärde agtarýanlaryň gapysyny günä kakanda näme bolar? Olar günäniň hötdesinden gelip bilermikä? Şeýle adamlara ol ýa bu ýagdaý üçin Hudaýyň erkini bilmek gerek bolsa, olar nädip dileg etmelidigini we näme dilemelidigini bilermikä? Olar Hoş habar kitaplarynda dilän zatlaryny alan adamlaryňky ýaly imany özlerinde taparlarmyka? Şeýle soraglar diýseň köpdür.

Men şol neşirýatçynyň ilkinji kitabymy neşir etmäge almandygyna begenýärin. Ýogsa ol redaktorlardan meniň habarymy gowşatmagy sorardy we bu habar arkaly güýç alyp biläýjek adamlar ondan mahrum edilerdi. (Ýogsa-da, bu kitabyň soňra çap edilendigini aýdyp geçeýin.) Neşirýat öýüniň eýesi meniň kitabymy çap etmäge almadyk şol kompaniýa ýolbaşçyny işinden aýryp, onuň ýerine Hudaýa ýürekden berlen adamy işi aldy. Täze ýolbaşçy Hudaýyň Öz halkyna iberýän habarlaryna yhlasly garaýan adamlary işe aldy. Neşirýat öýüniň bu täze ýolbaşçysy meniň bilen habarlaşyp, indiki kitabymy çap etmäge rugsat sorady. Netijede, men bu neşirýat üçin bäş kitap ýazdym we olaryň dördüsi bestseller boldy. Ýöne esasy zat – biz adamlaryň durmuşynda, maşgalalarynda we bütin ýygnaklarda bolýan özgerişlikler barada san-sajaksyz şaýatlyklary almagy dowam edýäris. Alkyşlaryň bary Hudaýa bolsun!

Meniň muny siziň bilen paýlaşmagymyň esasy sebäbi "ýurda açlyk düşer, emma bu çörek bilen suwuň gytlygy däl-

de, Rebbiň sözlerini eşitmek küýsegi bolar” (Amos 8:11). Amerikan ýygnagynda, adat bolşy ýaly, Hudaýyň Sözi örän az wagyz edilýär. Men ol bütinleý ýok diýip aýtmaýaryn, ýöne köp sanly habarlaryň, kitaplaryň, wideo we ses ýazgylaryň arasynda hut Hudaýyň Sözüniň ýetmezçilik edýändigini aýdasym gelýär. Amerikanlara garanda, Afrikadaky we Aziýadaky adamlaryň mümkinçilikleri az bolsa-da, olar Rebden aňsatlyk bilen alýarlar, olaryň imany has güýçli bolup, durmuşlary has miweli bolýar. Bu nädip beýle bolýar? Aslynda, hemme zat örän ýönekeý. Olar göwne we tene ýakymly habarlary we imanlylaryň durmuşy babatda Köne Ähte laýyklykda düzülen talaplary däl-de, Rebbiň Sözüniň hut özüni eşidýärler!

Men keseden bolan basyşa baş bermejekdigimi we adamlaryň gulagyna ýakýan sözleri aýtmajakdygymy Hudaýa söz berdim. Men Onuň maňa aýtmaly diýip buýran zatlaryny aýtjak. Pawlus şeýle diýýär: “Şunlukda, men kimiň göwnünden turmakçy bolýaryn: adamlaryňmy ýa-da Hudaýyň? Eýsem men adamlara ýaranjak bolýarynmy? Eger men adamlara ýaranmakçy bolsadym, onda Mesihiň hyzmatçysy bolmazdym” (Gal. 1:10). Adamlaryň gör-bak näçesi Mesihiň hyzmatçysy hökmünde başlap, şindi öz ýygnaklarynyň we diňleýjileriniň guly bolup galdy. Olar indi öz yzyna düşürip äkitmeli adamlarynyň isleglerini kanagatlandyrmaga özlerini borçly hasaplaýarlar.

Iman eşitmekden, eşitmeklik bolsa Hudaýyň Sözünden gelýär. Biziň ýüregimiziň topragyna dänäni ýa-da tohumy hut Hudaýyň Sözi ekýändir. Biz ruhy ýolbaşçylar hökmünde Rebbiň halkyna onuň özüne gerek diýip hasaplaýan zadyny däl-de, hakykatdan-da mätäç bolan zadyny bermeli. Biz adamlary Hudaýyň ebedi Sözüniň hakykaty bilen iýmitlendirmeli, ol olary bina etmegi başarýar we mukaddesler bilen birlikde mirasy berýär (ser. Res. 20:32).

Häzirki wagtda Hudaýyň Sözüni päk we ýoýman wagyz edýän köp liderler peýda boldy. Olaryň käbirleri ozal adamlaryň gulagyna ýaraýan zatlary wagyz etmekligiň çeňňegine ilip, şindi bu ýalňyşlaryndan saplanýarlar, käbirleri bolsa hyzmata indi-indi başlap ýörler. Olar Hudaýyň halkyny Oňa dolanmaga çagyrýarlar! Hudaý näme üçin Özi bilen ýakyn bolmaklygy şeýle nygtaýarka? Munuň jogaby sada. Ol Onuň bilen datly birikmede we gatnaşykda ýaşamak üçin imanyňyzyň bolmagyny isleýär. Sebäbi imanyňyzyň bolmadyk ýagdaýynda, siz Onuň bilen birlikde ýaşap bilmersiňiz. Ol adamlary Özüne çekmek üçin, olara Öz Sözi arkaly imany ekýär. Beý-bä, bu gör nähili ajaýyp!

## Imany nädip artdyrmaly?

Biz indi imany nädip artdyrmalydygy barada soraga ýakynlaşdyk. Isa Mesih Öz şägirtlerine şeýle diýdi:

> Eger siziň bir gorçisa dänesi ýaly imanyňyz bolup, şu tut agajyna: „Bu ýerden goparyl-da, deňizde göger!“ diýseňiz, ol size gulak asar. Aýdaly, siziň ýer sürýän ýa-da çopançylyk edýän hyzmatkäriňiz bar. Ol meýdandan gelende, siziň haýsyňyz oňa: „Basym gel-de, saçak başynda otur“ diýersiňiz? Gaýtam, oňa: „Meniň agşamlygymy taýýarla, biliňi guşa-da, iýip-içýänçäm, maňa hyzmat et, özüň soňra iýip-içersiň“ diýmezmi? Buýruklaryny berjaý edeni üçin, ol hyzmatkäre minnetdarlyk bildirermi? Siz hem özüňize buýrulan ähli zady berjaý edeniňizden soň: „Biz hem ýöne bir hyzmatkärdiris, diňe özümize tabşyrylan ýumşy ýerine ýetirdik“ diýiň (Luk. 17:6–10).

Isa Mesihiň imany tohum bilen deňeşdirip berýän gürrüňinden ýüzugra hyzmatkär bilen hojaýynyň arasyndaky

gatnaşyga geçmegi maňa elmydama birhili düşnüksizdi. Ilki göräýmäge, Isa Mesih yzygiderli däl ýaly bolup görünýär, ýöne men şeýle zadyň bolmajakdygyny bilýärdim. Onsoň günleriň birinde Mukaddes Ruh bu parça gözlerimi açdy.

Birinjiden, Ol imanyň bize kiçijek tohum görnüşinde gelýändigini aýdýar. Tohum dänesi adatça kiçi bolsa-da, onuň içinde ony ullakan agaja öwrüp biljek güýç bar. Şoňa görä-de, tohum öz niýetlenilen maksadyny amal ederi ýaly, ony idemeli. Isa Mesihiň gürrüňiniň ikinji ýarymynda bu tohumyň imanyň ullakan miweli agajyna öwrülmeginiň açary bar. Başga sözler bilen aýdylanda, agajy köki bilen sogrup, ony deňze taşlajak, eger gerek bolsa, dagy ýerinden süýşürjek we bizi Hudaýyň huzuryna girizjek imanyň açary bar!

Hyzmatkär öz hojaýynynyň ýerini näme üçin sürýär? Onuň sürüsini näme üçin bakýar? Onuň hyzmatynyň maksady – öz hojaýynyny iýmit bilen üpjün etmek. Isa Mesih, ine, şuny soraýar: ýer sürýän ýa-da sürini bakýan hyzmatkär öz hojaýynynyň ýanyna dolanyp gelenden soň, onuň öňüne nahar goýmazdan, öz işini tamamlap bilermi? Ol öz işinde üstünlik gazanmak üçin, buýrulan işleriň *hemmesini* tamamlamaly. Tamamlanylmadyk işleri tohumyň topraga ekilip, suwarylyp, dökün berlip-de, hasylyň ýetişmeginiň öňýanynda geleňsizlik we harsallyk zerarly ony ýitirmeklik bilen deňeşdirip bolar.

Isa Mesih biziň Oňa gulak asmagymyz barada diýýär. Ol biziň Rebbimiz, biz bolsa Onuň meýdanda işleýän hyzmatçylary. Eger biz iman tohumynyň hasyl berşini göresimiz gelýän bolsa, onda özümize tabşyrylan zatlaryň barynda gulak asýan hyzmatçylar bolmalydyrys. Onuň: “Siz hem özüňize buýrulan ähli zady berjaý edeniňizden soň” diýen sözlerine üns beriň. Bu sözler Onuň biziň gulak asyjylygymyz barada diýýändigini tassyklaýar. Imanymyzyň artmagynyň açary hem şonda ýerleşýändir.

## Bölekleýin gulak asmak = gulak asmazlyk

Bölekleýin gulak asmak ýa-da gulak asmaga başlap-da, soňra boýun towlamak – bu gulak asmaklyk däl. Mukaddes Kitapdaky köp adamlar şeýle ýalňyşy goýberipdiler. Munuň anyk bir mysaly – Şawul patyşa. Hudaý oňa gidip, amalekleri bütinleý gyrmagy buýurdy. Ol erkekleriň, aýallaryň, çagalaryň we mal-garalaryň baryny gyrmalydy. Burnunda nepesi bolanyň biri-de aman galdyrylmaly däldi.

Şawul özüne buýrulan zatdan boýun gaçyrmady. Biz köplenç äşgär, göze görünýän we aç-açan pitnäni gulak asmazlyk diýip hasaplaýarys. Emma bu bütinleý beýle däl. Şawul haýsydyr bir zady söz berip-de, soňra ondan dänen ýagdaýlary-da ýok. Biziň köpimiz gulak asmazlygyň bu görnüşine hem oňat düşünýäris. Şawulda buýrugyň ähmiýetlidigini boýun alyp-da, soňra ony unudan ýa-da äsgermezlik eden ýagdaýlary-da bolmandy. Biziň köpimiz şeýle hereketleri gulak asmazlyk diýip hasaplasak-da, buýrugy bozujynyň ýagşy niýetden hereket edendigi sebäpli ony aklardyk. Has dogrusy, köp adamlar, hatda hemmesi hem bu mysallardaky hereketleriň gulak asmazlykdygy bilen ylalaşarlar, ýöne, her nähili bolsa-da, geliň, Şawula dolanalyň.

Ol öz nökerlerini ýygnap, amalekleriň üstüne çozýar. Ol erkekleriň, aýallaryň we çagalaryň baryny gyrýar. Şawul we onuň nökerleri müňlerçe adamy gylyçdan geçirýärler. Ýöne amalekleriň patyşasyny welin Şawul aman galdyrýar. Näme üçin? Meniň pikirimçe, ol öz döwrüniň talaplaryna boýun boldy. Eger siz halky boýun egdirip-de, onuň patyşasyny diri ele salan bolsaňyz, siz ony öz köşgüňizde gul edip saklap bilerdiňiz we şeýdip, janly olja edinerdiňiz.

Şawul müňlerçe mal-garany hem gyrýar. Ýöne goýunlaryň, öküzleriň we beýleki mal-garanyň iň gowularyny gyrman, halkyň

olary Hudaýa gurbanlyk berip, ýazylan kanuny berjaý etmekleri üçin, olary öz halkyna berdi. Munuň halkyň nazarynda nähili görnendigini göz öňüne getirip görüň. Adamlar şol mallary Hudaý Ýahwe gurbanlyk berenlerinde, şeýle pikir etdiler: "Biziň patyşamyz nähili dogruçyl adam, ol Rebbi hemme zatdan ileri tutýar".

Ýöne Hudaý muňa başgaça garady. Ol Şamuwele şeýle diýdi: "Şawuly patyşa edendigime ökünýärin, çünki ol Menden ýüz öwürdi, buýruklarymy ýerine ýetirmedi" (1 Şam. 15:11). Şawul onlarça müň adamy öldürdi, ýöne birini aman galdyrdy. Ol özüne buýrulan işiň 99, 9 göterimini berjaý etdi. Biziň köpimiz onuň hereketlerinde gulak asyjylygy görerdik, Hudaý bolsa gulak asmazlygy gördi. Mundan başga-da, Mukaddes Kitapda şol wakanyň beýanatyndan soňky aýatda Hudaý pygamberiň üsti bilen onuň hereketini bitabynlyk diýip atlandyrýar. Şunlukda, biz bölekleýin gulak asmaklygyň Hudaýyň nazarynda gulak asmazlyk bolup durýandygyny görýäris. Aslynda, doly diýen ýaly, hatda 99,9 göterimdäki gulak asmaklyk tabynlyk däl-de, bitabynlyk diýip hasap edilýär. Biz: "Sen näme üçin meniň eden işimi görmeýärsiň? Sen diňe meniň berjaý etmedik işimi görýärsiň!" diýip aýdylýan hüňürdini diýseň köp eşidýäris. Şawul hem şeýle diýip bilerdi. Bu ynsanyň nukdaýnazaryna gabat gelse-de, Hudaýyň nukdaýnazaryna asla gabat gelýän zat däl!

## Hudaý bilen ýakynlyk biziň imanymyza gönüden-göni baglydyr

Eger Şawulyň ömrüni yzarlasak, onuň imanynyň hiliniň gitdigiçe peselendigini görmek mümkin. Siz onuň Rebden çaltlyk bilen arany açyşyny görersiňiz. Onuň Hudaý bilen ýakynlygynyň derejesi peselýär, sebäbi biziň Hudaýa ýakynlaşmak ukybymyz

imanymyza gös-göni proporsionaldyr. Ýohanna resul bu barada şeýle diýýär:

> Şonda biz özümiziň hakykata degişlidigimizi bileris we Hudaýyň huzurynda biziň wyždanymyz päk bolar. Eger wyždanymyz bizi ýazgaraýsa-da, Hudaý ondan beýikdir, Ol hemme zady bilýändir. Mähribanlarym, eger wyždanymyz bizi ýazgarmasa, onda Hudaýyň huzurynda ynamly bolarys.Ondan näme dilesek alarys, sebäbi biz Onuň buýruklaryny berjaý edip, Ony hoşnut edýän işleri edýändiris (1 Ýoh. 3:19–22).

Biziň Hudaýa ýakynlaşmak ukybymyz imanymyza gös-göni proporsionaldyr, imanymyz bolsa Rebbe tabynlygymyza gös-göni proporsionaldyr. Indi şu jümläni düşündirmäge rugsat ediň. Men gulak asman, bu günäňize düşünen badyňyza toba edýän ýagdaýlaryňyz barada aýtmaýaryn. Dawudyň eden günäsi Şawulyňkydan has agyrdy, ýöne ol şobada toba edipdi. Dawudyň imanynyň peselmeýşi ýaly, onuň Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolmak ukyby hem peselmändi. Şawul bolsa öz bähbidini araýardy, ol özüniňki diýip hasaplan zatlaryny nygtaýardy, goraýardy we giňeldýärdi. Onuň ýüregi Rebbe Dawudyň ymtylyşy ýaly ymtylmaýardy.

Är-aýalyň gündeki gatnaşygy munuň oňat mysaly bolup biler. Eger olaryň biri öz diýenini tutup, ýanýoldaşyny äsgermese, onuň islegini hasaba almasa, olaryň arasyndaky ynam we ýakynlyk ýiter. Erkek: “Diňlesen-aý, men hemme tölegleri edýärin, seni ekleýärin, jaý bilen üpjün edýärin, geýindirýärin. Keseden aýal tutunsam, munuň nämesi erbetmişin?” diýip bilýär. Bu erkek öz aýalyny söýüp, onuň aladasyny edýändir öýdýär, ýöne men welin onuň durmuşlarynyň bir çägindäki gulak asmazlygy zerarly aragatnaşyklarynyň derejesiniň çalt peseljekdigine kepil geçýärin.

Biz: “Ýa Reb, men ýygnaga yzygiderli gatnaýaryn, ondan bir bölegi berýärin, Mukaddes Kitaby okaýaryn we dileg edýärin, ýöne meniň imanym näme üçin şeýle gowşak?” diýip bilýäris. Sizden bir zady soraýyn: siz öz aýalyňyza nähili garaýaňyz? Hudaý şeýle diýýär: “Eý, ärler, edil şunuň ýaly, sizem öz aýalyňyza hormat goýuň, onuň bilen özara düşünişip ýaşaň. Siz olaryň özüňizden ejizdigini bilýänsiňiz, emma olar hem siziň bilen Hudaýyň beren ýaşaýşyny deň miras alandyrlar. *Doga-dilegleriňiziň bökdelmezligi üçin şeýle ediň*” (1 Pet. 3:7, nygtama awtoryňky). Eger biz durmuşymyzyň hemme çäginde gulak asmasak, Hudaý bilen gatnaşygymyz böwetlenýär. Isa Mesihiň: “Siz hem özüňize buýrulan *ähli zady* berjaý edeniňizden soň” diýen sözlerini ýada salyň. Bölekleýin gulak asmaklyk imanyňyzy asla artdyrmaz! Şeýle prinsip är-aýalyň, çagalar bilen ata-enäniň we hatda ata-eneleriň öz çagalary gatnaşygyna degişli bolup durýandyr.

Ýene-de bir soragy berip bolar: siz öz beren sözüňizde tapylýaňyzmy? Mukaddes Ýazgy “eden ähti zyýanyna bolsa-da, ondan dänmeýän” (Zeb.14:4) adamyň Reb bilen ýakynlyga eýe bolup bilýändigini aýdýar. Siz diliňiz bilen yzygiderli günä edip-de, soňra imanyňyzyň gowşakdygyna geň galýan-a dälsiňiz? Men şular ýaly soraglary*ň* sanawyny dowam etdirip bilýän.

Mesele biziň Hudaýyň Sözüne doly gulak asmaga ymtylyp-ymtylmazlygymyzda! Çünki bize çürt-kesik şeýle diýlendir:

> “Eziz balalarym! Men size şulary *günä etmezligiňiz* üçin ýazýaryn” (1 Ýoh. 2:1, nygtama awtoryňky).

Köp adamlar günä ýa ýüzleý, ýa-da kanunçylyk nukdaýnazaryndan garaýarlar. Günä ýüzleý garaýan adamlar merhemet astynda ýaşap, rehimli Hudaýymyzyň bardygy sebäpli Hudaýyň Sözüni bozup bilýändir öýdýärler. Olar ähli günälerimiziň Haçdaky Isa Mesihiň gurbanlygy bilen örtülendir

diýip hasaplaýarlar. Hawa, Reb Haçda biziň günälerimiziň tölegini töledi, ýöne biz Pawlusyň imanlylara ýüzlenip aýdanlaryny ýatda saklamaly: “Eýsem siz özüňizi kimiň tabynlygyna tabşyrsaňyz, şonuň-da guluna öwrülýändigiňizi bilmeýäňizmi näme? Siz nämäniň guly: ölüme eltýän günäniň gulumy ýa-da dogrulyga eltýän tabynlygyň guly?” (Rim. 6:16). Isa Mesihiň hut Özi Oňa Reb diýip-de, günä etmesini dowam edýänlere: “Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!” (Mat. 7:23) diýipdi.

Kanunçylar bolsa günä etmek meselesinde adamy “mukaddesleriň klubyndan” aýyrýan faktory görýärler. Ýöne gulak asmazlygyň islendik görnüşinden saklanmagymyzyň esasynda bu maksat bolmaly däl. Hususan, şeýle deliliň özi bizi günäden asla saklap-da bilmez. Ýöne eger biz gulak asmazlygyň biziň imanymyzy weýran edýändigine, munuň bolsa öz gezeginde Reb bilen ýakynlygymyza böwet bolýandygyna aň ýetirsek, günäden aýak aldygyna gaçmalydyrys!

Näme üçin? Sebäbi biz Onuň bilen hut şeýle ýakynlygy dünýäde hemme zatdan köp isleýäris!

Indi biz Ýakubyň Hudaýa ýakynlaşmak baradaky jümlesiniň öňýanynda we yzýanynda näme diýýändigine has aýdyň düşünýäris:

> Şonuň üçin Hudaýa *tabyn boluň*! Iblise garşylyk görkeziň, *şonda* ol sizden gaçar. Hudaýa *ýakynlaşyň*, Ol hem size *ýakynlaşar*. Eý, *günäkärler, eliňizi günäden tämizläň* (Ýak. 4:7, 8, nygtama awtoryňky).

Görşüňiz ýaly, hemme zat gulak asmaklygyň daşynda aýlanýar! Näme üçin? Hudaýa doly iman bilen ýakynlaşmak üçin. Şu babyň başynda garap geçen parçamyza, geliň, ýene-de bir gezek garalyň:

> Şonuň üçin hem, eý, doganlar, Isanyň gany arkaly indi biz Iň mukaddes otaga *batyrgaýlyk bilen* girip bilýäris. Isa Öz ölümi arkaly bize çadyrdaky içki tutudan geçýän we Hudaýa barýan täze ýaşaýyş ýoluny açyp berdi... Şoňa görä, çyn ýürekden we *berk ynam bilen* Hudaýa *ýakynlaşalyň*. Mesih kalbymyzy Öz gany bilen päkläp, bizi wyždan ýazygyndan azat etdi we bedenimizi arassa suw bilen ýuwdy. Indi *ykrar eden umydymyzy* ikirjiňlenmän *berk saklalyň*, çünki wada beren Hudaý ynamdardyr (Ýew. 10:19–23, nygtama awtoryňky).

Biziň berk ynamymyz, ýa-da doly imanymyz, öz gözbaşyny Hudaýyň Sözüni eşitmeklikden alyp gaýdýar, bu iman bolsa öz gezeginde biziň hemişe gulak asyp gezmegimiz arkaly artýar. Eger biz günä etsek, biziň Töwellaçymyz, ýa-da Aklawçymyz bar, Ol Atanyň öňünde biziň üçin töwella edýär we eger biz çalt toba gelýän bolsak, ynsabymyz höküm edilmeden azat bolar, sebäbi Isa Mesihiň gany bizi islendik günäden saplaýar we bizi gardan hem ap-ak edýär.

Ýöne biz günä edýändigimize aň ýetirip-de, ony bilgeşleýinden dowam etsek, onda ynsabymyz bize höküm çykarar we Hudaý bize ynsabymyzdan-da köp höküm eder, sebäbi Ol ähli zady bilýär. Biz Hudaýa doly iman bilen ýakynlaşmagymyza päsgel berýän böwedi özümiz döredýändiris.

## Umyt

Indi bolsa ýokarda mysal getirilen parçanyň ikinji bölegine garalyň: "Indi *ykrar eden umydymyzy* ikirjiňlenmän *berk saklalyň*". Imanlylar umyt diýen düşünjä köplenç nädogry düşünýärler. Bu sözüň "belki, bolup biler" diýen ýaly şübhelenme bilen hiç umumylygy ýokdur. Bu söz, dogrusy, "ynam bilen garaşmak" diýmegi aňladýar.

Hudaý Ybraýyma ilkinji gezek görnende, şeýle wada berdi: "Men seniň galkanyňdyryn, seniň sylagyň juda uly bolar" (GÇ 15:1). *Hakykat ýüzündäki ýagdaýda* Ybraýymyň önelgesiz aýalyndan çagasy bolar umydy ýokdy, şonuň üçin-de onuň jogaby diýseň sustupes ýaňlandy:

> Eý, Hökmürowan Reb, Sen maňa näme berjek? Meniň heniz-de perzendim ýok. Hojalygym damaskly Eligezere miras galar. Sen maňa perzent bermänsoň, hojalygymdaky gulum maňa mirasdar bolar (GÇ 15:2, 3).

Bu adamyň umudynyň azdygy ýa-da bütinleý ýokdugy düşnükli zatdy, ýöne Hudaý Ybraýym Onuň wadasyna ynanmasa, ony alyp bilmejekdigini bilýärdi. Şonuň üçin-de Hudaý şol günüň özünde agşam Ybraýymy çadyrynyň daşary çykaryp, ýyldyzlary görkezdi-de, olary sanamagy buýurdy. Meniň pikirimçe, bu şeýle boldy: Ybraýym, san-sajaksyz ýyldyzlary sanajak bolup, belki, uklap galandyr. Reb ertesi gün ony: "Sen ýyldyzlaryň hemmesini sanadyňmy?" diýen sorag bilen oýardy.

Ybraýym: "Ýok, olar juda köp" diýdi.

Hudaý garaşan jogabyny aldy we oňa şeýle diýdi: "Seniň şonça-da nesliň bolar" (GÇ 15:5). Hudaý oňa ajaýyp imany – Ybraýymyň san-sajaksyz nesliniň boljakdygy barada beren Öz wadasynyň aýdyň suratyny saldy. Ybraýym her gezek asmana garanda, Hudaýyň beren wadasyny ýatlaýardy we "Ybraýym ata! Ybraýym ata!" diýip gygyrýan köp sanly nesliniň sesini eşidýärdi.

Bu mowzuk babatda Täze Äht Ybraýym barada şeýle diýýär:

> Hudaý Ybraýyma "Seniň san-sajaksyz nesliň bolar" diýip aýdypdy. Şonuň üçin-de, Ybraýym köp milletleriň atasy bolmaga hiç umydynyň galmandygyna garamazdan, imany sebäpli umytdan düşmedi (Rim. 4:18).

Ybraýyma näme wada edildi? “Seniň şonça-da nesliň bolar”. Hakykat dünýäsinde hiç umydynyň bolmandygyna garamazdan, Ybraýym Hudaýdan bolan çäklere aralaşdy we munuň beren wadasy göz bilen görüp bolýan zatlardan-da artyk geldi. Hudaýdan bolan umyt görnüp duran zatlardan üstaşary Hudaýyň çäklerine berk umyt bilen garaýar. Ybraýym görnüp duran zatlardan üstaşary, ýagny Hudaýdan bolan hakykylyga garamagy saýlap aldy. Mukaddes Ýazgy, aslynda, Ybraýymyň “Hudaýyň Öz beren wadasynda tapyljakdygyna doly ynandygyny” (Rim. 4:21) aýdýar. Ol berlen wadany umyda baý bolan imana görä aldy. Bize şeýle diýilýär:

> Iman umyt edýän zatlarymyza bil baglamak we görmeýän zatlarymyza ynanmakdyr (Ýew. 11:1).

Biziň imanymyz umudy ýa-da Hudaýyň wadalaryny hakykata öwürýär. Ybraýymyň ýagdaýynda görşümiz ýaly, Hudaýdan bolan umyt – bu görnüş ýa-da Hudaýyň yradasynyň taslamasy, ony fiziki gözler bilen häzirlikçe görüp bolmaýar. Hudaýdan bolan umyt diýseň wajypdyr, çünki iman umydyň bolmadyk ýagdaýynda hiç zady hakykat ýüzüne geçirip bilmeýär. Hudaýyň Sözi ýüregimize imany salmak bilen çäklenmeý*ä*r, ol bize umyt, imana bolsa görnüş berýär.

Bularyň baryny gurluşyk materiallaryň üýşmegi, mysal üçin, çerepisa, penjire çarçuwalary, üçek tagtajyklary, sement, tagta, kerpiç we beýleki zatlaryň üýşmegi bilen deňeşdirse bolýar. Biz bularyň baryny jemläp bilýäris, ýöne taslamasyz we çyzgysyz alnyp barylýan gurluşyk başyňy çaşyrýan işe öwrüler! Siziň: *“Men taslamasyz gurup bilerin*” diýip pikir etmegiňiz ahmal. Taslama, belki, siziň kelläňizdedir, ýöne şonda-da size haýsy hem bolsa bir meýilnama gerek bolar.

## Onuň tutynyň aňyrsyndaky huzuryna girmek

Hudaýa ýakynlaşmak meselesi babatda, geliň, ýene-de bir gezek baş tekstimize garalyň:

> Şonuň üçin hem, eý, doganlar, Isanyň gany arkaly indi biz Iň mukaddes otaga *batyrgaýlyk bilen* girip bilýäris. Isa Öz ölümi arkaly bize çadyrdaky içki tutudan geçýän we Hudaýa barýan täze ýaşaýyş ýoluny açyp berdi... Şoňa görä, çyn ýürekden we *berk ynam bilen* Hudaýa *ýakynlaşalyň*. Mesih kalbymyzy Öz gany bilen päkläp, bizi wyždan ýazygyndan azat etdi we bedenimizi arassa suw bilen ýuwdy. Indi *ykrar eden umydymyzy* ikirjiňlenmän *berk saklalyň*, çünki wada beren Hudaý ynamdardyr (Ýew. 10:19–23, nygtama awtoryňky).

Pawlus Rebbe ýakynlaşmak barada aýdyň aýdýar. “Indi ykrar eden umydymyzy ikirjiňlenmän berk saklalyň” diýen sözleri ýene bir gezek okaň. Ýadyňyzda bolsun, umyt – bu siziň taslamaňyz, siziň görnüşiňiz, fiziki göz bilen görüp bolmaýan ajaýyp zadyň suratydyr. Şuny ýatda saklamak bilen, şuny ünsli okaň:

> Adamlar özünden beýik biriniň adyndan kasam edýärler. Kasam aýdylan zady tassyklap, *ähli* jedelleri *çözýär*. Hudaý hem wadasyny kabul edýänlere Öz maksadynyň üýtgewsizdigini subut etmek isledi. Şonuň üçin Ol muny kasam bilen tassyklady. Şeýlelikde, Hudaý bize iki zat: hem wada berdi, hem kasam etdi. Munuň ikisi hem üýtgewsizdir, sebäbi Hudaý hiç wagt ýalan sözlemeýär. Şonuň üçin hem, biz Hudaýda pena tapyp, özümize berlen umyda berk ýapyşyp ruhlanýarys. Bu umyt janymyzy berk hem howpsuz saklaýandyr, *ol göklerdäki çadyryň tutusynyň aňyrsyna geçýändir* (Ýew. 6:16–19, nygtama awtoryňky).

Görýäňizmi? Şu iki parçany birleşdiriň, şonda şuny alarsyňyz:

> Çyn ýürekden we *berk ynam* bilen Hudaýa *ýakynlaşalyň*... Indi *ykrar eden umydymyzy ikirjiňlenmän berk saklalyň*, çünki wada beren Hudaý ynamdardyr... Bu umyt janymyzy berk hem howpsuz saklaýandyr, *ol göklerdäki çadyryň tutusynyň aňyrsyna geçýändir* (Ýew. 10:22, 23; 6:19, nygtama awtoryňky).

Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki NLT terjimesinde şu parça şeýle terjime edilen: "Ol [umyt] bizi gökleriň tutusynyň aňyrsyna, Hudaýyň iň mukaddes otagyna alyp barýar". Ybraýyma ajaýyp aýdyň görnüşi Hudaýyň hut Özi beripdi. Ýakynlyga gezek gelende, Mukaddes Ruh tebigy gözlerimiziň görüp bilmeýän ajaýyp görnüşi berýär: Ol bize göklerdäki tagt zalynda mesgen tutan Rebbiň hut Özüni görkezýär.

Biz Hudaýa ýakynlaşanymyzda, içimizdäki Hudaýyň Ruhuna ýüzlenýäris we tenimiziň we çäklendirilen tebigy aňymyzyň tutusyndan geçip, Onuň huzuryna girýäris. Şol ýere düşenimizden soň, gökleriň iň mukaddes otagyndan geçip, Isa Mesih we Ata bilen duşuşýarys. Şu iň mukaddes içki ýerde biz şan-şöhratly Rebbiň ýakynlygyny gönüden-göni duýýarys!

Imanlylar köplenç dileg wagty özleriniň tagt zalyna girişini göz öňüne getirmäge çalyşýarlar. Ýöne Mukaddes Ruhuň muňa ýardam bermedik ýagdaýynda muny Ybraýymyň tä Hudaýyň beren görnüşini alýança oňa aň ýetirip başarmaýşy bilen deňeşdirse bolar. Boljak zatlaryň aýdyň suratyny Rebbiň hut Özi berenden soň, Ybraýym Hudaýyň wada beren zatlarynyň baryna düşünip galdy.

Biz Mukaddes Ruhsuz iň mukaddes ýerde Hudaý bilen hakyky we ýakyn gatnaşygy duýup bilmeýäris. Mukaddes Ruh

bize umydy, ýagny aýdyň görnüşi berýär, biz ony fiziki gözlerimiz bilen görüp bilmeýäris. Biz bu görnüş arkaly Isa Mesihiň gazanan zadyndan lezzet almak üçin, oňa berk ynam we batyrgaýlyk bilen ýakynlaşýarys. Isa Mesih bu gymmat bahany biziň ýaşap bilmegimiz töledi. Ýa Isa Mesih, Hudaýyň huzuryna şindi we bakylykda berk ynam bilen girip bilerimiz ýaly Öz Şa ganyňy dökeniň üçin çäksiz minnetdardyrys!

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Mukaddes Kitapdaky "umyt" sözi berk ynam bilen garaşmaklygy aňladýar. Ol öz manysy boýunça "belki bolup biler" diýip şübhelenýän umyda gapma-garşydyr. Siziň durmuşyňyzda "belki bolar" diýen sözler bilen ynamsyz umydy bildirip, sözüňizi ýele sowran ýagdaýlaryňyz bolupmydy? Eger bolan bolsa, bu babatda öz imanyňyzyň ýagdaýy barada näme aýdyp bilersiňiz?
2. Resullaryň döwründen bäri we şindi imanlylar iki soragy berýärler. Bu soraglar biri-birine meňzeş bolsa-da, manysy boýunça örän tapawutlanýandyr:
   - Imany nädip edinmeli?
   - Imany nädip artdyrmaly?

   Şu bapdan alan bilimiňizi ulanyp, şu soraglara näme jogap berip bolar?
3. Şawulyň we Dawudyň tabynlygynyň tebigatyny deňeşdiriň. Olaryň bu wajyp meselä bolan garaýşynda nähili tapawudy görýärsiňiz? Olaryň Hudaý bilen ýakynlygyna olaryň tabynlygy nähili täsir etdi?
4. Tabynlyk adamyň Hudaýa batyrgaýlyk bilen ýakynlaşmak ukybyna nähili täsir edýär?

14-nji bap

# HUDAÝA HAS ÝAKYNLAŞMAK

Siz Oňa batyrgaýlyk bilen ýakynlaşyp bilersiňiz,
sebäbi Ol size çakylygy islendik wagta berdi.

Biz soňky bapda özümizi şeýle güýçli söýýän Hudaýa ýakynlaşmagyň amaly taraplaryna garap geçeris. Ýöne bu gürrüň öýlenmekçi bolýan ýaşlara pynhan gatnaşyklar babatda berilýän jikme-jik öwütlere meňzeşräk bolar. Ýaşlara bu mesele babatda maslahatlar berip bolar, ýöne galan zatlaryň bary olaryň ýüreginden gaýdar. Ýakynlygyň ajaýyplygy hem hut şundadyr: ol biziň ýüreklerimizde pajarlaýar, oňa akyl bilen aň ýetirip bolmaýar.

Biz Rebbe golaýlanymyzda, özümiziň Onuň keşbinde we Oňa meňzeş ýaradylandygymyzy unutmaly däldiris. Hut biziňki ýaly, Onuň hem emosiýalary dürli-dürli bolup bilýär. Biz diňe bir ýakyn dostumyzyň keýpine däl, eýsem Rebbiň hem keýpine duýgur bolmalydyrys. Mysal üçin, Onuň huzuryna käwagt öwgi nagmalary

bilen, käwagt bolsa synyk ruh bilen girilmeli ýagdaýlary bolýar. Käwagt batyrgaýlyk bilen, käwagt bolsa gorky we galpyldy bilen girmeli. Käwagt gülesimiz geler, käwagt bolsa aglasymyz geler. Käwagt Onuň kömegi bilen tümlük güýçlerine garşy söweşmeli ýagdaýlary bolar, käwagt bolsa Onuň ajaýyp huzurynda parahatlygy we asudalygy duýup bolýar.

Soňky iki deňeşdirme üçin talaňçylaryň çozmakçy bolýanlygy sebäpli howp abanýan öýi mysal getirip bolar. Jenaýatçylar siziň öýüňiziň arka tarapyndaky gapyny döwjek bolýarmyş diýeli. Şol pursat ogul özüni we maşgalasyny goramagyň pikirini edip duran kakasynyň ýanyna baryp: “Kaka, sen dünýädäki iň oňat kaka. Sen biz barada hemişe alada edýärsiň, sen şeýle şadyýan we akylly...” diýýär. Kakasy oglunyň sözüni bölüp: “Häzir duýgular barada gürrüň etmegiň wagty däl, basketbol taýagyny al-da, meniň bilen yzky gapa tarap ýöre” diýýär.

Biz Isa Mesihiň Ýygnagynyň Hudaýyň öýüdigini ýatda saklamaly. Biziň bu dünýäde hem hakyky duşmanlarymyz bardyr. Şonuň üçin-de, dileg edip başlan wagtlarym käwagt Mukaddes Ruh meni ruhy söweşe girişmäge ylhamlandyrýar, Ol muny her gezek dürli tärde edip bilýär. Bu Sözi wagyz etmek arkaly, Ruhda dileg etmek arkaly we hatda öwgüler arkaly (Ýehoşapat we onuň esgerleri bilen bolan ýagdaýyndaky ýaly, 2ÝÝ 20:20–24) hem bolup bilýär. Biz diňe bir atmosfera däl, eýsem Onuň islegini nädip berjaý etmelidigine hem duýgur bolmalydyrys.

Geliň, mysalymyza dolanyp, hereket edýän gahrymanlaryň başga ýagdaýdaky wariantyna garap geçeliň. Şol bir öýmişin diýeli: hemme zat oňat, kakasy ojagyň ýanynda dynç alyp otyr. Şol pursat ogly gelip: “Kaka, ýörsene, şolaryň almytyny bereli!” diýýär. Kakasy hem oňa garap, şeýle diýýär: “Ogul, hemme zat gülala-güllük, howply zat ýok. Geç-de otur, bir oňat zat barada gürrüň edeli-le”.

Men ýakyn adamlarymyz bilen özara gatnaşygyň mysalynda şeýle sahnajyklaryň ençemesini indi özüňiz-de düzüp bilersiňiz diýip pikir edýärin. Dilegde hem dürli möwsümler we dürli ýagdaýlar bolýar. Mukaddes Ýazgyda meniň şu pursat aýdan ýagdaýlarymyň bary we ondan hem köp zatlar beýan edilendir. Esasy zat – Hudaýyň ýüreginde edil şol pursatda bolaýan zatlary bilmelidir.

## Hudaýyň islegleri

Eger dostuňyz ýanyňyza gelende, diňe özi üçin gyzykly bolan zatlaryň pikirini etse, näme duýardyňyz? Eger ogul kakasynyň ýanyna diňe ondan haýsydyr bir zat gerek bolanda gelse, kakasy özüni nähili duýar? Siz diňe özüni bilýänleriň ýa-da duýgudaşlygy bolmadyk adamlaryň öňünde ýüregiňizi dökermisiňiz?

Eger biz Hudaýyň ýüregini awlamakçy bolsak, Onuň isleglerini we mätäçliklerini bilmelidiris. Hä, hawa, mätäçliklerini! Ol Gudratygüýçli we hemme zady bilip, ähli zada eýe bolsa-da, Ol adama erkin erki we Ýer ýüzünde kesgitli erkinligi berendir. Ynsana şeýle bolmaga ýol bermek bilen, Ol Özüni gowşak ýagdaýa saldy. Adamyň günä etmesi we dünýäde ýamanlyk güýçleriniň peýda bolmasy zerarly, biziň köpimiz ejir we agyry çekýäris, sebäbi bu güýçler adamlary ýalan aldaýarlar, duzaga düşürýärler we horlaýarlar. Hudaý şeýle adamlara jan-tenden kömek edesi gelýär we kimdir biriniň olar üçin dilegde sesini beýgeltmegine garaşýar. Şoňa görä-de, tagalla dileglerini edip, ejir çekýän adamlara Hudaýyň merhemetine görä kömek etmäge howlugýan perzentlerine Rebbiň hemişe örän ýakyndygyny babatda ynamly bolup bilersiňiz.

Kyýamat güni Isa Mesih şeýle diýer:

> Sebäbi Men açdym — nan berdiňiz, teşnedim — suw berdiňiz, kesekidim — myhman aldyňyz, ýalaňaçdym — don berdiňiz, hassadym — bejerdiňiz, zyndandadym — görmäge geldiňiz (Mat. 25:35, 36).

Siz bu ýerde Älemdäki bütin ygtyýara, güýje eýe bolan şan-şöhrat Rebbini mätäçlikde görýärsiňiz. Onuň mätäçligi – bu biziň mätäçliklerimiz, Onuň söýýänleriniň mätäçlikleri. Çünki Ol şeýle diýdi: “Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň bu iň pes saýylýan doganlarymdan birine edeniňizi Maňa edensiňiz” (40-njy aýat). Başgalar üçin dileg edýän, olara kömek berýän, Hudaýyň azat edýän Sözüni wagyz edýän, Hudaýyň güýji arkaly ýaralara şypa berýän we şuňa meňzeş işleri edýän adam Hudaýyň ýüregini başga adamlaryň islendiginden tiz awlar.

Hudaýyň halky bir wagtlar Ony örän yhlasly agtardy we Ol olar barada hatda şeýle sözleri diýdi: “Olar her gün Meni agtarýarlar, lezzet alýarmyşlar ýollarymy bilmekden” (Işa. 58:2). Ýöne Hudaý olara jogap bermeýärdi. Adamlar Hudaýyň näme üçin özlerini ýakynlaşmaýandygyny sorap başladylar. Olar Hudaýyň öz dileglerine näme üçin jogap bermeýändigine düşünip bilmeýärdiler. Şonda Ol şeýle diýdi:

> Ine, siz agyz beklän günüňiz öz isläniňizi edýärsiňiz, işçileriňizi agyr işledýärsiňiz. Ine, siz dawa, jenjel bilen, rehimsiz ýumruklama bilen agyz bekleýärsiňiz (Işa. 58:3, 4).

Olaryň dawalaşyp, biri-biri bilen sögüşendigine üns beriň. Bu mowzuk boýunça esasy parçamyza ýene bir gezek göz aýlalyň: “Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar”. Eger siz babyň başyny okasaňyz, Ýakubyň şeýle sözleri diýýändigini görersiňiz:

> Araňyzdaky çaknyşyklygowgalar we dawa-jenjeller nireden döreýär? Kalbyňyzda söweş edýän pis höwesleriňizden

> dälmi? Siz isleýärsiňiz, emma hiç zat gazanmaýarsyňyz; adam öldürýärsiňiz, göriplik edýärsiňiz, emma hiç bir maksadyňyza ýetip bilmeýärsiňiz; dawa-jenjeldir galmagal turuzýarsyňyz, emma hiç zat gazanmaýarsyňyz, sebäbi Hudaýdan dilemeýärsiňiz. Dilänişiňizde-de, hiç zat almaýarsyňyz, sebäbi ýaman niýet bilen, öz nebsiňizi doýurmak üçin dileýärsiňiz. Eý, biwepalar!...Şonuň üçin Hudaýa tabyn boluň! Iblise garşylyk görkeziň, şonda ol sizden gaçar. Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar (Ýak. 4:1–8).

Şunlukda, asyl many şunda jemlenýär. Amaly ädimleriň birinjisi şundan ybarat: biz Onuň we Hoş Habaryň hatyrasyna öz durmuşymyzy unutmaly. Biz Onuň islegleri üçin ýaşamaly. Biz Onuň söýýän zadyny söýmeli, Onuň ýigrenýän zadyny ýigrenmeli. Onuň üçin wajyp bolan zat biziň üçin-de wajyp bolmalydyr, Onuň üçin wajyp bolmadyk zat biziň üçin-de wajyp bolmaly däldir. Bizde Onuň ýüregi bolmaly!

Bu şahsy durmuşymyzyň bolmajakdygyny aňladýarmy eýsem? Hudaý eýsem Öz halkyna dynçlyk we parahatlyk bermek islemeýärmi? Elbetde isleýär. Mukaddes Ýazgy bize: "bagtyýar ýaşamagymyz üçin her zady bolelin ýetirýän Hudaý" (1 Tim. 6:17) diýip aýdyň aýdýar. Ýöne biz Onuň isleglerine äsgermezçilik edip, diňe şahsy isleglerimizi kanagatlandyrmagy agtarsak, Onuň ýüregi bilen arabaglanyşygy ýitirýändiris.

Diňe garyp-gasarlara kömek bermek arkaly Hudaýyň göwnünden turup bolýar diýip hasaplaýan adamlar bar. Eger bu dogrudan-da şeýle bolsa, onda Petrus näme üçin dul aýallaryň aladasyny etmegini bes edip, şeýle diýdi: "Şeýlelikde, on iki resul ähli şägirtleri ýanlaryna ýygnap, olara şeýle diýdiler: 'Hudaýyň Hoş Habaryny wagyz etmegi taşlap, biziň saçak başynda hyzmat etmegimiz dogry däl. Eý, doganlar, öz araňyzdan ýedi adamy

saýlaň. Olar Mukaddes Ruhdan we akyl-paýhasdan doly, atly-abraýly adamlar bolsunlar. Bu hyzmaty şolara tabşyralyň. Biz bolsa özümizi Hudaýa doga-dileg etmäge we Onuň Hoş Habaryny wagyz etmäge bagyş edeliň” (Res. 6:2–4). Petrus betbagt adamlaryň ruhy açlygyny Hudaýyň Sözi bilen doýurjak adamlaryň bolmalydygyna, başgalaryň bolsa olaryň garyn açlygyny azyk bilen kanagatlandyrmalydygyna düşündi. Bu adamlaryň iki topary-da umymy bir işi ederler. Olar Isa Mesihiň: “Men açdym — nan berdiňiz...” diýşi ýaly, Onuň mätäçliklerini kanagatlandyrarlar.

Hudaýyň göwün isleglerine galtaşýan adamlar Oňa has aňsat ýakynlaşyp bilýärler. Şeýle adamlary biri-de Musa pygamberdi, sebäbi Hudaýyň isleglerini berjaý edip, Hudaýyň halkyny bakýardy. Ol Hudaýyň ýüregini syzýardy we Reb bilen çuňňur, ýakyn gatnaşygy bardy.

Hudaý oňat hyzmatçysy Ýoşyýa patyşa barada şeýle diýipdi: “Ol garybyň, mätäjiň hakyny alyp berdi; munuň üçin onuňky ugruna boldy. Bu *Meni tanamagyň* manysy dälmidir?” (Ýerm. 22:16, nygtama awtoryňky).

Hyzmatyny – isle kömek etmek ýa dolandyrmak, isle taglym bermek ýa-da haýsydyr bir zady paýlamak, ýa-da başga bir hyzmatyny oňat berjaý edýän adamlar Rebbe has aňsat ýakynlaşyp bilýärler. Olar muny öz durmuşynda we hatda hyzmatynda şahsy isleglerinden ugur alýan adamlara garanda has aňsat edýändirler. Çünki Rebbiň hut Özi: “Bu Meni tanamagyň manysy dälmidir?” diýipdi ahyryn.

## Eşitmek üçin ýakynlaşmak

Rebbe ýakynlaşmak isleýän adamlar üçin indiki amaly maslahaty şu aýatdan bilýäris:

> Hudaýyň öýüne giden [Hudaýa ýakynlaşan] mahalyň hereketleriňe esewan et; Hudaýy diňlemek üçin huzuryna gelmek, akylsyzlar tarapyndan hödürlenen gurbanlykdan oňatdyr; çünki olar ýamanlyk edýänlerini bilýän däldirler. Hiç haçan alňasaklyk bilen gepleme, Hudaýyň huzurynda ýürek sözüni aýtmaga howlukma; çünki Hudaý gökdedir, sen ýerdesiň. Şonuň üçin az sözle. Düýşüň gaýgy-aladanyň köpdügi üçin gelşi ýaly, samsyk gep-de, köp sözlülikden gelýändir (Wag. 4:17; 5:1, 2).

Geliň, şu parçanyň birinji bölümine garap geçeliň. Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki terjimeleriniň birinde biz şuny okaýarys: "Hudaýa ýakynlaşanyňda, sadaka berenden diňlemäge has taýyn bolgun". Men köp adamlaryň Hudaýa ýakynlaşan wagtlary ýa dynman gürleýändigine ýa-da aýdym aýdýandygyny ýüze çykardym. Bu, elbetde, gerek zat. Emma men şeýle-de haýsydyr bir sözi ýa-da aýdymy aýtmaga milt etmezden ozal, Onuň ýanyna ümsüm, ünsli diňläp ýakynlaşmagyň has peýdalydygyny hem ýüze çykardym.

Men ýaňy-ýakynda örän uly we abraýly ýygnagyň çopany bilen duşuşdym. Ertirlik nahary başynda ol maňa şeýle diýdi: "Jon, men ahyrda Rebbe: 'Men her säherde Seniň ýanyňa dileg edip, dyngysyz gürläp-de, jogapsyz galdyrylmakdan ýadadym. Sen tä meniň gürleşip başlaýançaň, men her säher Seniň ýanyňa ýöne gelip, dymjak we diňlejek' diýen derejä ýetdim".

Birnäçe hepdäniň dowamynda Reb onuň ýüreginiň päkligini synapdyr, ýöne günleriň birinde irden bu çopan dilege duranda, Mukaddes Ruh onuň bilen gürleşip başlapdyr. Hut şol wagtda hem Reb oňa öňde-soňda alan aýanlyklarynyň iň güýçlülerini beripdir. Şoňa görä-de, bu çopan olary öz ýygnagyndaky adamlary bilen birnäçe hepdäniň dowamynda paýlaşyp bilipdir. Onuň dileg durmuşy düýpli özgeripdir.

Men Hudaýyň huzuryna girmegiň iň netijeli usulynyň Mukaddes Ýazgyny (aýratyn hem Mezmurlary ýa Täze Ähti) okamaklykdygyna düşündim, özem olaryň hemmesini yzygiderli däl-de, belki bary-ýogy bir aýady ýa-da hatda onuň ýarysyny. Ünsli, okan zadyň barada oýlanyp we pikrilenip okamaly, soňra indiki aýada geçmeli. Ahyrda Rebbiň huzury hökman aýan bolar. Şeýle ýagdaýlarda men okamagy bes edip, ähli ünsümi Onda jemleýärin we Onuň maňa öwredýänlerini ýa-da görkezýän zatlaryny diňleýärin.

Garaz, her nähili bolanda-da, Onuň huzuryna baranymyzda, ilki bilen diňlemeli we diňe şondan soň gürlemeli. Men aňymy köşeşdirip, Mukaddes Ruhuň aýdýanlaryny diňlemek üçin, Onuň isleglerini ýa-da keýpini duýmak üçin, ilki bilen öwgi aýtmak hyzmatyny başlaýaryn. Soňra bolsa öwgi hyzmaty bilen birlikde aýdym aýtmaga başlaýaryn. Ýöne bu hemişe şeýle bolmaýar, sebäbi käwagt men ýüzugra Oňa minnetdarlyk aýdyp ýa-da tüýs ýürekden şatlanyp başlaýaryn. Bu edil Hudaýyň Ruhunyň “Meniň ýanyma geliň!” diýşi ýaly bolýar. Çünki Mukaddes Ýazgylar hem bizi şeýle çagyrýar:

> Şükürlerimiz bilen huzuryna baraly, alkyş aýdymlaryny aýdyp, Oňa heşelle kakaly (Zeb. 94:2).

Başga bir aýatda hem:

> Rebbe şatlyk bilen siz gulluk ediň, nagma aýdyp, Onuň gaşyna baryň (Zeb. 99:2).

Biz bu ýerde Hudaýyň huzuryna begenç we şatlykly gygyryşlar bilen girmäge çagyrýan aýady görýäris, öňýanyndaky aýatda bolsa Mukaddes Ýazgy bizi ýöne Onuň ýanyna barmaga çagyrýardy. Ýagdaýlaryň islendiginde-de biz Hudaý babatda duýgur

bolmalydyrys! Öýlenýän ýigide öz gelni bilen boljak pynhan gatnaşyklaryny ädimme-ädim ýazyp bermek mümkin däl. Muny Reb bilen ýakyn gatnaşyklarymyzy ösdürmek babatda hem diýip bolar.

Siz ýaş çatynja ýigidi öz gelniniň ýanyna aýtmaly her sözüniň, etmeli her bir hereketiniň ýazylan kitaby eline alyp barşyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Birinji ädim: oňa onuň owadandygyny aýt. Ikinji ädim: eliň bilen onuň saçlaryny sypala. Üçünji ädim: çyrany öçür. Dördünji ädim: bagyşlaň, kitaby okap bilemok, çyrany ýakmaly. Bu bolmajak zat gerek? Ýöne käbir adamlar Hudaýa öz dileglerini hut şeýle bolgusyzlyga öwürdiler. Olar Hudaýyň ýüregini duýmak we Onuň keýpine diňşirgenmek ukybyny ulanmaýarlar. Gaýrat edip, maňa dogry düşüneweriň, Mukaddes Ýazgyda kesgitli maslahatlar we ugrukdyryjy esaslar, elbetde, bar, biz olara eýermeli hem, ýöne biz Hudaýyň ýanyna Mukaddes Ruhuň kömegi bilen barmaly, sebäbi Mukaddes Kitap bize "ýazylan Kanun ölüme höküm edýär, Mukaddes Ruh bolsa ýaşaýyş berýär" (2 Kor. 3:6) diýip aýdyň aýdýar. Şoňa görä-de, bizi towakga dileglerine, nagmalara, şatlykly gygyryşlara, gözýaşlara, dymmaklyga we ş.m. zatlara diňe Mukaddes Ruh ylhamlandyryp biler. Mukaddes Kitap bizi öz haýyşlarymyz we sözlerimiz alňasamazlyga hem çagyrýar. Muny hatda adamlaryň arasyndaky adaty gatnaşykda hem görüp bolýar. Adam juda köp gürlände, biz kada bolşy ýaly, ony o diýen diňläp-de barmaýarys. Ýöne adam sözlerini seljerip, oýlanyşykly gürlände welin, onuň öz pikirini ýygy-ýygydan aýdýandygyna garamazdan, ony örän ünsli diňleýäris. Şu sebäpdenem men öz dileglerimde köplenç dymýaryn, nämälim dillerde gürleýärin ýa-da Hudaýyň Sözüni ykrar edýärin.

Men dillerde dileg edenimde, Hudaýyň kämil erkine laýyklykda dileg edýändigimi bilýärin. Mukaddes Ruh maňa Ata Isa Mesihiň hatyrasy üçin ýüzlenip aýtmaly sözlerimi berýär. Men Ruhda bolanymda, nädogry dilegi ýa-da boş sözleri aýdyp

bilmeýärin! Men Onuň Sözüni ykrar edenimide, bütin barlygym, elbetde, aňym bilen birlikde öwüt alýar. Hut şu sebäpdenem aňyň bilen dileg etmeklik hem wajypdyr.

Ýöne Onuň huzurynda bolup, Ony diňlänimde welin, maňa aýanlyk, düşünje we paýhas gelýär. Rebbe biziň bilen gürleşere mümkinçilik we wagt bermegimiz örän wajypdyr. Siz her gezek ýanyna baranyňyzda dynman gürlemäge başlaýan we ýeke söz aýtmaga-da mümkinçilik bermeýän adamy göz öňüne getirip bilýäňizmi? Biz dileglerimiz bilen Hudaýa ýüz tutanymyzda, Mukaddes Ruh köplenç hut şolar ýaly ýagdaýa düşýär diýip pikir edýärin. Biz ilki diňlemegi öwrenmeli, soň bolsa gürlemeli. Ýatda saklaň: dileg bu monolog däl-de, dialogdyr.

## Aýanlyklary almagyň dürli usullary

Hudaý bize ýakynlaşanda, bize Özüni we Öz ýollaryny aýan edýär. Ol biziň heniz bilmeýän beýik hem pynhan zatlarymyzy görkezýär (ser. Ýerm. 33:3). Muňa düşünmek üçin, Onuň Öz aýanlyklaryny berýän usullarynyň köpdügini unutmaly däl. Ol käwagt bize gürläp bilýär. Bu Onuň ýüregimizdäki batly sesi bolup bilýär we biz hatda Rebbi fiziki gulaklarymyz bilen eşidýändiris öýdýäris. Onuň sesi örän ýuwaş, ýüregimiziň jümmüşinden gaýdýan ýaly bolup bilýär; bu ses Hudaý bilen bolşy ýaly, örän parahat duýga gaplanýar we Mukaddes Ýazgyda aýdylýana doly gabat gelýär. Ol käwagt başga bir imanly ýa-da hyzmatçy arkaly aýdyp bilýär. olar gürlände ýa-da biz olaryň kitabyny okanymyzda, ýüreklerimizde edil bir zat oýanan ýaly bolýar. Hudaý bize görnüş ýa-da düýş arkaly gürlemegi-de saýlap bilýär. Başga bir ýagdaýlarda, şeýle zatlar diýseň ýygy-ýygydan bolýar, biz ýöne ozal bilmedik zatlarymyzy bilip galýarys. Ol köplenç bize Öz Sözüni salýar, ýöne ol tä biz gürläp başlaýançak, açylmaýar. Biz agzymyzy

açyp, gürläp başlanymyzda, bu aýanlyk aňymyza baryp ýetýär.

Ellinji gün baýramy gününde Petrus bilen hem hut şeýle ýagdaý bolupdy. Ol öz üstüne Hudaýyň huzury inmezinden ozal Hudaýyň Sözüni diňe akyly bilen bilýärdi (Hudaýyň Isa Mesihiň Halasgärdigi baradaky oňa beren aýanlygyndan daşary (ser. Mat. 16)). Ruhy zatlar barada gürrüň açylanda, Petrus adatça gürlemeýärdi. Isa Mesihiň şägirtleri jaýyň ýokarky gatynda otyrkalar, Petrus Ýudasyň deregine on ikinji şägirdi saýlamak üçin öňbaşçylyk etmäge synanyşdy. Munuň netijesine seretsek, onuň bu meselede howlugandygy düşnükli bolýar, sebäbi biz bu adam barada gaýdyp eşitmeýäris. Biraz soňra Pawlus Isa Mesih “iň soňunda maňa göründi” diýip özi barada aýdýar (1 Kor. 15:8). Hudaý Ýudasyň ýerine hut Pawlusy saýlamagy karar edene meňzeýär, Petrusyň on ikinji şägirdi bije arkaly saýlamagy bolsa biwagt edilen ädimdi.

Aslynda, Petrus ruhy zatlar babatda biraz yza galýardy. Ýöne günleriň birinde Hudaý oňa ýakynlaşdy we Petrus göz-açyp ýumasy salymda özgerip, bir ýüz ýigrimi şägirde näme bolandygyny düşündirmek üçin, Ýowel pygamberiň, Zeburyň aýatlaryny mysal getirip, çuň manyly wagyz edýär. Güýji boýunça şeýle ajaýyp wagzy mähelläniň üýşmeziniň öňýanynda sanlyja salymyň dowamynda öwrenmek mümkin däldi. Petrus ozal bilmedik zatlary baradaky bilimi ýüzugra aldy. Diňe Petrus däl, eýsem beýlekileriň hem bary “Hudaýyň beýik işleri” barada aýdýardylar (Res. 2:11).

Hudaý bize ýakynlaşanda biziň üçin taýynlan zatlaryny bermek üçin, aslynda, dürli usullary ulanýar. Bir zat ap-aýdyň: Onuň ýakynlaşmasyndan soň, biz gaýdyp öňkümiz ýaly bolmarys.

## Sözsoňy

Şu kitabyň birinji babynda men şu mesele boýunça anyk görkezmeleriň bolmajakdygyny duýdurypdym, sebäbi ýakynlygy ädimme-ädim beýan edip bolmaýar. Men size ýöne Hudaýyň ýüregine eltýän ýoly görkezýän kartanyň suratyny çekmekçi boldum. Men bu kitabyň pygamberlik habarydygyna ynanýaryn, ol Onuň ýüreginden gaýdýan çagyryşdyr. Bu çagyryş biziň hemmämize, ýagny Onuň şeýle gabanjaňlyk we yhlas bilen ymtylýan adamlaryna degişlidir. Eger biz Hudaýyň Sözüniň kartasynda beýan edilen görkezmelere eýermäge güýjümizi, wagtymyzy sarp etsek, Onuň huzuryny we Onuň ýüregini hökman taparys. Ýöne şuny ýatda saklaň: Onuň Özüne ýakynlaşmaga çakylygy biziň her birimiz üçin aýratyn niýetlenilendir. Bu howul-hara düzülen çakylyk däl. Bu, dogrusy, Onuň wada sözüdir, Ol oňa çuňňur hormat goýýar we ondan asla dänmez.

Şu kitaby Mukaddes Ýazgynyň birnäçe aýady bilen tamamlamaga ygtyýar ediň, olar sizi Oňa ýakynlaşmaga höweslendirer:

> Reb azgyn adamlary ýigrenýär, Ol dogruçyllara ýakyn bolýar (Sül. 3:32).

> Meniň üçin bolsa Hudaýa ýakynlaşmak ýagşydyr (Zeb. 72:28).

> Reb Özüni çagyrýanlaryň hemmesine, Özüni çyndan çagyrýanlaryň hemmesine ýakyndyr. Ol Özünden gorkýanlary myradyna ýetirýär, olaryň nalyşyny eşidýär we halas edýär. Reb Özüni söýýänleriň ählisini goraýar, emma erbetleriň baryny Ol heläk eder (Zeb. 144:18–20).

> Men ony Özüme ýakynlaşdyraryn, ol hem Maňa ýakynlaşar. Men çagyrmasam,ýakynlaşmaga kim milt edip biler? – Muny Reb diýýär (Ýerm. 30:21).

Siz Hudaýa ýakynlaşmaga milt edip bilersiňiz, sebäbi Ol size Özüniň baky çakylygyny berdi. Şonuň üçin-de özüňizi bagyş ediň we Onuň huzurynda mesgen tutjaklaryň biri boluň. Ol size garaşýar, siz nämä garaşýarsyňyz? Oňa ýakynlaşyň!

Imandan dänmez ýaly, Hudaý sizi goramagy we şatlykdan dolduryp, Öz şöhratly huzuryna sizi bütinleý müýnsüz getirmegi başarýandyr. Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat, güýç-gudrat, hökümdarlyk ezelden, häzir we baky ýar bolsun! Omyn (Ýah. 24, 25).

## Mowzuk boýunça soraglar

1. Siz şu baby okamazdan ozal Hudaýyň haýsydyr bir zada “mätäç bolýandygy” barada oýlanyp görüpmidiňiz? Biz Hudaýyň mätäçliklerine nädip hyzmat edip bileris?

2. Mukaddes Ruha gulak goýmaklyk siziň üçin näderejede wajyp? Siz, belki, ajaýyp öwgi we sežde nagmalary we/ýa-da Mukaddes Ruhdan ylhamlanan kitaplar bilen magtanyp bilersiňiz, ýöne siz haçan hem bolsa Hudaýa dymyp baryp görüpmidiňiz? Ümsümligiň şeýle mümkinçiligi barada oýlanyň we munuň netijesinde nämeleriň bolandygyny ýazyň ýa-da başgalar bilen paýlaşyň.

3. Kitabyň birinji babynda awtor öz kitabyny sizi Hudaýyň ýüregine eltip biljek hazynalar kartasy diýip atlandyrýar. Ol bu kitabyň bize muny “nädip” edip bolýandygyny görkezip

biljek görkezmeler toplumynyň däldigi barada duýdurýar. Siz kitaby okanyňyzda bu hazynalar kartasynda nähili genji-hazynany tapdyňyz? Size ýene haýsy hazynalary tapmak garaşýar?

Goşundy A

# BIZ HALASGÄRE MÄTÄÇDIRIS

Hereketleriň we durmuşyň iki standarty bar. Olaryň biri dünýä tarapyndan, beýlekisi bolsa Hudaý tarapyndan kesgitlenilen. Biziň medeniýetimizde siz onda kabul edilen kadalara laýyklykda oňat adam hasaplanyp bilýänsiňiz, ýöne welin Hudaý bu babatda näme pikir edýärkä? Mukaddes Ýazgyda ähli adamlaryň günäkärdigi we Hudaýyň nukdaýnazaryndan dogry ýa nädogry bolan zatlara laýyklykda hereket etmäge ukyply däldigi barada aýdylýar: “Dogry adam ýok, ýok ýeke biri-de” (Rim. 3:10). Başga bir ýerinde hem: “Hemmeler günä edip, Hudaýyň şöhratyndan mahrum boldular” (Rim. 3:23).

Günä etmek – Hudaýyň standartlarynyň esaslaryny bozmaklygy aňladýar. Ynsan günäli ýaradylmandy, tersine, Adam ata bu ýoly öz islegine görä saýlady. Hudaý ilkinji ynasany, Adam atany, ajaýyp

dünýä ýerleşdirdi, ol ýerde keselçilik, pajygaly wakalar, gedaýçylyk we tebigy heläkçilikler ýokdy. Ol ýerde gorky, ýigrenç, göreş, gabanjaňlyk we ş.m. zatlar hem ýokdy. Hudaý bu ýere Erem bagy diýen ady dakdy, sebäbi bu Hudaýyň hut Özüniň bagydy.

Adam ata Hudaýyň buýrugyny bilgeşleýin bozdy we fiziki ýaşaýşyny dowam edip, şondan ýüzlerçe ýyl soň aradan çykandygyna garamazdan, ol ruhy taýdan şobada ölüpdi. Onuň ýüregine tümlük aralaşdy, ruhy ölüm fiziki ölümden tapawutlanýar, sebäbi fiziki ölümden soň beden bolmasyny bes edýär. Ruhy ölümi ýaşaýşyň we ähli zerur zatlaryň gözbaşy bolan Hudaýdan aýrylmak diýip atlandyrsa bolýar.

Günä Adam atanyň barlygyna girdi we ondan bolan çagalar onuň tebigatyny miras aldylar: “Adam ýüz otuz ýaşyndaka, ondan öz keşbinde, özüne meňzeş bir ogul dünýä indi” (GÇ 5:3).

Onuň ogly onuň keşbinde we oňa meňzeş doguldy. Ondan soňra doglan her bir adam öz ene-atasyndan miras alan günäsiniň keşbine görä meňzeş dogulýardy. Adam ata özüni we öz neslini täze hojaýynynyň – iblisiň eline tabşyrdy, tebigy dünýä şondan soň bu ýesirlikde ýaşamagyny dowam ediberdi. Zabun hojaýynyň indi Hudaýň söýgüli ýaradylyşyna ähli kanuny haklary bardy. Bu şu aýatlardan bellidir: “Soňra iblis Isany bir belent ýere çykaryp, Oňa dünýäniň ähli şalyklaryny görkezdi. Iblis Isa şeýle diýdi: ‘Men bularyň ählisiniň hökümdarlygyny we şan-şöhratyny Saňa bereýin. *Bular maňa berildi,* men hem ony islänime berip bilýärin’” (Luk. 4:5, 6, nygtama awtoryňky).

Ýer ýüzündäki ähli ygtyýarlygyň oňa berlendigine üns beriň. Haçan? Bagda, sebäbi ilkibaşda Hudaý ýer ýüzündäki ähli ygtyýarlygy ynsanyň eline beripdi (ser. GÇ 1:26–28). Ýöne Adam ata ähli zady ýitirdi... Ol özüni-de, boljak nesilleriniň hemmesini-de ýitirdi. Biz şuny hem okaýarys: “Biz özümiziň Hudaýdandygymyzy, bütin dünýäniň bolsa şeýtanyň golastyndadygyny bilýäris” (1 Ýoh. 5:19).

Hudaý Adam atany bagdan kowmazdan ozal oňa wada berdi. Wagtyň geçmegi bilen bütin adamzadyň boýun bolan gulçulygyndan we boýuntyrygyndan azat etjek halasgär peýda bolmalydy.

Halasgär dört müň ýyl geçenden soň Päk gyz Merýemden doguldy. Ol boý gyz bolmalydy, sebäbi Isa Mesihiň kakasy Mukaddes Ruhdy, boý gyzyň göwresine tohumy ýerleşdiren Oldy. Eger Isa Mesih adaty ata-eneden doglan bolsa, Ol hem Adam atanyň gulçulygyny miras alardy.

Ýöne Isa Mesihiň Atasy Hudaýdy, ejesi bolsa Päk gyzdy. Şonuň üçin-de Isa Mesih doly Hudaý we doly Ynsandyr. Biziň azatlygymyzy ynsan ogly yzyna satyn almalydy. Şonuň üçin-de Isa Mesih Özüni elmydama Ynsan Ogly diýip atlandyrýardy. Ol Ata bilen ilkibaşdan bolan hem bolsa, Özüni hudaýlyk derejelerinden mahrum etdi we Özüni günä gurbanlygy hökmünde bermek üçin, ynsan boldy.

Ol Haça galanda, biz gulçulykdan azat etmek üçin, günälerimiziň jezasyny Öz üstüne aldy. Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär: "Biziň günä garşy ölüp, dogruçyllyk ugrunda ýaşamagymyz üçin, Ol haçda günälerimizi Öz üstüne ýükledi. Siz Onuň ýaralary arkaly şypa tapdyňyz" (1 Pet. 2:24).

Bu täsin zat: adam Hudaýa garşy günä etdi, ýöne Hudaý (adam bedeninde peýda bolup) adamyň eden ýalňyşynyň tölegini töledi. Biz şuny hem okaýarys: "Şoňa görä-de, biz Isa Mesihiň ilçileridiris. Hudaý biz arkaly ýüzlenýär. Biz size Mesihiň hatyrasyna ýalbarýarys: Hudaý bilen ýaraşyň! Biz Isa Mesih arkaly Hudaýyň dogrulygy bolarymyz ýaly, Ol biziň günälerimizi asla günä etmedik Isa Mesihiň üstüne ýükledi" (2 Kor. 5:20, 21).

Üns beriň, şu ýerde biziň dogruçyl bolup bilýändigimiz barada aýdylýar. Ýöne eger biz öz ýüregimizde Onuň biziň ugrumyzda ölendigine we ölümden direlendigine ynanmasak, Ony öz Rebbimiz hökmünde kabul etmesek, Onuň şeýle gymmat bahany

töläp alan azatlygyny alyp bilmeris. Ol diňe şondan soň biziň şahsy Halasgärimiz bolup bilýär. Mukaddes Ýazgylda aýdylyşy ýaly: “Ol Özüni kabul edip, adyna iman edenleriň hemmesine Hudaýyň perzentleri bolmak hukugyny berdi. Olar ne ten, ne ynsan isleginden, ne-de är höwesinden doglupdylar. Olar Hudaý tarapyndan doglan perzentlerdir” (Ýoh. 1:12, 13).

Biz Isa Mesihi öz Rebbimiz we Halasgärimiz diýip kabul edenimizden soň, ölýäris we ruhy taýdan gaýtadan dogulýarys. Biz iblisiň şalygynyň gullary hökmünde ölýäris-de, Hudaýyň Şalygynda Onuň täzeden dünýä inen perzentleri bolup dogulýarys. Bu nähili amal bolýar? Çylşyrymly zat ýok, biz muňa öz ýüregimizde ynanymyzdan soň, diňe Isa Mesihiň öz Rebbimizdigini dilimiz bilen ykrar edäýmek galýar. Mukaddes Ýazgy muny tassyklap, şeýle diýýär: “Şoňa görä-de, eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar” (Rim. 10:9, 10).

Bu ap-aňsat gerek?! Biz öz ýagşy işlerimiz arkaly halas bolup bilmeris. Biz ýagşy işlerimiz bilen Onuň Şalygyndaky ýeri hiç haçan gazanyp bilmeris. Eger bu mümkin bolan bolsady, onda Isa Mesihiň ölümi biderek bolardy. Biz diňe Onuň merhemeti arkaly halas bolýandyrys. Bu erkin peşgeş, ýagny gazanyp bolmajak peşgeş. Bu peşgeşi almak üçin, bize diňe özümiz üçin ýaşamaklygy ret edip, öz ýaşaýşymyzy Oňa Reb hökmünde tabşyrmaly. Reb – bu iň ýokary derejedäki Hökümdar diýmegi aňladýar. “Hawa, Isa Mesih hemmeleriň ugrunda öldi. Ol muny ýaşaýanlar indi özleri üçin däl-de, olaryň ugrunda ölen we direlen Mesih üçin ýaşasynlar diýip etdi” (2 Kor. 5:15).

*Şunlukda, eger siz Isa Mesihiň siziň ugruňyzda ölendigine iman edýän bolsaňyz, eger ýaşaýşyňyzy Oňa tabşyryp,*

*mundan buýana özüňiz üçin ýaşamagy ret edýän bolsaňyz, biz şu dilegi bilelikde edip bileris we siz Hudaýyň perzendi bolarsyňyz.*

*Eý, göklerdäki Hudaý! Men özümiň günäkärdigimi we Seniň dogry kadalaryňa görä ýaşamaýandygymy boýun alýaryn. Men öz günälerim zerarly baky hüküme mynasyp. Meni şeýle halda goýmaýanlygyň üçin Saňa minnetdar, sebäbi men Seniň Isa Mesihi, Päk gyz Merýemden doglan ýeke-täk Ogluňy iberendigiňe, Onuň haçda meniň günälerim üçin ölendigine iman edýärin. Men Onuň üçülenji gün ölümden direlendigine we indi Seniň sag tarapyňda meniň Rebbim we Halasgärim bolup oturandygyna iman edýärin. Şonuň üçin-de, şu gün, 20__ ýylyň ______ senesinde men öz durmuşymy Isa Mesihiň hökümdarlygyna doly tabşyrýaryn.*

*Isa Mesih, men Seni öz Rebbim we Halasgärim diýip ykrar edýärin. Mukaddes Ruh arkaly durmuşyma gir-de, meni özgert, meni Hudaýyň perzendi et. Men tümlük şalygyna degişli zatlaryň baryny we durmuşymy ozal dolduran zatlaryň baryny ret edýärin. Şu günden başlap men özüm üçin ýaşajak däl, men indi Seniň üçin ýaşajak, sebäbi meniň baky ýaşap bilmegim üçin, Sen Özüňi berdiň.*

*Ýa Rebbim, Saňa minnetdar! Meniň durmuşym indi bütinleý Seniň eliňde we Seniň ýüregiňde, Seniň sözleriňe laýyklykda, men hiç haçan utanja galmaryn.*

Siz indi halas bolduňyz. Siz indi Hudaýyň perzendi. Hut şu pursadyň özünde gökler biziň bilen bilelikde şatlanýarlar. Biziň maşgalamyza hoş geldiňiz!

Goşundy B

# MUKADDES RUHDAN NÄDIP DOLMALY

Mukaddes Ruhuň dolulygyny hem edil Isa Mesihi öz Rebbimiz we Halasgärimiz hökmünde kabul edilendäki ýaly aňsatdyr. Käbir adamlar Mukaddes Ýazgynyň Mukaddes Ruhy almakdaky esasy pirnsiplerini bilmeýändikleri zerarly köplenç kösenýär, lapykeç bolýar we alyp bilmeýär. Men Mukaddes Ruhy almak isleýänler bilen dileg etmezden ozal, olara Hudaýyň bu babatda näme diýýändigini görkezmelidigine düşündim. Şonda olaryň imany artar we ol olara agtarmakda kömek eder. Şonuň üçin-de, men sizi dilegde äkitmezimden öň, käbir zatlary düşündireýin. (Üns beriň: biz şuny dowam etmezimizden ozal, kitabyň 11-nji babyny hökman okaň.)

Siz ilki bilen Isa Mesihi öz Rebbiňiz we Halasgäriňiz hökmünde kabul etmeli, bu örän wajypdyr (ser. Ýoh. 14:17).

Siziň durmuşyňyzda gulak asmaýan ýagdaýlaryňyz bolmaly däldir. Bize Hudaýyň Öz Ruhuny “Özüne boýun bolanlara berdi” (Res. 5:32) diýip aýdylýar. Men öz tejribämden munuň aýratyn hem bagyşlamak meselesine degişlidigini bilýärin. Men ýygnaklarymyzda ýüzlerçe adamyň Mukaddes Ruhy ýüzugra alyp, şobada nämälim dillerde gürläp başlaýşyny köp gezek gördüm. Ýöne gatnaşýan ýüzlerçe adamyň arasynda on ýa ýigrimi adamyň isleýän zadyny näme üçin almaýandyklaryna düşünip bilmän, aljyraňňy duran adamlar hem bolýardy. Şonda men her gezek diýen ýaly bu adamlar bilen gürleşip başlaýardym we Rebbiň ugrukdyrmasy arkaly olaryň kalbyna çuň ornaşan öýke-kinäni aýyrmalydygyna düşünýärdim. Adamlar öýke-kinelerini unudyp, bagyşlan badyna Mukaddes Ruhy alýardylar we nämälim dillerde gürlemäge başlaýardylar. Şonuň üçin-de, dowam etmezden öň, geliň, şu dilegi bile edeliň.

> Eý, Atam! Ýalbarýaryn, meni derňe we ýüregimde haýsydyr bir gulak asmazlygyň bolup-bolmazlygyny barla. Eger meniň bagyşlamadyk adamym bar bolsa, ýalbarýaryn, ony maňa görkez. Men Saňa tabyn bolasym gelýär we Seniň maňa görkezjek islendik adamyňy bagyşlasym gelýär. Isa Mesihiň ady bilen dileýärin we Saňa çäksiz minnetdardyryn.

Mukaddes Ruhy almak üçin, muny ýöne diläýmeli! Isa Mesih bu barada şeýle diýdi: “Sizden haýsy ata ogly balyk dilände, balyga derek oňa ýylan berer? Ýa bolmasa ýumurtga dilände, oňa içýan berer? Şeýlelikde, siz erbet bolubam öz çagalaryňyza oňat peşgeşler bermegi bilýän bolsaňyz, onda gökdäki Ataňyz Özünden dileýänlere Mukaddes Ruhy has-da köp bermezmi?” (Luk. 11:11–13). Ol bu ýerde eger çagalarymyz olara berip bilýän zadymyzy dileseler, olara şol zada derek erbet ýa-da haýsydyr başga bir zady

bermejekdigimiz barada aýdýar. Edil şeýle, eger siz siz Gökdäki Atamyzdan Onuň Ruhuny dileseňiz, Ol size erbet ruhy bermez. Size diňe Ata Isa Mesihiň adyndan dilemek gerek we siz Onuň Mukaddes Ruhuny alarsyňyz.

Muny iman bilen dilemeli. Täze Äht bize iman etmedik ýagdaýymyzda Hudaýyň göwnünden turup bolmaýandygyny aýdýar. Ýakubyň hatynda (1:6, 7) şeýle diýilýär: “Emma ol adam şübhelenmän iman bilen dilesin, sebäbi şübhelenýän adam edil ýeliň eýläk-beýläk çaýkaýan deňiz tolkuny ýalydyr. Şeýle adam Rebden bir zat alaryn öýtmesin”. Şonuň üçin-de, özüňizden şuny soraň: “Men bu peşgeşi haçan alaryn? Nämälim dillerde gürläp başlanymdamy ýa-da edil şol dilän pursadymda?” Jogaby – dilän badyňyza. Sebäbi Şalykdaky tertip şeýledir: biz iman edýäris, soňra alýarys. Imany ýok adamlar: “Görkez, onsoň iman ederin” diýýärler, ýöne Isa Mesih welin şeýle diýýär: “Şonuň üçin size diýýärin: doga-dileg edip, Hudaýdan soran her bir zadyňyzy eýýäm alandygyňyza ynanyň, ol size berler” (Mark 11:24). Üns beriň, siz ilki iman edýärsiňiz, soňra dilän zadyňyzy alýarsyňyz.

Resullaryň işleri kitabynda (2:4) şeýle ýazylan: “Olaryň hemmesi Mukaddes Ruhdan doldular we Mukaddes Ruhuň beren ukybyna görä, başga dillerde gepläp başladylar”. Üns beriň, nämälim dillerde Mukaddes Ruh däl-de, olar gürläp başladylar. Ruhuň berýän sözlerini olaryň özleri aýtmalydylar. Şoňa görä-de, dymmaň. Men çalt akymly derýa girip bilýärin, ýöne özümi onuň akymynyň ugruna goýbermesem, onuň bilen bile akmaryn. Şunlukda, biziň hereket etdirmeli üç agzamyz bar. Birinjisi – bu biziň dodaklarymyz. Eger men dodaklarymy gymyldadyp başlamasam, meniň agzym iňlis dilinde-de, daşary ýurt dilinde-de, gökleriň dilinde-de ses çykarmaz. Ikinjisi – bu dilimiz. Eger men dilimi gymaldatmasam, gürläp bilmerin. Üçünjisi – ses bogunlarymyz. Eger men öz sesimi öz islegime boýun etmesem, gürläp bilmerin.

Siz men ýaňsylaýaryn diýip pikir etmegiňiz ahmal, ýöne bu beýle däl. Men uzak ýyllaryň dowamynda kabir adamlaryň bu çäkde kynçylyk çekişlerine syn edenimden soň, köpüsiniň Mukaddes Ruhuň olaryň gepleýiş agzalaryna ygtyýar edip, olary gürlederine garaşýandygyny gördüm. Ýok, biziň özümiz gürleýäris, ýa-da başga sözler bilen aýdylanda, biz tabyn bolýarys we Onuň bize aýtmaga berýän sözlerini kabul edýäris.

Isa Mesih şeýle diýdi: "'Kim Maňa iman etse, Mukaddes Ýazgylarda aýdylyşy ýaly, onuň içinden ýaşaýyş suwunyň bulaklary akar' diýip gygyrdy. Ol muny Özüne iman edenleriň aljak Mukaddes Ruhy barada aýdýardy. Olara entek Mukaddes Ruh inmändi, sebäbi Isa entek şöhratlandyrylmandy" (Ýoh. 7:38, 39). Siz Mukaddes Ruhdan dilániňizde, siziň aňyňyzda, belki, haýsydyr bir sesiň ýa-da bognuň aýlanmagy ahmal. Eger siz ony iman bilen aýdyp başlasaňyz, hamala haýsydyr bir böwediň böwsülendigini duýarsyňyz, ondan soň bolsa giň akymlaýyn sözleýiş akyp başlar.

Men bu prosesi içiňizdäki sapak dükçesi bilen deňeşdirmegi halaýaryn, onuň ujy diliňiziň ujuna berkidilen diýeli. Siz haýsydyr bir sesleri aýdyp başlanyňyzda, sapagy çekýärsiňiz, şonda dükçe pyrlanyp, sökülip başlaýar. Käbir adamlar gürläp başlamazyndan ozal aňlarynda bu dili doly bilmelidir öýdýärler. Ýok, size iman bilen gürlemek gerek.

Aýalym Mukaddes Ruhy almak üçin dileg edenden soň, onuň belli bir wagt aralygy dillerde gürlemändigi ýadyma düşýär. Soňra, birnäçe hepde geçenden soň, ol joralary bilen duşuşanda dileg wagty dillerde gürläp başlapdyr. Şonda ol maňa şeýle gürrüň berdi: "Şol wagtyň bütin dowamynda meniň kellämde şu bogun aýlandy durdy, ýöne men ony şu güne çenli daşymdan aýtmandym". Meniň pikirimçe, köp adamlar bilen şeýle bolýar – olar dileýär, alýar, ýöne bu peşgeşden peýdalanyp başlamaýar.

Mukaddes Ýazgyda şeýle diýilýär: "Pygamberlik sözlerini alan

adam olary haçan aýtmalydygyny özi kesgitlemelidir” (1 Kor. 14:32), ýagny, biziň özümiz gürlemeli, Mukaddes Ruh bize muny güýç bilen etdirmez. Men Mukaddes Ruhdan dolanymdan soň gaýtadan nädip gürlejegimi bilmändigim ýadyma düşýär. Men sportzalynda doganlaryň biriniň ýanyna bardym-da: “Men gaýtadan nädip gürläýin?” diýip soradym. Ol maňa: “Ýöne gürläber, bolany!” diýipdi. Men ylgamaga çykdym we ylgap barýarkam, ýene-de gürlemäge başladym. Men şatlykdan doldum, biz sözleri özümiz aýtmaly. Muny suw krany bilen deňeşdirse bolar. Kranda suw hemişe bar, siz diňe onuň nurbadyny towlaýmaly, onsoň suwuň özi ondan akyp gaýdar. Şonuň üçin-de, dillerde ýygy-ýygydan gürläň!

Indi, Mukaddes Ýazgydan esasy prinsipleri bileniňizden soň, eger şu dilegi aljakdygyňyza iman etseňiz, biz bile dileg edip bileris. Soňky bellik: şol bir wagtyň özünde hem fransuzça, hem iňlisçe gürlemek mümkin däl. Öz ene diliňde we Hudaýyň beren haýsydyr bir dilinde hem şol bir wagtyň özünde gürlemek mümkin däl. Şonuň üçin-de, ýatda saklaň, ynanyň we hereket ediň! Geliň, dileg edeliň:

*Eý, Atam, men Seniň ýanyňa Isa Mesih hatyrasyna Seniň perzendiň hökmünde gelýärin. Sen eger men Senden Mukaddes Ruhy dilesem, maňa bu peşgeşi berjekdigiňi aýtdyň. Şindi iman bilen, şatlanyp, şuny dileýärin: meni çümdürmegiňi we edil şu pursadyň özünde meni Öz Mukaddes Ruhuňdan doldurmagyňy haýyş edýärin! Seniň maňa taýynlan zatlaryňyň baryny, şol sanda nämälim dillerde gürlemek ukybyny hem kabul edýärin. Şoňa görä-de, men imanda indi nämälim dillerde gürlärin. Omyn!*

# HORMAT SYLAGY

***Bu unudylan ýagşy häsiýetiň güýjüni açyň***




Mesihileriň biri-de Hudaýy çäklendirmek islemeýär. Ýöne biziň köpimiz hormat babatdaky örän wajyp ruhy esasa äsgermezçilik etmek bilen, öz durmuşymyzda Hudaýyň hereketlerini bilmezden çäklendirýäris.

Hormat – bu biziň medeniýetimizde ýitdi diýseň-de boljak düşünje; emma siz kitabyň sahypalaryndan Hudaýyň Şalygynyň durmuşymyzyň ähli çäklerine aralaşyp bilmegi üçin bu düşünjäniň esas bolup durýandygyny görersiňiz.

Bestselleriň awtory Jon Biwer “Hormat sylagy” atly kitabynda hormatlamaga bolan çagyryşy kabul etmek bilen, Hudaýyň gymmatlyklar ulgamyna laýyk bolup başlaýandygyňyzy we Onuň siz üçin taýynlan zatlaryň ählisini alýandygyňyzy açyp görkezýär.

Bu kitap Mukaddes Ýazgylaryň çuňňur esaslaryny gündeki durmuşda gabat gelip, haýrana galdyrýan wakalary bilen birleşdirip, ýatdan çykyp barýan bu ýagşy häsiýete ter garaýyş bilen garamaga mümkinçilik berer we, iň esasy zat, ony durmuşyňyzyň her bir çäginde ulanmaga höweslendirer.

**MessengerX.com** X-da elýeter

# MessengerX

*Her bir adam üçin şägirtçilige ýol we her ýerde*




- **120-den gowrak dilde mugt;**
- priloženiýada we onlaýnda elýeter;
- siziň ruhy ösüşiňiz üçin niýetlenen materiallar;
- öz taryhyňyzy we şägirtçilik ýoluňyzy yzarlaň.



Messenger-iň şägirdi bolmak üçin resurslaryň doly kitaphanasyny: elektron kitaplary, wideo we audio okuwlary, audiokitaplary, Mukaddes Ýazgylary alyň. Öz ähli enjamlaryňyzda tomaşa ediň, okaň we diňläň.




**MessengerX.com**

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

Bütin dünýä boýunça App Store и Google Play-da elýeter

"Hudaýa ýakynlaşmak" atly kitabynda Jon Biwer sizi mesihiligiň öçügsi şöhlelenmesine oňňut etmezlige çagyrýar. Şeýle mesihilikde adamlar Hudaý barada bilseler-de, Onuň hut Özüni bilmeýärler. Älemi Ýaradanyň hut Özünden bolan bu ajaýyp çakylyk sizi diňe uzakda duran ýeriňizden Oňa sözleriňiz we däp-dessurlaryňyz arkaly sežde etmäge däl-de, Onuň bilen ýakyndan gatnaşmaga çagyrýar. Bu gatnaşyk şeýle bir manyly we ýakyn bolýanlygy üçin, siz Onuň ýüregini, Ol hem siziň ýüregiňizi biler.

**Bu Mukaddes Kitapdaky wadalaryň iň ajaýyby diýse-de bolýar: Hudaý siziň bilen ýakyndan we mähirli gatnaşmagy küýseýär.**



JON BIWER – halkara wagyzçy we bestsellerleriň awtory. Ol Hudaýyň Sözüne bolan yhlasy bilen giňden tanalýar. Jon we onuň aýaly Liza "Messenjer Interneşenl" hyzmatynyň esaslandyryjylary. Bu hyzmatyň maksady – dünýämizi özgerdýän şägirtleri, Isa Mesihiň yhlasly şägirtlerini aýaga galdyrmak. Jon öýünde bolan wagty öz dört ogly bilen dürli oýunlary oýnaýar ýa-da Lizany özi bilen golf oýnamaga yrmakçy bolýar.

MessengerX

Mugt indirmeler we akymlaýyn wideolar üçin **MessengerX.com** saýtyna giriň.

Has köp bilmek isleýäňizmi? Şu ýerde skanirläň:

Messenger INTERNATIONAL

Bu kitap awtordan sowgat. Satuwa degişli däl.